Türkmenistanyň Bilim Ministrligi

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

Saryýew B.S, Nuryýew Ý.M, Saparow.B

# Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esaslary

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

Aşgabat-2010

# Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň esaslary

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

Dosent A.Jumaýewiň ylmy redaksiýasy bilen

Aşgabat-2010

Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygynyň esaslary okuw gollanmasynda Türkmenistanyň Konstitusiýasyndaky raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy acylyp görkezilýär. Raýatlaryň zähmet çekmäge, şol sanda öz islegine görä hünär, kär we iş ýerlerini saýlap almaga, şeýle hem özleri üçin sagdyn hem howpsuz zähmet şertleriniň üpjün edilmegine bolan konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirilmeginiň hukuk esaslaryny belleýän we 2009-njy ýylyň 1-nji iýunyndan güýje girizilen Türkmenistanyň täze Zähmet kodeksiniň we beỳleki kadalaşdyryjy hukuknamalarynyň zähmet çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirilýän kadalaryna düşündirişler berilýär. Zähmet gatnaşyklarynyň taraplary bolan iş berijiler bilen işgärleriň zähmet çygryndaky hukuklaryny we borçlaryny, esasan hem köpçülikleýin şertnama, zähmet şertnamasyny baglaşmagyň, iş we dynç alyş wagtlarynyň, zähmete hak tölemegiň, içerki zähmet-düzgün-nyzamynyň, zähneti hukuk taýdan goramagyň, zähmet jedellerine seretmegiň bellenilen şertlerini we milli zähmet hukugynyň halkara hukuklary bilen arabaglanyşygyny okyjylar köpçüligine ýetirmeklik göz ňöünde tutulýar.

Okuw gollanmasy talyplar, aspirantlar, mugallymlar we okyjylaryň giň köpçüligi üçin niýetlenýär.

Awtorlar; Saryýew B.S, Nuryýew Ý.M, Saparow.B

## Mazmuny

**Giriş** ..........................................................................13

**I . Zähmet hukugynyň predmeti,esasy ýörelgeleri we çeşmeleri**

**§ 1.** Zähmet hukugynyň predmeti.....……......................20
**§ 2.** Zähmet hukugynyň esasy ýörelgeleri...................23
**§ 3.** Zähmet hukugynyň çeşmeleri ............................ 27

**II. Zähmet gatnaşyklary, zähmet gatnaşyklarynyň taraplary, olaryň hukuklary we borçlary**

**§1.** Zähmet gatnaşyklarynyň düşünjesi …....…...........36
**§2.** Işgäriň esasy hukuklary we borçlary …..................41
**§3.** Iş berijiniň esasy hukuklary we borçlary …………44

**III. Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we ýatyrylmagy**

**§1.** Zähmet şertnamasynyň düşünjesi we taraplary....... 48
**§2.** Zähmet şertnamasynyň görnüşleri we olary baglaşmagyň tertibi ................................................55
**§3.** Başga işe geçirmek................................................72
**§4**. Işgärleri işden çetleşdirmek ....................................82
**§5.** Zähmet şertnamasyny bes etmegiň esaslary we onyň bes edilmegini resmileşdirmek............85

**IV. Iş wagty we dynç alyş wagty**

**§1.** Iş wagty ..............................................................126
**§2.** Iş wagtynyň düzgüni .........................................133
**§3.** Dynç alyş wagty we onuň görnüşleri .................135
**§4.** Rugsatlar we olary bermekligiň tertibi…………138

**V . Zähmete hak tölemek, zähmet kadalary we potratlaýyn bahalar**
**§1.** Zähmete hak tölemek ……….....................................149
**§2.** Zähmet kadalary we potratlaýyn bahalandyrmalar.155

**VI . Zähmet düzgün-nyzamy**
**§1.**Zähmet düzgün-nyzamy we ony üpjün etmegiň hukuk serişdeleri.........................................................................162
**§2.** Zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi ...................164
**§3.** Zähmet üçin höweslendirmeler………........................167

**VII . Zähmeti goramak**
**§1.** Zähmeti goramagyň umumy häsiýetnamasy ..........169
**§2**. Zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagyň döwlet kepillikleri........................................174
**§3.** Iş berijiniň howpsuz şertleri we zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlary..................................................................178
**§4.** Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary ..........................................................181
**§5.** Işgäriň zähmeti goramak babatdaky borçlary..........188

**VIII . Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi**
**§1.** Maddy jogapkärçiligiň umumy häsiýetnamasy.....194
**§2.** Iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligi.197
**§3.** Işgäriň iş berijä ýetirilen zyýany üçin maddy jogapkärçiligi....................................................205

**IX . Aýal-gyzlaryň, ýaşlaryň we işgärleriň aýry toparlarynyň zähmetini goramak**
**§1.** Aýal-gyzlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary..........................................................211
**§2.** On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary..........................216
**§3.** Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary.......................220

**X . Işgärleriň hünär taýýarlygyny, olary gaýtadan taýýarlamaklygy we hünärini ýokarlandyrmaklygy guramak.**
**§1.** Işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmagy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary...................................................................229
**§2.** Şägirtlik şertnamasy..............................................230

**XI . Zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy**
**§1.** Durmuş hyzmatdaşlygy düşünjesi........................ 232
**§2.** Işgärleriň wekilleri we iş berijiniň wekilleri......... 235

**XII bölüm. Kärdeşler arkalaşyklary kärhanalary**
**1.** Kärdeşler arkalaşyklary kärhanalary........................240

**XIII . Zähmet jedellerine seretmek**

**§1.** Zähmet jedelleri düşünjesi we onuň görnüşleri ...244
**§2.** Şahsy zähmet jedelleri we olara garamagyň tertibi…………………………………….............247
**§3.** Köpçülikleýin zähmet jedelleri olara garamagyň tertibi…..............................………………....…257

**XIV. Durmuş üpjünçiligi we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy**

**§1.** Durmuş üpjünçiliginiň we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň umumy häsiýetnamasy...............260
**§2.** Pensiýa almaga hukuk.......................................263
**§3.** Döwlet kömek puly hakynda................................267

**XV . Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagy we gözegçilik**

**§1**. Zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini edýän edaralar..............................................................287
**§2.** Zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmekde kärdeşler arkalaşyklary edaralarynyň gatnaşmagy .............289
**§3.** Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik...............................................292

**XVI. Halkara zähmet hukugy**

**§1.** Zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirmesi we onuň çeşmeleri........................................................295
**§2.** Zähmet çygrynda raýatlary esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklygy amala aşyrýan resminamalar...............................................303
**§3.** Işgärleriň, iş berijileriň, döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygy, zähmet jedellerini çözmekligiň parahatçylykly usullary.......................................308

Jemleýji..............................................................303
Edebiýat..............................................................314

## Giriş

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnama Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň başlangyçlaryndan we tabşyryklaryndan ugur alýar. Maksatnama ýurdumyzyň kuwwatyny we özbaşdaklygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaklygy, kanuny esasda onuň ykdysady potensialyny ösdürmekligi öz öňünde maksat edip goýýar. Türkmen halkynyň “Altyn asyryna’ gönükdirilen şu we beýleki taryhy meseleleriň durmuşa geçirilmegi ähli jemgyýetçilik ulgamynda, ilkinji nobatda ykdysady gatnaşyklaryň hukuk binýadyny kämilleşdirilmekligi talap edýär. Şonuň bilen baglanşyklykda, hukuk başlangyçlaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak diňe bir döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda däl, eýsem kärhanalaryň hojalyk özbaşdaklygyny giňeltmeklik şertlerinde-de, ykdysadyýeti dolandyrmak çygrynda hem mümkin bolup durýar, hojalyk we sosial meselerini çözmekde zähmetkeşler köpçülikleriniň ornunyň ýokarlanmagy ýaş ykdysadyýetçileriň hukuk taýýarlygyna talabyň ýokarlanandygyny görkezýär. Bu ýokary bilimiň syýasy-hukuk, gumanitar mazmunyny baýlaşdyrmagy, geljekki hünärmenlerde ideýa ynamlylygyny emele getirmeklige ýardam bermekligi ündeýär. Önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tehnologiýalaryň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy, tebigy baýlyklarymyzyň rejeli peýdalanylmagy, iň esasy zat hem halkymyzyň agzybirligi, jebisligi ýurdumyzyň ýeten belent sepgitleriniň, gazanan üstünlikleriniň özeni bolup durýar. Diýarymyzy mundan beýläk-de, belent derejelere ýetirmekde zähmet kanunçylygynyň hem uly ähmiýeti bar. Adam öz zähmeti bilen maddy we ruhy gymmatlyklary döredip, jemgyýetiň ösüşine täsir edýär. Zähmet adamy bezeýär. Zähmet çekmek bilen adam

öz mümkinçiliklerini durmuşa geçirýär, durmuşda öz ornuny tapýar, beýleki adamlaryň özüni ykrar etmegini gazanýar. Şu uly jemgyýetçilik ähmiýetli gatnaşyklar kanunçylyk bilen kadalaşdyrylýar we zähmet hukugy pudagyny emele getirýär. Bu iş diňe bir täze kanunlary kabul etmek däl, eýsem öňki kanunlary döwrebaplaşdyrmak, şol sanda zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek işi-de netijeli alnyp barylýar. 2008-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň 33-nji maddasynda "Raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerine hukugy bardyr. Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden az bolmaly däldir" diýip kesgitlenendigi belllenilýär. Bu konstitusion kadalar Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda anyklaşdyrylýar, ösdürilýär.

Zähmet kanunçylygynda berkidilỳän hukuk kadalary döwletimiziň zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esasgoýujy ỳörelgelerini özünde jemleýär we raýatlaryň bu çygyrdaky hukuklaryny hem azatlyklaryny pugtalandyrýar, bu hukuklary durmuşa geçirmek babatda döwlet tarapyndan berilýän kepillikleriň üpjün edilmegine ýardam edýär. Bu kanunçylykdaky hukuk kadalary Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara Paktynyň 6.1 maddasynda, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy Jarnamanyň 23-nji maddasynda we beỳleki halkara hukuk namalarynda berkidilen, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ỳörelgeleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyndaky beỳany bolup durỳar.

Konstitusion kadalardaky *raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga bolan hukugy* raýatlaryň esasy hukuklarynyň biri bolup, ol her bir

raýatyň kanun boýunça gadagan edilmedik işiň haýsy görnüşini saýlap alýandygyna garamazdan, ony erkin saýlap almaga, şeýle hem olaryň öndürijilik we döredijilik zähmeti barasynda öz ukyplaryna hem zehinine erkin erk etmäge bolan hukugydyr. *Zähmet çekmäge bolan hukuk* – bu her bir raýatyň öz islegine görä islendik iş bilen meşgullanmaklyga bolan hukugydyr. *Iş bilen meşgullanmak* diýlende, raýatlaryň öz şahsy we jemgyýetçilik isleg-hajatlaryny kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän we kanunlara ters gelmeýän hem-de düzgün bolşy ýaly, olara pul ýa-da başga hili görnüşde iş haky, gazanç, hemaýat puly we önüm görnüşinde girdeji getirýän işine düşünilỳär. *Kär ýa-da hünär* – bu belli bir ugur boýunça ýörite bilimleri we taýýarlygy talap edýän işiň bir görnüşidir. *Iş ýeri* – bu  işgär ýa-da işgärler topary tarapyndan belli bir işi ýa-da işleri ýerine ýetirmek üçin iş şertleriniň döredilen ýa-da şol işleri ýerine ýetirmekde ulanyljak iş gurallarynyň ýerleşen ýerine, şeỳle hem işgäriň öz alỳan zähmet hakyna laỳyklykda öz zähmet borçlaryny berjaỳ edỳän ỳerine düşünilýär.

Esasy kanunymyzda görkezilýän *sagdyn hem howpsuz zähmet şertleri* bolanda, munuň özi hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigieniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, ol adamyň zähmet çekmeginiň yzygiderliliginiň dowamynda onuň howpsuzlygyny, saglygyny we işe ukyplylygyny goramagyň üpjün edilmegine düşünilýär. *Zähmeti goramak* – bu raýatlaryň kärhananyň önümçilik işine garanyňda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň ileri tutulmagy, zähmeti howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek üçin kärhanalaryň jogapkärçiligi, işgärleriň sosial taýdan goragy, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykda maýyp bolmagy, kesp-kär bilen baglanyşykly kesellemegi zerarly ýa-da saglygyna başga hili ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegi, ähli kärhanalar

üçin zähmeti goramak babatynda ýeke-täk namalaryň bellenilmegi, zähmeti goramagy dolandyrmagyň ykdysady usullarynyň peýdalanylmagy, ýeňillikli salgyt salmagyň syýasatynyň, geçirilmegi, zähmeti goramak baradaky çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagy, kesp-kär taýýarlygy boýunça ilatyň okadylmagynyň amala aşyrylmagy we hünärmen taýýarlygynyň we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak, güýçli howply önümçilikleriň lisenzirlenmegi (rugsatnama berilmegi), önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýalaşdyrylmagy, zähmet şertleri, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý we kär bilen baglanyşykly kesellemegiň ýagdaýy hakynda döwlet statistikasynyň, bellenilmegi, saglygy saklamagyň, zähmet gigiýenasynyň we howpsuzlygynyň, dürli meselelerini çözýän döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we raýatlaryň birleşikleriniň işini utgaşdyrmagyň üpjün edilmegi, zähmeti goramak ugrunda jemgyýetçilik guramalarynyň işiniň goldanylmagy, zähmeti goramagyň meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlygy, zähmet şertlerini gowulandyrmak we zähmet howpsuzlygyny ýokarlandyrmak işini guramagyň dünýä tejribesiniň peýdalanylmagy ýaly zähmeti goramagyň kadalaryny özünde jemleýär.

Konstitusiýanyň 33-nji maddasynyň 2-nji bölegindäki kadada *hakyna durup işleýän adamlar* diýlende belli bir edaranyň, kärhananyň, guramanyň işgärler düzümine girýän we girmeýän, şol edaranyň hem kärhananyň ýolbaşçylary ýa-da şahsy adamlar bilen belli bir işi ýerine ýetirmeklik barada resmi ýa-da dil üsti bilen baglaşan şertnamanyň esasynda hakyna durup işleýän adamlara düşünilýär. Bu madda-da, berkidilýän hukuk kadasy, bu adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem-de hiline laýyklykda hak almaga bolan hukugyny kepillendirilýär. *Öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline*

*laýyklykda hak almak* bolanda, bu adamyň hut özüniň goşan zähmet goşandyna hem-de zähmetiniň hiline baglylykda, töleg almaga degişli diýildigidir. Şonda zähmet hakynyň möçberiniň iň ýokary çägi diýen çäk goýulmaga degişli däldir. Işgäriň aýal-erkekligine, ýaşyna, jynsyna, milletine, dine garaýşyna, jemgyýetçilik birleşiklerine degişlidigine garap, zähmet hakynyň möçberiniň nähilidir birhili peseldilmegi kanun tarapyndan gadagan edilỳär. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilişi ýaly, bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden aşakda bolmaly däldir. *Iň pes oňalga derejesi* diýlende, adamyň ýaşamagy üçin gerek bolan ýaşaýyş serişdeleriniň iň pes (minimal) derejesine düşünilýär. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 110-njy maddasynynyň 5-nji bendine laýyklykda, degişli döwür üçin bellenen iş wagtyny doly işläp hem-de özüniň zähmet borçlaryny ýerine ýetiren işgäriň, aýda alýan zähmet haky bellenen iň pes zähmet hakyndan az bolup bilmez. Tölenilýän goşmaça haklar we goşmaçalar, şeýle hem baýraklar hem-de beýleki höweslendiriş pul sylaglary iň pes zähmet hakynyň möçberine girizilmeýär.

Raýatlaryň zähmet çekmäge, şol sanda öz islegine görä hünär, kär we iş ýerlerini saýlap almaga, şeýle hem özleri üçin sagdyn hem howpsuz zähmet şertleriniň üpjün edilmegine bolan konstitusion hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi, Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen Halkara Ylalaşyklarynda, şonuň ỳaly-da 2009-njy ýylyň 1-nji iýunyndan güýje girizilen Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde we beỳleki kadalaşdyryjy hukuknamalarynda düzgünleşdirilýär.

Häzirki döwürde ýokary ykdysady mekdep hukuk biliminden çylşyrymly halkhojalyk we sosial meseleleri döredijilikli çözmäge ukyply hünärmeniň giň gözýetimini we ösen hukuk medeniýetini emele getirmekligi, hukuk gatnaşyklarynda sowatly önümçilik guramaçysy, zähmetkeşler köpçüliginiň başarjaň ýolbaşçysy bolmaklygy talap edýär. Şeýle

hünärmeniň hukuk düşünjesi berk teoretiki binýada, sosial ösüşiň we onuň geljeginiň çuň taryhy kanunylylygyna düşünmeklige esaslanmalydyr, hukuk döwletiniň umumy syýasatyndan we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk düzgünleşdirmesiniň ýörelgelerinden, şeýle hem aýry-aýry anyk hukuk ýagdaýlardan dogry baş çykaryp bilmeklige mümkinçilik bermelidir.

Şonuň bilen baglanyşyklykda, ykdysady ýokary okuw mekdeplerinde hojalyk, raýat, administratiw we hukugyň beýleki pudaklary bilen bilelikde, zähmet kanunçylygyny öwrenmeklige üns bermeli. Ykdysadyýetçileriň zähmet kanunçylygynyň esaslaryny bilmekleri maliýe, şertnama we zähmet-düzgün tertibini düzgünleşdirýän kanunlaryň berjaý edilmegini, işgärleriň hukuklaryny goramaklygy üpjün edýän hökmany şert bolup durýar.

Şu okuw gollanmasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň ykdysady fakultetleriniň talyplary üçin niýetlenendir. Kursuň Maksatnamasyna laýyklykda, okuw gollanmasynyň mazmuny zähmet hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekligiň meselelerinden ybarat bolup durýar. Okuw gollanmasyny öwrenmekligiň esasy maksady, talyplaryň hukuk kadalaryny özbaşdak ulanmaklyk endigini almak üçin zähmet kanunçylygynyň umumy ýörelgeleri bilen tanyşdyrmak, şeýle hem, olary hereket edýän zähmet kanunçylygynyň anyk kadalary bilen, ykdysady ýokary okuw mekdepleriniň ähli hünärleri üçin niýetlenen şu gollanmanyň çäginde tanyşdyrmak bolup durýar. Bu, öz nobatynda olara zähmet kanunçylygyny, aýry-aýry ykdysady hünärler üçin bilmeklik aýratyn ähmiýeti bolan goşmaça çeşmeleriň esasynda (bugalter hasaby, kredit, maddy tehniki üpjünçilik we beýlekiler) çuň öwrenmekligi aradan aýyrmaýar. Hödürlenýän okuw gollanmasy öň çap edilen, ýöne Täze Zähmet kodeksiniň (2009 ý) we Durmuş üpjünçilik hakynda Bitewi Kanunyň (2007) kabul edilmegi

bilen baglanyşyklykda, “Türkmenistanyň Zähmet hukugy” (2005) okuw gollanmasynyň awtorlaryna iş meýilnamasyny doly täzelemek gerek boldy. Okuw gollanmasynda meseleler topary has giňeldilen, resmi materiallar täzelenen, zähmet hukugy boýunça 100-den köpräk meseleleri we ş/m özünde saklaýar.

Okuw gollanmasy talyplar, mugallymlar we okyjylaryň giň köpçüligi üçin niýetlenendir.

# I. Zähmet hukugynyň predmeti, esasy ýörelgeleri we çeşmeleri

## § 1. Zähmet hukugynyň predmeti

Zähmet hukugy guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, şeýle hem baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde aýry-aýry adamlaryň hojalygynda işleýän adamlaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalarynyň jemi bolup durýar. Daýhan birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň agzalarynyň zähmeti Türkmenistanyň Zähmet kodeksi (mundan beýläk Zähmet kodeksi), olaryň tertipnamalary bilen, şeýle hem daýhan birleşikleriniň, daýhan hojalyklarynyň we beýleki oba hojalyk kärhanalarynyň işine degişli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär. (Zähmet kodeksiniň 9-njy maddasy). Şeýlelikde, *zähmet hukugy diýip*, adamyň (işgäriň) iş berijä (kärhana) hakyna tutma işgär hökmünde, zähmet tertibine tabyn bolup, meýletin esasda maddy we ruhy gymmatlyklary döretmeginde ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuknamalaryň jemine düşünilýär.

Zähmet hukugy işgär (raýat) bilen kärhananyň (edaranyň, guramanyň, telekeçiniň) arasynda zähmet çekmek we iş şertlerini kesgitlemek barada döreýän hukuk gatnaşygyny öwrenýär.

Şeýlelikde, jemgyýetçilik-zähmet gatnaşyklary, ýagny adamlaryň gös-göni işi bilen baglanyşykly zähmet prosesinde, işi ýerine ýetirmekde ýüze çykýan gatnaşyklar *zähmet hukugynyň predmeti bolup durýar*. Zähmet kanunçylygynyň esasy wezipeleri raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi

gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybarat bolup durýar. (Zähmet kodeksiniň 1-nji maddasynyň 2-nji bölümi). Gös-göni zähmeti ulanmak prosesinde emele gelýän jemgyýetcilik gatnaşyklary hem zähmet hukugynyň predmeti bolup durýar. Şonuň bilen bir wagtda hem, durmuşda özbaşdak zähmet gatnaşyklary bolup bilmeýan, ýöne oňa nähili-de bolsa ýardam berýän gatnaşyklaryň bir toparyny ýüze çykarýar. Olar önümçilik meseleleri hem-de işgärleriň zähmeti we durmuş ýagdaýlary boýunça iş beriji bilen kärdeşler arkalaşygynyň arasyndaky gatnaşyklar, zähmeti goramakda we zähmet kanuncylygyny berjaý etmeklikde barlag we gözegciligi amala aşyrmak bilen emele gelýän gatnaşyklar, zähmet jedellerine seretmek we birnäce beýleki köpçülikleýin gatnaşyklar bolup durýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Zähmet kodeksine hem-de zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Zähmet hukugynyň kadalarynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur we kadalar güýje girenden soň ýüze çykan gatnaşyklar üçin ulanylýar. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalarynyň hukuk güýji haçanda bu kada-da gös-göni göz öňünde tutulan halatlarda, onuň güýje girmegine çenli ýüze çykan gatnaşyklara-da degişli edilýär. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalarynyň güýje girmegine çenli ýüze çykan gatnaşyklar boýunça, kanun güýje girenden soň ýüze çykýan hukuklar we borçlar ulanylýar .

Zähmet hukugynyň kadalary, eger Türkmenistanyň

kanunçylygynda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurtly raýatlaryň, raýatlygy ýok adamlaryň, halkara guramalarynyň işgärleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşen daşary ýurt edara görnüşindäki ýa-da şahsy taraplary döredijileri ýa-da eýeleri (doly ýa-da kem-käsleýin) bolup durýan kärhanalaryň işgärleriniň zähmet gatnaşyklaryna hem degişli bolup durýar. Zähmet hukugynyň kadalary işgärleriň milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da haýsydyr bir partiýa degişli däldigine, şeýle hem işewür sypatlary hem-de olaryň zähmetiniň netijeleri bilen baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlara baglylykda zähmet hukuklarynda çäklendirmä ýa-da olary durmuşa geçirmekde haýsydyr bir artykmaçlary almagyna ýol bermeýär. Zähmetiň bu görnüşine mahsus talaplar ýa-da ýokarlandyrylan durmuş we hukuk goragyna mätäçlik edýän adamlar (aýallar, kämillik ýaşyna etmedik çagalar, maýyplar we başgalar) hakynda döwletiň aýratyn aladasy bilen şertlendirilendir, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen zähmet çygryndaky bu tapawutlyklar hukuk kemsidilmegi bolmaýar. (Zähmet kodeksiniň 7-nji maddasynyň 1-2 bölegi). Zähmet kanunçylygynda mejbury ýa-da hökmany zähmeti ulanmaklyk gadagandyr. Şonuň bilen bir wagtda, Zähmet kodeksiniň 8-njy maddasyna laýyklykda, aşakdakylar mejbury ýa-da hökmany zähmet hasap edilmeýär:

- hökmany harby gulluk hakyndaky kanunlar esasynda talap edilýän we diňe harby häsiýetdäki işler üçin ulanylýan islendik iş (gulluk);
- raýatlaryň adaty raýat borçlarynyň bir bölegi bolup durýan islendik iş (gulluk);
- önümçilik awariýalaryny aradan aýyrmak maksady bilen we beýleki şuňa meňzeş halatlarda ýerine

ýetirilýän islendik iş (gulluk);
- adatdan daşary ýagdaýlaryň şertlerinde (adatdan daşary ýa-da harby ýagdaý diýlip yglan edilende, betbagtçylyk ýa-da betbagtçylyk howplary: ýangynlar, suw joşmalary, siller, ýer titremeleri, epidemiýalar ýa-da epizootiýalar bolan halatlarda), şeýle hem ähli ilatyň ýa-da onuň bir bölegininiň janyna, kadaly durmuş şertlerine howp salýan başga ýagdaýlarda ýerine ýetirilýän islendik iş (gulluk);
- kazyýetleriň hökümleri ýerine ýetirilen mahalynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilişine jogapkär döwlet edaralarynyň gözegçiligi astynda kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi netijesinde haýsydyr bir adamdan talap edilýän islendik iş (gulluk);
- dolandyryş hukuk bozulmalary üçin düzgün-nyzam temmisi tertibinde ýerine ýetirilýän iş;
- ownuk jemgyýetçilik işleri, ýagny zähmetkeşler köpçüliginiň agzalary tarapyndan şol zähmetkeşler köpçüliginiň göni peýdasy üçin ýerine ýetirilýän we şoňa görä-de zähmetkeşler köpçüliginiň agzalarynyň adaty raýatlyk borçlary hasap edilip bilinjek işler.

## § 2. Zähmet hukugynyň esasy ýörelgeleri

Zähmet hukugynyň esasy ýörelgeleri diýlip, işgärleriň zähmetini ulanmak boýunça gatnaşyklara esaslanýan esasgoýujy başlangyçlara düşünmeklik kabul edilýär. Bu ýörelgeler konstitusion bellemelerden gelip çykýar we zähmet kanunçylygynyň kadalarynda görkezilendir. Olar zähmetiň jemgyýetçilik guramaçylygynyň mazmunyny aňladýar we işgärleriň esasy hukuklary görnüşinde bellenilýär. Işgäriň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga, ony üýtgetmäge we

ýatyrmaga hem-de zähmet şertnamasynda görkezilen işi almaga hukugy bardyr. Zähmet çekmäge bolan hukuk zähmet hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri hökmünde Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 33-nji maddasynda möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden az bolmadyk we öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak tölenýän kepillendirilen işi almaga bolan hukugy hökmünde kesgitlenýär. Zähmet çekmäge bolan hukuk öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almak ýörelgelerini amala aşyrmak bilen, işgäriň ukyplaryny, hünär taýýarlygyny, bilimini ykrar etmek we jemgyýetçilik zerurlygyny hasaba almak bilen baglylykda üpjün edilýär. Zähmet çekmeklige bolan hukuk işgärler bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak arkaly durmuşa geçirilýär.

Dynç almaga hukuk Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 34-nji maddasyna laýyklykda, işgärler üçin iş hepdesiniň 40 sagatdan geçmeýän çäklendirilen dowamlylygynyň bellenilmegi, her ýylky tölegli zähmet rugsatlary, her hepdede dynç günleriniň berilmegi hem-de işden boş wagtyny peýdalanmagy üçin amatly şertleri we beýleki çäreleri döretmek bilen üpjün edilýär. Raýatlaryň saglygyny gorap saklamaklyga we sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerine bolan hukuk Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň şol maddasyna laýyklykda üpjün edilýär, ol hususanda tehniki howpsuzlygy we önümçilik sanitariýasyny kämilleşdirmek we ösdürmek bilen amala aşyrylýar. Zähmet kanunçylygy zähmet işiniň prosesinde saglygy goramaklygy kepillendirýän kadalar ulgamyny belleýär. Türkmenistanyň “Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda“ 2005-nji ýylyň 25-nji oktýabryndaky № HM-84 rejelenen görnüşindäki kanunynda hem-de „Saglyk“ döwlet Maksatnamasynda saglygy goramak boýunça giň möçberli çäreleri geçirmeklik zerurlygy aýratyn bellenilendir. Raýatlaryň saglygyny goramak meseleleri biziň döwletimiziň we onuň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň üns

merkezinde saklanýar.

Hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmaga we hünärini ýokarlandyrmaga bolan hukuk Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 38-nji maddasyna laýyklykda bilimiň dürli görnüşleri, şol sanda işgäriň önümçilik işi bilen utgaşdyrmaga mümkinçilik berýän tölegli, gaýybana, gijeki bilim beriş işini ösdürmek bilen üpjün edilýär. Şol maksat bilen zähmet kanunçylygy okaýanlara üçin dürli ýeňillikleri belleýär. Şeýle hukugyň üpjün edilmegine işgärleriň hünärini ýokarlandyryş, täze hünärler öwrediş, rasionalizatorçylygy ýa-da oýlap-tapyjylygy ösdürmek meselelerine seredilende zähmetkeşler köpçüliginiň ygtyýarlylygy ýardam edýär.

Kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna birleşmäge bolan hukuk Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 30-njy maddasynyň mazmunyndan gelip çykýar. Kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna raýatlaryň zähmet hukuklaryny goramak boýunça giň hukuklar berilendir.

Önümçiligi dolandyrmaga gatnaşmak hukugy raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmaklyga bolan konstitusion hukugynyň düzüm bölegi bolup durýar. (Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 31-nji maddasy) Ol Zähmet kodeksinde anyklaşdyrylandyr, onda zähmetkeşler köpçüliginiň kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaklygynyň ýörelgeleri berkidilendir. Zähmet Kodeksiniň 340-njy maddasyna laýyklykda, kärhanany dolandyrmaga gatnaşmak hukuklary durmuşa geçirilende, iş beriji bilen işgärleriň arasynda ýüze çykan zähmet jedellerine garalanda kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy ýa-da işgärler tarapyndan saýlanylýan beýleki wekiller kärhananyň işgärleriniň bähbitlerine wekilçilik edýärler.

Raýatlaryň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren we işsiz bolan halatynda durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga hukugy bardyr. Bu

hukuk Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 37-nji maddasynda berkidilendir, ol hususan-da, işgärleri durmuş taýdan ätiýaçlandyrmaklygy amala aşyrmak, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly bilen üpjün etmek, döwletiň hasabyna ýaşy boýunça pensiýalary, maýyplyk hem-de ekleýjisini ýitirenligi sebäpli, döwlet kömek pullaryny tölemek, işsizlige uçran mahalynda durmuş taýdan üpjün edilmek, işe ukyplylygyny bölekleýin ýitiren raýatlary işe ýerleşdirmek, durmuş üpjünçiligiň beýleki görnüşleri bilen üpjün edilýär. Türkmenistanyň Konstitusyýasy biziň ýurdumyzyň esasy ýörelgesini "Döwlet adam üçindir" şygary berkidýär, onda "Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr" diýip bellenilýär. Adam hakyndaky alada, onuň saglygyny ähli taraplaýyn goramak, onuň howpsuzlygyny üpjün etmek, demokratiýany ösdürmeklik we döwletiň hukuk binýadyny kämilleşdirmeklik bilen aýrylmaz baglanyşykly hukuklaryny we sosial bähbitlerini goramaklygy ündeýär. Zähmet baradaky kanunçylygyň esaslanýan konstitusion ýörelgeleri 2009-njy ýylda kabul edilen Zähmet kodeksiniň maddalarynda işgärleriň esasy hukuklary we borçlary görnüşinde öz beýanyny tapdy. Olar zähmet çygryna degişli köpsanly kanunasty kadalaşdyryjy hukuknamalarda ösdürildi we jikme-jik beýan edildi.

Şeýlelikde, zähmet hukugynyň ýörelgeleri diýlip, bu pudakda bellenilen we onuň bitewiligini, hukuk düzgünleşdirmesiniň mazmunyny we hukuk kadalarynyň şu ulgamynyň ösüşiniň umumy ugurlaryny kesgitleýän gözbaşlara (başlangyçlara) we esasy düzgünlere düşünip bolýar. Zähmet hukugynyň ýörelgeleri Konstitusyýada adamyň hukuklary we azatlyklary görnüşinde bellenilen ýörelgeleri ösdürýär we anyklaşdyrýar hem-de olary hökmany kepillikler derejesine çenli alyp barýar.

## § 3. Zähmet hukugynyň çeşmeleri

Zähmet hukugynyň çeşmeleri diýip, döwletiň ygtyýarly edaralarynyň hukugyň bu pudagynyň predmetini düzýän zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek ugrundaky hukukdöredijilik işiniň, şeýle hem işgärleriň we iş berijileriň işgärleriň zähmetini ulanmak çygrynda kadalary kabul etmek boýunça bilelikdäki işiniň netijesine düşünmek gerek.

Zähmet hukugynyň çeşmeleriniň arasynda Türkmenistanyň Konstitusyýasy aýratyn orun tutýar. Döwletimiziň esasy kanuny ýokary hukuk güýjüne eýedir we ýurduň ähli çäginde hereket edýär. Türkmenistanda kabul edilýän kanunlar we beýleki hukuknamalar Konstitusiýa garşy gelmeli däldir, eger garşy gelse, olaryň hukuk güýji bolmaýar. Zähmet hukugynyň indiki çeşmesi Türkmenistanyň kanunlary bolup durýar, olaryň arasynda konstitusion we adaty kanunlar tapawutlandyrylýar. Olaryň hemmesi döwlet häkimiýetiniň kanuncykaryjy edarasy tarapyndan kabul edilýär.

Kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk (şol sanda zähmet hukugynyň meseleleri boýunça) Türkmenistanyň Prezidentine, Mejlisiň deputatlaryna, Ministrler Kabinetine degişlidir. Şeýle hem, ygtyýaryna degişli meseleler boýunça kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukuk Ýokary kazyýete hem degişlidir.

Zähmet hukugy çygryna degişli kanunlaryň arasynda möhüm orunlaryň birini Zähmet Kodeksi eýeleýär. Ol zähmet hukugynyň esasgoýujy çeşmesi bolmak bilen, düýp manysy boýunça hukugyň şu pudagynyň predmetine girýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli toplumyny düzgünleşdirýär. Zähmet Kodeksi toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, zähmet gatnaşyklary baradaky öňki Kanunlar Kodeksiniň, Zähmeti goramak hakyndaky kanunyň we Rugsatlar hakyndaky kanunyň güýjüniň ýitirilmegi bilen baglanyşyklykda, jemgyýetçilik-

zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kämilleşdirilen kadalarynyň bir hukuk resminamasynda jemlenenligi üçin ähmiýetlidir. Raýatlaryň zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemek, zähmetiň amatly şertlerini döretmek, işgärleriň we iş berijileriň hukuklaryny we bähbitlerini goramak, 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje giren Zähmet kodeksiniň maksatlary bolup durýar. Bu maksatlara ýetmäge gönükdirilen täze Kodeksiň göwrümi 21 bölümden 410 maddadan ybarat bolup, öňki hereket hereket eden Kodeksden has giňdigini bellemek gerek. Onuň I bölümi "Umumy düzgünler" diýlip atlandyrylýar we zähmet kanunçylygynyň maksatlary we esasy wezipeleri, onuň hereket edýän wagty we çäkleri, haýsy zähmet gatnaşyklaryna degişlidigi, zähmet hukuklarynyň döwlet kepillikleri we beýlekiler baradaky hukuk kadalaryny özünde jemleýär. II bölümiň maddalarynda zähmet gatnaşyklary we zähmet gatnaşyklarynyň taraplarynyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kadalar öz beýanyny tapypdyr. Şol gatnaşyklaryň taraplary bolan işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň we borçlarynyň has aýdyňlaşdyrylmagy we olara degişli hukuk kadalarynyň aýratyn bir bölümde ýerleşdirilmegi hem-de olaryň aýry-aýry maddalarda yzygiderlilikde beýan edilmegi täze Kodeksde sazlaşygyň üpjün edilendigini aňladýar. "Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgedilmegi we bes edilmegi" diýlip atlandyrylan III bölüm Kodeksiň esasy bölümleriniň biri bolup, zähmet gatnaşyklarynyň döremeginiň esaslary, şeýle hem iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynda taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän zähmet şertnamasyny baglaşmagyň tertibi, möhleti, zähmet şertleriniň üýtgedilmegi we zähmet şertnamasyny ýatyrmagyň esaslary öz beýanyny tapypdyr. Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasy esasynda, iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrygy çykarmagy arkaly baglaşylýar. Zähmet

şertnamalarynyň görnüşleri we olary baglaşmaklygyň aýratynlyklary bellenilipdir. Geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin baglaşylyp bilinmedik halatynda, möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýandygy görkezilipdir. Möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmagyň mümkin bolan ýagdaýlarynyň täze girizilen kadalarda anyk görkezilmegi Kodeksiň täsirini hasam güýçlendirýär. Taraplaryň ylalaşmagy bilen işgäriň tabşyrylan işe laýyk gelşini barlamak maksady bilen, synag möhletiniň bellenilip bilýänliginiň hukuk taýdan berkedilmegi ünsüňi özüne çekýär. Synag möhleti üç aýdan geçmezlik, ýolbaşçy işgärler üçin bolsa 6 aýdan geçmezlik şerti bilen bellenilýär. Işe kabul edilende raýatyň şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasport we onuň ornuny tutýan resminama), zähmet depderçesi, harbylarda hasaba durýanlygyň barada resminama, bilimi hakynda resminama we saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasyny talap etmeklik bellenilipdir. Kärhanada iş şertlerini üýtgetmegiň we zähmet şertnamasyny ýatyrmagyň düzgünleri Kodeksde jikme-jik görkezilipdir. Zähmet şertnamasyny umumy esaslarda, iş berijiniň ýa-da işgäriň başlangyjy boýunça ýatyrmak halatlaryna resminamada takyk orun berilmegi, bu ugurdaky jedelleriň azalmagyna alyp barar. Ýene-de bir bellemeli zat, taraplar tarapyndan baglaşylan zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk göz öňünde tutulan ýagdaýynda, onda bu hakda beýleki tarapy habarly etmek hakyndaky möhlet azaldylypdyr, ýagny iki hepde öňünden ýazmaça habarly etmek hukuk kadasy girizilipdir. Işgärleriň iş wagtynyň düzgüni baradaky kadalar ýerleşdirilen IV bölümde iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň hepdede 40 sagatdan ýokary bolmaly däldigi, işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen kärhanada bäş günlik iş hepdesi ýa-da altygünlik iş hepdesi ýa-da dynç günleri üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş

hepdesiniň bellenip bilýänligi, işgärleriň işiniň dowamlylygynyň işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde bir sagat gysgadylýanlygy hem-de iş gününiň dowamlylygy we ony böleklere bölmek baradaky kadalar berkidilipdir. Ondan başga-da, doly däl iş wagty, kadalaşdyrylmadyk iş güni, iş wagtyndan daşary iş, çalşykly iş we gijeki wagtdaky işiň dowamlylygy baradaky kadalar bar. V bölümde işgärleriň dynç alyş wagty beýan edilip, onuň maddalarynda dynç almak we naharlanmak üçin işgärlere dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesmäniň iş başlanandan her dört sagatdan berilmegini düzgünleşdirýän kadalar hem-de bäş günlik iş hepdesi mahalynda işgärlere hepde-de iki günlik dynç alyş güni, alty günlik iş hepdesi mahalynda bolsa, hepde-de bir günlik dynç alyş güni bermekligiň düzgünleri resmileşdirilipdir. Ýekşenbe güni umumy dunç alyş güni diýlip ykrar edilýär. 81-nji maddanyň 3-nji böleginde sanawy görkezilen baýramçylyk we hatyra günleri dyhç alyş güni bilen gabat gelende, dynç güni baýramçylyk ýa-da hatyra gününden soň gelýän iş güni diýlip ykrar edilýänligi baradaky täze hukuk kadasy Konstitusiýamyzda bellenilen raýatlaryň dynç almaga bolan hukugynyň durmuşa geçirilýänliginiň aýdyň tassyklamasy bolup durýar. “Rugsatlar” diýlip atlandyrylan VI bölümiň maddalarynda her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygynyň 30 senenama güni möçberinde bellenmegi, ahli görnüşdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine we ýolbaşçylaryna, şeýle hem maýyplara 45 senanama güni möçberinde, ylmy guramalarda, edaralarda we kärhanalarda wezipeleri eýeleýän ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesi bolan ylmy işgärlere 45 senenama güni möçberinde, ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesi bolanlara 36 senenama güni möçberinde esasy rugsatlaryň hem-de toý dabaralaryny geçirmek üçin maşgalanyň iki baştutanyny bilen birlikde,

nikalaşýanlara hem dowamlylygy 10 senenama güni möçberinde goşmaça rugsatlary bermeklik hakynda täzelikleriň girizilmegi, esasly sebäpler ýüze çykanda, işgäriň islegine görä ýylyň dowamynda zähmet haky tölenmeýän rugsadyň dowamlylygynyň 10 senenama günine çenli uzaldylmagy baradaky hukuk kadalary bar. Kodeksiň 98-102 nji maddalaryna laýyklykda döwletimizde gündüzki gaýybana (agşamky we gaýybna görnüşler boýunça yokary okuw we hünärment mekdeplerinde okamak bilen baglanyşykly rugsatlar, diplom taslamasyny taýýarlamak üçin rugsat , şeýle hem önümçilik ýä-da mugallymçylyk işini ylmy iş bilen üstünlikli utgaşdyran adama degişli ylmy geňeşiň hödürnamasy boýunça iş ýerini we ortaça aýlyk hakyny saklap galmak bilen döredijilik rugsatlary bermekligiň kadalary bar. Zähmete hak tölemek baradaky VII bölümde işgäriň zähmet haky bilen bagly düşünjeleriň we kesgitlemeleriň berilmegi, zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlarynyň, zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň, tertibiniň we möçberleriniň berkidilmegi hem-de ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň, ylmy işgärleriň we işçileriň zähmetine hak tölemegiň düzgünleriň kämilleşdirilmegi Kodeksiň bu ugurdaky gatnaşyklary kadalaşdyrjakdygyna ynam döredýär. Kodeksiň VIII bölüminde iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy bilen ylalaşmak esasynda zähmet kadalaryny girizmekligiň, çalşyrmaklygyň we täzeden seretmekligiň hem-de işiň bellenilen razrýadlaryndan, hak tölemegiň tarif stawkalaryndan we iş öndürijiligiň kadalaryndan ugur almak bilen zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalary kesgitlemegiň hukuk düzgünleri berkidilýär. IX bölümiň maddalarynda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirýän wagtynda işgärler üçin kepillendirmeler, gulluk iş saparlarynda we başga ýere işe geçirilende berilýän kepillikler we öwezini dolmalar, zähmete ukyplylygyny wagtlaýyn ýitirilende we beýleki ýagdaýlarda işgäre berilýän

kepillikler we öwezini dolmalar baradaky hukuk kadalary görkezilipdir.X bölümde  kärhananyň zähmet düzgün nyzamy we içerki tertibiň düzgün kadalary baradaky düzgünler bilen bir hatarda, işgärleriň işdäki netijeleri üçin höweslendirmeleriň göz öňünde tutulmagy we işgäre minnetdarlyk bildirmek, birwagtlaýyn baýrak bermek, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak, hormat haty bilen sylaglamak ýaly höweslendirme çäreleriniň girizilmegi Kodekse aýratyn öwüşgün berýär. Hukuk resminamasynyň XI bölümde kärhanada zähmeti goramaklyga düýpli orun berlipdir. Iş berijiniň zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlary we işgäriň howpsuzlyk we arassaçylyk talaplaryna jogap berýän zähmete bolan hukugyny görkezýän kadalar jikme-jik bellenilipdir. Zähmeti goranmak babatda döwlet dolandyryş edarasy bolan „Türkmenstandartlary„ Baş döwlet gullugynyň ygtyýarlyklary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň  we beýleki edaralaryň ygtyýarlyklary kesgitlenilipdir. Önümçilik işini amala aşyrýan 50-den köp işgäri bolan her kärhanada zähmeti goramagyň talaplaryny üpjün edýän zähmeti goramak gullugyny ýa-da zähmeti goramak boýunça hünärmen wezipesini girizmek hem-de kärhanada zähmeti goramak baradaky toparlary döretmegiň hukuk kadalary bellenilýär. XII  bölümde  iş beriji tarapyndan işgäriň zähmet çekmekden bikanun mahrum edilmegi netijesinde, emlägine zyýan ýetirilende, ömrüne we saglygyna zeper ýetirilende işgäriň öňünde jogapkärçilik çekýänliginiň, işgäriň bolsa iş berijiniň emlägini ýitirmegi ýa-da ony zaýalamagy bilen ýetirilen zyýan üçin iş berijiniň öňünde maddy jogapkärçilik çekýänliginiň düzgünleri öz beýanyny tapýar. XIII bölümde aýry-aýry işgärleriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklarynyň, hususanda aýal gyzlaryň,on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň ,maýyplaryň, esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça hem-de möwsümleýin işleýän adamlaryň,kärhananyň ýolbaşçysynyň.wahta iş usulyna

çekilýän adamlaryň, wagtlaýyn işlerde işleýän adamlaryň, hakyna tutma zähmeti ulanýan iş berijilerde we öýünde işleýän işçileriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary kadalaşdyrylypdyr. XIV bölüminde işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmaklygy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary hem-de şägirtlik görnüşinde hünär taýýarlygy guramaklyk şöhlelendirilipdir. Iş berijä zähmeti goramak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpün etmek we zähmet şertlerine kanunçylyga laýyklykda baha bermek maksady bilen üç ýylda bir gezekden az bolmazlyk şertinde iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmekligiň tertibi we şertleri berkidilipdir. Azyndan 5 adamdan ybarat düzümde döredilýän Hünär synag topary degişli wezipelerde we iş ornunda üç ýyl işlän işgärleri hünär synagyndan geçirilip işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi hakynda çözgüt kabul edýär. Eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýänligi hakynda çözgüt çykyrylan işgäriň razylygy bilen iş beriji ony başga laýyk gelýän wezipä geçirip ýa-da onuň bilen zähmet şertnamasyny ýatyryp bilýänligi bellenilýär. XV bölümde işgärleriň we iş berijileriň arasyndaky zähmet we olar bilen baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň meseleleri boýunça olaryň bähbitleriniň ylalaşygyny görkezýän hukuk namasy bolan Köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň tertibi, möhleti mazmuny we hereket ediş çygry baradaky hukuk kadalary ýerleşdirilipdir. XVI bölüm ýüze çykýan zähmet jedellere bagyşlanypdyr, zähmet jedelleri baradaky arza ilki bilen azyndan 15 adam işleýän kärhanada döredilýän zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan seredilýär. Işgärler we iş berijiler toparyň çykaran çözgüdi bilen ylalaşmaýan bolsalar olaryň arzasy esasynda kärhananyň Kärdeşler arkalaşygynda jedele seredilýär we jedeliň düýp manysy boýunça karar çykarylýar. Ondan başga-da, zähmet jedelleri ýokarda durýan edaralar tarapyndan garalyp bilinýändigi hem-de taraplaryň

zähmet jedelleri boýunça kazyýetlere hem ýüz tutmak hukugyna eýedigi belenilýär. XVI bölümi işgärleriň zähmet hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň Kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri tarapyndan wekilçilik edilmeginiň we goralmagynyň hukuk esaslaryny özünde jemleýär. Raýatlaryň garrylyk döwründe, kesellän wagtynda, maýyp bolan we işe ýarawsyzlyk ukubyny ýitiren, ekleýjisini ýitiren, işsizlige uçran mahalynda durmuş taýdan üpjün edilmek hukugy XVIII bölümde düzgünleşdirilýär. XIX bölümde zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny amala aşyrýan edaralara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen döwlet edarasynyň, kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň, kanunçylykda bellenilen tertipde ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň degişlidigi baradaky we olaryň ygtyýarlyklary hakynda kadalar, XX bölümde iş berijiniň işgäre düşýän aýlyk hakyny tölemedik ýa-da gijikdirip berilen halatynda, onuň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi görkezilýär. XXI bölümde bolsa zähmet gatnaşyklary boýunça jemleýji düzgünler beýan edilýär.

Dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň tejribesinden ugur alnyp, zähmet gatnaşyklarynyň ähli meselelerini bir ýere jemlän Zähmet Kodeksinde beýan edilen hukuk kadalarynda umumy ykrar edilen halkara hukugynyň ýörelgeleri öz ornuny tapypdyr. Häzirki döwürde zähmet gatnaşyklarynyň halkara–hukuk düzgünleşdirilmesi zähmet hukygynyň wajyp bölümleriniň birine öwrülýär. Halkara–hukuk düzgünleşdirmekligiň esasy çeşmeleriniň biri bolsa, Halkara Zähmet guramasy (HZG) tarapyndan kabul edilen resminamalary bolup durýar. Olar barada okuw gollanmasynyň ýörüte bölüminde bellenilip geçilýär.

Zähmet hukugynyň kanunasty çeşmeleriniň arasynda esasy orny Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary eýeleýär. Mejlisiň we Ministrler Kabinetiniň kararlary hem zähmet hukugynyň çeşmeleridir we Türkmenistanyň Konstitusyýasy, kanunlary we Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary esasynda kabul edilýär. Olar Türkmenistanyň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň hukuk resminamalary bolmak bilen, kanunasty häsiýete eýedirler. Hukuk çygrynda bu hukuk çeşmeleri (Ministrler Kabinetiniň kararlary) Türkmenistanyň kanunlaryndan we Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlaryndan soň durýarlar.

Zähmet hukugynyň çeşmelerine lokal düzgünleşdirmekligiň kadalary, ýagny edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň iş berijisi hökmündäki, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we zähmetkeşler köpçüliginiň kada döredijilik işini görkezýän düzgünnamalar degişli bolup durýar. Gös-göni zähmet we guramaçylyk-dolandyryş gatnaşyklaryny düzgünleşdirmeklige gönükdirilen kadalar ulgamynda ähmiýetli orny lokal kadalary eýeleýär. Lokal düzgünleşdirmekligiň çygryny giňeltmeklik we lokal kadalarynyň netijeliligini güýçlendirmeklik zähmet gatnaşyklarynyň mundan buýanky demokratiýalaşdyrmak prosesini, kärhanalary, edaralary we guramalary dolandyrmaklykda, döwlet we jemgyýetçilik işleri maslahatlaşylanda we çözülende zähmetkeşler köpçüliginiň rolunyň ýokarlanýandygyny görkezýär. Olar Kärdeşler arkalaşygy guramalary bilen bilelikde ýa-da olar bilen ylalaşmak boýunça ýa-da olaryň hödürlemegi bilen zähmetkeşler köpçüligi tarapyndan kabul edilýär. Olaryň hatarynda içerki zähmet düzgün-tertip kadalary we köpçülikleýin şertnamalaryny görkezmek bolar. Belli bir guramanyň çäginde kabul edilen lokal kadalar, diňe onuň çäginde hereket edýärler.

## II. Zähmet gatnaşyklary, zähmet gatnaşyklarynyň taraplary, olaryň hukuklary we borçlary

### § 1. Zähmet gatnaşyklarynyň düşünjesi

Zähmet hukuk gatnaşyklary gatnaşyjylaryna döwlet tarapyndan kepillendirilen we goralýan degişli hukuklary we borçlary bermek ýoly bilen ýetilýän, işgärleriň zähmetini guramak we ulanmak prosesinde hukuk kadalarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsir etmegiň barşynda döreýär we ösýär. Zähmet gatnaşyklary diýlip, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň iş beriji tarapyndan üpjün edilen mahalynda işgäriň şahsy zähmet borçlarynyň tölegli ýerine ýetirilmegine, işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyga (belli bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça işler), kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna işgäriň tabyn bolmagyna esaslanan gatnaşyklara düşünilýär. *(Zähmet Kodeksiniň 10-njy maddasy).* Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri diýlende, giň manyda, bu hukuk gatnaşygyna gatnaşýan taraplara, esasan, iş berijä we işgäre, şeýle-de işgärleriň bähbitlerini gorap çykyş edýän jemgyýetçilik gurama bolan kärdeşler arkalaşyklaryna, işgär bilen iş berijiniň biri-birini tapmagyna hemaýat edýän zähmet biržalaryna düşünilýär. Elbetde, zähmet gatnaşyklary bilen utgaşýan gatnaşyklarda başga-da gatnaşyjylar bolup biler, mysal üçin, işgäriň durmuş, medisina, pensiýa ätiýaçlandyrmasy, ýaşaýyş jaý üpjünçiligi bilen baglanyşykly gatnaşyklara dürli ýöriteleşdirilen edaralar gatnaşýarlar. Eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, alyp barýan işiniň häsiýetine laýyklykda, hukuklara we borçlara eýe bolup, işgäri işe kabul edip bilýän edara, kärhana, gurama, hususy telekeçä iş beriji diýilýär. Zähmet hukuk gatnaşygynyň ikinji tarapy bolan işgäre ýaşy

boýunça umumy bildirilýän talap, ýagny işgär 16 ýaşan raýat degişli bolup biler. Zähmet şertnamasy 15 ýaşyny dolduran adam bilen diňe ata-enelerden haýsy hem bolsa biriniň (howandarynyň) razylygy bilen baglaşylyp bilner (zähmet kodeksiniň 23-nji maddasynyň 2-nji bendi). Elbetde, işe kabul etmek üçin ýerine ýetirilmeli işiň häsiýetine görä hünär, kär boýunça başga-da şertler bar. Mysal üçin, sürüjilik şahadatnamasy ýok adamy sürüjilik işine kabul edip bolmaýar. Islendik hukuk gatnaşygynda bolşy ýaly, zähmet hukuk gatnaşygynyň hem taraplarynyň kanunçylykda bellenen, zähmet şertnamasynda anyklaşdyrylan hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary bar. Bellenilip geçilişi ýaly, zähmet hukuk gatnaşyklaryna köpdürli gatnaşyklary degişli etmek mümkin, ýöne esasy gatnaşyk işgär bilen iş berijiniň arasyndaky gatnaşykdyr. Degişlilikde, işgäre we iş berijä esasy subýektler diýmek mümkin. Işgär zähmet gatnaşygynyň bir tarapy we zähmet hukuk gatnaşygynyň subýektidir. Ol özüniň zähmeti bilen belli bir maddy we ruhy gymmatlyklary döredýär, hyzmatlary ýerine ýetirýär. Işgäriň zähmet çekmegi üçin döredilmeli şertler, iş wagtynyň, dynç alyş wagtynyň dowamlylygy, iş wagtyny guramagyň, siňdirilen zähmeti ölçemegiň, netijelerini bahalandyrmagyň, hak tölemegiň umumy kadalary kanunçylykda bellenendir. Zähmet kanunçylygynda bellenen kadalar bilen bolsa işgäriň kanuny hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary ýüze çykýar. Her bir adam zähmet hukuk gatnaşygynyň subýekti bolmak üçin, zähmet hukuk ukyplylygyna eýe bolmaly, ýagny öz hereketleri bilen zähmet hukuklaryna eýe bolup, olary amala aşyryp, borçlaryny ýerine ýetirip bilýän bolmaly. Ýaş nukdaýnazaryndan umumy kada boýunça 16 ýaşdan başlap pensiýa ýaşyna, ýagny erkek adamlar üçin 62 ýaşa çenli, aýal maşgalalar üçin 57 ýaşa çenli döwür zähmet hukuk ukyplylyk döwri hasaplanýar. Türkmenistanyň Durmuş üpjünçiligi hakyndaky Bitewi

kanunynyň 23-nji maddasynyň 7-nji bendine laýyklykda, üç çaga dogran we olary 8 ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren aýallaryň, umumy esaslarda bellenen ýaşy bir ýyl, dört çagaly aýallaryň – iki ýyl, bäş we ondan köp çagaly ýa-da çagalygyndan maýyp çagaly aýallaryň – üç ýyl azaldylýar. Bu kada olaryň 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolan ýagdaýynda ulanylýar. Durmuş üpjünçiligi hakyndaky Bitewi kanunynda pensiýa ýaşyny azaltmagyň başga-da birnäçe esaslary göz öňüne tutulan. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda pensiýa ýaşyna ýeten ýaşulularymyz zähmet çekmegini dowam etdirip, ýaş nesle öz tejribelerini öwredýärler, ýagny adamyň pensiýa ýaşyna ýetendigine garamazdan, zähmet gatnaşyklarynyň dowam etdirilmegi mümkin. Öň bellenilip geçilişi ýaly, iş beriji we işgär zähmet hukuk gatnaşyklarynyň esasy taraplarydyr. Iş beriji işgäriň zähmetini guraýar we oňa ýolbaşçylyk edýär. Zähmet hukuk gatnaşygynyň subýekti hökmünde iş berijiniň kanunçylykda bellenen hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary bar. Zähmet kodeksiniň 12-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda, iş beriji guramaçylyk hukuk we eýeçiligiň görnüşine garamazdan edara görnüşindaki tarapdyr ýa-da hakyna tutma zähmeti ulanýan we işgär bilen zähmet gatnaşyklaryna girýän şahsy (telekeçi) tarapdyr. Kärdeşler arkalaşyklary zähmetkeşleriň jemgyýetçilik guramasy bolup, olaryň wekilçiligini amala aşyrýar, hukuklaryny, bähbitlerini goraýar. Şu wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerli komitetleri bar bolan uly kärhanalarda, guramalarda zähmetkeşleriň adyndan kärdeşler arkalaşyklary çykyş edip, edaranyň, kärhananyň müdirligi bilen köpçülikleýin şetnamalary baglaşýarlar.

Öň bellenilip geçilişi ýaly, Zähmet kodeksiniň 23-nji maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda, zähmet şertnamasyny on alty ýaşyna ýeten adam bilen baglaşmaga ýol berilýär, on bäş ýaşyny dolduran adam bilen bolsa diňe ata-enelerden haýsy hem

bolsa biriniň (howandarynyň) ýazmaça razylygy bilen baglaşylýar. Kinematografiýa guramalarynda, teatrlarda, teatral we konsert guramalarynda, sirklerde, ata-enelerden biriniň (hossarynyň) we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşmak üçin on bäş ýaşyna ýetmedik adamlar bilen hem zähmet şertnamasynyň baglaşylmagyna ýol berilýär.Okuwçylaryň zähmete çekilmek ýagdaýlary ýüze çykan ýagdaýynda, Zähmet Kodeksiniň 60-njy maddasyna laýyklykda, gine iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bilen zähmet şertnamasyny baglaşmak arkaly ýol berilýär. Gatnaşyjylaryň kanun we taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenen hukuklarynyň we borçlarynyň durmuşa geçirilmegi zähmet gatnaşyklarynyň esasy bolup durýar.

Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň esaslary bolup, taraplaryň zähmet hukuklarynyň we borçlarynyň bellenilmegine gönükdirilen ýuridiki faktlar gulluk edýär. Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň has giň ýaýran görnüşi iş beriji bilen işgäriň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy bolup durýar. Birnäçe ýagdaýlarda zähmet hukuk gatnaşyklary çylşyrymly ýuridiki düzümiň güýji - ýuridiki faktlaryň jemi bolan, haçanda zähmet şertnamasyny baglaşmakda onuň öňünden dörän şert bolup gulluk edýän ýagdaýyň döremegi bilen ýüze çykýar. Konkurs boýunça kesgitli wezipä bellemek üçin, adamyň şol wezipä saýlananlygy baradaky resminamasy gerek, soňra bolsa wezipeleri, ýokarda durýan gurama tarapyndan tabynlyk tertibinde tassyklanýan edaralaryň işgärleri bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaklyk üçin, olaryň wezipä tassyklananlygy hakynda dolandyryş resminamasy kabul edilmelidir. Işgär iş beriji bilen zähmet gatnaşyklaryna giren şahsy tarap bolup, ol işini zähmet şertnamasynyň esasynda anyk hünär, kär, razrýad, klas ýa-da

wezipe boýunça amala aşyrýar (işini, gullugyny ýerine ýetirýär). Anyk kär, hünär, razrýad, klas ýa-da wezipe boýunça işgär tarapyndan ýerine ýetirilýän borçlaryň (işleriň) topary işçileriň hünärleriniň, gullukçylaryň wezipeleriniň tarif-hünär maglumatnamalary, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde tassyklanylan wezipe gözükdirijileri (borçlary) we düzgünnamalary bilen kesgitlenilýär.

Şeýlelik-de, zähmet hukuk gatnaşygy diýlende, taraplaryň, ýagny, işgär bilen iş berijiniň arasynda zähmet şertnamasyny (kontrakt) baglaşmagyň, iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň, işe hak tölemegiň işdäki düzgün-nyzam kadalarynyň, zähmeti hukuk taýdan goramagyň, zähmet jedellerine seretmegiň tertibi baradaky gatnaşyklara düşünilýär. Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny diýlende, işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň, borçlarynyň, ygtyýarlyklarynyň jemine düşünilýär. Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň gurluşy bolsa, oňa gatnaşýan taraplaryň kimlerdigini, ýagny kanunçylygyň işgäre nähili talaplary bildirýändigini, iş berijä (edara, kärhana, gurama, hususy telekeçä) nähili talaplary bildirýändigini, nähili iş şertlerini kesgitleýändigini aňladýar. Zähmet hukuk gatnaşyklary hukuk kadalaryny amala aşyrmak netijesinde döreýär we ösýär. Zähmet we onuň bilen baglanyşykly gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekde Türkmenistan döwletiniň ynsanperwerlik syýasaty durmuşa geçirilýär, halkyň maddy hal-ýagdaýy gowulaşýar we ruhy islegleri kanagatlandyrylýar. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy bilen kadalaşdyrylýan zähmet we onuň bilen utgaşykly gatnaşyklar köpdürliligi bilen tapawutlanýar. Türkmenistanda eýeçiligiň görnüşlerine laýyklykda, zähmeti guramak dürli usullarda amala aşyrylýar. Zähmet gatnaşyklary, esasan, jemgyýetçilik önümçiliginde ýüze çykýar.

## § 2. Işgäriň esasy hukuklary we borçlary

Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygy zähmet gatnaşyklarynyň taraplarynyň esasy hukuklaryny we borçlaryny göz öňünde tutýar. Işgär babatda bu hukuklar we borçlar Türkmenistanyň Konstitusyýsyna laýyklykda, umumy görnüşde Zähmet Kodeksiniň 13-nji maddasynda berkidilendir. Iş beriji bilen zähmet gatnaşyklaryna giren şahsy tarap bolan her bir işgäriň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

- zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga, ony üýtgetmäge we ýatyrmaga;
- zähmet şertnamasynda şertlendirilen işiň özüne berilmegine;
- zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarda göz öňünde tutulan şertlere, sanitariýanyň we arassaçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelýän iş ýerine;
- zähmet, tehniki howpsuzlyk şertleri we iş ornunda zähmeti goramagyň talaplary hakynda doly we ygtybarly maglumata;
- hiç hili hukuk kemsidilmesi bolmazdan deň zähmet üçin deň tölege, öz kärine, hünärine, zähmetiň çylşyrymlylygyna, ýerine ýetirilen işiň mukdaryna we hiline laýyklykda zähmet hakyny doly möçberde almaga, ýöne zähmet haky degişli kanunçylyk bilen bellenen zähmet hakynyň iň az möçberinden pes bolmaly däldir;
- özüne hasaplanan zähmet haky we ondan tutulan tutumlar hakynda maglumatlar almaga;
- işgärleriň aýry-aýry kärleri we toparlary üçin iş wagtynyň dowamlylygyny, gysgaldylan iş wagtyny bellemek, hepdelik dynç günlerini, işlenmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerini, şeýle hem her ýylky hak tölenilýän

esasy we goşmaça rugsatlary bermek bilen üpjün edilýän dynç almaga;

- hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmaga we hünärini ýokarlandyrmaga;
- ylmy-intellektual eýeçilige, rasionalizatorçylyk ýa-da oýlap-tapyjylyk üçin awtorlyga, şeýle hem awtorlyk hukuklary üçin sylaga;
- eger kanunçylykda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, öz zähmet hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin birleşmäge, şol sanda kärdeşler arkalaşyklary birleşiklerine, şeýle hem beýleki jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmäge;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda, köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan görnüşlerde kärhanany dolandyrmaga gatnaşmaga;
- iş berijä ýa-da onuň hukuk mirasdüşerine patentler berlen we jemgyýetçilik önümçiliginde peýdalanylan oýlap tapyşlaryň we senagat nusgalarynyň awtorlary üçin ylmy intellektual eýeçiligiň obýektini işläp taýýarlaýjylar (döredijiler) üçin bellenen pul tölege, şeýle hem kärhanalaryň tertipnamalarynda we degişli kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda ylmy-intellektual eýeçiligiň obýektini peýdalanmakdan, hususyetçiniň alan peýdasynyň (girdejisiniň) paýyna;
- Zähmet kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik usullaryň hemmesi bilen öz zähmet hukuklarynyň, azatlyklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyna we goralyp saklanylmagyna, şeýle hem şahsy maglumatlarynyň goralmagyna;
- köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) işläp taýýarlamaga gatnaşmaga we onuň bilen tanyşmaga;
- Zähmet kanunçylygyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly öz

saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň), şol sanda ahlak zeleliniň öweziniň dolunmagyna kepilliklere we öwezini doluş pullaryna;

- ýaşy boýunça, zähmete ukyplylygyny ýitirende, ekleýjisini ýitirende we degişli kanunçylykda bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna we durmuş üpjünçiligine;
- Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklara.

Zähmet gatnaşyklary ýüze çykanda işgäriň kanuny hukuklaryndan başga, onuň borçlary hem döreýär. Işgär şu aşakdakylara borçludyr:

- öz zähmet borçlaryny päk ýürekden ýerine ýetirmäge;
- bellenilen zähmet kadalaryny (kadalaşdyrmalaryny) ýerine ýetirmäge;
- zähmet düzgün-nyzamyny, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmäge;
- iş berijiniň zähmet kanunçylygyna, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna we köpçülikleýin şertnamasyna (ylalaşygyna) ters gelmeýän ýazmaça ýa-da dilden berýän buýruklaryny ýerine ýetirmäge;
- zähmeti goramak we zähmetiň tehniki howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky kadalary, gollanmalary, düzgünnamalary we buýruklary berjaý etmäge;
- resminamalary, maddy, pul we gaýry gymmatlyklary saklamagyň bellenilen tertibini berjaý etmäge;
- öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň, bitirilýän hyzmatlaryň hiline bolan bellenilen talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge, işde ýaramaz hilli önümiň öndürilmegine ýol bermezlige, tehnologik düzgün-nyzamy berjaý etmäge;

- iş berijiniň (eger iş beriji emlägiň aýawly saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine) we beýleki işgärleriň emlägine aýawly garamaga;

- öz iş ornuny tertipli we arassa saklamaga;

- kanunçylyga laýyklykda döwlet, täjirçilik we gaýry syrlaryny düzýän, özüne ynanylan maglumatlary aýan etmezlige;

- adamlaryň ömrüne we saglygyna, iş berijiniň emläginiň abat saklanylmagyna howp döredýän ýagdaýyň ýüze çykanlygy hakynda iş berijä ýa-da gös-göni ýolbaşça gaýra goýman habar bermäge (eger iş beriji emlägiň abat saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine);

- zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan gaýry borçlary ýerine ýetirmäge.

-

## § 3. Iş berijiniň esasy hukuklary we borçlary

Zähmet Kodeksiniň 14-nji maddasyna laýyklykda, iş berijiniň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

- Zähmet Kodeksinde we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde işgärler bilen zähmet şertnamalaryny baglaşmaga, olary üýtgetmäge we ýatyrmaga;

- işe kabul edende işgärden belli bir zähmet işi (iş, gulluk) bilen meşgullanmaga bolan we (ýa-da) belli bir wezipäni eýelemek hukugyny we mümkinçiligini tassyklaýan, şu Kodeksde göz öňünde tutulan resminamalaryň berilmegini talap etmäge;

- öz ygtyýarynyň çäklerinde ýerine ýetiriş we serenjam berijilik häsiýetli namalary çykarmaga;

- eger iş beriji emlägi abat saklamak üçin jogapkärçilik çekse, zähmet şertnamasynyň şertleriniň we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalarynyň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem iş berijiniň emlägine, şol sanda iş berijidäki üçünji taraplaryň emlägine aýawly garalmagyny işgärlerden talap etmäge;

- zähmet şertnamasy baglaşylanda işgäre synag möhletini bellemäge;

- işgärleri höweslendirmäge;

- işgärleri döwlet sylaglaryna hödürlemäge, olary saýlawly edaralara görkezmäge;

- işgäriň okamagy bilen baglanyşykly harajatlarynyň öweziniň dolunmagyna;

- şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenilen tertipde işgärleri düzgün-nyzam we maddy jogapkärçilige çekmäge;

- işgäriň zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy hakyndaky meseläni zähmetkeşler köpçüliginiň garamagyna bermäge;

- işgär tarapyndan özüne ýetirilen zeleliň (zyýanyň) öweziniň dolunmagyna;

- wekilçilik we öz hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen iş berijileriň birleşiklerini döretmäge we olara girmäge;

- Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki hukuklardan peýdalanmaga.

Iş beriji şu aşakdakylara borçludyr:

- zähmet kanunçylygyny, zähmet şertnamasynyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerini berjaý etmäge;

- işgärlere zähmet şertnamasyna we taraplaryň ylalaşygyna laýyklykda iş bermäge;

- zähmeti goramagyň häzirki zaman serişdelerini ornaşdyrmaga, howpsuzlygyň we gigiýenanyň talaplaryna jogap berýän hem-de önümçilikde şikes almagyň, hünär keselçiliginiň öňüni alýan zähmet şertlerini üpjün etmäge;

- işgärleri iş ýeri, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekleri üçin gerek bolan serişdeler bilen üpjün etmäge;

- dikeltmegiň hususy maksatnamasyna laýyklykda maýyplara zähmetiň zerur şertlerini döretmäge;

- işgärlere deň gymmatly zähmeti üçin deň tölegi üpjün etmäge;

- zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge we degişli kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki tölegleri geçirmäge;

- işgäre zähmet haky tölenende oňa hasaplanylan zähmet haky we ondan tutulýan tutumlar barada maglumat bermäge;

- işgäre pensiýa üpjünçiligi bilen baglanyşykly maglumatlary we resminamalary degişli kanunçylykda bellenilen möhletlerde bermäge;

- iş wagtynyň hasabyny guramaga we ýöretmäge;

- köpçülikleýin gepleşikler geçirmäge, Zähmet Kodeksinde bellenilen tertipde köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmaga;

- köpçülikleýin şertnamany (ylalaşygy) baglaşmak we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin gerek bolan doly we dogry maglumaty kärdeşler arkalaşygy we işgärleriň gaýry wekilçilikli guramalaryna bermäge;

- kärhana we iş ýerlerine, şol sanda önümçilikde (işde) betbagtçylykly hadysalar derňelende kärdeşler arkalaşygy we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň barmagyny üpjün etmäge, şeýle hem olara ýardam etmäge;

- işgärleriň zähmet işini tassyklaýan resminamalaryň, zähmet haky baradaky maglumatlaryň, döwlet durmuş ätiýaçlandyryşyna geçirilýän serişdeleriň we pensiýa

üpjünçiligi üçin gatançlaryň arhiwini döretmäge we işlemegini üpjün etmäge, şeýle hem degişli kanunçylykda bellenilen tertipde degişli resminamalary döwlet tarapyndan saklamak üçin tabşyrmaga;

- işgärleri işe kabul etmek, işden boşatmak, iş ýerini üýtgetmek hakyndaky buýruklaryň göwnejaý tertipde bellige alynmagyny üpjün etmäge;

- işgärleriň şahsy maglumatlarynyň aýawly saklanylmagyny we hasabyny, şeýle hem Zähmet Kodeksine laýyklykda zähmet depderçeleriniň aýawly saklanylmagyny we hasabyny, olardaky ýazgylary ýöretmegiň dogrulygyny üpjün etmäge;

- işgärleriň şahsy maglumatlaryny we olar hakdaky maglumaty aýan etmezlige;

- Kanunçylykda göz öňünde tutulan görnüşlerde işgärleriň we kärdeşler arkalaşygy guramalarynyň kärhanany dolandyrmaga gatnaşmagyny üpjün edýän şertleri döretmäge;

- kärdeşler arkalaşygy guramalarynyň kärhanadaky işini guramagyna ýardam etmäge, şeýle hem olaryň işi, umumy ýygnaklary (konferensiýalary), beýleki çäreleri geçirmek üçin zerur şertleri üpjün etmäge;

- işgärleriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly, olary durmuş-hyzmatlary, saglygy goraýyş we gaýry hyzmatlar bilen üpjün etmäge;

- degişli kanunçylykda bellenilen tertipde işgärleriň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny üpjün etmäge;

- zähmet kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalary hakynda döwlet dolandyryş, döwlet gözegçilik barlagy we jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň tabşyryknamalaryna garamaga, olary düzetmek boýunça çäreler görmäge we kabul edilen çäreler hakynda görkezilen edaralara habar bermäge;

- Zähmet kanunçylygynda bellenilen tertipde we şertlerde işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly oňa ýetirilen zeleliň (zyýanyň) öwezini dolmaga;
- eger işiň dowam etdirilmegi işgäriň saglygyna we ömrüne howp salýan bolsa, işi togtatmaga;
- zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki borçlary ýerine ýetirmäge.

Zähmet gatnaşyklarynda iş berijiniň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygynda, şeýle hem esaslandyryjy resminamalarda bellenilen tertipde şahsy tarap, edara görnüşindäki tarapyň dolandyryş edarasy ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy tarapyndan amala aşyrylýar.

## III . Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgemegi we ýatyrylmagy

### §1. Zähmet şertnamasynyň düşünjesi we taraplary.

Zähmet hukuk gatnaşyklarynyň döremegi esasan iş beriji bilen işgäriň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy esasynda amala aşyrylýar. Ýöne, Zähmet kodeksi zähmet kanunçylygynda bellenilen käbir ýagdaýlaryň zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esas bolup bilýändigi hakyndaky kadalary özünde saklaýar. Şu ýagdaýlar zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esas bolup durýar:

1. işgär bilen iş berijiniň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy ;
2. adamyň saýlawly wezipä saýlanylmagy;
3. adamyň degişli wezipäni çalyşmak üçin bäsleşik boýunça saýlanylmagy;
4. adamyň wezipä bellenilmegi ýa-da wezipä tassyklanylmagy;

5. adamyň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan bellenilen möçberiň hasabyna işe ugradylmagy;
6. harby gullugy we içeri işler edaralarynda çagyryş boýunça gullugy geçen döwri tamamlanandan soň, saýlawly edaralarda ygtyýarlyklaryň möhleti gutarandan soň iş berijiniň ugratmagy boýunça okuwyny ýa-da işini, şol sanda daşary ýurtdaky okuwyny ýa-da işini tamamlandan soň adamyň wezipä bellenilmegi;
7. işden bikanun boşadylan adamyň kazyýetiň çözgüdi boýunça işe dikeldilmegi;
8. zähmet şertnamasynyň göwnejaý ýagdaýda resmileşdirilmändigine garamazdan iş berijiniň ýa-da onuň wekiliniň ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça adamyň işe hakyky goýberilmegi.

Şeýle-de bolsa, zähmet hukuk gatnaşyklarynyň döremeginiň has giň ýaýran görnüşi iş beriji bilen işgäriň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasy bolup durýar. Zähmet şertnamasy işgär bilen iş berijiniň (kärhana, edara, gurama) arasyndaky ylalaşyk bolup, bu ylalaşyga görä işgär belli bir hünär, kär ýa-da wezipe boýunça işi ýerine ýetirmegi, munda içerki zähmet tertip-düzgünine boýun egmegi borç edinýär, iş beriji bolsa işgäre iş hakyny tölemegi hem-de zähmet hakyndaky kanunlarda we taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmegi borç edinýär. Zähmet Kodeksiniň 16-njy maddasynda zähmet şertnamasy düşünjesine gös-göni kesgitleme berilýär. “Zähmet şertnamasy–munuň özi ýazmaça görnüşde belli bir möhlete baglaşylýan, iş beriji bilen işgäriň arasynda taraplaryň özara esasy hukuklaryny we borçlaryny belleýän ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iş beriji şertlenen zähmet borçlary boýunça işgäre iş (iş ýerini) bermäge, kanunçylykda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmäge, zähmet hakyny öz wagtynda we doly mözberde tölemäge borçlanýar, işgär bolsa şu şertnamada kesgitlenen

zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada göz öňünde tutulan gaýry kanuny borçlaryny berjaý etmäge borçlanýar”. Zähmet şertnamasynda zähmet kanunçylygynyň umumy kadalaryna garanda ençeme aýratynlyklar görkezilýär, işgäriň we iş berijiniň hukuklary, borçlary, ygtyýarlyklary anyklaşdyrylýar.

Zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmaly şertleri iki topara bölmek bolýar. Olaryň birinjisi kanunda görkezilen şertler, ýagny işiň ady, zähmet hakynyň möçberi, iş wagtynyň we zähmet rugsadynyň dowamlylygy ýaly şertlerdir. Şertleriň ikinji toparyna kanunda göz öňünde tutulan şertlerden başga, taraplaryň özleriniň bellän şertleri girýär. Mysal üçin, zähmet rugsadynyň berilmeli wagty, iş ýeri işiň başlamaly wagty, işe gatnamak üçin ulaglar bilen üpjün etmek ýaly goşmaça şertlerdir.

Zähmet şertnamasynyň mazmuny diýip, işgäriň we iş berijiniň hukuklarynyň, borçlarynyň, ygtyýarlyklarynyň şertnamada beýan edilen jemine düşünilýär. Zähmet şertnamasynyň gurluşy adatça şertnamanyň hasap belgisinden soň baglaşylan wagty we ýeri görkezilýär, soňra taraplar, ýagny iş beriji we işgär baradaky doly maglumatlar beýan edilýär. Şol maglumatlaryň yzyndan ýaý içinde şertnamada taraplaryň gysgaça atlandyrylyşy, adatça “Iş beriji” we “Işgär” diýen bellik edilýär, şol maglumatlaryň yzyndan işgäriň haýsy wezipä, käre kabul edilýändigi görkezilýär. Oňa zähmet şertnamasynyň giriş bölegi diýilýär. Şertnamanyň 2-nji böleginde iş hakyndaky zähmet ylalaşygy beýan edilýär, şertnamanyň möhleti görkezilýär, iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň kanun esasynda düzülen kärhananyň içerki düzgün-nyzam kadalary bilen düzgünleşdirilýänligi beýan edilýär.

Şertnamanyň 3-nji böleginde işgäriň borçlary, ýagny onuň Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, zähmet hakyndaky

kanunçylygynyň talaplaryny, döwlet we zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmelidigi, iş berijiniň emlägini aýawly garamalydygy we zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak üçin çäreleri görmelidigi, wezipe borçlaryny ynsaply we döredijilikli ýerine ýetirmelidigi, hünärini birsyrhly ýokarlandyrmalydygy, iş tabşyryklaryny öz wagtynda ýerine ýetirmelidigi, gulluk syrlaryny saklamalydygy görkezilýär. Şeýle tertipde bu bölekde iş berijiniň hem degişli borçlary beýan edilýär, hususanda, onuň kanunçylygy berjaý etmelidigi, işgäriň zähmetini göwnejaý, howpsuz we netijeli işlemegi üçin şertler döretmek bilen guramalydygy, iş orunlaryny döwrebap enjamlar bilen enjamlaşdyrmalydygy, işgäri wezipe borçlary bilen we işe degişli kadanamalar we gollanmalar bilen tanyşdyrmalydygy, zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmelidigi, iş hakyny öz wagtynda tölemelidigi, işgäriň hökmany döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyny geçirmelidi görkezilýär. Şeýle-de, işgäriň arzasy esasynda işgäriň iş hakyndan meýletin saglygy goraýyş we pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça serişdeleri öz wagtynda geçirmäge iş beriji borçludyr. Soňra şertnamada işgäriň we iş berijiniň hukuklary beýan edilýär. Bu bölekde hukuklaryň zähmet hakyndaky kanunçylyga esaslanýandygy we onuň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklydygy görkezilýär hem-de iş berijiniň, işgäriň kontrakt boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirişine gözegçilik etmäge hukugynyň bardygy bellenýär.

Şertnamanyň 4-nji böleginde işgäre tölenmeli iş hakynyň möçberi we her ýylky hak tölenilýän zähmet rugsadynyň berilýändigi, şertnamanyň şertleriniň işgär we iş beriji üçin hökmanydygy, şertnamanyň bes edilmeginiň tertibi we esaslary görkezilýär. Şeýle-de bu bölekde şertnamanyň şertleriniň bozulanlygy üçin taraplaryň jogapkärçilik çekýändigi, eger-de şertnamanyň möhletiniň tamamlanmagy boýunça zähmet gatnaşyklary hakykatda dowam edýän bolsa we işgär hem, iş

beriji hem şol gatnaşyklary bes etmegi talap etmeýän bolsa, onda kontraktyň hereketiniň täze möhlete dowam etdirilen hasap edilýändigi berkidilýär. Şertnamanyň 5-nji böleginde işgäriň doly ady, atasynyň ady, familiýasy, öý salgysy, goly, şertnama gol çeken wagty, şeýle-de iş berijiniň doly ady, hukuk salgysy, şertnama gol çeken ýolbaşçynyň ady, familiýasy, atasynyň ady, goly, şertnama gol çeken wagty ýazylýar, kärhananyň möhri bilen tassyklanylýar.

Zähmet şertnamasy näme? Iş ýüzünde zähmet şertnamasyny baglaşman işe kabul edilmek asla mümkin däl. Munuň üçin näme gerek? Ilki bilen, işgär kärhananyň, guramanyň iş berijisi bilen haýsy işi ( haýsy hünär, kwifikasiýa ýa-da wezipe boýunça) ýerine ýetirjekdigi barada gürleşýärler. Soňra ol zähmet şertleri, iş düzgüni, aýlyk hakynyň möçberi we ş/m bilen gyzyklanýar. Ondan soň zähmet şertnamasy baglaşylýar. Köp adamlar şertnama düşünjesini haýsydyr bir hökmany ýazmaça görnüş bilen baglanyşdyrýarlar, ýöne şol bir wagtda dilden şertnamalar hem duş gelinýär.

Mysal üçin, suratçy Illiýew.D awtoulag kärhanasy bilen ýazmaça ylalaşyk boýunça kärhananyň hormat tagtasyny taýýarlamaklyga we önümçiligiň öňdebaryjylaryň suratlaryny çekmeklige borçlanýar. Ylalaşykda bu iş üçin D.Illiýewe kesgitli möçberde pul serişdesiniň tölenjekdigi bellenilipdir. Suratçy tarapyndan esasy iş öýünde öz materiallaryny ulanmaklyk bilen ýerine ýetiripdir. Şeýle ýagdaýda, zähmet şertnamasy baglaşylypmy?

Ähtimal, köpler bu soraga makullaýjy jogap berseler gerek. Şeýdip, olar elbetde, ýalňyşlyk goýbererler. Bu ýerde şertnama bar, ýöne zähmet şertnamasy däl-de, raýat-hukuk şertnamasynyň potrat görnüşi hereket edýär.

Bu şertnamalaryň arasynda düýpli tapawutlyklar bardyr. Ýagny, diňe zähmet şertnamasy boýunça iş wagty işgäriň iş döwrüne girýär we wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça döwlet

kömek pulyny we döwlet pensiýasyny almaga, her ýylky tölenýän zähmet rugsadyna bolan hukugy berýär, diňe zähmet şertnamasy boýunça iş zähmet depderçesine geçirilýär we ş/m. Zähmet şertnamasyny çykdaýjy talap edýän garyşyk rayat-hukuk şertnamalaryndan (potrat, tabşyryk) tapawutlandyrmak beýle bir kynam däl. Zähmet şertnamalaryny raýat-hukuk şertnamalary bolan kärende, tabşyryk, awtorlyk şertnamalaryndan tapawutlandyrylanda, zähmet şertnamasy boýunça işgäriň ozüne alýan borçlarynyň aýratynlygy onuň kesgitli kär, hünär, wezipe boýunça işi ýerine ýetirýänliginden ybarat bolup durýandygy we içki-zähmet tertibiniň düzgünlerine tabynlygyna baglydygy göz öňünde tutulýar. Raýat-hukuk şertnamalary boýunça raýat içki-zähmet tertibiniň düzgünlerine tabyn bolmaýar, sebäbi ol öz işini özi guraýar we oňa diňe işiň ahyrky netijesi boýunça hak tölenýär. Şeýlelikde, işgäriň belli bir kär, hünär, kwalifikasiýa ýa-da wezipe boýunça zähmet borçlaryny wezipe gollanmalaryna laýyklykda ýerine ýetirmegi, kärhananyň içerki-zähmet düzgün tertibine tabynlykda borçlaryň ýerine ýetirilmegi, işgäriň zähmet hakyny zähmetiň mukdaryna we hiline, ýerine ýetirilýän işiň çylşyrymlylygyna laýyklykda almagy, zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulan zähmet şertleriniň bolmagy, zähmet şertnamasyny raýat – hukuk şertnamalaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyryjy alamatlar bolup durýar. Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji – şahsy tarap bilen işgäriň , şol sanda işi öý hojalygyndaky amala aşyrýan raýatlaryň arasynda zähmet şertnamasyny baglaşmak onuň taraplary tarapyndan gol çekilýän we zähmet şertlerini, onuň töleginiň tertibini, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän ýazmaça şertnama görnüşinde geçirilýär. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, işgäriň arzasy we hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji – şahsy tarapyň buýrugy talap edilmeýär. Işgär iş beriji – şahsy tarap bilen zähmet şertnamasyny baglaşanda,

kanunçylykda gadagan edilmedik, şu şertnama bilen kesgitlenen işi ýerine ýetirmäge borçlanýar, Iş beriji – şahsy tarap bolsa, işgär bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga we ony salgyt hasabynyň ýerinde bellige aldyrmaga hem-de kanunçylykda bellenilen tertipde we möçberlerde döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna serişde geçirmeleri we beýleki hökmany tölegleri tölemäge borçlanýar.

Raýat-hukuk şertnamalary baglanyşylanda zähmet prosesi bellenilmeýär, işgär öz iş wagtyny öz islegi boýunça kesgitleýär. Ine, näme üçin D. Iliýewiň we awtoulag kärhanasynyň arasynda Hormat tagtasyny taýýarlamak baradaky ylalaşygynyň zähmet şertnamasy bolmaýanlygy.

Zähmet kanunçylygynda görkezilen zähmet şertleri (onuň töleg şertini hem goşmak bilen) ylalaşýan taraplar tarapyndan işlenip düzülmeýär. Anyk işgärler üçin kanun tarapyndan bellenilen zähmet şertleri döretmek boýunça iş berijiniň borçlary zähmet şertnamasynyň özünden gelip çykýar. Ýöne, zähmet şertnamasy baglaşylanda umumy ýaşaýyş jaýyndan ýa-da kommunal kwartiradan ýer berilmekligi we ş.m ylalaşyp bolýar. Bu taraplaryň zähmet şertnamasyny baglaşylanda oňa islendik şertleri girizip bilýändigini aňladýarmyka ?

Myradow.I institutdan inžener ykdysadyýetçi hünärini alandan soň, gurluşyk edarasyna işe iberilýär. Işe kabul edilenden soň, ilkinji alty aýda oňa dürli wezipelerde işlemekligi haýyş edýärler. Edaranyň administrasiýasynyň täsiri astynda Myradow oňa razylaşýar. Şol şertlerde hem zähmet şertnamasy baglaşylýar. Emma, şeýle ylalaşyk Zähmet Kodeksiniň 21-nji maddasynda “Zähmet şertnamasy aldawyň, gorkuzmagyň, güýç ulanmagyň we mejbur etmegiň beýleki görnüşleriniň täsiri astynda baglaşylan bolsa hakyky däl diýlip ykrar edilýär» diýip bellenilenlere garşy gelýär. Diýmek, bar bolan ylalaşyk iş berijini Myradowa onuň hünari we

kwalifikasyýasy boýunça iş bermek borjundan boşatmaýar. Şeýlelik bilen, kanun işgärleriň hukuklaryny, haçanda olar haýsydyr bir sebäp bilen (köp ýagdaýlarda kanuny bilmezlikden ) öz hukuklarynyň çäklendirilmegine ylalaşan hem bolsalar hem goraýar.

## § 2. Zähmet şertnamasynyň görnüşleri we olary baglaşmagyň tertibi

Zähmet kanunçylygyna laýyklykda, zähmet şertnamasy hereket ediş möhleti çäklendirilmezden baglaşylyp bilner (möhletsiz). Emma kanun belli bir kesgitli möhlete hem zähmet şertnamasyny baglaşmaga ýol berýär (möhletli). Zähmet Kodeksinde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin bellenilip bilinmedik halatlarynda diňe möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýar. Şeýlelikde, Zähmet kodeksiniň 18-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamalary özleriniň baglaşylýan möhletlerine görä iki sany esasy görnüşe bölünýärler:

- kesgitsiz möhlete baglaşylýan zähmet şertnamalary;
- kesgitli möhlet üçin (möhletli zähmet şertnamalary), ýöne, Zähmet kodeksinde ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başga möhlet bellenilmedik bolsa bäş ýyldan köp däl.

Zähmet Kodeksiniň 18-nji maddasynyň 2-ni we 3-nji bendinde görkezilen ýagdaýlardan başga, ähli zähmet şertnamalary kesgitsiz möhlete baglaşylýar. Kanunçykaryjy, şunda hemişelik häsiýetli işleri ýerine ýetirmek üçin, möhletli zähmet şertnamalary baglaşmaklyga rugsat berilmeýänliginden ugur alýar. Möhletli zähmet şertnamasy kesgitsiz möhlete

baglaşylýan zähmet şertnamasyndan tapawutlanýar. Iş beriji möhletli zähmet şertnamasyny baglaşan ýagdaýynda, işgär bilen zähmet şertnamasynyň möhleti dolanda, hiç bir goşmaça sebäpleri görkezmän, zähmet gatnaşyklaryny bes edip bilýär. Şonuň üçin hem, kanunçylyk şunuň ýaly zähmet şertnamasyny baglaşmak mümkinçiligini çäklendirýär we möhletli zähmet şertnamasyny baglaşan işgärleriň hukuklaryny goraýar. Mysal üçin:

– Eger taraplar möhletli zähmet şertnamasynyň bes edilýändigini habar bermeseler, onuň möhletiniň gutarmagy özbaşyna işgäri işden boşatmaklyga esas bolup bilmeýär; (ZK 41-maddasynyň 1 böleginiň 3 bendi)

– Eger zähmet şertnamasynda onuň hereket ediş möhleti görkezilmese, onda şertnama kesgitsiz möhlete baglaşylan diýlip hasap edilýär;

– Eger taraplaryň hiç birisi möhletli zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň ýatyrylmagyny talap etmese, işgär bolsa zähmet şertnamasynyň möhleti gutarandan soň, işini dowam etdirse, iş beriji oňa garşylyk bildirmeýän bolsa, onda zähmet şertnamasy buýruk çykarmazdan kesgitsiz möhlete dowam edýär diýlip hasap edilýär. (ýagny işgar hemişelik işgäre öwrülýär). Ony işden çykarmak diňe kanunçylykda görkezilen esaslarda rugsat berilýär.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýan edara ýa-da kazyýet tarapyndan bellenilen ýeterlik esaslar bolmadyk mahalynda, möhletli zähmet şertnamasy möhletsiz baglaşylan diýlip hasap edilýär. Kesgitsiz möhlete zähmet şertnamasy baglaşylýan işgärler üçin göz öňünde tutulan hukuklary we kepillendirmeleri bermekden boýun gaçyrmak maksady bilen möhletli zähmet şertnamalarynyň baglaşylmagy gadagan edilýär. Öň belleýşimiz ýaly, Zähmet kodeksiniň 18-nji

maddasynda kanunyň möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmaga rugsat berýän ýagdaýlary sanalyp geçilýär. Kanunçykaryjy olary iki topara bölýär. Birinji topara Zähmet kodeksiniň 18-nji maddasynyň 2-nji bendinde görkezilen ýagdaýlarda, ýagny geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen, zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin bellenilip bilinmedik halatlarynda, baglaşylýan möhletli zähmet şertnamalary degişlidir. Ikinji topary Zähmet kodeksiniň 18-nji maddasynyň 2-nji bendiniň talaplaryny hasaba almazdan, ýagny geljekki işiň häsiýetine ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerine garamazdan möhletli zähmet şertnamalary baglaşylýan ýagdaýlaryndan ybarat bolup durýar. Şunlukda, Zähmet kodeksiniň şol maddasynyň 3-nji bendinde görkezilenlere laýyklykda, möhletli zähmet şertnamasy şu aşakdaky ýagdaýlarda baglaşylyp bilner:

***1) wagtlaýyn ýok işgäri çalyşmak üçin, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri saklanyp galanda;***

Zähmet kanunçylygy işgäriň iş ýeriniň (wezipesiniň) saklanmagy kepillendirýän ýagdaýlaryny göz öňünde tutýar:

*a) Döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende; (ZK 145 maddasy)* ýagny :

- saýlaw hukugy amala aşyrylanda;
- deputatlyk ygtyýarlary amala aşyrylanda;
- welaýat, etrap we şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, şeýle hem geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklary amala aşyrylanda;
- Türkmenistanyň Mejlisiniň sessiýalaryna, Geňeşleriň maslahatlaryna gatnaşmagy, döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan çagyrylýan gurultaýlara, plenumlara, konferensiýalara delegatlar hökmünde gatnaşmagy, şeýle hem degişli kanunçylyk tarapyndan bellenilen beýleki wezipeler ýerine ýetirilende;

- anyklaýyş, deslapky derňew edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýete çagyrylmagy boýunça şaýat, ejir çeken, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä hökmünde barmagy, şeýle hem kazyýetiň mejlislerine halk oturdaşlary, jemgyýetçilik birleşikleriniň we zähmet toparlarynyň wekilleri hökmünde gatnaşylanda;
- köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gepleşiklere gatnaşmak, olar bolmadyk mahalynda bolsa köpçülikleýin gepleşikleriň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça gatnaşylanda;
- kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan agzalar hökmünde ýerli häkimiýet edaralarynyň ýanyndaky toparlaryň we HMAT-nyň işine gatnaşylanda;
- meýletin ýangyna garşy družinalaryň agzalarynyň ýangynyň ýa-da awariýanyň ýok edilmegine gatnaşylanda;
- degişli kanunçylyk tarapyndan bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende.

*б) Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanan işgärlere (ZK-niň 146-njy maddasy) ;*

Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanmagy netijesinde işden boşadylan işgärlere saýlawly wezipesi boýunça olaryň ygtyýarlyklary gutarandan soňra, olaryň öňki işi (wezipesi), şeýle hem olar bolmadyk mahalynda, şol kärhanada ýa-da işgäriň razylygy bilen beýleki kärhanada şoňa kybapdaş iş (wezipe) berilýär.

*ç) Işgärler gulluk iş saparlaryna iberilende (ZK 147-nji maddasy )***;**

Gulluk iş sapary hökmünde işgäriň kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça onuň hemişelik işleýän ýerinden daşary gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin başga bir ýere belli bir möhletiň dowamynda gitmegi hasaplanylýar. Işgärleriň gulluk boýunça ugramagy ýolda geçýän bolsa ýa-da

ýol üçin niýetlenen ýa-da göçme häsiýete eýe bolýan bolsa, onda ol iş sapary hasaplanylmaýar. Iş saparyna iberilen işgärlere iş orny, wezipesi we ortaça zähmet haky (wezipe aýlyk haky, tarif stawkasy) onuň iş sapary bilen bolan döwrüne, şol sanda onuň ýolda bolan döwri üçin hem saklanylýar;

*d) Işgäriň jemgyýetçilik bähbitleri üçin hereketi amala aşyranda (ZK 149-nji maddasy );*

Işgäriň jemgyýetçilik bähbitleri üçin hereketi amala aşyran ýagdaýynda, ýagny heläkçiligiň, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň ýok edilmegi, adamyň halas edilmegi we kanunçylyk tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

*e) Harby borçlaryny ýerine ýetirmek üçin çekilýän ýagdaýlarynda (ZK 150-nji maddasy );*

Harby borçlaryny ýerine ýetirmek üçin çekilýän işgärlere «Harby gullukçylaryň hem-de olaryň maşgala agzalarynyň statusy we sosial taýdan goralyşy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 22-nji maddasynyň 7-nji böleginiň 2-nji bendinde harby gulluga çagyrylmazdan (girmezden) ozal döwlet kärhanalarynda, döwlet edaralarynda ýa-da guramalarynda işe girmek hukugynyň ,harby gullugy çagyryş boýunça geçen raýatlarda hem-de harby gulluga ätiýaçdan iki ýyllyk möhlete çagyrylan ofiserlerde harby gulluga gitmänkä eýeleýän wezipelerinden pes bolmadyk wezipeleri eýelemek hukugynyň harby gullukdan boşanlaryndan soň üç aýlap olaryň özünde saklanyp galmagy kepillendirilýär.

*ä) Oýlap tapyş ýa-da rasionalizatorlyk teklip başga kärhanada ornaşdyrylan halatynda (ч.2 ст. 151 ТК)*

Şeýle ýagdaýlarda, işgärlere hemişelik iş ýeri boýunça wezipesi saklanyp galýar, oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibi ornaşdyrmak boýunça işi hemişelik iş ýeri boýunça

ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk möçberde taraplaryň ylalaşygy boýunça tölenilýär.

*f) Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende (ZK 154-nji maddasy) ;*

Işgäriň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwri Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunynyň 62-nji maddasynda bellenilen tertipde kesgitlenýär we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanylýar. Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende iş beriji işgäre zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilmegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda oňa döwlet kömek puluny töleýär.

*g) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan rugsadyň peýdalanylýan döwründe (ZK 85-nji maddasy) ;*

Rugsatlary bermegiň tertibi we şertleri we onuň dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan rugsadyň peýdalanylýan döwründe işgäriň iş ýeri (wezipesi) saklanyp galýar.

*h) Iş beriji tarapyndan işgärler hünärini ýokarlandyrmak üçin iberilende (ZK 157-nji maddasy);*

Iş beriji tarapyndan işgär işden aýrylmak şerti bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende oňa öňki iş ýeri (wezipesi) we esasy iş ýeri boýunça ortaça zähmet haky saklanýar.

m) *Önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýan adamlara (ZK 157-nji maddasy);*

Önümçilikden aýrylmak şerti bilen orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde, aspiranturada we doktoranturada okaýan adamlara öňki iş ýeri saklanylýar.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlarda zähmet şertnamasynyň möhleti Kanun esasynda iş ýeri saklanyp galýan işgäriň işde bolmaýan wagtyna laýyklykda , ýerine işleýän adamy görkezmek bilen kesgitlenýär. Mysal üçin:“Şu şertnama A.S Durdyýewanyň Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça

rugsadyny peýdalanylýan döwrüne baglaşyldy”. Işde ýok işgäriň gaýdyp gelen senesi, möhletli zähmet şertnamasyny ýatyrmagyň senesi bolup durýar.

***2) betbagtçylykly hadysalaryň, awariýalaryň, heläkçilikleriň, epidemiýalaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça gyssagly işleri geçirmek üçin, şeýle hem görkezilen we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini düzetmek üçin;***

Şeýle şertnamany anyk möhleti, onuň baglaşylmagy bilen baglanyşykly ýagdaýlaryň dowamlylygyna baglydyr. Şonuň üçin hem, zähmet şertnamasynyň möhleti her anyk ýagdaýlarda taraplaryň ylalaşygyna görä kesgitlenýär. Şonda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak üçin baglaşylan şertnamanyň möhleti iki aýdan az bolsa, onda oňa wagtlaýyn işleri ýerine ýetirmek üçin göz öňünde tutulan tertip ulanylýar .

3***) daşary ýurda işe iberilýän adamlar bilen;***

Möhletli zähmet şertnamalary Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna, şeýle hem ýurduň ýerine ýetiriji häkimiýet we döwlet edaralarynyň serhetden daşardaky wekilliklerine işe iberilýän işgärler bilen baglaşylýar. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda, halkara guramalarynyň ýanynda Türkmenistanyň wekilhanalarynda diplomatik gullugynyň işgärleriniň üznüksiz iş möhleti üç ýyldan artyk bolmaly däldir. Görkezilen möhlet gulluk zerurlygyna görä we diplomatik gullugynyň işgäriniň razylygy bilen Türkmenistanyň daşary işler ministri tarapyndan bir ýyla çenli möhlete uzaldylyp bilner. Diplomatik wezipelere bellemek şertnama (kontrakt) esasynda geçirilýär. Şertnama esasynda bellenilýän diplomatik wezipeleriň sanawy, şeýle hem şertnama esasynda diplomatik gullugyny geçmegiň şertleri we tertibi Türkmenistanyň Daşary işler ministri tarapyndan tassyklanýan diplomatik gullugyny geçmegiň şertnamalaýyn

görnüşi hakyndaky Düzgünnama bilen kesgitlenýär. Türkmenistanyň ýerine ýetiriji häkimiýet we döwlet edaralarynyň serhetden daşardaky wekilliklerine işe iberilýän işgärler zähmet şertnemesyny baglaşmaklyk Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň degişli edaralary we guramalary bilen baglaşylan teswirnamasy esasynda taraplaryň ylalaşygyna görä kesgitlenýär.

***4) wagtlaýyn (iki aýa çenli) işleriň, şeýle hem möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilýän wagty üçin, şonda tebigy şertleriň esasynda iş diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilip bilner;***

Möhletli zähmet şertnamasyny iki aýa çenli baglaşmaklyk, şertnamanyň islendik ýagdaýda hemişelik däl işi ýerine ýetirmeklik üçin peýdalanýandygyny göz öňünde tutýar. Bu şertnamanyň iki aýa çenli çägindäki anyk möhleti taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenýär. Möhletli zähmet şertnamasyny möwsümleýin işleri ýerine ýetirýän işgärler bilen baglaşmak üçin iki sany şertiň bolmagy zerurdyr: işler tebigy şertleriň esasynda tegelek ýylyň dowamynda däl-de , diňe 9 aýdan geçmedik kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilip bilner (ZK 276-njy maddasy) hem-de ýerine ýetirilýän işler Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylan möwsümleýin işleriň sanawyna goşulan bolmalydyr . Kesgitli möhlete ýa-da kesgitli işi ýerine ýetirmek wagtyna şertnama baglaşan adamlar wagtlaýyn işgärler bolýarlarmy? Kanun esasynda wagtlaýyn (iki aýa çenli) işlere işe kabul edilen adamlara wagtlaýyn işgärler hasaplanýar . Wagtlaýyn we hemişelik işi tapawutlandyrmaklygyň örän möhüm ähmiýeti bardyr.Birinjiden, wagtlaýyn iş barada şertnama baglaşylan adamlar wagtlaýyn işlere şol sanda jemgyýetçilik işlerini geçirmäge, anyk desganyň gurluşygyna iş bilen üpjün edýän döwlet edarasy (gullugy) tarapyndan iberilen bolýar. Ikinjiden, wagtlaýyn işgärlere zähmet kanunçylygynyň

kadalary birnäçe çäklendirmeler bilen degişlidir. (meselem, olar rugsada bolan hukukdan peýdalanmaýarlar). Wagtlaýyn işlerden başga-da bütin ýylyň dowamynda däl-de diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçiriýän işleriň bardygyny bellemek gerek. Möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilýän wagty üçin, şonda tebigy şertleriň esasynda iş diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilip bilner. Oňa, mysal üçin pagta hasylyny, ekinleri ýygnamak boýunça we ş.m işler degişlidir . Wagtlaýyn işgärler ýaly möwsümleýin işgärlere hem zähmet kanunçylygynyň kadalary birnäçe çäklendirmeler bilen ulanylýar ,olar hem rugsada bolan hukukdan peýdalanmaýarlar.

***5) agyr ýa-da aýratyn klimat şertleri (suwsuz, çöllük) bolan ýerlerdäki kärhanalara işe girýän adamlar bilen, eger bu iş ýerine göçmek bilen baglanyşykly bolsa;***

Şeýle möhletli zähmet şertnamalary baglaşylanda, işgäriň ýerine ýetirmeli işiniň häsiýetiniň-de, ony ýerine ýetirmekligiň şerti-de, şeýle hem onuň möhletiniň dowamlylygynyň-da ähmiýeti bolmaýar. Şu ýagdaýda, işgäriň agyr ýa-da aýratyn klimat şertleri (suwsuz, çöllük) bolan ýerlere göçmekligiň özi, möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmak üçin wajyp alamat bolup durýar.

***6) kiçi telekeçiligiň subýektlerine – iş berijilere, şeýle hem şahsy taraplara – iş berijilere işe girýän adamlar bilen;***

Türkmenistanyň 2009-njy ýylyň 22-nji awgustyndaky «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» kanunyna laýyklykda Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri diýlip aşakdakylara düşünilýär:

1. telekeçi ýuridiki şahslara:

a) senagatda, elektroenergetikada,gurluşykda,gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 15 adama çenli ,beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikro kärhanalarda;

b) Senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalarda;

ç) Senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 100 adama çenli bolan orta kärhanalarda;

2. Işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 5 adamdan geçmeýän, ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi meşgullanýan fiziki şahslara–hususy telekeçilere;

Görkezilen edaralarda wezipe sanawy boýunça 50 birlikden geçmeýänleriň ýolbaşçylary, her bir işgär boýunça möhletsiz ýa-da 5-ýyldan geçmedik möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmak baradaky çözgüdi kabul etmäge hukuklary bardyr .

7) ***kärhananyň adaty işiniň çäklerinden çykýan işleri geçirmek üçin (durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we beýleki işler), şeýle hem önümçiligiň mälim bolan wagtlaýyn (bir ýyla çenli) giňeldilmegi ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberiniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleri geçirmek üçin;***

Şeýle möhletli zähmet şertnamalary iki ýagdaýda baglaşylýar. Birinjiden, haçanda kärhananyň adaty işiniň çäklerinden çykýan işleri ýerine ýetirmeklik talap edilende, mysal üçin, gurnama işlerini geçirmek üçin. Şertnamanyň möhledi umumy düzgünler bilen kesgitlenýär – 5 ýyla çenli. Ikinjiden, haçanda iş kärhananyň adaty işi boýunça ýerine ýetirilýär, ýöne önümçiligiň giňeldilmegi ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberiniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işler öňünden işgäre mälim bolýar. Şeýle şertnamanyň möhleti bir ýyldan geçmeli däldir.

*8)* ***görnetin anyk döwür üçin ýa-da görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilen kärhanalara işe girýän adamlar bilen;***

Kärhananyň wagtlaýyn häsiýeti ýa-da görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilen kärhananyň döredilmegi degişli kärhanalaryň tertipnamasynda göz öňünde tutulýar. Tertipnamada kärhananyň döredilýän döwri hem-de şol kärhananyň ýerine ýetirilmeli işiniň möhleti hakyndaky maglumatlar bolmalydyr. Görkezilen möhletler *görnetin anyk döwür üçin ýa-da görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilen kärhana işe girýän adamlar bilen* zähmet şertnamasyny baglaşmaklygyň möhleti bolup durýar. Görkezilen adamlar bilen, zähmet şertnamasynyň möhleti dolanlygy sebäpli, zähmet şertnamasyny ýatyrylyp bilner, eger-de şu kärhana özüniň döredilen möhletiniň geçenligi üçin öz işini hakyky bes edýän bolsa ýa-da dörediliş maksadyna ýeten bolsa we başga adamlara mirasdüşerlik tertibinde hukuklary we borçlary geçmeýän bolsa, wagtyň görnetin belli bir döwri üçin ýa-da görnetin belli bir işi ýerine ýetirmek boýunça möhletli işleriň geçirilýän döwri üçin baglaşylan zähmet şertnamasy görkezilen ýagdaýlaryň tamamlanmagy bilen şertnamanyň şertine laýyklykda bes edilýär (ýatyrylýar).

***9) işiň ýerine ýetirilmegini (tamamlanmagyny) anyk sene bilen kesgitläp boljak halatlarda, görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän adamlar bilen;***

Şu ýagdaýlarda zähmet şertnamasy kesgitli möhlete däl-de, eýsem anyk işi ýerine ýetirmek üçin baglaşylýar, mysal üçin, kärhänanyň maddy gymmatlyklaryny tükellemekligi geçirmek döwrüne baglaşylyp bilner. Şeýle şertnamanyň hereketi işleri ýerine ýetirilip gutarandan soň ýatyrylýar.

***10) işgäriň tälim alşy we hünär öwredilmegi bilen gös-göni baglanyşykly işler üçin;***

Tälim alyş we hünär öwrediş okuwy elmydama kesgitli

möhlediň dowamynda hünär ýokarlandyryş ýa-da şägirtlik şertnamasyny baglaşmak ýoly bilen geçirilýär. Kanunçylykda tälim almaklygyň möhledi bellenilmeýär. Olar tälim alynýan hünäriň häsiýetinden we tälim alýanlaryň bilim derejesinden ugur alnyp şertnamanyň taraplarynyň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär. Şägirtlik şertnamasy şeýle şertnamada bellenilen möhletiň içinde kärhanada belli bir kär, hünär boýunça öwretmek, hünär we iş almak üçin zerur bolan möhlete baglaşylýar. (ZK 324-nji maddasy)

***11) okatmagyň gündizki görnüşi boýunça okaýan adamlar bilen;***

Ýokary okuw mekdepleriniň gündizki görnüşi boýunça fakultetlerde we bilim edaralaryň bölümlerinde okaýan adamlar bilen kesgitli möhlete zähmet şertnamasy baglaşylyp bilner: dynç alyş wagtlary ýa-da okuwdan boş başga wagtlary boýunça.

***12) şol kärhanada esasy işi bilen utgaşykly işleýän adamlar bilen;***

Esasy iş bilen utgaşdyrma diýlip, işgäriň öz esasy işinden başga ol ýa-da beýleki iş berijide esasy işden boş wagtda zähmet şertnamasynyň şertlerinde we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna laýyklykda, yzygiderli tölenilýän başga işi ýerine ýetirmegine düşünilýär. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça zähmet şertnamasy baglaşylanda bu işiň esasy iş bilen utgaşdyrma bolup durýandygy hökmany suratda görkezilmelidir. Möhletli zähmet şertnamasy esasy işi bilen utgaşykly işleýän adamlar bilen, olaryň esasy iş ýeri boýunça, şeýle hem beýleki iş beriji bilen baglaşylyp bilner. Şeýle zähmet şertnamasynyň möhleti ZK-niň kesgitlän 5-ýyllyk ýokary möhlediniň çäklerinde taraplaryň ylalaşygy boýunça kesgitlenýär. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary ZK-niň 5-nji babynda bellenýär.

***13) ýaşy boýunça pensiýa alýanlar bilen, şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýy boýunça diňe wagtlaýyn häsiýetli işe rugsat edilen adamlar bilen;***

Möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmaklygyň bu esasy diňe ýaşy boýunça pensiýa alýanlara degişli bolup durýar, ýagny olaryň ýaşyny we iş döwrüni hasaba almak bilen, pensiýa bellenen adamlara degişli bolup durýar. Eger-de, işgäriň pensiýa bellemek üçin zerur şertleri bolmaýan bolsa, onuň pensiýa ýaşyna ýetendigine garamazdan, onuň bilen žähmet şertnamasy umumy esaslarda baglaşylýar. Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi Kanunynyň 23-nji maddasyna laýyklykda, raýatlaryň arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyna hukuklary bardyr:

1) umumy esaslarda:

erkek adamlar - 62 ýaşy dolanda we 25 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda;

aýal maşgalalar - 57 ýaşy dolanda we 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda.

Ýaşy boýunça pensiýa alýanlara kanunçylyga laýyklykda, ýeňillikli şertlerde hem-de doly iş gününiň dowamynda ýerasty işlerde we zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýänligi bilen baglanyşykly ýeňillikli esaslarda pensiýa alýan raýatlar hem degişlidir.

Özüniň saglyk ýagdaýy boýunça diňe wagtlaýyn häsiýetli işe rugsat edilen adamlar babatda bolsa, onda bu ýagdaýlarda zähmet şertnamasynyň möhleti lukmançylyk edarasynyň işe rugsat beren wagtynyň dowamlygyna görä kesgitlenýär. Maýyplar adamlar bilen möhletli zähmet şertnamasy eger lukmançylyk bilermen toparynyň netijenamasy esasynda olaryň saglygy hünär borçlarynyň ýerine ýetirilmegine päsgelçilik bermedik ýa-da beýleki adamlaryň saglygyna we zähmet howpsuzlygyna howp salmadyk ýagdaýynda

baglaşylýar.(ZK-niň 24-nji maddasy) .

***14) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, kinematografiýa guramalarynyň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň döredijilik işgärleri bilen we eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, ökde türgenler bilen;***

Bu görkezilen işgärler bilen möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmaklyk olaryň ýerine ýetirýän işleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna goşulan ýagdaýynda taraplaryň ylalalaşygyna laýyklykda baglaşylýar.

15) ***Türkmenistanyň kanunçylygynda ýa-da döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň, ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namasynda bellenilen tertipde geçirilen bäsleşigiň netijesinde kesgitli möhlet üçin zähmet şertnamalaryny baglaşan ylmy, mugallymçylyk we beýleki işgärler bilen;***

Kadalaşdyryjy hukuk namasynda bellenilen tertipde geçirilen bäsleşigiň netijesinde kesgitli möhlet üçin zähmet şertnamalaryny baglaşmaklyga rugsat berilýän wezipelere, hususanda fakultetiň dekanyndan, kafedra müdürinden bölümleriň, laboratoriýalaryň, sektorlaryň müdirlerinden, ylmy-barlag edaralarynyň ulmy işgärlerinden başga okuw mekdepleriniň ähli ylmy-pedagogiki işgärleriniň wezipeleri girýärler.

***16) saýlawly edaranyň düzümine ýa-da tölenýän işdäki saýlawly wezipä belli bir möhlete saýlanan mahalynda, şeýle hem döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, şeýle hem syýasy partiýalarda we beýleki jemgyýetçilik birleşiklerinde***

***saýlawly edaralaryň agzalarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň işini gös-göni üpjün etmek bilen baglanyşykly işe girilen mahalynda;***

Şu ýagdaýlarda möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmaklygyň häsiýetlendiriji alamaty bolup, işgäriň saýlanmagy bolup durýar. Şeýle şertnamany baglaşmaklygyň möhleti saýlanmagyň möhletine deň bolýar.

***17) iş bilen üpjün edýän döwlet edarasy (gullugy) tarapyndan wagtlaýyn işlere, şol sanda jemgyýetçilik işlerini geçirmäge iberilen adamlar bilen;***

Iş bilen üpjün edýän döwlet edarasy "Ilaty iş bilen üpjün etmek hakynda" Türkmenistanyň 1991-nji ýylyň 12-nji noýabryndaky №598 kanunyna laýyklykda raýatlara işe ýerleşmeklige ýardam berýär. Işe ýerleşdirmek raýatlary hemişelik iş bilen üpjün etmek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle iş ýerleriniň ýok mahaly, ilaty wagtlaýyn iş meşgullygy bilen üpjün etmek maksady bilen, raýatlary hak tölenýän jemgyýetçilik işlerini geçirmäge ibermeklik amala aşyrylýar. Şonuň ýaly işlere gatnaşyk möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmak bilen resmileşdirilýär. Görkezilen Kanunyň 21-nji maddasyna laýyklykda, jemgyýetçilik işleri diýlende, raýatlaryň elýeterli¸ düzgün bolşy ýaly¸ ýörite hünär taýýarlygyny talap etmeýän¸ meýletin ýerine ýetirýän wagtlaýyn işiniň her hili görnüşlerine düşünilýär. Jemgyýetçilik işlerine gatrnaşmak isleýän adamlaryň işe ýerleşmek meselesi çözülýänçä¸ olar bilen taraplaryň ylalaşmagy esasynda iki aýa çenli möhlete (ony uzaltmak hukugy bilen) şertnama baglaşylýar.

***18) guramaçylyk-hukuk görnüşlerine we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalaryň ýolbaşçylary, ýolbaşçylaryň orunbasarlary we baş hasapçylary bilen.***

Zähmet Kodeksi islendik guramada şol guramanyň ýolbaşçy wezipelerinde işleýän adamlaryň işiniň aýratyn ähmiýetini hasaba almak bilen, olaryň hukuk ygtyýarlyklarynyň

aýratynlyklaryny göz öňünde tutýar. Olar bilen möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmak hem şeýle aýratynlyklaryň biridir. Eger-de Zähmet Kodeksi iş berijä kärhanalaryň ýolbaşçysynyň orunbasarlary we baş hasapçylary bilen möhletli şähmet şertnamasyny baglaşmaklyga hukuk berýän bolsa, kärhananyň ýolbaşçysy bilen möhletli şähmet şertnamasyny baglaşmaklyk iş berijiniň hökmany borjy bolup durýar. Kärhananyň ýolbaşçylaryna ZK-niň XIII bölüminiň "Kärhananyň ýolbaşçysynyň we kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalarynyň zähmetini düzgünleşdirmekligiň aýratynlyklary" atly 3-nji babynda görkezilen ýörüte kadalary degişlidir. Kodeksiň bu babyndaky 261-nji maddasyna laýyklykda, kärhananyň ýolbaşçysy bilen elmydama möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýar. Zähmet şertnamasy kärhananyň esaslandyryjy resminamalary we taraplaryň ylalaşmagy bilen kesgitlenilen möhlete baglaşylýar, ýöne ol şu Kodeksde bellenilenden köp bolmaly däldir.

Şeýlelikde, iş beriji möhletli zähmet şertnamasyny diňe kanunda görkezilen ýagdaýlarda baglaşyp bilýär. Galan ýagdaýlarda möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmaklyk kanuna laýyk däl hasaplanýar. Möhletli zähmet şertnamasyny baglaşmak üçin umumy düzgün Zähmet Kodeksiniň 18-nji maddasynyň 2-nji bölüminde eger Zähmet kodeksinde we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, geljekki işiň häsiýetini ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertlerini hasaba almak bilen zähmet gatnaşyklary kesgitsiz möhlet üçin bellenilip bilinmedik halatlarynda möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýandygy görkezilýär.

**Zähmet şertnamasyny baglaşmagyň tertibi** zähmet kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär. Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrugy çykarmagy arkaly baglaşylýar. Eger zähmet kanunçylygynda, zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin

şertnamada (ylalaşykda) başga düzgün bellenilmedik bolsa, zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda çykarylan buýruga iş beriji tarapyndan gol çekilen gününden ýa-da iş berijiniň (onuň ygtyýarly wekiliniň) ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça işgäriň işe (gulluga) hakyky goýberilen gününden güýje girýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda gönüden-göni göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlarynda şertleşilmedik işleri ýerine ýetirmegini talap etmäge haky ýokdur. Zähmet şertnamasy şu aşakdaky ýagdaýlarda hakyky däl diýlip ykrar edilýär eger ol:

1) aldawyň, gorkuzmagyň, güýç ulanmagyň we mejbur etmegiň beýleki görnüşleriniň täsiri astynda baglaşylan bolsa;

2) hukuk netijelerini döretmek meýli bolmazdan görnüş üçin (ýalan zähmet şertnamasy) baglaşylan bolsa;

3) öz hereketleriniň ähmiýetine düşünmäge ukypsyz adam tarapyndan baglaşylan bolsa;

4) ruhy keseliň ýa-da kemakyllygyň netijesinde bellenilen tertipde hukuk taýdan ukypsyz diýlip ykrar edilen adam tarapyndan baglaşylan bolsa.

Zähmet şertnamasynyň hakyky däldigi kazyýet tarapyndan ykrar edilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedikleri işe ýerleşdirmek barada döwletimiz uly alada edýär we olaryň zähmetini goramak üçin kanunçylykda birnäçe kepillikler göz öňüne tutulan. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetini zähmetiň aýratyn şertleri bolan işlerde, şeýle hem ýerine ýetirmegi olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirip biljek işlerde ulanmak gadagandyr. Şeýle-de olar işe kabul edilende deslapky lukmançylyk barlagyndan geçirilmeli we her ýyl hökmany lukmançylyk barlagyndan iş wagty geçirilýär. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere hem-de dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem olary gulluk iş

saparlaryna ibermek gadagan edilýär.

Zähmet şertnamasy umumy kada boýunça on alty ýaşly her bir raýat bilen başlaşylyp bilner. Zähmet Kodeksiniň 25-nji maddasyna laýyklykda, işe kabul edilende şu aşakdaky resminamalar bolmalydyr:

- Türkmenistanyň raýatynyň şahsyýetini tassyklaýan resminama (pasport ýa-da onuň ornuny tutýan başga resminama, on alty ýaşa çenli ýaşdaky adamlar üçin dogluş haklyndaky şahadatnama);
- harby borçlular we harby gulluga çagyrylmaga degişli adamlar üçin harby hasabyň resminamasy;
- zähmet şertnamasyny ilkinji gezek baglaşýan ýa-da esasy işi builen utgaşykly işe girýän işgärlerden başgasy zähmet depderçesi;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýörite bilimi ýa-da ýörite taýýarlygy talap edýän iş üçin bilim hakyndaky, hünär ýa-da ýörite bilimleriň bardygy hakyndaky diplomy ýa-da başga resminama;
- saglyk ýagdaýy hakynda lukmançylyk netijenamasy we eger olaryň görkezilmegi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan bolsa işe gatnaşygy bolan gaýry ýagdaýlary tassyklamak hakynda beýleki resminamalar.

Işgäri işe kabul etmek barada kärhananyň ýolbaşçysy ýazmaça buýruk çykarýar. Iş beriji bilen zähmet şertnamasyny baglaşyp, işe kabul edilendigi hakyndaky buýruk bilen tanşyp, gol çeken adam işgär hasaplanýar. Ol şertnamada we beýleki hukuknamalarda görkezilen düzgünleri berjaý etmeli.

## §3. *Başga işe geçirmek*

Iş berijiniň kanunçylykda gönüden-göni göz öňünde tutulanlardan başga ýagdaýlarda işgärden zähmet borçlarynda şertleşilmedik işleri ýerine ýetirmegini talap etmäge haky

ýokdur. (ZK 19-njy maddasy). Diýmek, işgäre zähmet şertnamasyndan gelip çykýan zähmet borçlary bilen şertlendirilmedik işi ýerine ýetirmekligi tabşyrylmagy başga işe geçirmeklik bolup durýar. Başga hemişelik işe geçirmeklik bu - zähmet borçlaryny ýa-da zähmet şertlerini üýtgetmeklikdir. Zähmet kodeksiniň 31-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertleri diýlip, işgäriň zähmet çekmegi (işi, gullugy) üçin gerek bolan hukuk, durmuş we önümçilik-tehniki faktorlaryň jemine düşünilýär. Olara iş ýeri (iş orny), zähmete hak tölemegiň möçberi we şertleri, ýeňillikler, käriň, hünäriň, wezipäniň ady, iş we dynç alyş wagtynyň düzgüni, kärleriň utgaşdyrylmagy, rugsatlar, öwez pullary we tölegler, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygy, önümçilik-durmuş we zähmetiň beýleki şertleri degişlidir. Önümçiligi we zähmeti guramakdaky üýtgetmeler bilen baglanyşykly zähmet şertnamasynyň we köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) taraplarynyň ylalaşmagy bilen bellenilen zähmet şertleriniň üýtgedilmegine şol bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça iş dowam etdirilende ýol berilýär. Zähmet şertleriniň üýtgändigi hakynda işgär olaryň başlanmagyna bir aýdan giç bolmadyk möhletde habarly edilmelidir. Beýleki tarapyň razyçylygy bilen zähmet şertleriniň üýtgedilmegine zähmet şertnamasynyň taraplaryndan biriniň talap etmegi boýunça ýol berilýär. Zähmet şertlerini üýtgetmek hakynda taraplardan biri bir aýdan giç bolmadyk möhletde ýazmaça habarly edilmelidir. Işgär öz işini (gullugyny) zähmet şertnamasynda kesgitlenilen şol bir kär, hünär ýa-da wezipe boýunça dowam etdirende iş beriji zähmet şertlerini üýtgetmäge haklydyr. Işgär Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda kesgitlenen, şeýle hem zähmet şertnamasynyň taraplarynyň ylalaşan halatlarynda iş berijiden zähmet şertleriniň üýtgedilmegini talap etmäge haklydyr. Zähmet şertlerini üýtgetmek hakynda işgäriň arzasyna iş beriji tarapyndan üç

günden gijä galman garalmalydyr. Zähmet şertlerini üýtgetmek işgäre gol çekdirilip iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

"Başga işe geçirmeklik" düşünjesiniň özi zähmet şertnamasynda şertlenilmedik başga hemişelik işi ýerine ýetirmekligi görkezýär, ýagny zähmet şertnamasynyň mazmunynyň üýtgeýändigini aňladýar. Başga işe geçirmekligiň ähli görnüşleri özleriniň möhledi boýunça hemişelik hem-de wagtlaýyn başga işe geçirmeklige bölünýär.

Zähmet kodeksi hemişelik başga işe geçirmekligiň üç görnüşini tapawutlandyrýar:

- Iş berijiniň başlangyjy boýunça şol bir kärhanada başga hemişelik işe geçirmeklik ;
- başga kärhana hemişelik işe geçirmeklik;
- kärhana bilen bilelikde başga ýere hemişelik işe geçirmeklik.

Başga işe geçirmekligiň üç görnüşinde hem, işgäriň öňki işi saklanman, ol kesgitsiz möhlete başga işe geçirilýär.

Wagtlaýyn başga işe geçirmeklik sebäpleri boýunça tapawutlandyrylýar:

- Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly, başga işe wagtlaýyn geçirmek; (ZK 34-nji maddasy).
- Boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmek (ZK 36-nji maddasy).
- Işgäriň haýyşy boýunça başga işe wagtlaýyn geçirmek (ZK 35-nji maddasy).

Wagtlaýyn başga işe geçirmeklik işgäriň öňki işini saklap galmak bilen amala aşyrylýar we ol wagtlaýyn başga işi ýerine ýetirýär.

Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly we boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmeklikden beýleki başga işe geçirmekligiň ähli görnüşlerinde diňe işgäriň razylygy bilen

ýol berilýär. Başga işe geçirmek iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär. Başga işe geçmek önümçilik tehnologiýasynyň, zähmetiň guralyşynyň üýtgemegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy netijesinde işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy hem-de öň bu wezipe sanawyndaky wezipäni eýelän işgäriň işe dikeldilmegi bilen baglanyşykly bolsa, onda iş beriji işgäre onuň degişli kärine we hünärine laýyk işi, ol bolmadyk mahalynda bolsa kärhanada bolan başga işi teklip etmäge borçludyr. Işgäriň saglyk ýagdaýy boýunça oňa ýaramaýan başga işe we hünärli işgäri hünärsiz başga işe geçirilmegine ýol berilmeýär. Başga işe, başga ýere ýa-da başga iş berijä geçirilen adamlara zähmet şertnamasy baglaşylanda synag möhleti bellenilmeýär.

***Iş berijiniň başlangyjy boýunça şol bir kärhanada başga hemişelik işe geçirmeklik*** işgäriň zähmet borçlarynyň ýa-da zähmet şertleriniň üýtgeýändigini aňladýar. Şonuň üçin hem, başga hemişelik işe geçirmeklik diýlip, oňa zähmet borçlaryny ýa-da zähmet şertlerini düýpli üýtgedýän işleriň tabşyrylmagyny hasap etmeli. Zähmet şertlerine iş ýeri (iş orny), zähmete hak tölemegiň möçberi we şertleri, ýeňillikler, käriň, hünäriň, wezipäniň ady, iş we dynç alyş wagtynyň düzgüni, kärleriň utgaşdyrylmagy, rugsatlar, öwez pullary we tölegler, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlygy, önümçilik-durmuş we zähmetiň beýleki şertleri degişlidir. Iş berijiniň başlangyjy boýunça şol bir kärhanada başga hemişelik işe geçirmeklik, diňe işgäriň ýazmaça razylygy bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi başga hemişelik işe geçirmek we işgäriň iş ýerini üýtgetmek düşünjelerini tapawutlandyrýar. Ýagny, işgäriň şol bir kärhanada başga iş ornuna, şol ýerdäki başga düzüm birligine iş ýeriniň üýtgedilmegi, zähmet şertnamasynda şertlendirilen şol kär, hünär ýa-da wezipe boýunça başga mehanizmde ýa-da agregatda işlemegiň tabşyrylmagy onuň başga işe geçirilmegi

däldir we munuň üçin onuň razylygy talap edilmeýär. Başga işe geçirmek baradaky işgäriň razyçylygy başga işe hakyky geçirmeklige çenli bildirilmelidir, özem geljekde gerek ýagdaýynda iş beriji işgäriň onuň razyçylygy bilen başga işe geçirendigini subut edip biler ýaly görnüşde bolmalydyr.

Razylyk almazdan öňürti iş beriji işgäri zähmetiň täze şertleri bilen tanyşdyrmalydyr. Iş berijiniň buýrygyny ýerine ýetirmeklik üçin başga işe geçmekliklігiň özi işgäriň başga işe geçmeklige razylaşandygyny aňlatmaýar. Şonuň üçin hem, başga işe geçirmeklik baradaky buýrygy çykarmazdan öň işgärden ýzmaça görnüşinde razyçylygyny almalydyr. Eger başga işe geçirmeklik işgäriň razyçylygyny almazdan amala aşyrylan bolsa, ýöne işgär başga işi ýerine ýtirmäge meýletin girişen bolsa, şeýle başga işe geçirmeklik kanuny hasaplanýar. Işgäriň başga işe geçirilmeden ýüz öwürmegine zähmet düzgün-nyzamyny bozmak hökmünde garap bolmaýar. Başga işe geçirmeklik kärhananyň buýrygy bilen amala aşyrylýar. Başga işe geçirmeklik resmileşdirilende öňki we täze iş (seh, bölüm, hünär we ş/m) barada anyk maglumatlar hökman görkezilmelidir. Başga işe geçirilenligi barada işgäriň razyçylygy onuň buýrukdaky goly bilen hem tassyklanmalydyr. ***Başga kärhana hemişelik işe geçirmeklik*** hem, başga işe geçirmekligiň görnüşi hasaplanýar. Şeýle başga işe geçirmeklige diňe işgäriň ýazmaça razylygy bolan ýagdaýynda ýol berilýär. Başga kärhana – bu, düzgün bolşy ýaly, işe kabul etmekligi we işden çykarmaklygy amala aşyrýan özbaşdak kärhana bolýar. Başga kärhanalara, şeýle hem önümçilik birleşikleriniň önümçilik birlikleri hem degişlidir. Işgäriň razyçylygy bolan ýagdaýynda, işgäri başga kärhana işe geçirmeklik şol kärhanalaryň ýokarda durýan guramalarynyň buýruklary ýa-da olaryň pudaklaýyn tabynlygyna garamazdan kärhalaryň ýolbaşçylarynyň ylalaşmagynda amala aşyrylyp bilner. Iş berijileriň

ylalaşmagynda başga kärhana işe geçirilende, ylalaşykda başgaça görkezilmedik bolsa, onda täze iş ýeri boýunça zähmet şertnamasy işgäriň öňki iş ýerinden işden çykan gününiň yzyndan gelýän ilkinji iş gününden baglaşylmalydyr. Iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça öňki iş ýerinden işden boşan gününden başlap, bir aýyň içinde başga kärhanadan geçmek tertibinde işe (gulluga) ýazmaça çakylygy bolan adamlar bilen zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilmegi kanun esasynda esassyz diýlip hasap edilýär we olara synag möhleti bellenilmeýär.

**Kärhana bilen bilelikde başga ýere hemişelik işe geçirmeklik** hem başga kärhana hemişelik işe geçirmekligiň bir görnüşi bolup durýar. Başga ýer diýlip başga ilatly ýerlere (şähere, şäherçe, geňeşe, oba we ş.m) düşünilýär. Kärhana bilen bilelikde, başga ýere hemişelik işe geçirmeklik hem diňe işgäriň ýazmaça razylygy bilen amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 148-nji maddasyna laýyklykda, işgärleriň başga ýere işe geçirilenligi, kabul edilenligi ýa-da iberilenligi bilen edilen çykdajylarynyň öwezini dolmaga we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr. Işgärler başga işe geçirilende, eger munuň özi başga ýere göçmek bilen baglanyşykly bolsa, şu aşakdakylar tölenilýär:

1) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň ýol kireýi;

2) emlägini daşamak boýunça çykdajylar;

3) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň täze iş ýerine barýan ýolunda geçilen döwür üçin gündelik harjy;

4) ýola taýýarlanmak we täze ýaşaýan ýerinde ýerleşmek üçin gerek bolan günlere zähmet haky, ýöne ol alty günden köp bolmaly däldir, şeýle hem onuň ýolda bolan wagty üçin;

5) işgäre we onuň bilen gidýän maşgalasynyň her bir agzasyna birwagtlaýyn berilýän kömek puly.

Başga ýere işe gidýän işgärlere işi kabul etmek boýunça (deslapky ylalaşyk boýunça) öwezini dolmalar tölenilýär we

ýokarda agzalan kepillikler berilýär, muňa birwagtlaýyn berilýän kömek pul tölegleri girmeýär, şeýle kömek pul taraplaryň ylalaşygy esasynda şol işgärlere tölenip bilner. Okuw mekdebini, aspiranturany, doktoranturany, klinik ordinaturany tamamlap ýa-da guramaçylykly toplum, ýa-da jemgyýetçilik çagyryşy tertibinde başga ýere işe iberilmegi sebäpli gidýän adamlara kepillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem Zähmet Kodeksiniň 148-nji maddasynyň şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlara öwezini dolmalaryň möçberleri, olary tölemegiň tertibi we kepillikleri bermek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Başga ýere işe geçirmekligi işgäri gulluk iş saparyna ibermeklikden tapawutlandyrmaklyk zerurdyr. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 148-nji maddasyna laýyklykda, gulluk iş sapary hökmünde işgäriň kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça onuň hemişelik işleýän ýerinden daşary gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin başga bir ýere belli bir möhletiň dowamynda gitmegi hasaplanylýar. Işgärleriň gulluk boýunça ugramagy ýolda geçýän bolsa ýa-da ýol üçin niýetlenen ýa-da göçme häsiýete eýe bolýan bolsa, onda ol iş sapary hasaplanylmaýar. Iş berijiniň gulluk saparyna gitmeklik hakyndaky buýrugy işgär üçin hökmany bolup durýar.

Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygy iş berijiniň buýrugy bilen işgäriň razyçylygyny almazdan işgäri başga işe wagtlaýyn geçirmeklik mümkinçiligini hem göz öňünde tutýar. Şeýle görnüşde başga işe geçirmeklik hukugyna iş beriji önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga işe wagtlaýyn geçirmeklik hem-de boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmek ýagdaýlarynda we kanunda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda eýedir.

Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly işler diýlip, gyssagly, garaşylmadyk işleri ýerine etirmeklik zerurlygyna düşünilýär. ***Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga işe***

***wagtlaýyn geçirmek*** **te**bigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak ýa-da olaryň ýetiren zyýanlaryny şol wagtda düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň, boş durmagyň, emlägiň ýok edilmeginiň ýa-da zaýalanmagynyň öňüni almak üçin, şeýle hem ýok işgäriň ýerini çalyşmak üçin ýol berilýär. Şeýle önümçilik zerurlygy ýüze çykan mahalynda, iş berijiniň işgäri şol bir kärhanada, şol bir ýerde zähmet şertnamasynda şertlendirilmedik işe (başga kär, hünär, wezipe boýunça) onuň razylygy bolmazdan bir aýa çenli möhlet bilen geçirmäge haky bardyr. Taraplaryň ylalaşmagy bilen şeýle işe geçirmegiň möhleti uzaldylyp bilner, ýöne ol ýylda üç aýdan köp bolmaly däldir, ýok işgäriň ýerini çalyşmak muňa girmeýär.Şunda işgär saglyk ýagdaýy boýunça özüne ýaramaýan işe geçirilip bilinmez. Önümçilik awariýasynyň ýa-da tebigy betbagtçylygyň ýetiren zyýanyny ýok etmek bilen baglanyşykly wagtlaýyn başga işe geçirmek diňe işgäriň razylygy bilen we iş berijileriň arasyndaky ylalaşyk boýunça başga iş berijä geçirilip bilner. Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga ýere wagtlaýyn işe geçirmeklige bolsa diňe işgäriň razylygy bilen ýol berilýär. Önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga wagtlaýyn işe geçirilende zähmete hak tölemek ýerine ýetirilýän iş boýunça geçirilýär, ýöne ol öňki iş boýunça ortaça zähmet hakyndan pes bolmaly däldir, normalary ýerine ýetirmeýän ýa-da wagta görä hak tölenilýän işe geçirilen işgärlerde olaryň tarif stawkasy (aýlygy) saklanyp galýar. Başga işe wagtlaýyn geçirmek başga işe geçirmegiň möhleti görkezilip, iş berijiniň buýrugy bilen resmileşdirilýär. Işe wagtlaýyn geçirmegiň möhleti gutaranda iş beriji işgäre öňki işini (wezipesini) bermäge borçludyr. Işgär ýazmaça razylygy bilen has pes hünärli işe wagtlaýyn geçirilip bilner. Ýok işgär wagtlaýyn çalşylan mahalynda hünärli işgäriň hünärsiz işe geçirilmegine ýol berilmeýär.

***Işgäri boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmeklik***, önümçilik zerurlygy bilen baglanyşykly başga

wagtlaýyn işe geçirilmekden tapawutlanýandyr. Boş durmak diýlip, önümçilik ýa-da ykdysady sebäplere görä (enjamlaryň, mehanizmleriň hatardan çykmagy, çig mal, materiallaryň, elektrik energiýasynyň bolmazlygy we ş.m.) işiň wagtlaýyn ýoklugyna aýdylýar. Boş durlan mahalynda sehdäki ýa-da meýdançadaky işgär özüne tabşyrylan işi hakykat ýüzünde ýerine ýetirip bilmeýär, sebäbi ony ýerine ýetirmeklik üçin zerur şertler bolmaýar. Praktikada işgäriň kärini, hünärini, wezipesini hasaba alýan iş diýlip, onuň başga işe geçirilmezden öňki işinden tapawutlanmaýan işe düşünilýär, bu işgäriň käri, hünäri, wezipesi boýunça zähmet şertnamasynda şertlendirilen iş bolup, ony ýerine ýetirmeklik başga şertlerde amala aşyrylýandygyny aňlatmalydyr. Boş durlan mahalynda başga işe wagtlaýyn geçirmek şol bir iş berijide boş durmagyň ähli wagty üçin we şol ýerdäki başga iş berijä bir aýa çenli möhlet bilen işgäriň kärini, hünärini, wezipesini hasaba almak bilen geçirilmelidir.Boş durlan mahalynda pes hak tölenilýän işe wagtlaýyn geçirilende iş öndürijiliginiň kesgitlenen möçberlerini ýerine ýetirýän işgärlerde öňki iş boýunça ortaça zähmet haky saklanyp galýar, iş öndürijiliginiň kesgitlenen möçberlerini ýerine ýetirmeýän ýa-da wagta görä hak tölenilýän işe geçirilen işgärlerde olaryň tarif stawkasy (aýlygy) saklanyp galýar. Boş durlan wagtynda iş beriji boş duran ähli işgärleri başga işe geçirmeklige borçludyr .

Boş durlan mahalynda işgäriň başga işe geçirilmeden ýüz öwrülende boş durlan wagt üçin tölenilmeýär, başga işe geçirilmekden ýüz öwürmek bolsa zähmet düzgün nyzamyny bozmak hökmünde garalýar .

Zähmet Kodeksiniň 35-nji maddasyna laýyklykda, esasly sebäp boýunça ***işgäriň haýyşy bilen başga wagtlaýyn işe*** geçirilip bilner, ol iş beriji tarapyndan kanagatlandyrylmaga degişlidir. Wagtlaýyn başga işe geçirmek üçin esasly sebäpleriň sanawy, şeýle hem başga işe geçirilende zähmete hak tölemegiň

tertibi köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) bellenilýär ýa-da iş beriji tarapyndan işgärleriň wekilçilikli edarasy tarapyndan ylalaşylyp kesgitlenilýär. Işgärleri has ýeňil ýa-da saglyk ýagdaýy boýunça ýaramaz önümçilik faktorlarynyň işe täsir etmegini aradan aýyrýan wagtlaýyn başga işe geçirmek, şeýle hem göwreli aýallary, üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşyna çenli maýyp çagasy) bolan aýallary şol zeýilli işe wagtlaýyn geçirmek öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen amala aşyrylýar. Zähmet Kodeksiniň 245-nji maddasyna laýyklykda göwreli aýallara lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş öndürijiliginiň kadalary, hyzmat ediş kadalary azaldylýar ýa-da olar öňki işindäki ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe we amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işe geçirilýär. Lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda göwreli aýala başga has ýeňil we işiň amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan iş bermek hakyndaky meseläniň çözülmegine çenli, ol munuň netijesinde goýberen ähli iş günleri üçin kärhananyň hasabyna ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen işden boşadylmaga degişlidir. Bir ýarym ýaşa çenli ýaşdaky çagalary bolan aýallar öňki işini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmadyk mahalynda çagasy bir ýarym ýaşa ýetýänçä öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe geçirilýär.

Iş beriji Zähmet kodeksiniň 195-nji maddasyna laýyklykda saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işiň berilmegine mätäçlik çekýän işgärleri olaryň razylygy bilen lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda wagtlaýyn ýa-da möhletsiz şonuň ýaly işe geçirmäge borçludyr. Saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende işgärlere öňki ortaça zähmet haky işe geçirilen gününden iki

hepdäniň dowamynda saklanylýar. Iş bilen baglanyşykly maýyplyk ýa-da saglygyna zeper ýetirilmegi sebäpli wagtlaýyn pes aýlyk tölenilýän işe geçirilmegi onuň saglyk ýagdaýyna jogapkär bolan iş beriji işgäriň öňki ortaça aýlyk zähmet haky bilen häzirki täze işindäki zähmet hakynyň arasyndaky tapawudy töleýär. Şeýle tapawut işgäre onuň zähmet ukyby dikeldilýänçä ýa-da maýyplygy bellenilýänçä tölenilýär. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen saglyk ýagdaýy boýunça has ýeňil ýa-da amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan pes aýlyk tölenýän işe geçirilende onuň öňki ortaça zähmet hakynyň saklanylmagy beýleki ýagdaýlarda hem göz öňünde tutulyp bilner. Şeýle hem Zähmet Kodeksiniň 153-nji maddasy esasynda Başga iş berilmegine mätäçlik çekýän işgär lukmançylyk netijenamasy esasynda başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilende, onuň öňki ortaça zähmet haky bir aýyň dowamynda saklanýar, zähmet maýyplygy, hünär keselligi ýa-da iş bilen baglanyşykly saglygyna ýetirilen başga zeper zerarly başga işe geçirilende bolsa, oňa zähmete ukyplylygynyň durnukly hünär ukybyny ýitirendigi bellenilýänçä ýa-da işgär doly sagalýança saklanýar.

Zähmet kodeksiniň 75-nji maddasy esasynda howanyň ýokary (pes) temperaturasy netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge hukugy bardyr.

## §4. Işgärleri işden çetleşdirmek

Işden çetleşdirmek özbaşyna zähmet hukuk gatnaşyklarynyň bes edilmegini aňlatmaýar, ol diňe zähmet şertnamasy boýunça işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekligi togtadýar we şol wagt üçin oňa aýlyk hakyny tölemeklik hem saklanylýar. Işgäri işden çetleşdirmek iş

berijiniň buýrugy boýunça resmileşdirilýär we ol zähmet depderçesine ýazylmaýar. Zähmet Kodeksiniň 38-nji maddasy iş berijiniň işgäri işden çetleşdirmäge (işe goýbermezlige) borçly bolan ýagdaýlarynyň doly sanawyny berýär:

1) zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatda bellenilen tertipde okuwy we bilimleri we endikleriň barlagyny geçmedik bolsa;

2) bellenilen tertipde hökmany deslapky ýa-da döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini geçmedik bolsa;

3) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen işi ýerine ýetirmek üçin lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda ýaramazlyk bar bolsa;

4) ýokary howplulyk bilen baglanyşykly işi ýerine ýetiren mahalynda zerur hususy gorag serişdelerinden peýdalanmaýan bolsa;

5) işe serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji ýagdaýda gelen bolsa;

6) iş berijiniň iş ýerine ýaýramak howpy bolan howply keselleriň garşysyna lukmançylyk edarasy tarapyndan bellenilen sanjymlary almadyk bolsa;

7) aýratyn zonalaryň (serhetýaka, gümrük we başgalar) bellenilen düzgünini bozan bolsa;

8) iş berijiniň iş desgalary ýerleşýän aýratyn goralýan zonalara (serhet, goraghana we başgalar) ygtyýary ýok bolsa;

9) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda muňa ygtyýarly edaranyň ýa-da wezipeli adamyň talap etmegi boýunça;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

Işden çetleşdirmek ýa-da işe goýbermezlik üçin esas bolan ýagdaýlar düzedilýänçä adam bütin döwrüň dowamynda işden çetleşdirilýär (işe goýberilmeýär). Işden çetleşdirilýän (işe goýberilmeýän) döwürde işgäre zähmet haky hasaplanylmaýar,

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir. Işgär öz günäsi bolmazdan, zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatynda okuw geçmedikligi, bilimleriň we endikleriniň barlagyny we hökmany deslapky ýa-da döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini geçmedikligi, aýratyn goralýan zonalara ygtyýar almadyklygy sebäpli işden çetleşdirilen halatlarynda, oňa edil boş durlandaky ýaly işden çetleşdirilmeginiň bütin döwri üçin töleg geçirilýär.

Işden çetleşdirmekligiň giň ýaýran görnüşleriniň biri kanunçylykda göz öňünde tutulan halatlarda muňa ygtyýarly edaranyň ýa-da wezipeli adamyň talap etmegi boýunça işgäri işden çetleşdirmekdir. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksiniň **167-nji maddasyna laýyklykda, e**ger aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän öňki işleýän wezipesinde galan halatynda jenaýat işiniň derňelmegine we kazyýetde seljerilmegine, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna päsgel berer ýa-da eýeleýän wezipesi bilen baglylykda jenaýatly hereketleri dowam eder diýmäge ýeterlik esaslar bar bolsa, onda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet delillendirilen karar ýa-da kesgitnama esasynda ony wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmäge haklydyr. Anyklaýjynyň, sülçiniň aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karary prokuror tarapyndan sanksiýa berilmäge degişlidir. Wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karar ýa-da kesgitnama aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň işleýän ýeriniň ýolbaşçysyna iberilýär. Ýolbaşçy üç gije-gündiziň dowamynda karary ýa-da kesgitnamany ýerine ýetirmelidir we bu hakda wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karara gelen anyklaýjyny, sülçini, prokurory, kazyny ýa-da kazyýeti habarly etmelidir. Şu çäräni ulanmak baradaky zerurlyk aýrylan halatynda wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen ýatyrylýar. Wezipeden wagtlaýyn

çetleşdirmek anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy hökmany ýerine ýetirilmäge degişlidir. Anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy aýyplanýanyň, aklawjynyň, şolar bilen bir hatarda aýyplanýanyň işleýän kärhanasy tarapyndan şikaýat bilen ýüz tutup bilýärler. Karar ýa-da kesgitnama bilen işgäri wagtlaýyn işden çetleşdirmek, onuň möhlediniň dowamlygyna garamazdan işgär bilen zähmet şertnamasyny bes etmeklik üçin özbaşdak esas bolup bilmez.

## §5. Zähmet şertnamasyny bes etmegiň esaslary we onyň bes edilmegini resmileşdirmek

Zähmet şertnamasyny bes etmek – bu işgäriň iş beriji bilen zähmet hukuk gatnaşyklaryny bes edýänliginiň ykrarnamasydyr. Zähmet şertnamasy diňe kanunçylykda göz öňünde tutulan esaslaryň her biri boýunça ýatyrylyp bilner. Zähmet şertnamasyny bes etmeklik şol bir wagtda işgäriň işden boşadylýandygyny aňladýar. Olaryň bir umumy tertibi we esaslary bardyr. Şonuň üçin hem, olar manydaşdyr, ýöne ‘bes etmek” düşünjesi zähmet şertnamasyna, “işden boşadylmak” düşünjesi bolsa işgäre degişli bolup durýar. Zähmet şertnamasyny bes etmek, ýagny işgäri işinden boşatmak, haçanda munuň üçin kanuny esas bar bolan ýagdaýynda mümkindir. Kanunyň zähmet şertnamasyny bes etmeklik üçin ýuridiki fakt hökmünde berkiden durmuş ýagdaýlary, zähmet şertnamasyny bes etmekligiň, işgäri işinden boşatmaklygyň esaslary, ýagny sebäpleri bolup durýar. Ähli bu ýuridiki faktlar iki görnüşe bölünýärler:

1) zähmet şertnamasynyň taraplarynyň erkli hereketleri ýa-da işden boşatmaklygy talap edip bilýän üçünji tarap (kazyýet, kärdäşler arkalaşygy, etrap derejesinden pes bolmadyk harby komissariat) zähmet şertnamasyny bes etmeklige

başlangyjyny görkezýär. Bir taraplaýyn isleg bildirilende, kanun çykaryjy zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk barada gürrüň edýär;

2) hadysa sebäpli, mysal üçin: *“işgäriň aradan çykmagy ýa-da şertnamanyň möhlediniň dolmagy, şertleşilen işiň tamamlanmagy*” .

Kanun tarapyndan görkezilen her esas boýunça işgäri işden boşatmaklygyň esasynyň we işden boşatmaklygyň tertibiniň bolmagy zähmete bolan hukugyň möhüm hukuk kepili bolup durýar. Zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk, haçanda şu üç ýagdaý birwagtda bolan ýagdaýynda kanunydyr:

- Işden boşatmaklygyň kanunda görkezilen esasynyň barlygy;
- şu esas boýunça işden boşatmaklygyň tertibi berjaý edilende ;
- zähmet şertnamasyny bes etmekligiň hukuk ykrarnamasy bar bolan ýagdaýynda.

Täze zähmet kanunçylygy zähmet şertnamasyny bes etmegiň umumy we goşmaça esaslaryny göz öňünde tutýar. Zähmet şertnamasyny bes etmegiň umumy esaslary Zähmet Kodeksiniň 39-njy maddasynda we birnäçe beýleki hukuk resminamalarynda sanalyp geçilýär. ***Zähmet şertnamasy taraplaryň ýazmaça ylalaşygy boýunça*** bes etmek (ýatyrmak) zähmet şertnamasyny bes etmekligiň özbaşdak esasy bolup durýar. Bu esas boýunça zähmet şertnamasyny bes etmeklik üçin taraplaryň özara ylalaşygy gerek. Eger-de taraplar zähmet şertnamasyny bes etmeklik üçin ylalaşalar, onda zähmet şertnamasy taraplaryň ýazmaça ylalaşygy boýunça islendik wagt bes edilip bilner. *(Zähmet Kodeksiniň 40-njy maddasy).* Şonda zähmet şertnamasyny bes etmeklik başlangyjynyň kime (işgäre ýa-da iş berijä) degişlidiginiň hiç hili ähmiýeti bolmaýar. Türkmenistanyň ýokary Kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy işgär bilen iş beriji zähmet

şertnamasyny bes etmeklik boýunça ylalaşyga gelseler, şertnama taraplar tarapyndan kesgitlenen möhletlerde bes edilýändigini düşündirýär. Zähmet şertnamasy taraplaryň ylalaşygy boýunça bes etmeklik esasynyň aýratynlygy, şeýle ylalaşygy ýatyrmaklyk diňe iş beriji bilen işgäriň özara ylalaşygy bolanda mümkinligi bilen tapawutlanýar. **Zähmet şertnamasynyň işgäriň başlangyjy boýunça** ýatyrylmagy işi bes etmekligiň iň bir ýaýran görnüşidir. Haýsy wezipäni eýeleýändigine garamazdan, işgär Zähmet kodeksiniň 41-nji maddasynda görkezilen tertipde möhletsiz baglaşylan zähmet şertnamasyny, şeýle hem möhletli zähmet şertnamasyny onuň möhleti tamamlanmanka öz başlangyjy boýunça ýatyryp bilýär. Işgäriň zähmet şertnamasyny iş berijini iki hepde öňünden ýazmaça habarly etmek bilen ýatyrmaga hukugy bardyr. Zähmet şertnamasynyň işgäriň başlangyjy boýunça ýatyrylmagy diňe onuň ýazmaça arzasy esasynda amala aşyrylyp bilner. Işden boşatmak baradaky arza işden boşamaklygyň sebäbini we möhledini saklamalydyr. Arza diňe bir iş döwri däl-de, eýsem döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda, zähmet rugsadynyň öň ýanynda, rugsatda bolýan wagtynda, syrkaw wagtynda hem berlip bilner. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça zähmet şertnamasy işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhletiniň gutarmagyna çenli bes edilip bilner. Işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň ýa-da taraplaryň ylalaşmagy bilen göz öňünde tutulan möhletiniň içinde işgär berlen arzany yzyna almaga haklydyr. Şol ýagdaýda işgär işden boşadylmaýar. Haçanda, işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arza onuň işi dowam etdirmäge mümkinçiliginiň bolmazlygy bilen şertlendirilse (okuw mekdebine girmegi, saýlawly wezipä saýlanylmagy we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda), iş beriji zähmet şertnamasyny işgäriň arzasynda görkezilen möhletde ýatyrmalydyr. Işden boşatmak hakynda

duýduryşyň möhleti gutarandan soň işgär işini bes etmäge haklydyr, iş beriji bolsa işgäre zähmet depderçesini bermäge we onuň bilen hasaplaşyk geçirmäge borçludyr. Işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhleti gutaran işgäri maddy gymmatlyklary tabşyrmanlygy, çalşyrmaga işgär ýoklygy we beýleki sebäpler bilen işden boşatmaklykdan ýüz öwürmek raýatlaryň zähmet hukugyny bozmak bolup durýar. Zähmet kodeksiniň 409-njy maddasy zähmet depderçesiniň berilmeginiň gijikdirilmegi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýar, ýagny iş berijiniň günäsi bilen zähmet depderçesiniň berilmegi gijikdirilen mahalynda mejbury ýagdaýda işe gelinmedik ähli wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky tölenilýär.

Eger işden boşatmak hakyndaky duýduryşyň möhleti gutarandan soň, işgär bilen zähmet şertnamasy ýatyrylmasa we zähmet gatnaşyklary dowam etse, onda işgäriň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny ýatyrmak hakyndaky arza güýjüni ýitirýär, şonda zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna we işden boşadylmagyna ýol berilmeýär.

Işgäriň başlangyjy bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk esas hökmünde işgäriň hakyky erk isleginiň bolmagyny talap edýär. Eger, şeýle bolsa, adatça mesele ýüze çykmaýar. Emma, käwagtlar işgäriň zähmet şertnamasyny ýatyrmak baradaky islegi mejbury, ýagny iş beriji ýa-da başga bir ýagdaýlar bilen öjükdirilen bolýar, ol bolsa zähmet jedelleriniň döremegine getirýär. Zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyga işgariň hakyky isleginiň bolmazlygy, şertnamany ýatyrmaklygy kanuna laýyk däl hasap etmeklige getirýär.

***Zähmet şertnamasy iş berijiniň başlangyjy boýunça ýatyrmagyň umumy esaslary*** Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynda göz öňünde tutulýar. Iş beriji öz başlangyjy boýunça zähmet şertnamasyny diňe şu halatlarda ýatyryp bilýär:

1) *kärhana ýatyrylanda ýa-da iş beriji – şahsy tarap*

*tarapyndan iş bes edilende; (Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi)*

Bazar gatnaşyklary şertlerinde kärhanalaryň ýatyrylýan ýa-da üýtgedip gurulýan ýagdaýlary köp bolýar. Kärhana ýatyrylanda onuň ähli işgärleri olaryň işleýän döwrüne, eýeleýän wezipesine, derejesine garamazdan işden boşadylýar. Kärhananyň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende, iş beriji iki aýdan gijä galman, özüniň zähmet şertnamasyny bes etmek meýli hakynda işgäri ýazmaça (gol çekdirilip) duýdurmaga borçludyr. Kärhana ýatyrylmagy bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işden boşadylýan işgärlere ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puly berilýär. Onuň işe ýerleşýän döwri üçin ortaça zähmet haky saklanylýar, ýöne ol işden çykylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen, işden boşadylan gününden başlap, iki aýdan köp bolmaly däldir. Işden boşadylan işgäre işe ýerleşdiriş edarasynyň karary boýunça kadadan çykma tertibinde we işgäriň bu edara öz wagtynda (işden boşandan soň iki hepde möhletde) ýüz tutan we işe ýerleşdirilmedik şertinde we işden boşan gününden başlap üç aýyň içinde ortaça zähmet haky saklanýar. Işden çykylanda berilýän kömek puly we saklanyp galýan ortaça zähmet haky ozalky iş ýerinde tölenilýär.

Kärhananyň başga ýerde ýerleşen bölümi, filialy,wekilçiligi ýa-da başga bir düzüm birligi işini bes eden ýagdaýynda, bu düzümleriň işgärleri bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk kärhananyň ýatyrylmagy üçin göz öňünde tutulan düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

***2) kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda, şol sanda önümçilik tehnologiýasynyň, zähmeti guramagyň üýtgedilmegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly; (Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi);***

Kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylmak çäresi geçirilende, şol kärhanada işgäriň hünärine laýyk gelýän bar bolan başga işi (boş wezipäni) işgäre teklip etmäge borçludyr. Işgäriň zähmete wagtlaýyn ukypsyz bolan döwründe we rugsatda bolan döwründe iş berijiniň başlangyjy boýunça onuň işden boşadylmagyna ýol berilmeýär. Kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylmagy sebäpli, işgär bilen zähmet şertnamasyny Zähmet Kodeksiniň *42-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi esasynda* ýatyrmaklyk, diňe bir önümçilik tehnologiýasynyň, zähmeti guramagyň üýtgedilmegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy bilen däl-de, eýsem işleriň möçberleriniň öňkiliginde saklanmagy, hatda onuň köpelen ýagdaýynda hem,eger bu işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy getirýän bolsa hem ýatyrylyp bilner. Iş beriji işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgadylmagy bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende iki aýdan gijä galman özüniň zähmet şertnamasyny bes etmek meýli hakynda işgäri ýazmaça (gol çekdirilip) duýdurmaga borçludyr. Kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda, kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň deslapky razylygy bolmazdan, iş berijiniň başlangyjy boýunça zähmet şertnamasynyň bes edilmegine (ýatyrylmagyna) ýol berilmeýär. Iş beriji wagtlaýyn we möwsümleýin işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly işden geljekki boşatma hakynda azyndan üç senenama güni galanda wagtlaýyn işgäri gol çekdirip, möwsümleýin işgäri bolsa azyndan bir hepde galanda gol çekdirip ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.

Şeýle duýdurmalar bellenilen tertipde zähmet şertnamasyny baglaşmaga we bes etmäge ygtyýary bolan adam tarapyndan bu işgäri işden geljekki boşatma hakynda çözgüt

kabul edilenden soň berilip bilner. Eger lukmançylyk netijenamasynda işgäre bu işi ýerine ýetirmek bolmaýar diýlip görkezilen bolsa, işgäriň saglyk ýagdaýy sebäpli, ýerine ýetirýän işine laýyk gelmezligi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende duýduryş geçirilmeýär. Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi esasynda iş berijiniň başlangyjy boýunça kärhananyň işgärleriniň sanyny ýa-da wezipe sanyny gysgaltmak bilen zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işden boşadylýan işgärlere ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puly tölenýär we işe ýerleşýän döwri üçin ortaça zähmet haky saklanylýar, ýöne ol işden çykylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen işden boşadylan günden başlap iki aýdan köp bolmaly däldir. Kadadan çykma tertibinde, işe ýerleşdiriş edarasynyň karary boýunça we işgäriň bu edara öz wagtynda (işden boşandan soň iki hepde möhletde) ýüz tutan we işe ýerleşdirilmedik şertinde we işden boşan gününden başlap, üç aýyň içinde ortaça zähmet haky saklanýar. Işden çykylanda berilýän kömek puly we saklanyp galýan ortaça zähmet haky ozalky iş ýerinde tölenilýär.

Işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyk boýunça işden boşatmak baradaky duýdurma duýduryş möhletiniň dowamlylygyna görä ortaça zähmet haky möçberindäki öwez puly bilen çalşyrylyp bilner. Zähmet şertnamasynda ýa-da köpçülikleýin şertnamada işden çykylanda berilýän kömek pulyny tölemekligiň başga ýagdaýlary, şeýle hem tölenýän kömek pullarynyň ýokarlandyrylan möçberleri göz öňünde tutulyp bilner. Işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň gysgaldylmagy sebäpli, şol sanda önümçiligiň tehnologiýasyndaky, zähmeti guramakdaky üýtgetmeler, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy, işleriň häsiýetiniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly zähmet şertnamasy bes edilende has ýokary hünärli we zähmet öndürijilikli işgärlere işde galmak üçin

artykmaç hukuk berilýär. Işde galmak üçin hukugy almak kanunylygy, eger kärhanada Zähmet Kodeksiniň 321-nji maddasynyň düzgünlerini ulanmaklygyň tertibi resmi taýdan bellenilen ýagdaýynda, ýagny iş berijiniň buýrugy esasynda degişli ygtyýarlyklary bolan kärdeşler arkalaşyklary guramasynyň gatnaşmagy bilen kärhanada ýörüte topar döredilen ýagdaýynda mümkin bolýar.Toparyň işi açyk bolmalydyr, her bir işgär diňe bir diňlenmäge däl-de,eýsem toparyň onuň hünär derejesine seredýän mejlisine gatmaşmak hukugyna hem eýe bolmalydyr. Toparyň çözgüdi hünär synagy barlanýan adamyň zähmet öndürjiliginiň derejesi we hünär başarjaňlygy barada ygtyýarly jogapkär hünärmenler we olaryň ýolbaşçylary tarapyndan berilen resmileşdirilen seslenmä esaslananda hakyky bolýar. Gatnaşýanlaryň, şol sanda toparyň agzalarynyň hünär synagy barlanýan adamyň şahsyýeti barada ýöne bir dilden aýdanlary, has hem çözgüt kabul edilende hasaba alynmaly däldir. Olaryň işgäriň başga maglumatlaryny, meselem: düzgün tertibini, häsiýet alamatlaryny we ş/m göz öňünde tutmaklyga, hatda şony ara-alnyp maslahatlaşmaga hem haklary ýokdyr. Işgäri işde galdyrmak ýa-da işden çykarmaklyk, işgärleriň zähmet öndürijiligini we hünär derejesini deňeşdirmek ýoly bilen, “galdyrmaly ýa-da galdyrmaly däl” diýen çözgüdi kabul etmek bilen amala aşyrylýar, ýagny işde galmak üçin artykmaç hukuk zähmet öndürjiligi we hünär derejesi has ýokary bolan işgäre berilýär. Hünäri ýa-da zähmet öndürijiligi deň bolanda, işde galmak üçin artykmaç hukuk şu aşakdakylara berilýär:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda weteran diýip ykrar edilen adama;

2) çagalykdan maýyba;

3) şol kärhanada azyndan on ýyl işlän işgäre;

4) pensiýa ýaşynyň öňüsyrasyndaky adama (pensiýa iki ýyl galanda);

5) şol kärhanada zähmet şikesini ýa-da professional keselini alan adama;

6) eklenjinde iki ýa-da köp adam bolan işgäre;

7) maşgalada ýeke-täk ekleýji bolup durýan adama;

8) önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen okuw mekdebinde okaýan işgäre;

9) radiasiýa awariýalarynyň we betbagtçylyklarynyň ýetiren täsirlerini ýok etmäge gatnaşan adama;

10) ýokary ýa-da orta hünärment okuw mekdebini tamamlandan soň, işe iberilen ýaş hünärmene.

Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen beýleki ýagdaýlar hem göz öňünde tutulyp bilner, olar bolan mahalynda işgärleriň işde goýulmagyna artykmaçlyk berilýär. Eger işgärler şu maddanyň birinji we ikinji böleklerine laýyklykda işde galmakda artykmaç hukuga eýe bolmadyk mahalynda bu ýagdaýlar nazara alynýar.

3***) ýeterlik hünäriniň bolmazlygy, şol sanda hünär synagynyň tassyklanylan netijeleri bilen baglanyşykly işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelmezligi; (Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendi);***

Şu esas boýunça işden çykarmaklyk işgäriň ýazmaça razylygy bilen işgäri başga ýere hemişelik işe geçirmeklik mümkin bolmadyk ýagdaýynda ýol berilýär. Ýeterlik hünäriniň bolmazlygy sebäpli, işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigini tassyklamak üçin hünär synag toparynyň tassyklanan netijeleriniň bolmagy hökmandyr. Eger-de, şol işgär babatynda hünär synagy geçirilmedik bolsa ýa-da hünär synag topary işgäriň eýeleýän wezipesine laýyk gelýänligi hakyndaky netijä gelen bolsa, iş berijiniň şu esas boýunça işgär bilen zähmet şertnamasyny bes etmeklige haky ýokdur.

Hünär synagyny geçirmekligiň tertibi we şertleri, kärhanada hünär synagy topary döretmegiň tertibi Zähmet Kodeksiniň kadalaryna laýyklykda ýörüte ykrarnama esasynda

kesgitlenýär. Mysal üçin, içki zähmet-düzgün tertibiniň düzgünnamasy. Döwlet gullukçylary, kazyýet, prokuror we ş/m boýunça bu tertip degişli kanunlar, döwlet häkimiýetiniň permanlary we kararlary bilen kesgitlenilýär. Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, işgärleri işden boşatmak üçin esas bolup biljek hünär synagy geçirilende, hünär synagy toparynyň düzümine hökmany tertipde degişli Kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriniň beýleki wekilçilikli guramasyndan wekil goşulýar. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumynyň görkezişi ýaly, iş beriji tarapyndan şu esas bilen iş döwrüniň dowamlylygy bilen baglylykda hökmany önümçilik tejribesi bolmadyk işgärler, şeýle hem eger-de kanun tarapyndan zähmet şertnamasy baglaşylanda hökmany şert bolup durmaýan bolsa ýörüte bilimi ýok bahana bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyga ýol berilmeýär. Işgäriň işiniň hili hakynda Hünär synag toparynyň netijesi iş boýunça beýleki subutnamalar bilen bilelikde baha bermäge degişlidir. Işden boşatmaklygyň şu esasy boýunça aşakdaky işgärleri işden çykarmaklyk gadagan edilýär:

- göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar bilen;
- köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan işgärleriň wekilleri, şol gepleşikleriň alnyp barylýan döwründe olary wekilçilige ygtyýarly eden edaranyň deslapky razyçylygy bolmasa.

Işden boşatmagyň umumy tertibini berjaý etmegiň daşyndan diňe kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy bilen iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň şu esas boýunça işden boşadylmagyna ýol berilýär.

***4) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 37-nji***

***maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda kärhananyň eýesi çalşanda (kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy babatynda) (Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendi);***

Zähmet şertnamasyny ýatyrmaklygyň şu esasyny iş beriji diňe kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy babatynda ulanyp bilýär. Kärhananyň eýesi çalşan mahalynda, onuň täze eýesi özünde eýeçilik hukuklarynyň ýüze çykan gününden başlap, üç aýdan gijä galman kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmak hukugyna eýedir. Kärhananyň edara tabynlygynyň (garaşlylygynyň) üýtgemegi (birikmegi, goşulmagy, bölünmegi, bölünip aýrylmagy, özgerdilmegi), kärhananyň kärendesine berilmegi,egerde şonda kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bolup geçmedik bolsa, ýokarda görkezilen adamlar bilen zähmet şertnamalaryny ýatyrmak üçin esas bolup bilmeýär. Kärhananyň eýesi çalşylmagy diýlip, kärhananyň emlägine bolan eýeçilik hukugynyň bir adamdan beýleki adama ýa-da tarapa geçmegine düşünilýär, hususanda bu:

- döwlet emlägini hususylaşdyrmak, ýagny Türkmenistan döwletiniň eýeçiliginde duran emläkleri ýurudiki taraplaryň (şahslaryň) eýeçiligine geçirilmek
- kärhanalaryň eýeçiliginde duran emläkleri döwlet eýeçiligine bermek ;

Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly, kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende kärhananyň täze eýesi kärhananyň ýolbaşçysyna, onuň orunbasarlaryna we baş hasapçysyna Zähmet Kodeksiniň 159-njy maddasyna laýyklykda üç aýlyk ortaça zähmet haky möçberinde öwezini doluş tölegini tölemäge borçludyr.

Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy, kärhananyň beýleki işgärleri bilen zähmet şertnamalarynyň ýatyrylmagy üçin esas

däldir. Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşyklykda kärhananyň işgäri işini dowam etdirmekden ýüz öwren mahalynda zähmet şertnamasy Zähmet kodeksiniň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendine laýyklykda bes edilýär.

***5) eger belli bir kesel sebäpli iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilmedik bolsa, onda göwrelilik we çaga dogurmak baradaky rugsadyň döwrüni hasaplamanyňda işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelinmedik mahalynda. Zähmetde şikes ýetenligi ýa-da hünär keseli sebäpli işe ýarawlylygyny ýitiren işgärleriň işe ýarawlylygy dikeldilýänçä ýa-da maýyplyk bellenilýänçä olaryň iş ýeri (wezipesi) saklanylýar. (Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendi);***

Iş beriji önümçilik zerurlygy bolan ýagdaýynda, işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelmedik işgär bilen zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky razylygy almak üçin kärdeşler arkalaşygy edarasyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasyna, eger belli bir kesel sebäpli iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilmedik bolsa haýyş bilen ýüz tutup bilýär. Mysal üçin: işleýän adamlaryň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy inçekesele ýolukmagy sebäpli, ýüze çykanda olar doly sagalýança ýa-da maýyplyk toparyna inçekesele ýolukmagy sebäpli, täzeden garalýança, ýöne yzly-yzyna 10 aýdan uzak bolmadyk we iki senenama ýylynyň dowamynda jemi alnanda 12 aýdan köp bolmadyk möhlete bellenilýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk zähmet şikesini almagy, hünär keseli netijesinde ýüze çykanda şu halatlarda onuň iş ýeri (wezipesi) zähmete ukyplygyny dikeldýänçä ýa-da maýyplyk bellenýänçe saklanýar. Uzak wagtlap syrkaw ýatan işgär bilen

zähmer şertnamasyny ýatyrmaklyk onuň zähmete ukypsyzlygy zähmet çekmäge ukybyň ýitirilen ilkinji gününden başlap, şol bir kesel boýunça üznüksiz 4 aýdan hem köp wagt dowam edýän ýagdaýynda mümkindir. Eger işgär kesel boýunça işde döwürleýin bolmasa (mysal üçin gaýtalanyp durýan keseliň netijesinde),onda iş berijiniň ony Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendi bilen işden çykarmaga hukugy ýokdur, sebäbi her bir döwürde şol kesel üznüksiz 4 aýdan az dowam edýär. Işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelinmedik mahalynda, onuň bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk onuň işde uzak wagtlap bolmazlygy önümçilik prosesine ýaramaz täsir edýän bolsa dogry hasap edilýär. Eger-de, syrkawlygy sebäpli, köp wagtlap işe gelmedik işgär şu kärhananyň wezipeli işgäri, hünär utgaşdyrmasy, wagtlaýyn ýerine işlemek tertibinde ýa-da wagtlaýyn işgäri çagyrmak ýoly bilen çalyşmak mümkin bolan ýagdaýynda, onda uzak wagtlap ýaramaýan işgäri işden boşatmaklygy önümçilik zerurlygy hökmünde dellillendirmek mümkin däl.

Işgär keseliň dowamlylygy bilen baglanyşykly işden boşadylan işgärler zähmet ukyplylygyny dikeldýänçeler ýa-da maýyplyk bellenilýänçe wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny almak hukugyny özlerinde saklaýarlar.

**6) eger işgäre öň düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylan bolsa zähmet şertnamasy ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmedik mahalynda*(Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-nji bendi)*;**

“Zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmezligi” düşünjesi işgär

tarapyndan üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň ýerine ýetirmezligine ýa-da doly derejede ýerine ýetirmezligine (kanunçylyň talaplarynyň, zähmet şertnamasy boýunça borçnamalaryň, kärhananyň içki zähmet-nyzam tertibiniň, wezipe borçlary hakyndaky düzgünnamanyň, iş berijiniň buýruklarynyň, tehniki düzgünleriň bozulmagy we ş/m) düşünilýär. Görkezilen bozulmalara hususanda:

- esasly sebäpler bolmazdan işgäriň işde ýa-da iş ýerinde bolmazlygy. Şonda, eger işgär bilen baglanylyşan zähmet şertnamasynda ýa-da iş berijiniň hukuk resminamalarynda (buýruklarda, grafiklerde we ş/m) bu işgäriň anyk iş ýeri bellenilmedik bolsa, onda işgäriň iş ýeri diýlip, iş berijiniň gös-göni gözegçiliginde duran we işgäriň işi boýunça barmaly ýerine düşünmeli;
- zähmet kadalarynyň bellenilen tertipde üýtgedilenligi bilen baglanyşyklykda, üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmezligi;
- işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan, hökmany lukmançylyk anyklamasyny geçmekden ýüz öwürmegi ýa-da boýun gaçyrmagy, şeýle hem iş wagtynda, şol işe goýbermekligiň hökmany şerti bolan zähmeti goramak, tehniki howpsuzlyk we hyzmat edilişiň düzgünleri boýunça ýörüte okuwy okamakdan we okuw synagyny tabşyrmakdan işgäriň ýüz öwürmegi degişlidir .

Işgäriň öz zähmet borçlaryny esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmezligi, ýagny düzgün-nyzamy bozandygy hökmany ýüze çykarylmalydyr. Düzgün-nyzam temmisi ulanmaklyga çekmekligiň hökmany şerti hökmünde işgäriň günäsi iş beriji tarapyndan subut edilmelidir. Öz nobatynda öz günäsi bilen zähmet düzgüni bozulan hasap etmeýän işgär hem degişli subutnamalary bermeklige borçludyr. Mysal üçin: işde

bolmandygynyň we işe gijä galandygynyň sebäbiniň esaslydygyny tassyklaýan lukmançylyk güwähaty we beýlekiler görkezmek bilen.

Işgäriň öz üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmedik mahalynda, onuň bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk iş beriji tarapyndan şu şertler berjaý edilende kanuny hasaplanýandygy Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-nji bendiniň kadalarynyň mazmunyndan gelip çykýar:

1) eger işgär tarapyndan üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmezlik yzygiderli häsiýete eýe bolsa;

2) eger işgär tarapyndan üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmezlik işgäriň günäsi bilen goýberilen bolsa;

3) eger işgäre öň düzgün-nyzam temmisi ulanylan bolsa.

Hereket edýän kanunçylyk işgäriň zähmet borçlaryny esasly sebäpler bolmazdan ýerine ýetirmezligiň yzygiderli häsiýetine düşündiriş bermeýär. Tejribe-de hem, şu babatda birmeňzeş garaýyş ýok. Emma, köp ýagdaýlarda zähmet düzgün-nyzamynyň iki sapardan köp bozulmagy yzygiderli bozulmalar diýlip ykrar edilýär. Şeýle garaýyş yzygiderli sözüniň manysyndan ”hemişe gaýtalanýan, bes edilmeýän” gelip çykýanlygy üçin has dogrurak hasaplanýar. Işgäriň zähmet borçlaryny esasly sebäpler bolmazdan günäli, yzygiderli ýerine ýetirmezligi işgäre berilen düzgün-nyzam temmileriniň resmileşdirilen faktlary tassyklanylan (düzgün-nyzam temmilerini ulanylanlygy hakynda buýruk we beýlekiler) bolmalydyr. Eger-de, zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin işgäre düzgün-nyzam temmileri ulanylmadyk bolsa *Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-nji bendi esasynda işgäri işden boşatmaklyk kanuny däl hasaplanyp bilner*. Buýruklarda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagyny

we onuň üçin işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmilerini görkezmek hökmanylygy barada aýdylan-da bolsa, temmi berilen buýrugyň barlygy elmydama düzgün- nyzam täsir ediş çäresi ulanmaklyk üçin doly subutnama bolup bilmeýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumynyň görkezişi ýaly, zähmet şertnamalary kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary ýa-da zähmet şertnamasy bilen, onuň üstüne ýüklenen zähmet borçlarynyň işgär tarapyndan esasly sebäpler bolmazdan yzygiderli ýerine ýetirilmedik mahalynda ýatyrylan işler boýunça hak işleýiş arzalary seredilende, düzgün-nyzam temmileri ýa-da jemgyýetçilik temmileri ulanylan işgärleriň şol düzgün bozulmalary edendigini barlamak gerek, şol temmileri ulanmaklyk tertibi berjaý edilipdirmi ýa-da olaryň güýji ýitirilipdirmi ýagny iş beriji tarapyndan işden boşatmaklygyň buýrygy esaslandyrylan ähli düzgün nyzam temmileriň ulanyşyň dogrulygyny barlamalydyr.

Zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň 164-nji maddasyna laýyklykda şu düzgün-nyzam temmileri ulanylýar:

1) duýduryş
2) käýinç
3) berk käýinç
4) işden çykarmak.

Bu sanaw gutarnykly däl, sebäbi, Türkmenistanyň ýörite hukuknamalarynda ýa-da aýry-aýry işgärler üçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda, edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr. Düzgün-nyzam temmisini şol işgäri işe kabul etmek hukugy bar bolan wezipeli adam tarapyndan ulanylyp bilner. Diňe zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan temmi çäresi berlip

bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanmazyndan öň işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilip alynmalydyr. Eger düzgün bozujy düşündiriş bermekden boýun gaçyrsa, kärdeşler arkalaşygynyň wekiliniň gatnaşmagynda üç adamdan ybarat topar düzülip, topar tarapyndan düşündiriş bermekden boýun gaçyrylandygy hakynda beýanat düzülýär. Ol beýanat düşündirişiň deregini tutýar.

Özi-de etmiş ýüze çykarylan dessine, ýöne etmişiň ýüze çykarylan gününden beýläk bir aýdan gijä goýman jogapkärçilik çäresi ulanylmaly. Bir aýyň dowamynda jogapkärçilik çäresi ulanylmasa soňra şol etmişi üçin jogapkärçilige çekip bolmaýar. Her bir etmiş üçin diňe ýekeje düzgün-nyzam temmisi ulanylyp bilner. Zähmet kodeksiniň 167-nji maddasyna laýyklykda, eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanylýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýär. Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa,bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini aýyrmaga haklydyr.

Düzgün-nyzam temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda şol işgär barasynda höweslendiriş çäresi ulanylmaýar. Temmi berlende aç-açanlyk ýörelgesinden ugur alynmalydyr, ýagny, berlen temmi zähmetkeşlerň arasynda yglan edilip, bu baradaky buýrugyň göçürmesi bildirişler asylýan tagtada asylmalydyr. Temmi çäresi hökmany suratda ýazmaça berlen buýruk bilen resmileşdirilmeli. Söz üsti bilen berlen temmi hasaba alynmaýar we onuň hiç hili hukuk güýji bolmaýar. Temmi berlendigi baradaky buýruk çykarylandan soň

üç güniň içinde ol temmi çäresi barada işgäre gol çekdirilip habarly edilmelidir.

**7) işden sebäpsiz galanda, şol sanda iş gününiň dowamynda esasly sebäpler bolmazdan üç sagatdan köp iş ýerinde bolmadyk mahalynda** ***(Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 7-nji bendi)*****;**

Iş berijiniň bellenilen tertibi berjaý etmek bilen işgäri işden sebäpsiz galanda, özem şeýle zähmet düzgün-nyzamyny bir gezek bozanynda işden boşatmaga haky bardyr. Iş gününiň dowamynda esasly sebäpler bolmazdan işgärler yzygiderli ýa-da jemläp alanyňda üç sagatdan köp iş ýerinde bolmadyk mahalynda işden çykarylyp bilner.

Şeýle hem, işden sebäpsiz galmaklyga aşakdakylar degişlidir:

a) kesgitsiz möhlete şertnama baglaşan adam tarapyndan iş berijä duýdurmazdan, iş ýerinden gitmek, şeýle-de esasly sebäplere görä zähmet şertnamasy bes edilende iki aýlyk duýduryş möhleti gutarmazdan iş ýerini taşlap gitmegi;

b) kesgitli möhlete şertnama baglaşan adam tarapyndan, onuň möhledi gutarmazdan iş berijiniň ýa-da ygtyýarly edaranyň rugsadyny alman, iş ýerini taşlap gitmek;

ç) ýokary okuw mekdebi gutaryp gelen ýaş hünärmen tarapyndan, bellenilen iki ýyllyk möhlet gutarmazdan iş ýerini taşlap gitmegi;

d) önümçilikden aýrylmak şerti bilen hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň kurslarynda we okuw kombinatlarynda okaýan adamlaryň kanunçylykda okuwdan soň işläp bermeklik göz öňünde tutulan ýagdaýlarda okuw gutarandan soň bellenilen möhledi işlemän özbaşdak iş ýerini taşlap gitmegi;

Öň işlän döwrü üçin dynç almak ýa-da rugsady ulanmak delilil bilen iş ýeri özbaşdak taşlap gitmeklik zähmet düzgün-

nyzamynyň bozulmagy hasap edilýär we işden sebäpsiz galanlygy sebäpli işden boşatmaklyk üçin esas bolup bilýär.

Işden sebäpsiz dowamly galynanda (bir günden köp) zähmet şertnamasynyň herekedi işe çykmadyk ilkinji gününden bes edilýär. Şeýle işgäriň zähmet depderçesinde işden boşatmaklygyň güni diýlip onuň işde bolan soňky güni hasap edilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy şu esas boýunça işden çykarylan adamlaryň işe dikeltmek baradaky jedelleri çözenlerinde, işgär esassyz sebäplere görä, bütin iş gününiň dowamynda yzygiderli, ýa jemi boýunça üç sagatdan köp wagtlap işde bolmadyk halatynda, görkezilen esas boýunça işden çykaryp bolýandygyny düşündirýär. Şeýle hem, işgäriň özbaşdak iş berijiden rugsatsyz nobatdaky zähmet rugsadyna gitmegi, iş wagtyndan artyk işläni üçin berilýän boş günleri (otguly) özbaşdak almagy, möhletli şähmet şertnamasynyň möhleti gutarmanka işi taşlamagy, ýokary ýa-da ýörüte orta okuw jaýyny tamamlanandan soň, şol işe iberilen ýa-da täze hünär boýunça okuw geçen we kesgitlenen möhlediň dowamynda önümçilikde işlemäge borçly bolan adam tarapyndan iş ýeriniň taşlamagy esassyz sebäplere görä, işe gelmedik (progul) diýlip hasaplanýandygyny düşündirýär.

**8) işgär tarapyndan zähmet borçlary bir gezek gödek bozulanda** ***(Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 8-nji bendi)*****;**

Bu ýagdaýda işgäri işden boşatmaklyk düzgün-nyzam temmesi bolup durýar şonuň üçin hem iş beriji tarapyndan düzgün-nyzam temmisini bermekligiň tertibini we möhledini berjaý etmekligi zerurdyr. Zähmet borçlaryny bozmaklygynyň haýsylaryny gödek bozulanlara degişli hasap etmeklikligi iş beriji çözýär. Bu esas boýunça işgäri işden boşatmaklyk üçin kärdeşler arkalaşyklary guramasynyň razyçylygy talap edilmeýär.

**9) işde serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji gaýry ýagdaýda peýda bolnanda *(Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendi)*;**

Şu esas boýunça iş wagty zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän ýerlerinde serhoş ýagdaýda ý-da neşeli ýa zäherli serişdeleriň göçgünli täsiri ýagdaýynda bolan işgärleriň işden çykarylyp bilinýändigini we bu esas boýunça işgäriň işden çetleşdirilenliginiň ýa-da çetleşdirilmänliginiň täsiriniň ýokdugyny Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy düşündirýär. Şeýle hem, işgäriň serhoşdygy ýa-da neşeli ýa zäherli serişdeleriň göçgünli täsiri ýagdaýyndadygy lukmanlaryň netijesi bilen, şonuň ýaly-da subutnamalaryň beýleki görnüşleri, şol sanda şaýatlaryň görkezmeleri bilen tassyklanylyp bilner we olara kazyýet tarapyndan degişli bahalar berilmelidigini belleýär.

***10)* işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly özüne mälim bolan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan goralýan syry (döwlet, täjirçilik, gulluk we başga) jar edende *(Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 10-njy bendi)*;**

Işgäri şu esas boýunça işden boşatmaklyk üçin eger bir wagtda şu şertleriň hemmesi berjaý edilende mümkindir:

- işgäriň jar eden maglumaty hereket edýän kanunçylygy tarapyndan goralýan döwlet, täjirçilik, gulluk we başga syrlaryna degişli bolmaly;
- bellenilen tertipde döwlet, täjirçilik, gulluk we başga syrlaryna degişli edilen we kanun tarapyndan goralýan maglumat işgäre öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykda mälim bolan bolmaly;
- işgär özüne mälim bolan syry jar etmezlige ýazmaça görnüşde borçlanan bolmaly.

Şonuň bilen baglanyşyklykda, iş berijide we işgärde döwlet, täjirçilik, gulluk we başga syrlar barada soraglar ýüze

çykýar. Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryş organlarynyň¸ döwletiň bütin territoriýasyndaky we onuň çäklerinden daşyndaky eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, harby bölümleriň, wezipeli adamlaryň hem-de raýatlaryň işindäki döwlet syrlaryny goramagyň hukuk esaslary Türkmenistanyň „Döwlet syrlaryny goramak hakynda" 1995-nji ýylyň 24-nji noýabryndaky №84-1 kanuny esasynda kesgitlenýär. Hukuk resminamasyna laýyklykda, döwlet syrlary ýurduň kanunçylygy esasynda işlenip taýýarlanan ýörite sanawlar we kadalar bilen çäklendirilen we döwletiň gözegçiliginde durýan, döwletiň goranmak ukybyna, howpsuzlygyna, ykdysady we syýasy bähbitlerine degip geçýän habaryň islendik görnüşindäki geçirijileri, geçirilýän we saklanýan maglumatlar bolup durýar. Döwlet syrlary döwlet we gulluk syrlaryna bölünýär. Ýaýradylmagy döwletiň harby, ykdysady potensialynyň hil ýagdaýyna otrisatel täsir edip biljek ýa-da Türkmenistanyň goranmak ukyby, milli howpsuzlygy, ykdysady we syýasy bähbitleri üçin beýleki agyr netijelere getirip biljek maglumatlar döwlet syryny düzýär.Ýaýradylmagy döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirip biljek önümçilik, dolandyryş, ylym we tehnika babatdaky maglumatlar gulluk syryny düzýär. Maglumatlary döwlet syrlaryna degişli etmek olary gizlinleşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Döwlet syrlaryna degişli maglumatlary gizlinleşdirmek döwlet ýa-da gulluk syryny düzýän maglumatlaryň ýaýradylmagyna çäklendirmeler bellemek baradaky çäreleriň jemidir. Gizlinleşdirmek kanunylyk, esaslylyk we öz wagtyndalyk ýörelgelerinde amala aşyrylýar. Kanunylyk şundan ybaratdyr, ýagny gizlinleşdirmek agzalan Kanuna we döwlet syrlarynyň goralyşyny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlaryna laýyklykda geçirilýär. Esaslylyk şundan ybaratdyr, ýagny maglumatlary gizlinleşdirmek şolary gizlinleşdirmegiň maksadalaýyklygynyň ekspert bahasy, döwletiň, jemgyýetiň we

graždanlaryň durmuş taýdan möhüm bolan bähbitleriniň balansyndan ugur alyp, bu aktyň mümkin bolan ykdysady we gaýry netijeleri arkaly amala aşyrylýar. Maglumatlary gizlinleşdirmegiň öz wagtyndalygy şundan ybaratdyr, ýagny maglumatlary gizlinleşdirmek olaryň alnan (işlenip taýýarlanan) ýa-da öňünden alnan pursatyndan başlap olaryň ýaýradylmagyna bolan çäklendirmeleri bellemek arkaly amala aşyrylýar. Döwlet syrlaryna degişli maglumatlary gizlinleşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan kesgitlenilýär. Döwlet syrlaryny goramak olara ygtyýar ediji döwlet organlarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň¸ harby bölümleriň, şeýle hem wezipeli adamlaryň we raýatlaryň borjudyr.

Wezipeli adamlaryň we raýatlaryň döwlet syrlaryna bolan rugsady ýokarda agzalan kanunyň 13-nji maddasynda bellenilýär we hususanda şu aşakdakylary nazarda tutýar:

1. Wezipeli adamlara we graždanlara döwlet syrlaryna bolan rugsat Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde amala aşyrylýar
2. Görkezilen adamlaryň özlerine ynanylan döwlet syrlaryny düzýän maglumatlary jar etmezlik boýunça döwletiň öňünde öz üstüne borçnamalar almak;
3. Agzalan Kanunyň 15-nji maddasyna laýyklykda olaryň hukuklarynyň bölekleýin, wagtlaýyn çäklendirmelerine razylaşmak;
4. Özleri babatda ygtyýarly organlar tarapyndan barlag çäreleriniň geçirilmegine ýazmaça razylaşmak;
5. bozulanlygy üçin jogapkärçilik nazarda tutulýan döwlet syrlary hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň normalary bilen tanyşmak;
6. döwlet syrlaryny düzýän maglmatlara resmileşdirilýän adama rugsat bermek hakynda ygtyýarly döwlet organy tarapyndan karar kabul etmek. Iş berijiniň we rugsat

bermek resmileşdirilýän adamyň özara borçlary zähmet şertnamasynda bellenýär

Şonuň bilen baglanşyklykda, şu ýagdaýlara üns bermek zerur bolup durýar ,ýagny iş beriji tarapyndan işgäriň döwlet syrlaryna bolan rugsat bermek barada şu şertleriň haýsyda bolsa birini ýerine ýetirmezligi işgäri Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 10-njy bendi esasynda zähmet düzgün nyzam temmisini ulanmak mümkinçiligini aradan aýyrýar. Täjirçilik syry barada aýdylanda bolsa, täjirçilik syryny düzýän habary bermegiň¸ peýdalanmagyň¸ ýaýratmagyň¸ saklamagyň we goramagyň hukuk esaslary Türkmenistanyň “Täjirçilik syry hakynda” 2000-nji ýylyň 19-njy dekabry № 53-II belgili kanuny esasynda kesgitlenýär . Hukuk resminamasynda täjirçilik syry, munuň özi kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýa-da ýekebara telekeçiniň ykdysady, maliýe, önümçilik, tehnologik we gaýry işi bilen baglanyşykly döwlet syry hasaplanmaýan habar bolup, onuň aýan edilmegi (berilmegi, ýaýramagy) şolaryň işine we bähbitlerine zyýan ýetirip biljekdigi bellenýär . Täjirçilik syryny aýan etmek diýlip syryň wagtyndan öň açylmagyna ýa-da gözegçiliksiz peýdalanylmagyna ýa-da ýaýradylmagyna getiren täjirçilik syryny düzýän habara ygtyýary bolan şahsyň (şahslaryň) bilkastlaýyn hereketlerine düşünilýär, munuň netijesinde bolsa kärhananyň, guramanyň we edaranyň, ýekebara telekeçiniň bähbitlerine zyýan ýetirilendir ýa-da ýetirilip bilner. Täjirçilik syryny düzýän habara aşakdakylar degişli bolup biler:

kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýa-da ýekebara telekeçiniň tehnologik, önümçilik, guramaçylyk, harytşynaslyk, intellektual, mazamlaýyş we gaýry aýratynlyklary hakyndaky maglumatlar;

- kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýa-da ýekebara telekeçiniň hünärlilik, işewür, önümçilik, bank we beýleki bähbidi bolup durýan maglumatlar;

- önümçiligiň dolandyryş gurluşy hakyndaky maglumatlar;
- maliýeleşdiriş çeşmeleri hakyndaky maglumatlar;
- baglaşylan geleşikler, ulanylýan nyrhlar hakyndaky maglumatlar;
- uly mümkinçiligi bolan alyjylar we önüm iberijiler hakyndaky maglumatlar;
- kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýa-da ýekebara telekeçiniň patentlenmedik ylmy-tehniki işläp taýýarlamalary;
- kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň işgärleri ýa-da ýekebara telekeçi tarapyndan döredilen EHM üçin maglumatlar gorlary we maksatnamalary;
- hasaphana hasaba alnyşynyň we içerki hasaphana hasabatlylygynyň sanawlarynyň mazmuny;
- şu kanuna we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda täjirçilik syryna degişli edilen gaýry maglumatlar.

Kanunda zähmet gatnaşyklarynda täjirçilik syryny düzýän habary goramagyň düzgünlerini özünde saklaýan kadalar bellenilendir. Iş beriji tarapyndan şol düzgünleriň ýerine ýetirilmezligi işgäri Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 10-njy bendi esasynda işden boşatmaklyk mümkinçiligini bermeýär. Öz nobatynda işgär tarapyndan şol düzgünleriň ýerine ýetirilmezligi iş berijä işgäri işden boşatmaklyk üçin esas döredýär. Täjirçilik syryny düzýän maglumatyň saklanylyşyny üpjün etmek üçin iş beriji borçludyr:

1) Işgäri zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeklik üçin täjirçilik syryna degişli maglumatlara bolan rugsat bilen y we eýesi iş beriji we onuň hyzmatdaşlary bolup duran täjirçilik syryna degişli edilen maglumatlaryň sanawy bilen gol çekdirip tanyşdymak;

2)Işgäri täjirçilik syrynyň bellenilen iş wagty we onuň bozulanlygy üçin jogapkärçilik çäresi bilen gol çekdirip

tanyşdymak;

3) Täjirçilik syrynyň bellenilen iş wagtyny berjaý etmek üçin işgäre zerur şertleri döretmek

Egerde iş beriji tarapyndan şol talaplaryň haýsyda bolsa biriniň ýerine ýetirmezligi Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 10-njy bendi esasynda işgäri işden boşatmaklyk mümkinçiligini aradan aýyrýar .

***11)* kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen ýa-da dolandyryş temmisini bermek ygtyýarlygyna girýän edaranyň karary bilen iş ýerinde emlägi ogurlan, sowran, ony bilgeşleýin dargadan ýa-da zaýalan mahalynda ( Zähmet Kodeksiniň *42-nji maddasynyň birinji böleginiň 11-njy bendi)*;**

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy şu esas boýunça, kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kazyýet we derňew edaralarynyň aklamaýan esaslar boýunça işi ýatyrmak baradaky kararlary ýa-da olar barasynda hukukly edaranyň dolandyryş temmi çäresini ulanmak baradaky karary, şonuň ýaly hem zähmet toparynyň ýa-da jemgyýetçilik guramasynyň jemgyýetçilik täsir ediş çärelerini ulanmak baradaky çözgüdi bilen işgäriň günäsi anyklanan ýagdaýynda onuň işden çykarylyp bilinýändigini düşündirýär. Iş ýerinden döwletiň emläginiň ýa-da döwletiňki bolmadyk kärhananyň, edaranyň, guramanyň emläginiň ogurlanandygy, şol sanda ownuk ogurlyk üçin işden çykarylmagy hem düzgün-nyzam çäresi bolup durýandygyny we şu düzgün-nyzam çäresini ulanmaklyk üçin kesgitlenen bi aýlyk möhletiň kazyýetiň çözgüdiniň güýjüne giren gününden hasaplanyp başlanýandygy, beýleki ýagdaýlarda bolsa dolandyryş temmi çäresini ulanmak ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň jemgyýetçilik guramasynyň jemgyýetçilik täsir ediş çäresini ulanmak baradaky çözgüdi kabul eden gününden ýa-da kazyýet we derňew edaralarynyň aklamaýan esaslar

boýunça işi ýatyrmak baradaky çözgüdi kabul eden gününden hasaplanyp başlanýandygyny göz öňünde tutmalydygyny düşündirýär.

***12)* zähmeti goramak baradaky talaplaryň işgär tarapyndan bozulan mahalynda, eger bu düzgün bozma agyr netijelere getirse (önümçilikde betbagtçylykly hadysa, awariýa, heläkçilik) ýa-da şeýle netijeleriň gelip ýetmegine görnetin hakyky howp döretse; (Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň *42-nji maddasynyň birinji böleginiň 12-nji bendi)*;**

Türkmenisanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda işgär zähmeti goramak y we onuň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça talaplar berjaý etmeklige borçludyr. Işgär, şeýle hem adamlaryň janyna we saglygyna we iş berijiniň emläginiň saklanylmagyna howp salýan ýagdaýlar hakynda haýal etmän gös-göni ýolbaşçysyna ýa-da iş berijä habar bermäge borçly bolup durýar. Işgäriň bu borçlary Zähmet Kodeksiniň 192-nji maddasynda anyklaşdyrylandyr. Birinjiden, ol zähmeti goramagyň Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem zähmeti goramak boýunça düzgünler we gollanmalar tarapyndan bellenilen talaplaryny we zähmeti goramak boýunça degişli gollanmalaryň, düzgünleriň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny berjaý etmäge, maşynlary, enjamlary we önümçiligiň beýleki serişdelerini howpsuz ulanmagyň, şeýle hem kärhananyň, önümçilik, kömekçi we durmuş jaýlarynyň çäginde alyp baryş kadalaryny berjaý etmäge hem-de köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda zähmeti goramak boýunça kadalary hem borçnamalary we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip nyzamyny ýerine ýetirmäge borçludyr.

Ikinjiden, işgäriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň dogry ulanylmak, olaryň ýok halatlarynda gös-

göni ýolbaşça haýal etmän habar bermek borçy bardyr. Hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen bellenilen tertipde üpjün etmek we olardan dogry peýdalanmaklygy öwretmeklik iş berijiniň borjuna girýär. Üçünjiden işgär zähmeti goramak boýunça işlerde howpsuzlyk usullaryny we tärlerini öwrenmäge, önümçilikde betbagtçylykly hadysalarda ilkinji kömegi bermäge, zähmeti goramak boýunça gözükdirmäni, iş ýerinde tälim alşyny, zähmeti goramagyň talaplaryna bolan bilimleriň barlanylmagyny geçirmäge hem-de işe giren mahaly hökmany suratda deslapky we zähmet işi döwründe döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini (barlagyny) geçmäge borçludyr.Dördünjiden işgär sagdyn we howpsuz iş şertlerini döretmäge we şeýle iş bilen üpjün etmekde iş beriji bilen hyzmatdaşlyk etmäge, önümçilikde bolup geçen betbagtçylykly hadysa hakynda, şeýle hem özi ýa-da onuň daş-töweregindäki adamlar üçin howp salýan ýagdaýlar hakynda haýal etmän gös-göni ýolbaşçysyna habar bermäge borçludyr.

Şu görkezilen şertler bozulan ýagdaýynda iş berijiniň işgäri Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 12-nji bendi esasinda işden boşatmaga hukugy bardyr. Şonda iş berijiniň işgäriň zähmer borçlaryny gödek bozandygyny görkezýän subutnamasynyň bolmalydygyny göz öňünde tutmak gerek.

***13)* zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär tarapyndan iş berijä galp resminamalaryň ýa-da görnetin ýalan maglumatlaryň berlendigi ýüze çykarylanda Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň *42-nji maddasynyň birinji böleginiň 13-nji bendi)*;**

Zähmet kodeksiniň 42-nji maddasynyň şu bendi Kodeksiň 39-njy maddasynyň 12-nji bendi we 49-njy maddasy bilen utgaşyp, zähmet şertnamasynyň Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy netijesinde bes edilmegi netijesinde işgäre işi dowam etdirmeklik mümkinçiligini aradan

aýyrýar we ol iş berijide bar bolan başga işe geçirilip bilinmeýär. Şu ýagdaýda eger zähmet şertnamasyny baglaşmaklygyň tertibi işgäriň günäsi bilen iş berijä galp resminamalaryň ýa-da görnetin ýalan maglumatlaryň berlendigi netijesinde bozulanlygy ýüze çykarylanda, onda işgär bilen zähmet şertnamasy Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 39-njy maddasynyň 12-nji bendi bilen dälde, eýsem 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 13-nji bendi esasynda ýatyrylýar .

**14) kärhananyň ýolbaşçysy, kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalary bilen zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň *42-nji maddasynyň birinji böleginiň 14-nji bendi)*;**

Kärhananyň ýolbaşçysy, kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalary bilen zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan halatlar zähmet şertnamasyny ýatyrmaklyk üçin esas bolup durýarlar . Şonuň üçin şu esas bilen işgär işden boşadylanda zähmet depderçesine işden boşadylanlygy hakynda ýazgy edilende Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 14-nji bendne we işgär bilen baglanyşylan zähmet şertnamasynyň degişli bendine salgylanylýar.

*15* ) Türkmenistanyň Zähmet Kodeksinde bellenilen beýleki halatlarda .

Zähmet şertnamasy iş berijiniň başlangyjy boýunça Zähmet Kodeksinde bellenilen beýleki halatlarda ýatyrmaklyk Zähmet Kodeksiniň şu bendine laýyklykda amala aşyrylýar.

***Işgärleriň aýry-aýry toparlary bilen zähmet şertnamasyny bes etmegiň goşmaça esaslary*** Zähmet Kodeksinde aýratyn bellenilýär. Olar şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar:

*1) öz tertipnamalaryna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän kärhananyň (düzüm birliginiň)*

*ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we işgärleriniň zähmet borçlaryny bir gezek gödek bozmagy;*

Muňa, hususanda görkezilen adamlar tarapyndan zähmet şertnamasy bilen ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmezligiň işgärleriň saglygyna we kärhananyň emlägine zyýan etmegine getirýän ýagdaýlar degişli bolup durýar. Şonuň üçin, her bir aýratyn ýagdaýda düzgüni bozmanyň gödek bozulmalar bolýanlygy hakyndaky çözgüt iş beriji tarapyndan kabul edilýär.

2*) kärhananyň (düzüm birliginiň) ýolbaşçysynyň, onuň orunbasarlarynyň we baş hasapçysynyň emlägi saklamagyň bozulmagyna, onuň bikanun peýdalanylmagyna ýa-da kärhana başga zyýan (zelel) ýetirilmegine getiren esassyz karar kabul etmegi;*

Işgäri şu esas boýunça işden boşatmaklyk üçin iş beriji birinjiden, kärhana zyýan (zelel) ýetirilenliginiň anyk subut edilenligini tassyklamaly, ýagny şol barada degişli ykrarnama düzmeli, ikinjiden zyýanyň işgäriň kabul eden karary esasynda ýetirilenligine subutnama bolmaly, ýagny işgäriň ýazmaça buýrugy ýa-da şaýatlaryň görkezmelerine esaslanýan dilden beren ygtyýarnamasy bolmaly.

Olardan başga-da, kanunda görkezilen ýagdaýlarda kärhananyň ýolbaşçysy özüniň günäli hereketleri netijesinde kärhana ýetirilen zyýanyň öwezini dolýar. Şonda ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyk raýat kanunçylygynda görkezilen kadalara laýyklykda amala aşyrylýar.

*3) pul we beýleki gymmatlyklara gös-göni hyzmat edýän işgär tarapyndan bikanun hereketleriň amala aşyrylmagy, eger bu hereketler iş beriji tarapyndan oňa ynamy ýitirmek üçin esas berýän bolsa;*

Bu esas boýunça diňe pul we beýleki gymmatlyklara gös-göni hyzmat edýän işgär işinden boşadylyp bilner, özem kanun sol işgäri işden boşatmaklygy üçin şu esasy onuň doly

maddy jogapkärçilik hakynda şertnamanyň baglanyşylandygyna ýa-da baglanyşylmangyna bagly etmeýär. Zähmet Kodeksiniň 232-nji maddasynda doly şahsy maddy jogapkärçilik hakyndaky ýazmaça şertnamalar özlerine berlen gymmatlyklary saklamak, işläp bejermek, satmak (goýbermek), daşamak ýa-da önümçiligiň barşynda ulanmak bilen gös-göni baglanyşykly wezipeleri eýeleýän ýa-da işleri ýerine ýetirýän (on sekiz ýaşyna ýeten) işgärler bilen baglaşylyp bilinýändigini bellemek gerek.

Şonuň ýaly wezipeleriň ýa-da işleriň sanawy, şeýle hem doly hususy maddy jogapkärçilik hakyndaky birkysmy şertnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Şu esas boýunça işgäri işden boşatmaklyk üçin işgäriň günäli iş edendigini tassyklaýan faktlar bolmalydyr (mysal üçin para almak, ogurlyk, kezzapçylyk we başgalar) özi hem şol faktlar işgäriň şol kärhanadaky işi bilen bagly bolmasa hem bolýar. Işgäriň öz gulluk borçlaryny bozmaklygy yzygiderli häsiýete eýe bolanda-da, şeýle-de bir gezek, ýone gödek bozmaklygy oňa ynamyň ýitirilmegi üçin esas bolup bilýär.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy bildirilýän ynamy ýitirenligi üçin diňe pul ýa-da haryt gymmatlyklaryna gös-göni hyzmat edýän (kabul etmek, gorap saklamak, daşamak, paýlamak) we iş berijä oňa bildirilen ynamy ýitiren diýmäge esas berýän günäli hereketleri eden işgärler işden çykarylyp bilinýändigini we şunuň ýaly hereketlere, hususanda aşakdakylar degişli edilýändigini düşündirýär: hyzmatlar üçin töleg pulunyň degişli resminamalarsyz alynmagy, harytlaryň gös-göni ambarlardan, kömekçi jaýlardan satylmagy, agramynyň kem ölçenilmegi, harytlaryň alyjylardan gizlenilmegi, spirtli içgileri satmagyň we düzümi neşe maddaly derman serişdelerini goýbermegiň düzgünleriniň bozulmagy we ş/m. Ogurlygyň edilenligi, para

alnanlygy ýa-da başga betnebislikli hukuk bozulmalaryň edilenligi kanunda göz öňünde tutulan halatlarda anyklanylan bolsa, eger bu hereketler işgärleriň öz işi bilen baglanyşykly bolmadyk ýagdaýlarynda hem şol işgärler bildirilen ynamy ýitiren diýen esas boýunça işden çykarylyp bilinýändigini düşündirýär.

*4) terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgär tarapyndan onuň bu işi dowam etdirmegi bilen bir ýere sygyşmaýan ahlaksyz etmişi amala aşyrmagy;*

Terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirmeýän işgärler şu esas boýunça işden boşadylyp bilinmez. Zähmet Kodeksi ahlaksyz etmişiň kesgitlemesini özünde saklamaýar, şonuň üçin iş beriji bu ýagdaýda umumyykrar edilen ahlak kadalaryndan ugur almalydyr. Mysal üçin, işe içgili gelmek, çagalaryň gözleriniň öňünde spirtli içgileri içmek we ş/m ahlaksyz etmiş bolup biler. Şonda, ahlaksyz etmişiň işde ýa-da onuň çäginden daşarda edilendigine garamazdan işden boşatmaklyga hukuk berýändigini göz öňünde tutmak gerek. Ahlaksyz etmişi amala aşyranlygy üçin işgäri işden boşatmaklyk diňe terbiýeçilik wezipelerini ýerine ýetirýän işgär tarapyndan edilen we onuň bu işi dowam etdirmegi bilen bir ýere sygyşmaýan ýagdaýynda mümkindir.Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň 1996-njy ýylyň 18-nji dekabryndaky Plenumy ahlak taýdan şol işi dowam etdirmek bilen bir ýere sygyşmaýan etmişi edendigi üçin zähmet şertnamasy ýatyrylan işgärleriň işe dikeltmek baradaky hak isleglerini çözenlerinde kazyýetleriň diňe terbiýeçilik işleri bilen meşgul bolýan işgärleriň, mysal üçin mekdepleriň we beýleki okuw jaýlarynyň mugallymlarynyň, önümçilik okuwlarynyň ussalarynyň, çagalar baglarynyň terbiýeçileriniň we beýlekileriň şu esas boýunça işden çykarylmagyna ýol berilýänliginiden ugur almalydyklary düşündirilýär.

***5) Türkmenistanyň kanunçylygyna we zähmet şertnamasynyň şertlerine laýyklykda beýleki esaslar.***

Türkmenistanyň kanunçylygyna we zähmet şertnamasynyň şertlerinde ýokarda görkezilenlerden başga esaslar bar bolsa işgärleriň şol toparlary bilen zähmet şertnamasyny bes etmeklik şu esas boýunça amala aşrylýar.

**Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň (etrap derejesinden pes bolmadyk) talap etmegi boýunça** iş beriji zähmet kanunçylygyny bozýan we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmeýän ýolbaşçy işgär bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga ýa-da ony eýeleýän wezipesinden boşatmaga borçludygy hakyndaky ýörüte kada Zähmet Kodeksinde bellenilýär. Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň talaby diňe kärhananyň ýolbaşçysy, olaryň orunbasarlary we baş hünärmenler, şeýle hem kärhananyň düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary, olaryň orunbasarlary babatda çykarylyp bilner. Zähmet şertnamasyny bes etmek ýa-da wezipesinden boşatmak baradaky talaba seretmeklik Kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan talap çykarylýan işgäriň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Kärdeşler arkalaşygy guramasy tarapyndan talap bildirilen işgär ýa-da iş beriji talabyň habar günüden başlap ýedi güniň dowamynda ýokarda durýan Kärdeşler arkalaşygy guramasyna täzeden seredilmegi üçin arza bilen ýüz tutup bilýär, onuň çözgüdi gutarnykly bolýar.

***Zähmet şertnamasy taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça*** bes edilip bilinýär:

- *işgäriň harby gulluga çagyrylmagy ýa-da harby işe girmegi, işgäriň Türkmenistanyň harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky kanunçylyk bilen ýerine ýetirilmegi bilen şertlendirilen işe iberilmegi;*

Bu esas boýunça işgärler ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky kanunçylygyna laýyklykda şertlendirilen harby gulluga işgäriň çagyrylmagy ýa-da harby işe girmegi netijesinde işden

çykarylýar. Zähmet şertnamasy ýatyrylanda olara ortaça iki hepdelik zähmet hakynyň möçberindäki işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilýär/

- *ygtyýarly edaranyň ýa-da kazyýetiň karary boýunça öň bu işi ýerine ýetiren işgäriň işe dikeldilmegi;*

Öň şol işi ýerine ýetiren işgär kanuny tertipde işe dikeldilen ýagdaýynda onuň ýerine işe kabul edilen işgär işden boşadylyp bilner. Şu esas boýunça işden boşadylmak diňe haçanda iş beriji kanun boýunça işgäre öňki işini gaýtaryp bermeklige borçly bolan ýagdaýynda ýol berilýär. Zähmet Kodeksiniň 47-nji maddasynyň 3-nji punkty bilen zähmet şertnamasynyň bes edilmegi ýatyrylanda, onuň razyçylygy bilen işgäri başga işe geçirmeklik mümkin bolmadyk ýagdaýynda ýol berilýär, şonda oňa ortaça iki hepdelik zähmet hakynyň möçberindäki işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilýär.

Taraplaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlar boýunça zähmet şertnamasyny bes etmeklige şeýle-de aşakdaky esaslar degişlidir:

- saýlawly wezipä geçmegi;
- wezipä saýlanylmazlygy;
- lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda işgäriň zähmete doly ukypsyz diýlip ykrar edilmegi;
- kazyýetiň kanuny güýje giren hökümine laýyklykda işgäriň öňki işiniň dowam etdirilmegini aradan aýyrýan temmi berilmegi;
- işgäriň ýa-da iş beriji – şahsy tarapyň aradan çykmagy, şeýle hem kazyýetiň olary aradan çykan diýip yglan etmegi ýa-da nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegi;
- işgäriň ýa-da iş beriji – şahsy tarapyň kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok ýa-da kämillik ukyby çäklendirilen diýlip ykrar edilen mahalynda, eger bu olaryň öňki işini dowam etdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýan

bolsa;

- zähmet gatnaşyklarynyň dowam etdirilmegine päsgel berýän adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda (harby hereketler, heläkçilik, tebigy betbagtçylyk, uly awariýa, epidemiýa we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar), eger bu ýagdaý Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen ykrar edilen bolsa;

- eger ýerine ýetirilýän iş şeýle rugsady talap etse, döwlet syryna rugsadyň bes edilmegi hem degişlidir .

Möhletli zähmet şertnamasynyň hereketiniň bes edilmegi Zähmet Kodeksiniň 39-47-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýa-da iş orny (wezipesi) saklanyp galýan wagtlaýyn bolmadyk işgäriň işe gaýdyp gelen gününden başlap bes edilmek arkaly amala aşyrylýar. Şeýle-de, wagtyň görnetin belli bir döwri üçin ýa-da görnetin belli bir işi ýerine ýetirmek, betbagtçylykly halatlaryň, awariýalaryň, katastrofalaryň, epidemiýalaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça möhletli işleriň geçirilýän döwri üçin, şonuň ýaly-da görkezilen ýagdaýlary we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň ýetiren täsirlerini aradan aýyrmak üçin, önümçiligiň ýa-da hyzmatlary bitirmegiň möçberleriniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleriň geçirilýän döwründe, durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we beýleki işleriň geçirilýän döwründe işgär bilen baglaşylan zähmet şertnamasy görkezilen ýagdaýlaryň tamamlanmagy bilen şertnamanyň şertine laýyklykda bes edilýär .

Zähmet şertnamasyny baglaşmagyň Zähmet Kodeksinde ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen kadalarynyň bozulmagy işi dowam etdirmek mümkinçiligini aradan aýyrýan bolsa, onda zähmet şertnamasy bes edilýär. Olara şulardan ybaratdyr:

1) anyk adamy kesgitli wezipäni eýelemek ýa-da belli bir iş bilen meşgul bolmak hukugyndan mahrum etmek hakynda

kazyýetiň hökümi ýerine ýetirilmän zähmet şertnamasy baglaşylanda;

2) lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýyna görä bu adama bolmaýan işi ýerine ýetirmek üçin zähmet şertnamasy baglaşylanda;

3) eger Türkmenistanyň kanunlaryna ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işiň ýerine ýetirilmegi ýörite bilimleri we endikleri talap edýän bolsa, bilimi ýa-da hünäri hakynda degişli resminamanyň ýoklugy;

4) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlarda zähmet şertnamasy bes edilmegine eger işgäri onuň ýazmaça razylygy bilen iş berijide bar bolan başga işe geçirmäge mümkinçilik bolmasa ýol berilýär . Haçanda zähmet şertnamasy bes edilende, eger işgäriň günäsi bolmazdan zähmet şertnamalaryny baglaşmagyň düzgünleriniň bozulmagyna ýol berlenligi ýüze çykarylsa, onda iş beriji işgäre iki hepdelik ortaça zähmet haky möçberinde işden çykylanda berilýän kömek puluny töleýär.

Zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) işe kabul etmegiň hukugyna eýe bolan adamlar ýa-da olar tarapyndan ygtyýarly edilenler tarapyndan geçirilýär we olaryň buýrugy bilen resmileşdirilýär. Iş berijiniň buýrugynda zähmet şertnamasyny bes etmegiň (ýatyrmagyň) esaslary, Zähmet kodeksiniň bendine, bölegine, maddasyna ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanma bilen Zähmet Kodeksiniň düzgünlerine takyk laýyklykda görkezilmelidir. Işiň soňky güni zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) güni hasaplanýar. Eger soňky iş güni dynç gününe ýa-da baýramçylyk ýa-da başga işlenmeýän güne düşse, onda soňky iş güni diýlip, ondan soň gelýän birinji iş güni hasap edilýär. Işgär öz islegi boýunça zähmet şertnamasyny bes edilende işden gitmek hakynda arza

ýazylýar. Syrkawlygy, maýyplygy, pensiýa gitmegi, harby gulluga çagyrylmagy, orta hünärment ýa-da ýokary okuw mekdebine, aspirantura ýa-da doktorantura kabul edilmegi bilen baglanyşykly we Türkmenistanyň kanunçylygynyň belli bir ýeňillikleriň we artykmaçlyklaryň berilmegini baglanyşdyrýan başga sebäpler boýunça zähmet şertnamasy işgäriň başlangyjy boýunça bes edilende (ýatyrylanda) zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky buýrukda bu sebäpler görkezilýär.

Işgär bilen zähmet şertnamasynyň bes edilendigini resmileşdirmek we onuň hasabyny ýöretmeklik üçin ýörüte buýruk kabul edilýär. Işden boşatmak hakyndaky buýruk işgärler boýunça gullugyň işgärleri tarapyndan doldurylýar we kärhananyň ýolbaşçysy ýa-da olar tarapyndan ygtyýarly edilenler tarapyndan gol çekilýär we işgäri gol çekdirmek arkaly tanyşdyrylýar. Buýrugyň mazmuny baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerine laýyk gelmelidir. Işden boşatmak hakyndaky buýruk resmileşdirilende şu maglumatlar görkezilmelidir:

- kärhananyň ady;
- işgär bilen işe kabul edilende baglaşylan zähmet şertnamasynyň senesi we belgisi;
- işden boşatmak hakyndaky buýrugyň düzülen senesi we belgisi;
- işgäriň işden boşadylýan senesi;
- işden boşadylýan işgäriň familiýasy, ady we atasynyň ady ;
- işden boşadylýan işgäriň işleýän düzüm birliginiň ady;
- işden boşadylýan işgäriň hünäri (wezipesi);
- işden boşadylmaklygyň Zähmet kodeksine salgylanýan esasy (mysal üçin *: öz islegi boýunça, 42 madda, Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi;* kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda,, *Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 42-nji maddasynyň 2-nji bendi*);

- işden boşatmak hakyndaky buýrugy çykarmak üçin esas bolan resminama. Düzgüne görä, bu ýerde şeýle resminamanyň ady we rekwizitleri görkezilýär (mysal üçin*: «işgäriň 14.11.2009 ýyldaky arzasy; ýatyrmaklyk baradaky “--” ýyldaky № ___ karar we ş/m* );

Haçanda işgäri işden boşatmaklyk üçin kärhananyň Kärdeşler arkalaşyk guramasynyň razyçylygy gerek bolan ýagdaýynda, buýrukda Kärdeşler arkalaşyk guramasynyň razylygy baradaky kararynyň belgisi we wagty görkezilýär. Işden çykarmaklyk hakyndaky ýazgylar işgäriň zähmet depderçesine işden çykarylan güni ýazylýar. Onuň ýazylyş tertibi ýörüte düzgünnama laýyklykda kesgitlenýär. Zähmet depderçeçine ýazylan işden çykarylmagynyň sebäpleri hakyndaky ýazgylar kärhananyň ýolbaşçysynyň işgäri işden boşatmak hakyndaky buýrugyna laýyk gelmelidir we ulanylan kanunlaryň kesgitlemelerine takyk laýyklykda we kanunyň degişli maddasyna, bölümine salgylanyp ýazylan bolmalydyr.

Zähmet Kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününde iş beriji işgäre onuň zähmet depderçesini oňa işden boşatmaklyk baradaky ýazgy etmek bilen we zähmet şertnamasyny bes etmek (ýatyrmak) hakyndaky buýrugyň nusgasyny bermäge borçludyr. Eger zähmet şertnamasynyň bes edilen (ýatyrylan) gününde işgäriň ýoklugy ýa-da zähmet depderçesini eline almakdan onuň ýüz öwürmegi sebäpli zähmet depderçesini bermäge mümkinçilik bolmasa, iş beriji zähmet depderçesini almagyň zerurlygy hakyndaky habarnamany işgäre ugradýar. Şeýle hem iş beriji işgäriň, şol sanda öňki işgäriň haýyşy boýunça kärini, hünärini, kwalifikasiýasyny ýa-da wezipesini, iş wagtyny we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen, bäş gün möhletden gijä galman kepilnama bermäge, şeýle hem işi hakyndaky beýleki resminamalary ýa-da olaryň göwnejaý ýagdaýda tassyklanan nusgalaryny bermäge borçludyr.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilýär. Işden çykylanda berilýän kömek puly - bu işgäriň işe ýerleşýän wagtyndaky maddy kömegiň möçberi bolup, onuň günäsi bolmazdan işden boşadylanda iş beriji tarapyndan tölenilýär. Şeýlelikde, zähmet şertnamasy işgäriň harby gulluga çagyrylmagy ýa-da girmegi, ýerine ýetirilmegi harby borçlulyk we harby gulluk hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen şertlendirilen işgäriň işe iberilmegi bilen (*ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi),* ygtyýarly edaranyň ýa-da kazyýetiň karary boýunça öň bu işi ýerine ýetiren işgäriň işe dikeldilmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi),* lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda işgäriň zähmete doly ukypsyz diýlip ykrar edilmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendi),* zähmet şertnamasynyň şertleriniň üýtgedilmegi bilen baglanyşykly işgäriň işi dowam etdirmekden ýüz öwürmegi (*ZK-niň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi),* işgäriň lukmançylyk netijenamasynyň esasynda saglyk ýagdaýy boýunça başga işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi ýa-da iş berijide degişli işiň ýoklugy (*ZK-niň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendi),* iş berijiniň başga ýere geçmegi bilen baglanyşykly, işgäriň şol ýere işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi (*ZK-niň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendi)* esasynda ýatyrylanda işgärlere ortaça iki hepdelik zähmet hakynyň möçberindäki işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilýär:

Kärhana ýatyrylanda iş beriji – şahsy adam tarapyndan iş bes edilende (*ZK-niň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi)*, kärhananyň işgärleriniň sanyny ýa-da wezipe sanyny gysgaltmak bilen zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) (*ZK-niň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi)* işden boşadylýan işgärlere işden çykylanda berilýän kömek puly

ortaça aýlyk zähmet haky möçberinde berilýär. Olaryň işe ýerleşýän döwri üçin ortaça zähmet haky saklanylýar, ýöne ol işden çykylanda berilýän kömek puluny hasaba almak bilen işden boşadylan günden başlap iki aýdan köp bolmaly däldir. Işe ýerleşdiriş edarasynyň karary boýunça kadadan çykma tertibinde we işgäriň bu edara öz wagtynda (işden boşandan soň iki hepde möhletde) ýüz tutan we işe ýerleşdirilmedik şertinde we işden boşan gününden başlap üç aýyň içinde ortaça zähmet haky saklanýar. Işden çykylanda berilýän kömek puly we saklanyp galýan ortaça zähmet haky ozalky iş ýerinde tölenilýär. Işi utgaşdyryp alyp barýanlara işden çykylanda berilýän kömek puly tölenilmeýär. Zähmet kodeksiniň 137-nji maddasyna laýyklykda, işden çykarylanda berilýän kömek pulundan tutum tutulmagyna ýol berilmeýär.Zähmet şertnamasy bes edilende (ýatyrylanda) iş berijiden tölenmäge degişli zähmet hakyny işgäre tölemeklik amala aşyrylýar. Hususan-da, şeýle töleglere şular degişlidir:

- işgär bilen zähmet şertnamasynyň bes edilen aýynda işlenen günler üçin tölegler;
- ulanylmadyk rugsatlar üçin öwez puly;
- iş işden çykan aýynyň öňki aýlaryndaky zähmet haky üçin iş berijiniň işgäre bolan bergisi.

Soňra ol töleglerden tutumlaryň möçberi we tölege degişli möçberi kesgitlenýär. Işden çykan işgäre hasaplanylan möçberlerden hususanda, şu tutumlar alnyp galynýar:

- Şahsy adamlaryň girdejisine salgyt;
- işgäriň rugsatdaky işlenilmedik günler üçin bergisi .

Zähmet şertnamasy bes edilende, tölenmäge degişli zähmet haky işgäre kanunçylykda bellenilen möhletlerde tölenmelidir. Adatça, ol zähmet şertnamasynyň hereketiniň bes edilen gününde amala aşyrylýar.Zähmet kodeksiniň 109-njy maddasyna laýyklykda, işgär işden çykanda ulanylmadyk her ýylky esasy we goşulýan goşmaça rugsatlarynyň hemmesi üçin

pul bilen öwezini dolmak arkaly tölenilýär ýa-da (Kodeksiň 42-nji maddasynyň 5-13-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlardan başga) onuň islegi boýunça soňra işden çykmak bilen oňa doly ýa-da kem-käsleýin peýdalanylmadyk her ýylky esasy we goşulýan goşmaça rugsat berlip bilner. Şonda, işden çykmagyň senesi rugsat gutarandan soň onuň yz ýanyndan gelýän gün hasaplanýar. Zähmet şertnamasynyň möhletiniň dolmagy sebäpli, soňra işden çykmagy bilen berilýän rugsady hakyky işlenilen wagt we umuman goşanyňda zähmet şertnamasynyň möhletiniň çäklerinden daşary çykýan wagt üçin hem berlip bilner. Öz başlangyjy boýunça soňra işden çykmak bilen zähmet şertnamasyny bes edýän işgär egerde, başga işe çeçmek tertibinde başga işgär alynmadyk bolsa, rugsadyň başlanmagyna çenli öz arzasyny yzyna almaga hukugy bardyr. Eger işgär iş ýylynyň tamamlanmagyna çenli şol ýyl üçin zähmet rugsadyny alan bolsa, onda Zähmet kodeksiniň 135-nji maddasyna laýyklykda, işgäriň rugsatdaky işlenilmedik günleriniň bergisini üzmekligi üçin işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutulýar. Iş ýyly tamamlanmanka, işden çykan işgäre rugsadynyň işlenilmedik günleri üçin rugsadynyň hasabyna berlen tölegler üzmek üçin, işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak olaryň işleýän ýerinde iş berijiniň buýrugy esasynda amala aşyrylýar. Eger işgäriň lukmançylyk netijenamasynyň esasynda saglyk ýagdaýy boýunça başga işe geçirilmeginden ýüz öwürmegi ýa-da iş berijide degişli işiň ýoklugy *(ZK-niň 39-njy maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendi*), kärhana ýatyrylanda ýa-da iş beriji – şahsy tarap tarapyndan iş bes edilende *(ZK-niň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi*), kärhananyň işgärleriniň sany ýa-da wezipe sanawy gysgaldylanda, şol sanda önümçilik tehnologiýasynyň, zähmeti guramagyň üýtgedilmegi, işleriň möçberleriniň gysgaldylmagy bilen baglanyşykly *(ZK-niň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi*), kärhananyň eýesi çalşanda (kärhananyň

ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy babatynda) *(ZK-niň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendi*), eger belli bir kesel sebäpli iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilmedik bolsa, onda göwrelilik we çaga dogurmak baradaky rugsadyň döwrüni hasaplamanyňda işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk netijesinde bassyr dört aýdan köp wagtlap işe gelinmedik mahalynda *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 7-nji bendi*), işgäriň harby gulluga çagyrylmagy ýa-da harby işe girmegi, işgäriň Türkmenistanyň harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky kanunçylyk bilen ýerine ýetirilmegi bilen şertlendirilen işe iberilmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendi*, ygtyýarly edaranyň ýa-da kazyýetiň karary boýunça öň bu işi ýerine ýetiren işgäriň işe dikeldilmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendi)*, lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda işgäriň zähmete doly ukypsyz diýlip ykrar edilmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 5-nji bendi)*, işgäriň ýa-da iş beriji – şahsy tarapyň aradan çykmagy, şeýle hem kazyýetiň olary aradan çykan diýip yglan etmegi ýa-da nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmegi *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 7-nji bendi*), zähmet gatnaşyklarynyň dowam etdirilmegine päsgel berýän adatdan daşary ýagdaýlar ýüze çykanda (harby hereketler, heläkçilik, tebigy betbagtçylyk, uly awariýa, epidemiýa we beýleki adatdan daşary ýagdaýlar), eger bu ýagdaý Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen ykrar edilen bolsa *(ZK-niň 47-nji maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendi*), şol esaslar boýunça işden çyksa, şol günler üçin tutumlar tutulmaýar. Pensiýa çykmagy bilen baglanyşykly işgär işden çykan mahalynda hem rugsadyň işlenilmedik günleri üçin tutumlar tutulmaýar. Zähmet Kodeksiniň 134-nji maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamasynyň hereketi bes edilen mahalynda, iş berijiden işgäre düşýän puluň ählisini tölemeklik

işgär işden çykan güni amala aşyrylýar. Eger işgär işden çykýan güni işlemedik bolsa, onda oňa degişli pul işgäriň hasaplaşyk hakyndaky talapnamany bildiren gününden soň, yzyndan gelýän günden gijä galman tölenilmelidir. Işgär işden çykan mahalynda, oňa düşýän puluň möçberi hakynda jedel ýüze çykan halatynda, iş beriji şol maddada görkezilen möhletde onuň dawalaşylmaýan möçberini tölemäge borçludyr. Düzgüne görä, tölegler kärhananyň kassasy tarapyndan amala aşyrylýar

## IV . Iş wagty we dynç alyş wagty

### §1. Iş wagty.

Iş wagty diýlip, kesgitli wagtyň dowamynda işgäriň kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna ýa-da iş grafigine ýa-da zähmet şertnamasynyň ýa-da köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerine laýyklykda, öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli wagtyna düşünilýär. Iş wagty baradaky kadalar Zähmet kodeksiniň IV bölüminde 58-72-nji maddalary bilen düzgünleşdirilýär. Iş beriji her bir işgäriň hakyky işlän wagtynyň hasabyny ýöretmelidir. Sebäbi, iş wagtynyň kadalaryny takyk kesgitlemek işleýänleriň zähmetini goramak üçin hem, jemgyýete zerur bolan möçberini bellemek üçin hem gerek. Iş wagtynyň ýitirilmegi, öndürilýän önümiň möçberini azaldýar. Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen, täze tehnologiýalaryň ornaşmagy bilen iş wagtynyň gymmaty ýyl-ýyldan ösýär. Iş wagty bellenilişi boýunça takyk peýdalanylmalydyr, işgärleri gös-göni işinden sowmak bilen dürli görnüşli jemgyýetçilik işlerini geçirmeklik üçin çekmeklik gadagan edilýär. Iş wagtynyň dowamlygyny kadalaşdyrmak döwlet tarapyndan kärdeşler arkalaşyklarynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Kanun tarapyndan bellenilen iş wagtynyň dowamlygyny üýtgetmeklige gönükdirilen nähilidir bir

ylalaşyklaryň baglanyşylmagyna ýol berilmeýär. Hereket edýän zähmet kanunçylygy iş wagtynyň şu görnüşlerini belleýär. 1) kadaly iş wagty; 2) gysgaldylan iş wagty; 3) doly däl iş wagty.

Zähmet Kodeksiniň 59-njy maddasynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepde-de 40 sagatdan ýokary bolmaly däldigi bellenilýär. Işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen, kärhanada bäş günlik iş hepdesi ýa-da altygünlik iş hepdesi bellenilýär. Alty günlük ýa-da bäş günlük iş hepdesiniň kesgitlenmegi önümçiligiň häsiýeti we işiň şertleri bilen baglydyr. Mysal üçin: mekdeplerde, hassahanalarda, dükanlarda, ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalarda alty günlik iş hepdesi bellenilýär. Ylmy-barlag institutlarynda, döwlet dolandyryş edaralarynda 5 günlük iş hepdesi bellenilýär. Iki ýa-da üç smenaly işler bolan önümçiliklerde iş berijä kärdeşler arkalaşyklary bilen ylalaşmak bilen iş wagtynyň bellenilen hepdelik we gündelik kadasyny berjaý etmek bilen, dynç günlerini üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesini bellemeklige ýol berilýär. Grafikler smenalaýyn çalşyrmany deň üpjün etmelidir. Bir smenadan başgasyna geçmeklik düzgün hökmünde bir hepdeden soň çalşyrmanyň grafigine laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

Kadaly iş wagty diýlip, işgärleriň iş wagtynyň dowamlygyny hasaba alyp bolýan, kärhanalarda, guramalarda we edaralarda belli bir wagtdan, bellenilen başga bir wagta çenli işlemeli wagta düşünilýär.

Gysgaldylan iş wagty kanun esasynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygyndan gysga dowamlylykda bellenilen iş wagtyna düşünilýär. Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy ýaşy on altydan on sekize çenli işgärler üçin hepde-de 36 sagatdan köp bolmadyk, ýaşy on alta çenli bolan adamlar üçin bolsa – hepde-de 24 sagatdan köp bolmadyk möçberde bellenilýär. Iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygyna hukuk berýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan

önümçilikleriň, sehleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Zähmet kanunçylygyna laýyklykda, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän işgärler üçin hepdede 36 sagatdan köp bolmaly däldir.Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparyň (mundan beýläk – HMAT) maslahatynyň esasynda I ýa-da II toparyň maýybyna iş wagtynyň gysgaldylan dowamlylygy bellenilip bilner, ýöne ol zähmet hakyny azaltmazdan hepdede 36 sagatdan az bolmaly däldir. Kinematografiýa guramalarynda, teatrlarda, teatral we konsert guramalarynda, sirklerde, ata-enelerden biriniň (hossarynyň) we hossarlyk we howandarlyk edarasynyň rugsady bilen, olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirmeýän eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşmak üçin on bäş ýaşyna ýetmedik adamlaryň iş wagtynyň dowamlylygy Zähmet Kodeksiniň 60-njy maddasynda görkezilen degişli ýaşly adamlar üçin göz öňünde tutulan iş wagtynyň ýokary dowamlylygynyň ýarysyndan ýokary geçmeli däldir.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde işgärleriň işiniň dowamlylygy bäşgünlük iş hepdesinde-de, altygünlük iş hepdesinde-de bir sagat gysgaldylýar. Önümçiligiň (işiň) şertleri boýunça işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama gününiň öň ýanyndaky günde işiň (çalşygyň) dowamlylygyny azaltmak mümkin bolmadyk üznüksiz işleýän kärhanalarda we işiň aýry-aýry görnüşlerinde işgäriň islegine görä goşmaça dynç alyş wagtyny bermek ýa-da iş wagtyndan daşary edilen iş üçin bellenilen kadalar boýunça hak tölemek bilen artyk işlenen işiň öwezi dolunýar. Altygünlük iş hepdesinde dynç gününiň öň ýanyndaky gün işiň dowamlylygy 5 sagatdan ýokary geçmeli däldir.

Iş wagtynynyň görnüşleriniň biri hem doly däl iş wagtydyr. Ol Zähmet Kodeksiniň 63-nji maddasyna

laýyklykda, işgär bilen iş berijiniň arasyndaky ylalaşyk esasynda, işe kabul edilen mahalynda-da ýa-da şondan soňra-da doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi görnüşinde bellenilýär. Iş beriji göwreli aýalyň, şonuň ýaly-da on dört ýaşyna çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan ata-enelerden biriniň (hossaryň, howandaryň), şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda, maşgalanyň syrkaw agzasyna seredýän adamyň haýyşy boýunça olara doly däl iş gününi ýa-da doly däl iş hepdesini bellemäge borçludyr. Işgär üçin doly däl iş wagty şertlerinde işlemek rugsadyň dowamlylygynyň, zähmet stažynyň hasaplanylmagynyň, haýsy-da bolsa beýleki zähmet hukuklarynyň bir hili çäklendirilmegine getirip bilmez. Doly däl iş wagty iş beriji bilen işgäriň arasynda baglaşylýan zähmet şertnamasynda görkezilýär we onuň dowamlygy taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär. Doly däl iş wagtyny gysgaldylan iş wagtyndan tapawutlandyrmak gerekdir. Olaryň esasy tapawudy gysgaldylan iş wagty kanunda görkezilen adamlara we onuň dowamlylygy kanunda kesgitlenendir. Şeýle hem, gysgaldylan iş wagtynda işleýän işgäriň aýlyk hakyny azaltmaga kanun rugsat bermeýär. Doly däl iş wagtynda bolsa, ol şertler taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenýär. Şol şertlerde işleýän işgärler zähmet hakyny işlän wagtyna ýa-da öndüren önümine görä alýarlar.

Zähmet kodeksiniň 62-nji maddasynda iş wagtynyň özbaşdak görnüşi bolan gijeki iş wagty bellenilýär. Agşam sagat 22-den ir sagat 6-a çenli bolan wagt – gijeki wagt hasap edilýär. Gijelerine işlenilýän mahalynda işiň (çalşygyň) bellenilen dowamlylygy 1 sagat gysgaldylýar. Bu düzgün Zähmet Kodeksiniň 60-njy maddasynyň birinji böleginiň 2-nji bendine laýyklykda özleri üçin iş wagtynyň gysgaldylmagy ozal göz öňünde tutulan işgärlere degişli däldir. Gijelerine işlemegiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur bolýan

halatlarda, hususan-da üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli altygünlük iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri, göwreli aýallary gijeki wagtdaky işlere çekmek gadagan edilýär. Üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar olaryň ýazmaça razylygy bolmazdan gijeki işlere çekilip bilinmez. Şonda olar özüniň işliň bu görnüşine çekilmekden boýun gaçyrmak hukugy bilen ýazmaça görnüşde tanyşdyrylmalydyrlar. Şeýle hem maşgalanyň syrkaw agzalaryna seredýän işgärleri lukmançylyk netijenamanyň esasynda seredilmäge mätäçlik çekýän bolsalar, iş beriji olary gijeki işlere ibermäge hakly däldir. Maýyplary gijeki wagtdaky işlere işe çekmäge, şeýle işlere olara lukmançylyk netijenamalary boýunça gadagan edilmedik şertlerinde diňe olaryň razylygy bilen ýol berilýär.

Ýokarda agzalanlardan başga-da, zähmet hukugynda iş wagtyndan daşary iş diýen düşünje bar. Iş wagtyndan daşary iş diýlip, iş berijiniň başlangyjy boýunça işgäriň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygyndan daşary eden işi, gündelik işi (çalşygy), şeýle hem hasap döwründe (aýda, çärýekde, ýylda) iş sagatlarynyň kadaly sanyndan artyk edilen iş hasap edilýär. Iş wagtyndan daşary işler kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň pikirini hasaba almak bilen işgäriň ýazmaça razylygy bilen geçirilip bilner. Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 64-nji maddasynda iş berijiniň iş wagtyndan daşary işleri aşakda görkezilen aýratyn halatlarda ulanyp bilýändigi bellenilendir:

1) tebigy betbagtçylygyň, önümçilik awariýasynyň öňüni almak we olaryň netijelerini gyssagly düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleri tarapyndan has gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin gerek bolan işler geçirilen mahalynda;

2) suw üpjünçiliginiň, gaz üpjünçiliginiň, ýyladyşyň, yşyklandyryşyň, lagymyň, ulagyň, aragatnaşygyň kadaly işlemegini bozýan tötänleýin ýa-da duýdansyz ýagdaýlary ýok etmek üçin zerur jemgyýetçilik işleri geçirilýän mahalynda;

3) önümçiligiň tehniki şertlerine görä garaşylmadyk bökdençlik sebäpli kadaly iş sagatlarynyň dowamynda ýerine ýetirilip (tamamlanyp) bilinmejek başlanylan işi ýerine ýetirmek ýa-da tamamlamak zerur bolan mahalynda, eger şunda başlanylan işiň ýerine ýetirilmezligi döwlet emläginiň we iş berijiniň emläginiň zaýalanmagyna ýa-da ýok bolmagyna getirip biljek bolsa;

4) mehanizmleriň ýa-da desgalaryň näsazlygy işgärleriň ep-esli sanynyň işleriniň duruzylmagyna getirjek halatlarda şol mehanizmleri ýa-da desgalary abatlamak we dikeltmek baradaky wagtlaýyn işler geçirilýän mahalynda;

5) çalşylýan işgär işe gelmedik mahalynda şol işi dowam etdirmek üçin, eger iş arakesme edilmegine mümkinçilik bermeýän bolsa. Şunuň ýaly halatlarda iş beriji şol işläp duran işgäri beýleki işgär bilen çalyşmak üçin derrew çäreler görmäge borçludyr;

Göwreli aýallary, on sekiz ýaşa ýetmedik işgärleri we zähmet kanunçylygynda görkezilen işgärleriň beýleki toparlaryny iş wagtyndan daşary işlere çekmeklige ýol berilmeýär. Kanun işgärleri iş wagtyndan daşary işleri ýerine ýetirmekligi çäklendirnek boýunça birnäçe kadalary göz öňünde tutýar. Olara iş wagtyndan daşary işler her bir işgär üçin bassyr iki günüň dowamynda dört sagatdan we ýylda 120 sagatdan köp bolmaly däldigi hem-de iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe iki esse möçberde hak tölemeklik degişlidir. Şonda iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen iş üçin işgäriň islegine görä, iş berijiniň ýokarlandyrylan zähmet hakyna derek iş wagtyndan daşarky işlenilen sagatlardan ýokary geçmeýän möçberde rugsat berlip bilýändigi bellenilýär. Şonuň üçin hem iş beriji her bir

işgär tarapyndan iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işleriň takyk hasabyny ýöretmäge borçludyr.

Zähmet kodeksiniň 68-nji maddasyna laýyklykda, iş beriji bellenilen tertipde kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işgärleriň wezipe sanawyna laýyklykda, aýry-aýry işgärler üçin kadalaşdyrylmadyk iş günini girizip bilýär. Kadalaşdyrylmadyk iş güni – aýratyn iş düzgüni bolup, oňa laýyklykda aýry-aýry işgärler iş berijiniň buýrugy boýunça zerur mahalynda, iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň çäklerinden aňyrda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge çekilip bilinýär. Şunda gündelik işiň dowamlylygy on iki sagatdan ýokary geçmeli däldir. Kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işgärleriň wezipe sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Bu işiň aýratyn häsiýeti üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan adamlaryň üç senenama güni möçberinde goşmaça rugsat almaga hukugy bardyr. Goşmaça rugsat her ýyl berilýär, ol indiki iş ýylyna geçirilmeýär we işgäriň islegi boýunça her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner.

Zähmet Kodeksiniň 72-nji maddasyna laýyklykda, önümçilik prosesiniň uzaklygy gündelik işiň ýol berilýän dowamlylygyndan ýokary geçen halatlarynda, şeýle hem enjamy has netijeli peýdalanmak, çykarylýan önümiň ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak maksady bilen çalşykly iş – iki, üç ýa-da dört çalşykdaky iş girizilýär. Çalşykly işde işgärleriň her bir topary bir çalşygyň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygynyň içinde işi geçirmelidirler, ol on iki sagatdan ýokary geçmeli däldir. Işgärler çalşyklar boýunça deňme-deň gezekleşdirilip işledilýär. Bir çalşykdan beýleki çalşyga geçirilende işiň aýratynlygyny we zähmetkeşler köpçüliginiň pikirlerini hasaba almak bilen işgärleriň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylylaşylyp iş beriji tarapyndan tassyklanylan çalşyk grafikleri bilen kesgitlenilýär. Çalşyk grafikleri güýje girizilmeginden bir aýdan

gijä galman işgärleriň dykgatyna ýetirilýär. Çalşyklaryň arasyndaky arakesmeler on iki sagatdan az bolmaly däldir. Işgäri bassyr iki çalşygyň dowamynda işe çekmek gadagan edilýär.

## §2. Iş wagtynyň düzgüni

Zähmet Kodeksiniň 66-njy maddasy iş wagtynyň düzgünininiň iş hepdesiniň dowamlylygyndan, işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işden, gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygyndan, iş wagtynyň başlanýan we gutarýan wagtyndan, işdäki arakesmeleriň wagtyndan, iş we iş däl günleriň gezekleşmeginden, gije-gündizdäki çalşyklaryň sanyndan we işgärleriň bir çalşykdan beýleki çalşyga geçmeginiň tertibinden ybaratdygyny belleýär. Iş wagtynyň düzgüni köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary ýa-da çalşygyň grafikleri bilen, olar bolmadyk mahalynda bolsa ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp, işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da gaýry wekilçilikli guramasy bilen bilelikde, iş beriji tarapyndan bellenilýär. Kärhanada işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen iki dynç alyş günli bäşgünlük iş hepdesi ýa-da bir dynç alyş günli altygünlük iş hepdesi ýa-da dynç günlerini üýtgäp durýan grafik boýunça bermek bilen iş hepdesi bellenilýär. Bäşgünlük ýa-da altygünlük iş hepdesi işiň aýratynlygyny, zähmetkeşler köpçüliginiň pikirini hasaba almak bilen we ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň iş wagtynyň ýa-da dynç alyş wagtynyň düzgünininiň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde kesgitlenilýär.

Bäşgünlük iş hepdesinde gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy karnahanyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşyk grafikleri) bilen kesgitlenilýär. Altygünlük iş hepdesinde gündelik işiň dowamlylygy şu aşakdakylardan ýokary geçip bilmez:

1) 40 sagatlyk hepdelik kadasynda – 7 sagatdan;
2) 36 sagatlyk hepdelik kadasynda – 6 sagatdan;
3) 24 sagatlyk hepdelik kadasynda – 4 sagatdan.

Zähmetiň aýratyn häsiýetiniň bolmagy sebäpli, zerur bolan işlerde gündelik iş wagtynyň umumy dowamlylygynyň iş gününiň bellenilen dowamlylygyndan artyk bolmazlyk şerti bilen iş güni böleklere bölünýär. Iş gününiň dowamyndaky arakesmeleriň wagty iş gününe goşulmaýar. Iş gününi böleklere bölmegiň tertibi iş beriji tarapyndan zähmetkeşler köpçüligi bilen bilelikde kesgitlenilýär. Kärhanalarda gündelik işiň (çalşygyň) başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşygyň grafikleri) bilen bellenilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda, kinematografiýa guramalarynyň, tele we wideo surata düşüriji kollektiwleriň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň we eserler döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri, tanymal türgenler üçin gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda bellenilip bilner.Üznüksiz işleýän kärhanalarda, şeýle hem aýry-aýry önümçiliklerde, sehlerde, uçastoklarda, bölümlerde we önümçiligiň (işiň) şertlerine görä işgärleriň şol toparlary üçin bellenilen iş wagtynyň gündelik ýa-da hepdelik dowamlylygy berjaý edilip bilinmejek işleriň käbir görnüşlerinde hasaba alynýan döwür içindäki iş wagtynyň

dowamlylygy Zähmet Kodeksiniň 59-njy we 60-njy maddalarynda bellenilen iş sagatlarynyň kadaly sanyndan geçmez ýaly, işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp iş wagtyny jemläp hasaba almak düzgüniniň girizilmegine ýol berilýär. Iş wagtyny jemläp hasaba almagy girizmegiň tertibi kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen bellenilýär. Iş wagtyny jemläp hasaba almaklyk hepdeleýin, aýlyk ,çärýekleýin we hatda ýyllyk hem bolup bilýär. Şeýle hasaba almak usuly mysal üçin, wahta iş usulynda, ulagda we ş.m giňden ulanylýar. Bu hasaba alynýan döwürde iş wagtynyň dowamlylygynyň iş sagadynyň kadaly wagtynda sanyndan geçmeli däldigini aňladýar.

## §3. Dynç alyş wagty we onuň görnüşleri

Zähmet Kodeksiniň 73-nji maddasyna laýyklykda, dynç alyş wagty diýlip, işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden azat wagtyna we ony öz islegine görä peýdalanyp bilmekligine düşünilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 32-nji maddasyna laýyklykda, zähmetkeşleriň dynç almaga hukugy bardyr. Dynç alyş wagty her iş gününiň dowamynda dynç almak we nahar edinmek üçin, iş gününiň arasyndaky dynç alyş wagty, her hepde-de we kanun esasynda bellenilen baýramçylyk günleri dynç almak üçin hem-de her ýylda kanunda bellenilen wagtyň dowamynda rugsatda dynç almak üçin berilýär. Hakyna durup işleýän adamlar üçin bu hukuk iş hepdesiniň 40 sagatdan köp bolmadyk iş hepdesiniň bellenmegi bilen, birnäçe kärler we önümçilikler üçin gysgaldylan iş güni, gijeki işiň dowamlylygynyň gysgaldylmagy bilen her ýylky tölegli zähmet rugsatlaryň, her hepdede dynç alyş günleriniň berilmegi bilen, şonuň ýaly-da medeni-aň bilim we sagaldyş edaralarynyň ulgamynyň giňeldilmegi, köpçülikleýin sportuň,

beden-terbiýäniň we syýahatçylygyň ösdürilmegi bilen ýaşaýan ýerinde dynç almagy üçin amatly mümkinçilikleriň we şertleriň döredilmegi bilen üpjün edilýär. Oňat ýerlikli dynç almak ýokary öndürjilikli zähmet çekmegiň zerur şertidir.

Iş gününiň dowamynda, ýöne iş wagtynyň hasabyna däl, dynç almak we nahar edinmek üçin işgärlere arakesme berilýär. Ähli işçiler we gullukçylar üçin her hepdede dynç alyş günleri bellenendir. Şeýle-de iki iş güniň arasynda berilýän arakesme, baýramçylyk we hatyra günleri, her ýylda berilýän tölegli zähmet rugsady dynç alyş wagtynyň görnüşleridir. Umuman, dynç alyş wagty diýip, işgäriň zähmet hakyndaky Kodekse we içerki düzgün-nyzam tertibine laýyklykda, kärhananyň, edaranyň, guramanyň işinden boş wagtyna aýdylýar.

Dynç almak hem-de naharlanmak üçin berilýän arakesme işgärlere dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesmedir. Arakesme wagty iş wagtyna goşulmaýar. Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme kada hökmünde iş başlanandan her dört sagatdan soň berilmelidir. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary arkaly kesgitlenilýär. Işgärler arakesmäni özleriniň makul bilşine görä peýdalanýarlar. Şol wagtyň içinde olar iş ýerinden gidip bilýärler. Önümçiligiň şertlerine görä, arakesme belläp bolmaýan işlerde iş wagtynyň dowamynda işgäre dynç almak we naharlanmak üçin wagt we ýer berilmelidir. Şunuň ýaly işleriň sanawy, dynç almagyň we naharlanmagyň wagty we ýeri işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan bellenilýär. Ondan başga-da, ýylyň yssy (sowuk) wagtynda açyk howada ýa-da jaýyň içini ýelejirediş (sowadyş, ýyladyş) ulgamlary bolmadyk, ýapyk jaýlardaky işlerde işgärlere arakesmeler berilýär ýa-da iş wagtlaýynça arasy kesilip (bes edilip) bilner. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty iş beriji tarapyndan

kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär. Howanyň ýokary (pes) temperaturasy netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda, iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge haklydyr. Işgärlere arakesme berilýän ýa-da işiň wagtlaýyn arasy kesilip (bes edilip) bilinjek howanyň temperatura düzgüni Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Işgärlere her hepde-de dynç alyş günleri berilmelidir. Bäşgünlük iş hepdesi mahalynda işgärlere hepdede iki dynç alyş güni, altygünlük iş hepdesi mahalynda bolsa bir dynç alyş güni berilýär. Ýekşenbe güni umumy dynç alyş günüdir. Eger iki dynç alyş güni Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilmedik bolsa, onda bäşgünlük iş hepdesi mahalynda şol ikinji dynç alyş güni kärhananyň iş çalşygynyň grafikleri bilen bellenilýär we umumy dynç alyş güni bilen bassyr berilmelidir.Önümçilik-tehniki şertlere görä ýa-da ilata üznüksiz hyzmat edilmegi netijesinde işi duruzmak bolmaýan kärhanalarda (aeroportlar, wokzallar we başgalar), şonuň ýaly-da üznüksiz önümçilikli beýleki kärhanalarda dynç alyş günleri kärhananyň çalşyk grafiklerine laýyklykda işgärleriň her bir toparyna hepdäniň dürli günlerinde nobatma-nobat berilýär.Ilata hyzmat etmek zerurlygy sebäpli umumy dynç alyş gününde işiň arasy kesilip bilinmejek kärhanalarda (dükanlar, teatrlar, muzeýler, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar we başgalar) dynç alyş günleri ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp iş berijiler tarapyndan bellenilýär. Her hepdede üznüksiz dynç almagyň dowamlylygy kyrk iki sagatdan az bolmaly däldir.

Dyngysyz işleýän kärhanalarda we iş wagtynyň jemlenen hasaby ýöredilýän ýerlerde baýramçylyk günleri umumy aýlyk iş wagtynyň möçberine hasaplanýar we işlenilýär.

Dynç almak üçin diňe bir wagtyň bolmagy däl, eýsem, şol dynç alyş wagtyny ýerlikli peýdalanmak möhümdir. Dynç

almagy başarnykly guramak gerek. Biziň döwletimiz raýatlaryň dynç almagy we hemmetaraplaýyn ösmegi üçin ähli şertleri döredýär. Okuwdan we işden boş wagtyň özi biderek geçirilmeli wagt bolman eýsem jemgyýetçilik baýlygydyr. Ýitirilen wagty gaýtaryp getirip bolmaýar. Özüňi kadaly durmuş düzgünine, peýdaly işe endik etdirmäge, mekdepden başlap girişmek gerek. Öz wagtyny ýerlikli peýdalanmagy öwrenen adama öz saglygyny saklamak we pugtalandyrmak, öz ukyplaryny ösdürmek, özüniň ruhy dünýäsini baýlaşdyrmak üçin mümkinçilikler çäksizdir.

## §4. Rugsatlar we olary bermekligiň tertibi.

Türkmenistanyň işleýän raýatlarynyň Zähmet kodeksiniň 83-nji maddasyna laýyklykda, her ýylky tölegli esasy rugsada we rugsatlaryň beýleki görnüşlerini almaga hukugy bardyr. Işgäre kanunda bellenilen tertipde we şertlerde berilen her ýylky esasy rugsadyň we rugsatlaryň beýleki görnüşleriniň peýdalanylýan döwründe işgäriň iş ýeri (wezipesi) saklanyp galýar. Her ýylky esasy rugsat işgäre kärhanada işläp başlan wagtyndan hasaplamak bilen ýylda bir sapar berilýär.

Zähmet kodeksiniň 84-nji maddasyna laýykylykda, rugsatlaryň şu görnüşleri bellenilýär:

1) her ýylky esasy rugsat;

2) goşmaça tölegli rugsat (mundan beýläk – goşmaça rugsat);

3) durmuş rugsady;

4) zähmet haky tölenilmeýän rugsat.

***Her ýylky tölegli esasy rugsat*** – bu işgäre bir ýylyň dowamyndaky işi üçin, zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden boşatmak bilen, berilýän uzak wagtlaýyn döwürdir. Işgärlere belli bir wagt möhletiniň dowamynda işlän ýyly üçin berilỳän tölegli dynç alyş günleri bolan esasy rugsat işgäre her ýyl

berilmelidir. Iş ýyly diýlip, işgäriň iş beriji bilen zähmet şertnamasyny baglaşan gününden başlap we birinji hem-de her bir soňky ýylyň yzyndan gelýän degişli güne çenli hasaplanan birinji we soňky iş ýyllaryna düşünilýär. Iş ýyly işgäriň işe kabul edilen wagtyndan bärdäki on iki aý bilen hasaplanýar.

Işgäriň iş ýeriniň (wezipesi) saklanyp galmagy bilen berilýän her ýylky esasy rugsada bolan hukuk zähmet şertnamasy bilen işleýän ähli işgärlere kärhananyň eýeçiliginiň görnüşine we guramaçylyk-hukuk görnüşine, pudaklaýyn degişliligine we tabynlygyna, zähmet şertnamasynyň görnüşlerine we möhletlerine, işgäriň esasy ýa-da utgaşdyrma şertnamasy bilen işleýändigine,işgäriň raýatlygy, haýsydyr bir ýagdaýlaryna garamazdan degişlidir. Işgäriň rugsada bolan hukugyny durmuşa geçirmekligiň eke-täk şerti işgäriň iş beriji bilen zähmet gatnaşygynda bolmagy bolup durýar. Işgär ilkinji işläp başlan ýyly üçin esasy rugsady almak hukugyna zähmet şertnamasynyň baglaşylan gününden başlap üznüksiz on bir aý işländen soň eýe bolýar.

Üznüksiz işiň on bir aýy geçmänkä, islegine görä rugsat, göwreli aýala, (göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsadyň öň ýanynda ýa-da onuň yzyndan), maýyplara, önümçiligiň, zähmeti we dolandyryşyň guralyşyny kämilleşdirmek baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmegi sebäpli; işgär sanyny kemeltmek, kärhanany üýtgedip guramak ýa-da ýatyrmak baradaky çäreleriň durmuşa geçirilmegi sebäpli, öňki işleýän ýerinden boşadylan işgärlere, esasy işleýän ýerinde berilýän rugsat bilen bir wagtda, esasy işiniň daşyndan başga işde-de işleýän işgäre berilýär. Zähmet kodeksiniň 86-njy maddasyna laýyklykda, her ýylky esasy rugsat işgärlere ýylda otuz senenama güni dowamlylygynda berilýär. Ähli görnüşdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine we ýolbaşçylaryna, şeýle hem maýyplara bolsa her ýylky esasy rugsadyň dowamlylygy kyrk bäş senenama güni bilen, ylmy

guramalarda, edaralarda we kärhanalarda wezipeleri eýeleýän we ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesi bolan ylmy işgärlere bolsa her ýylky esasy rugsat kyrk bäş senenama güni, ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesi bolanlara otuz alty senenama güni dowamlylykda bellenilýär.
Her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda iş beriji rugsadyň başlanmagyna azyndan on bäş gün galanda işgäri habarly etmelidir. Her ýylky esasy rugsada işgärleriň ähli toparlarynyň, şol sanda wagtlaýyn, möwsümleýin, utgaşdyryp işleýänleriň, öýde işleýänleriň we ş.m hukuklary bardyr. Rugsada bolan hukugy çäklendirmeklige hem-de ony aýlyk haky tölenilmeýän rugsat bilen çalyşmaklyga gönükdirilen islendik ylalaşyk kanuny däl hasaplanýar. Möwsümleýin we wagtlaýyn işgärlere işiň her aýy üçin iki senenama güni hasabyndan tölenilýän rugsat berilýär.

Işiň ikinji we soňky ýyllary üçin her ýylky esasy rugsat kärhanada bellenilen rugsatlaryň grafigine laýyklykda berilýär. Rugsatlaryň grafigi kärhananyň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ol kärhanada işleýän işgärlere we işe kabul edilýän täze işgärlere hem-de iş berijä degişlidir. Rugsatlaryň grafigi düzülende kanuna laýyklykda aýry-aýry adamlaryň rugsady özlerine amatly wagtda ulanmaklyga bolan hukuklary hasaba alynmalydyr. Şeýlelikde , on dört ýaşa çenli iki ýa-da köp çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýala, on dört ýaşa çenli bir ýa-da köp çagany (on alty ýaşa çenli maýyp çagany) terbiýeleýän ýalňyz ata ýa enä ýa-da ony çalyşýan adama, çagyryş boýunça harby gullukçynyň bir çagasy bolan aýalyna, maýyba, kämillik ýaşyna ýetmedige, üç ýaşa çenli çagalary ogullyga (gyzlyga) alan adama, radiasiýa betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken ýa-da onuň netijelerini ýok etmäge gatnaşan adama her ýylky esasy rugsat olaryň islegine görä tomusda ýa-da başga amatly wagtda berilýär. Ähli görnüşlerdäki bilim edaralarynyň pedagogik işgärlerine her

ýylky esasy rugsat olaryň işe giren wagtyna garamazdan, tomusky rugsatlar döwründe berilýär. Her ýylky esasy rugsat başlamazyndan ozal onuň peýdalanylmagyna päsgel berýän sebäpler ýüze çykan mahalynda, iş beriji bilen ylalaşylyp rugsady peýdalanmagyň täze möhleti bellenilýär. Her ýylky esasy rugsat döwründe şeýle sebäpler ýüze çykan mahalynda, iş beriji bilen ylalaşylyp, rugsat günleriň peýdalanylmadyk sanyna uzaldylýar ýa-da başga möhlete geçirilýär. Işgär wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolan mahalynda, göwreliligi ýa-da çaga dograndygy boýunça rugsat berlende, her ýylky esasy rugsat okuw rugsady bilen, toý dabaralaryny geçirmek we jaýlama hem-de ýatlama däp-dessurlaryny amala aşyrmak üçin goşmaça rugsat bilen gabat gelende, döwlet borçlaryny ýa-da saýlawly edaralardaky borçlaryny ýerine ýetirende her ýylky esasy rugsady başga wagta geçirmek ýa-da uzaltmak hukugyna eýedir. Eger iş beriji kanunda bellenilen möhletde her ýylky esasy rugsadyň başlanýan wagty hakynda işgäri habarly etmese ýa-da rugsadyň başlanmagyna çenli işgäre onuň üçin töleg geçirilmese, onda rugsat işgäriň arzasy boýunça başga möhlete geçirilýär. Iş beriji önümçilik zerurlygy bolan mahalynda işgäriň razylygy bilen her ýylky esasy rugsady indiki iş ýylyna geçirmäge haklydyr, ýöne ol iki ýyldan köp bolmadyk çäklerde bolmalydyr. Her ýylky esasy rugsadyň peýdalanylýan döwründe wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk bolan halatlarynda bu rugsat wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň günleriniň sanyna uzaldylýar.

Kärhanada rugsadyň tölegi zähmete hak tölemek üçin niýetlenen serişdeleriň hasabyna geçirilýär. Rugsat üçin töleg puly hasaplananda, döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna gatançlar tölenilýän zähmet hakynyň görnüşiniň ählisi hasaba alynýar, muňa esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça iş üçin zähmet haky, birwagtlaýyn häsiýetli tölegler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamy bilen şertlendirilmedik tölegler girmeýär. Rugsady tölemek üçin

rugsadyň haýsy iş ýyly üçin berilýändigine garamazdan, rugsada gidilýän aýyň öňünden gelýän on iki senenama aýyndan ortaça aýlyk zähmet haky we ortaça gündelik zähmet haky hasaplanylýar. Ortaça aýlyk zähmet hakyny we ortaça gündelik zähmet hakyny hasaplamak Zähmet Kodeksiniň 131-nji maddasy bilen kesgitlenýän tertipde geçirilýär. Rugsadyň töleginiň jemi ortaça gündelik zähmet haky her ýylky esasy rugsadyň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Rugsatdan yzyna çagyrylanda rugsadyň peýdalanylmadyk bölegi üçin öwezini pul bilen dolmak aýratyn halatlarda geçirilýär. Göwreli aýallara we on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärlere, şeýle hem işiň aýratyn häsiýeti bolan we zähmetiň aýratyn şertleri bilen baglanyşykly işlerde işleýän işgärlere rugsadyň öwezini pul bilen dolmak arkaly çalyşmaga ýol berilmeýär. Işgär işden çykanda ulanylmadyk her ýylky esasy rugsatlarynyň hemmesi üçin pul bilen öwezini dolmak arkaly tölenilýär.

***Goşmaça rugsalar*** – bu, zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin , aỳratyn hasiỳetli iş üçin , toý dabaralaryny geçirmek üçin we merhumy jaýlamak üçin, şonuň ỳaly-da 62 ýaşy dolan raýatlara berilýän goşmaça rugsatdyr. Zähmet Kodeksiniň 90-95-nji maddalaryna laýyklykda işgäre:

- zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat;
- işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat;
- toý dabaralaryny geçirmek üçin goşmaça rugsat;
- jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin goşmaça rugsat;
- 62 ýaşa ýeten raýatlara berilýän goşmaça rugsat berilýär.

Goşmaça rugsatlar her ýylky esasy rugsat bilen gabat gelende, her ýylky esasy rugsat goşmaça rugsadyň günleriniň sanyna uzaldylýar.Magdan däl gurluşyk materiallaryny gazyp

almak boýunça känlerdäki we karýerlerdäki açyk dag-magdan işlerinde, görkezilen işleri üpjün edýän tehnologik ulagy ulanýan, gyzgyn önümçiliklerde, şeýle hem zähmetiň zyýanly şertleri bolan beýleki işler bilen meşgul bolan işgärlere dowamlylygy ýedi senenama gününe çenli we zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan işler bilen meşgul bolan işgärlere on bäş senenama gününe çenli zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan iş üçin tölegli goşmaça rugsat berilýär. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň anyk dowamlylygy işgäriň degişli ýerlerde ýa-da işlerde işlemek derejesini hasaba almak bilen iş ýerleriniň (işleriň) hünär synagynyň netijeleri boýunça bellenilýär.Goşmaça rugsat bütin iş ýylynyň dowamynda şeýle işlerde doly iş güni işlän işgäre doly möçberde berilýär. Başga halatlarda goşmaça rugsadyň dowamlylygy iş ýylynyň dowamynda şeýle işlerde işlenen wagta proporsionallykda kesgitlenilýär. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsat indiki iş ýylyna geçirmäge hukuk bolmazdan, Zähmet kodeksiniň 90-njy maddasynda göz öňünde tutulan esaslaryň diňe biri boýunça her ýyl berilýär we işgäriň islegine görä her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner. Zähmetiň aýratyn şertleri bolan iş üçin goşmaça rugsadyň berilýän işleriniň, kärleriniň we wezipeleriniň sanawy, şonuň ýaly-da şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsat ýokary nerw, akyl dartgynlygy we beýleki ýokarlandyrylan ýükleri bolan işlerde işleýän işgärlere olaryň işe ukyplylygyny doly derejede dikeltmek üçin berilýär.

Işiň aýratyn häsiýeti üçin goşmaça rugsadyň dowamlylygy ugrukdyryjynyň şahadatnamasy bolan, howa hereketini dolandyrýan işgärlere – ýedi senenama gününe çenli, iş ýylynda uçulan sagatlara baglylykda uçuş we uçuş-synag ediş düzüminiň işgärlerine – on bäş senenama gününe çenli, kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan adamlara – üç senenama güni

möçberinde bellenilýär. Goşmaça rugsat her ýyl berilýär, ol indiki iş ýylyna geçirilip bilinmez we işgäriň islegi boýunça her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner. Goşmaça rugsat toý dabaralaryny geçirmek üçin maşgalanyň iki baştutanyna (ogluny öýermek, gyzyny durmuşa çykarmak), şeýle hem nikalaşýan adamlara dowamlylygy on senenama güni, olardan bäş güni toýa çenli berilýär. Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary edarasy tarapyndan berilýän kepilnama toý dabaralaryny geçirmek üçin goşmaça rugsat bermäge esasdyr. Nika Türkmenistanyň çäginden daşynda baglaşylanda Zähmet kodeksiniň 93-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen adamlara, olaryň arzasy boýunça dowamlylygy on senenama güni bolan goşmaça rugsat berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurtda nikanyň hasaba alnandygyny güwä geçýän resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanylan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň RÝNÝ edarasy tarapyndan berlen kepilnama boýunça geçirilýär.Jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary edarasy tarapyndan berilýän kepilnamanyň esasynda, dowamlylygy on senenama günündäki goşmaça rugsat aradan çykanyň ýakyn hossarlarynyň ikisine berilýär. Ýakyn hossarlar diýlip, ata-eneler (olar bolmadyk mahalynda hossarlar we howandarlar), är-aýallar, çagalar, ata we ene tarapyndan baba we mama, agtyklar, süýtdeş doganlar we uýalar, oglunyň gelinleri we giýewler hasap edilýär. Jaýlama we ýatlama dessuryny amala aşyrmak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän adamlara goşmaça rugsat, olaryň arzasynyň we ýakyn hossarynyň aradan çykandygy hakynda bellenilen tertipde tassyklanan habarynyň esasynda berilýär. Goşmaça rugsadyň tölegi daşary ýurt döwletinde aradan çykmagyň bellige alnan faktyny tassyklaýan resminamanyň bellenilen tertipde tassyklanan nusgasynyň esasynda Türkmenistanyň Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgylary edarasy tarapyndan

berlen kepilnamanyň berilmegi bilen geçirilýär. Dowamlylygy üç gün bolan goşmaça rugsat 62 ýaşa ýeten we eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalarda işleýän Türkmenistanyň raýatlaryna berilýär ýa-da işgäriň 62 ýaşa ýeten iş ýyly üçin her ýylky esasy rugsadyna goşulýar. Zähmet kodeksiniň 84-nji maddasyna laýyklykda durmuş ***rugsatlary*** rugsatlaryň täze görnüşi hökmünde bellenýär. *Durmuş rugsatlary* - bu göwreliligi we çaga dogranlygy, şeỳle hem çaga seredỳänligi üçin, okuw bilen baglanyşykly we döredijilik rugsatlardyr.

*Göwreliligi we çaga dogranlygy üçin* berilỳän rugsat, 112 kalendar gününden az bolmadyk dowamlylykda bolup, iki döwri öz içine alýar - çaga dogmazyndan ozalky we çaga dogandan soňky döwür. Işleýän aýala çaga dogurmazyndan ozal 32 hepdelik göwrelilik döwründe 56 kalendar güni dowamlylykda göwreliligi üçin rugsat berilýär. Çaga dogmaly wagtyndan ir dogulan halatynda, çaga dogmazyndan ozal bellenilen rugsadyň dowamlylygy üýtgedilmeýär. Aýala çaga dograndan soň berilýän rugsat hem 56 kalendar güni möçberinde berilýär. Çaganyň doglușy çylşyrymlaşan ýagdaýda geçen halatynda, aýala çaga dograndan soň berilýän rugsat 16 kalendar gün, iki we şondan-da köp çaga doganda bolsa 40 kalendar gün uzaldylýar. Göwreliligi we çaga dogranlygy üçin berilýän rugsat işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk resminamasy bilen resmileşdirilýär. Çaga dogmazyndan ozalky döwürde bejeriji lukman göwreliligiň geçişine baglylykda, işe wagtlaýyn ýarawsyzlyk resminamasyny göwrelilik üçin berilýän rugsadyň doly möhletine ýa-da böleklere bölüp, resmileşdirip berip bilỳär. Rugsat üçin berilmeli hak döwlet durmuş ätiỳaçlandyrmasynyň serişdeleriniň hasabyna tölenilýär. Zähmet kanunçylygyna laỳyklykda, işleýän aýal maşgala, umumy zähmet çeken döwrüniň (stažynyň) nähilidigine garamazdan, çaga dogranlygy üçin berilýän rugsatdan soň, çagasy üç ýaşyna ýetýänçä hak tölenilmeýän rugsat almaga

haky bardyr. Zähmet Kodeksiniň 97-nji maddasy aýallaryň işlän döwrüne garamazdan, çaga üç ýaşyna ýetýänçä oňa seretmek üçin tölenilmeýän rugsada hukugynyň bardygyny belleýär. *Çaga seredýänligi üçin berilýän rugsatdan* dolulygyna ýa-da bölekleýin peýdalanylyp bilinýär. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan daşary yurt raýatlarynyň we raýatlygy ýok adamlaryň, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ýurduň raýatlary bilen deň derejede çaga seretmek boýunça rugsat almaga hukugy bardyr. Çaga seretmek boýunça rugsadyň berilmegi üçin, oňa hukugy bolan adam iş ýerine (mundan beýläk - iş beriji) şulary berýär:

- çaga seretmek boýunça rugsadyň berilmegi barada arzasyny;
- çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasynyň nusgasyny;
- eger çaga hossar bellenen bolsa, oňa hossar bellemek baradaky hossarlyk we howandarlyk edarasynyň çözgüdiniň nusgasyny.

Iş beriji görkezilen resminamalary kabul edenden soň, arza beren adama çaga seretmek boýunça rugsadyň berilmegini buýruk bilen resmileşdirýär. Çaga seretmek boýunça rugsat göwrelilik we çaga dograndygy boýunça rugsadyň gutarýan gününiň yz ýanyndaky günden başlap berilýär, ýöne ol çaganyň üç ýaşyna çenli döwürden geçmeli däldir. Çaga seretmek boýunça rugsadyň döwründe işgäriň iş ýeri (wezipesi) saklanýar. Kanun çaganyň üç ýaşyna çenli çaga seretmek üçin rugsatda bolýanyň rugsadyň arasyny kesmäge we çaga seretmek üçin rugsadyň möhletiniň gutarmagyna iş berijä duýdurmak arkaly işe girişmäge haky bardyr. Eger adam çaga seretmek boýunça rugsady dowam etdirmekçi bolsa, onda iş berijä ýazmaça arza bermelidir we degişli buýruk çykarylmalydyr.Çaga seretmek boýunça rugsadyň berilýän

döwründe maşgalada täze çaga dogulsa, onda ol çaga seretmek boýunça rugsat umumy kada laýyklykda, berilýär. Çaga seretmek boýunça rugsadyň möhleti çaganyň üç ýaşyny dolduran ýa-da aradan çykan senesiniň yzyndan gelýän günden bes
edilýär. Iş berijiler tarapyndan üç ýaşa ýetmedik çagalarynyň bardygy sebäpli zähmet şertnamasyny baglaşmakdan ýüz dönderilmegi esassyz diýlip hasap edilýär. Esassyz ýüz dönderendigi üçin iş berijiler, wezipeli adamlar ýa-da olaryň ygtyýarly eden adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige çekilýär. Çaga seretmek boýunça rugsat iş döwrüne girýär, şunda ol zähmetiň aýratyn agyr şertleri bolan iş we gulluk eden döwri hökmünde hasaplanmaýar.*Okuw we döredijilik işleri bilen baglanyşykly rugsatlarbaradaky* kadalar hem Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda öz beýanyny tapýar. Zähmet Kodeksi gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana görnüşler boýunça ýokary okuw we orta hünärment okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylman üstünlikli okaýan işgärlere okuw meýilnamasynda göz öňünde tutulan käriň her bir hasap-synag sessiýasy döwründe, döwlet synaglaryny tabşyrmak (jemleýji hünär synagyny geçmek) döwründe şol döwür üçin kanunda bellenilen dowamlykdaky rugsatlary we şol işgäriň islegi we degişli okuw mekdebiniň maslahaty boýunça diplom taslamasyny (işini) taýýarlamak üçin dowamlylygy otuz senenama güni bolan goşmaça rugsady berýär. Şeýle hem, önümçilik ýa-da mugallymçylyk işini ylmy iş bilen üstünlikli utgaşdyrýan adama degişli ylmy geňeşiň hödürnamasy boýunça ortaça aýlyk zähmet hakyny we esasy iş ýerindäki wezipesini saklap galmak bilen döredijilik rugsady berilýär. Kandidatlyk işini tamamlamak, şeýle hem okuw kitaplaryny we okuw-usuly gollanmalaryny ýazmak üçin üç aý möhletde, doktorlyk işini tamamlamak üçin – alty aý döredijilik rugsady berilýär. Kanunda anyk görkezilen halatlarda, işgär *iş*

*haky tölenilmeỳän rugsatdan* peỳdalanyp bilỳär. Hereket edỳän kanunçylykda, işgäriň öz iş ornuny ỳitirmezden iş haky tölenilmeỳän rugsady almaga hukugynyň ỳüze çykỳan ỳagdaỳlary babatda şu aşakdakylar bellenilỳär. „Esasly sebäpler dörän mahalynda, işgäriň islegine görä on senenama gününe çenli dowamlylykda iş haky tölenilmeýän rugsat berlip bilinỳär. Haçan-da işgäre on senenama gününden artyk rugsat zerur gerek bolan halatynda, oňa şeýle goşmaça günleri her ýylky berilýän esasy rugsadyň ýa-da goşmaça rugsatlaryň hasabyna berlip bilinỳär. Şeýle hem, zähmet kanuçylygy esasynda bellenilen dowamlylykdan artyk zähmet haky tölenilmeýän rugsat on dört ýaşa çenli çagalaryň sanyna garamazdan olary terbieleýän ýalňyz ata ýa enä (hossara, howandara) – on dört senenama güni möçberinde, maýyba – otuz senenama gününe çenli, ýokary ýa-da ýörite hünärment okuw mekdebine giriş synaglaryna goýberlene – degişlilikde on bäş we on senenama güni, aspirantura – on bäş senenama güni, şunda görkezilen möhletlere okuw mekdebiniň ýerleşýän ýerine we yzyna gidilen wagt girmeýär, syrkawlan maşgala agzasyna seretmek üçin hossara – saglygy goraýyş edarasy tarapyndan bellenilen möhlete, ýaşy boýunça işleýän pensionere – otuz senenama gününe çenli *iş haky tölenilmeỳän rugsat berilip bilinýär.* Önümçilik sebäpleri boýunça boş durlan mahalynda iş berijiniň işgärlere otuz senenama gününden köp bolmadyk möhlet bilen zähmet haky tölenmeýän rugsady bermäge haky bardyr.

Şeýlelikde döwletiň adamlaryň ýaşaýan ýerinde dynç almagy hem-de işden boş wagtyny netijeli peýdalanmagy hem-de rugsatda bolýan döwürlerinde oňat dynç almaklary üçin amatly şertleri döredýändigi hukuk kadalarynda berkidilỳär. Döwlet tarapyndan adamlaryň dynç alyş wagtyny netijeli we paỳhasly ulanmaklary üçin tearlar, kitaphanalar, muzeỳler, dynç alyş we bejeriş merkezleri, dynç alyş zolaklary döredilỳär. Seỳilgähler açylỳar. Sport bilen meşgullanmak üçin merkezler

hem-de stadionlar gurulỳar. Ỳurduň çäginde sporty we syỳahatçylygy ösdürmek babatda ençeme çäreler amala aşyrylỳar. Bu amala aşyrylỳan çäreleriň ählisi hem adamlaryň işden boş wagtlaryny peỳdaly ulanmaklaryny üpjün etmeklige gönükdirilỳär.

## V . Zähmete hak tölemek, zähmet kadalary we potratlaýyn bahalar

### §1. Zähmete hak tölemek

Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Bu hakyň möçberi döwletiň bellän iň pes oňalga derejesinden az bolmaly däldir. Milletine, tenininiň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna baglylykda zähmet haklarynyň töleglerini haýsydyr bir ýol bilen azalmak zähmet kanunçylygynda gadagan edilýär. Zähmete hak tölemeklik Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamalaryna, köpçülikleýin şertnamalara (ylalaşyklara) laýyklykda, işgärlere olaryň zähmeti üçin iş beriji tarapyndan tölegleri bellemegi we amala aşyrmagy üpjün etmek bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady we hukuk gatnaşyklaryň ulgamy bolup durýar. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamada işgäriň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaklyk ýörelgesine doly laýyk gelýän, onuň şerti we netijesi işgärleriň hünärini, zähmet öndürjiligini, önümiň hilini, ähli görnüşdäki serişdeleri oýlanyşykly ulanmaklygy we tygşytlamaklygy hem-de halkyň maddy-hal ýagdaýyny ýokarlandyrmaklyga höweslendirýän

zähmete hak tölemek ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmeklik göz öňünde tutulýar.

Zähmet haky – munuň özi işgäriň hünärine, onuň ýerine ýetirýän işiniň çylşyrymlylygyna, mukdaryna, hiline we şertlerine baglylykda, zähmeti üçin pul höweslendirmesidir, şeýle hem öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli töleglerdir. Zähmet hakyny tölemek pul görnüşinde geçirilýär we ol  iň ýokary möçberler bilen çäklendirilmeýär. Işgäre zähmet hakyny tölemeklik kanun tarapyndan kepillendirilýär, ýagny  iş berijiniň  maliýe ýagdaýyna garamazdan, zähmete hak tölemegiň bellenilen şertlerine we möhletlerine laýyklykda işgäre ýerine ýetiren işi üçin hak tölemäge borçlandyrylýar. Iş beriji tarapyndan kepillendirilen zähmete hak tölemegiň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen iň pes zähmet hakyndan pes bolmaly däldir. Iň pes zähmet haky kanunçylyk tarapyndan kepillendirilýän zähmet üçin höweslendirmäniň iň az möçberi bolup, ony zähmet borçlaryna hötde gelýän, öz iş ornunda kadaly zähmet şertlerinde iň ýönekeý işi ýerine ýetirýän işgäre tölenilýär.

Zähmet hakynyň esasy we goşmaça görnüşleri bolýar. Esasy zähmet hakyna aýlyk tarif stawkalary we aýlyk wezipe haklary degişlidir. Tarif stawkasy ýa-da aýlyk wezipe haky – munuň özi, wagt birliginiň içinde anyk çylşyrymly (hünäriň) zähmet kadalarynyň (zähmet borçlarynyň) ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň zähmetine hak tölemegiň bellenen ölçegi bolup durýar. Ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň we ylmy işgärleriň zähmetine hak tölemek, adatça aýlyk wezipe haklary esasynda geçirilýär. Aýlyk wezipe haklary iş beriji tarapyndan işgäriň wezipesine we hünärine laýyklykda bellenilýär. Işçileriň zähmetine hak tölenende bolsa tarif stawkalary, aýlyk wezipe haklary ulanylýar.

Esasy zähmet haky bolan tarif stawkasyna ýa-da wezipe aýlyk hakyna zähmetiň netijeleri üçin sylaglamagyň we

goşmaça haklaryň möçberleri görnüşinde goşmaça höweslendirme tölegleri goşulýar. Höweslendiriş häsiýetli tölegler – munuň özi beýleki işgärler bilen deňeşdireniňde işgärleri has ýokary we durnukly netijeler üçin sylaglamak maksady bilen iş berijiler tarapyndan ulanylýan goşmaça höweslendirme tölegleriniň, sylaglaryň, goşmaça haklaryň dürli görnüşidir.

Býujet guramalarynyň we edaralarynyň işgärleriniň anyk professional-hünär derejeleri üçin zähmete hak tölemegiň derejelerini kesgitleýän aýlyk tarif stawkalary we aýlyk wezipe haklary zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlary bolup durýar. Olar kemeldilmäge degişli däldir we býujet guramalarynda we edaralarynda stawkalaryň we aýlyk wezipe haklarynyň anyk möçberlerini bellemek üçin esas bolup durýarlar. Beýleki iş berijiler zähmete hak tölemegiň görnüşini, tertibini, tarif stawkalarynyň, aýlyk wezipe haklarynyň, sylaglaryň, höweslendirme we beýleki tölegleriň möçberlerini, şeýle hem işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň arasynda olaryň möçberlerine bolan gatnaşygyny köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) ýa-da tarif ylalaşyklarynyň esasynda özbaşdak kesgitleýärler. Zähmet Kodeksi zähmete hak tölemegiň aýratyn şertlerini özünde saklaýar . Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe iki esse möçberde hak tölenilýär ýa-da işgäriň islegine görä iş wagtyndan daşarky işlenilen sagatlardan ýokary geçmeýän möçberde rugsat berilýär. Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen işiň taraplaryň ylalaşygy boýunça dynç günleriň berilmegi ýa-da iki esse möçberde hak tölemek bilen öwezi dolunýar. Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen iş üçin töleg potratçylara – potratlaýyn nyrhlar boýunça iki esse; sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkalar boýunça zähmete hak tölenýän işgärlere – sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde; aýlyk wezipe haklaryny alýan işgärlere, eger

iş baýramçylyk günlerinde iş wagtynyň bir aýlyk normasynyň möçberinde ýerine ýetirilen bolsa, aýlyk wezipe haklaryndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň möçberinde, eger iş aýlyk normasyndan artyk ýerine ýetirilen bolsa, onda aýlyk wezipe hakyndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik stawkanyň iki esse möçberinde geçirilýär.

Aýratyn zähmet şertlerinde, agyr ýa-da aýratyn howa şertleri bolan ýerlerde (suwsuz, çöllük ýerlerde), şeýle hem göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan işlerde ýokarlandyrylan zähmet haky bellenilýär. Şeýle işleriň, kärleriň we wezipeleriň, şeýle hem ýerleriň sanawy, görkezilen zähmet şertleri bolan kärhanalarda ýokarlandyrylan hakyň anyk möçberleri we bellemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.Eger gijeki wagtdaky işi hasaba almak bilen, zähmet haky bellenilen işiň häsiýeti bilen baglanyşykly bolmadyk bolsa, gijeki wagtdaky işiň her bir sagady sagat stawkasynyň bir ýarym esse möçberinden pes bolmadyk möçberinde tölenilýär.Gijeki wagtdaky işiň töleginiň anyk möçberleri kärhananyň köpçülikleýin şertnamasy (zähmet haky hakyndaky düzgünnama) bilen bellenilýär, ýöne ol şu Kodeksde göz öňünde tutulandakydan pes bolmaly däldir.. Gijeki wagtdaky iş üçin ýokarlandyrylan hak stawkalara, aýlyk wezipe haklaryna goşulmaýar, Zähmet Kodeksiniň 123-nji maddanyň birinji böleginde görkezilenler muňa girmeýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan boş durlan wagty, eger işgär işsiz durulýan wagtyň başlanýandygy hakynda iş berijini (brigadiri, ussany, beýleki wezipeli adamlary) duýduran bolsa, işgäre bellenilen razrýadyň, aýlyk wezipe hakynyň tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolmadyk hasapdan hak tölenilýär. Işgäriň günäsi boýunça boş durlan wagta hak tölenilmeýär. Täze önümçilik (önüm) özleşdirilýän döwründe iş beriji işgärlere alty aýdan köp bolmadyk möhletde öňki ortaça aýlyk zähmet hakyna çenli goşmaça hak töläp biler.

Işgäriň günäsi bolmazdan, pes hilli (brak) önüm taýýarlananda ony taýýarlamak boýunça zähmete hak tölemek ýaramly önümlere bellenilen nyrhlar bilen deň hatarda geçirilýär. Işlenilýän materialyň bildirmeýän kemçiligi netijesinde ýüze çykan brak önümler, şeýle hem tehniki gözegçilik edarasy tarapyndan kabul edilenden soň, işgäriň günäsi bolmazdan, ýüze çykan brak önüm üçin şol işgäre ýaramly önümler bilen deň hatarda tölenilýär. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen doly brak önüm tölege degişli däldir. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen kem-käsleýin brak önümiň bölekleýin ýaramlylyk derejesine baglylykda peseldilen nyrhlar boýunça tölenýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan, iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, zähmete hak tölemek hakyky ýerine ýetirilen iş üçin geçirilýär. Şeýle ýagdaýda aýlyk zähmet haky oňa bellenen razrýadyň (wezipe aýlygyň) tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolup bilmez. Işgäriň günäsi bilen iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, töleg ýerine ýetirilen işiň möçberine laýyklykda geçirilýär.

Şol bir kärhanada (şol bir iş berijide) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen öz esasy işi bilen deň hatarda başga kär (wezipe) boýunça goşmaça işi ýa-da öz esasy işinden boşamazdan, wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän işgäre kärleri (wezipeleri) utgaşdyrandygy üçin, ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak tölenilýär. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak, adatça, işgärleriň degişli toparynyň çäklerinde (işçiler, inžener-tehniki işgärler, gullukçylar we beýlekiler) rugsat berilýär. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak iş beriji tarapyndan kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça işgär bilen ylalaşyk esasynda utgaşdyrylýan käriň (wezipäniň)

zähmet hakynyň elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde bellenilýär. Şu aşakdakylar üçin goşmaça haklar:

1) kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak üçin goşmaça hakyň bellenilmegine ýokarda durýan guramanyň tassyklan wezipe sanawa garanda, işgärleriň sanynyň azaldylmagyndan alnan zähmete hak tölemegiň gaznasynyň tygşytlanan serişdeleri gönükdirilip bilner;

2) wagtlaýyn ýok işgärleriň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin goşmaça hak ýok işgäriň tarif stawkasynyň (aýlygyň) elli göteriminden köp bolmadyk möçberinde, şol goşmaça haklaryň näçe adam sanynyň arasynda bölünýändigine garamazdan, peýdalanylyp bilner. Bu madda şulara degişli däldir:

1) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, olaryň orunbasarlaryna we kömekçilerine; baş hünärmenlerine; gurluş düzüm birlikleriniň, bölümleriň, sehleriň, gulluklaryň ýolbaşçylaryna we olaryň orunbasarlaryna;

2) ylmy-barlag edaralarynyň ylmy, inžener-tehniki işgärlerine we beýleki hünärmenlerine hem gullukçylaryna, muňa şol görkezilen edaralaryň tejribe (synag) önümçiliklerinde, sehlerde, ussahanalarda, uçastoklarynda we desgalarynda, geologik, gözleg, gözleg-agtaryş ekspedisiýalarynda we toparlarynda (partiýalarynda) işleýänler girmeýär;

3) döwlet we hojalygy dolandyryş edaralarynyň inžener-tehniki işgärlerine hem-de beýleki hünärmenlerine we gullukçylaryna.

Wagtlaýyn ornuna işlenende ornuna işleýän işgäre wezipe sanawynda göz öňünde tutulan ornuna işlenýän işgäriň aýlyk wezipe hakynyň möçberinde zähmet haky tölenilýär. Dürli hünärli işler ýerine ýetirilende wagta görä hak tölenilýän işçileriň, şeýle hem gullukçylaryň zähmetine has ýokary hünär derejeli iş boýunça tölenilýär. Potratlaýyn zähmet haky tölenilýän işçileriň zähmetine ýerine ýetirilýän işiň nyrhlary

boýunça tölenilýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynda önümçiligiň häsiýeti boýunça potratlaýyn zähmete hak tölenilýän işçilere berlen razrýadlaryndan pes derejedäki işleri ýerine ýetirmek tabşyrylanda, şeýle işleri ýerine ýetirýän işçilere, eger köplükçileýin şertnama (ylalaşyk) bilen göz öňünde tutulan bolsa, razrýadara tapawut tölenilýär. Töleg işçiniň zähmet öndürjiliginiň normalaryny ýerine ýetirende geçirilýär.

Doly däl iş gününde ýa-da doly däl iş hepdesinde, şu Kodeksiň 63-nji maddasyna laýyklykda, zähmete hak tölemek işlenilen wagta barabarlykda ýa-da zähmet öndürjiliginiň normalarynyň ýerine ýetirilmegine baglylykda geçirilýär.

## §2. Zähmet kadalary we potratlaýyn bahalandyrmalar

Işgärler üçin zähmet kadalary (iş öndürijiligi, wagt, hyzmat ediş, san kadalary) tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligi we zähmeti guramagyň gazanylan derejesine laýyklykda bellenilýär. Zähmeti guramagyň we hak tölemegiň toparlaýyn görnüşleri ulanylýan şertlerinde şonuň ýaly ulaldylan we toplumlaýyn kadalar ulanylyp bilner.

Zähmet kadalary iş orunlarynyň hünär synaglarynyň we rasionalizasiýalaşdyrylmagynyň, täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylyşyna we zähmet öndürijiliginiň ösüşini üpjün edýän guramaçylyk-tehniki çärelere görä hökman täzeleri bilen çalşyrylmaga degişlidir. Aýry işgär, brigada tarapyndan önüm öndürijiliginiň (hyzmatlaryň edilmegi) ýokary derejesiniň gazanylmagy zähmetiň we öňde baryjy tejribäniň täze usullarynyň hut öz başlangyjy bilen, şeýle hem iş orunlarynyň öz güýçleri bilen kämilleşdirilmegiň kadalary täzeden seretmäge esas bolmaly däldir. Zähmet kadalaryny girizmek, çalşyrmak we täzeden seretmek iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalary bilen ylalaşmak esasynda amala aşyrylýar. Bütewi

we birkysmy (pudagara, pudaklaýyn, edaralaýyn) zähmet kadalarynyň çalşyrylmagy we täzeden seredilmegi şolary tassyklan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Zähmetiň täze kadalarynyň girizilendigi hakynda işgärlere bir aýdan gijä galman habar edilmelidir. Şunda işgärlere zähmet kadalaryna täzeden seretmegiň sebäpleri, şeýle hem täze kadalaryň ulanylmaly şertleri düşündirilmelidir. Iş öndürijiliginiň kadalary (wagt kadalary), hyzmat etmegiň kadalary bellenilende ýa-da olara täzeden seredilende ýüze çykýan näsazlyklar ýokarda durýan edaralar we kärdeşler arkalaşygy guramalary, kazyýet tarapyndan çözülýär. Zähmete hak tölemegiň potratçylyk usulynda bahalar işiň bellenilen razrýadlaryndan, hak tölemegiň tarif stawkalaryndan we iş öndürijiliginiň kadalaryndan (wagt kadalaryndan) ugur alnyp kesgitlenilýär. Potratçylyk esasynda hak tölemek üçin bolan baha ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagatlaýyn (gündelik) iş kadasyna bölmek arkaly kesgitlenilýär. Potratçylyk bahasy ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik) tarif stawkasyny sagat ýa-da gün hasaby bilen bellenilen wagt kadasyna köpeltmek arkaly hem kesgitlenilip bilner. Tehniki kadalary we bahalary üýtgedýän oýlap tapyşlaryň we rasionalizatorlyk teklipleriň awtorlaryna zähmetiň täze kadalarynyň we bahalaryň girizilen pursatyndan başlap, alty aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar. Oýlap tapyjynyň ýa-da rasionalizatoryň oýlap tapyşynyň ýa-da rasionalizatorçylyk teklibiniň ornaşdyrylmagy bilen, kadalary we bahalary üýtgedilen işi oýlap tapyjy ýa-da rasionalizator ozal ýerine ýetirilmedik mahalyndaky we şonuň ýaly teklip girizilenden soň ol şol işe geçirilen mahalyndaky halatlarda hem ozalky bahalar ulanylýar. Oýlap tapyja ýa-da rasionalizatora tekliplerini ornaşdyrmaga kömek beren işgärlere üç aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

Zähmete sagatlaýyn hak tölenýän halatynda işgärlere

kadalaşdyrylan tabşyryklar bellenilýär. Işleriň (hyzmatlaryň) aýry-aýry görnüşlerini we möçberlerini ýerine ýetirmek üçin hyzmat etmegiň kadalary ýa-da işgärleriň sany babatynda kadalar bellenilip bilner.

Iş beriji işgärler tarapyndan iş öndürijilik kadalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin işiň kadaly şertlerini üpjün etmäge borçludyr, şol sanda:

1) buýrmalar, işleriň möçberleri we zerur çig mal bilen üpjün etmäge;

2) maşynlaryň, stanoklaryň, enjamlaryň we abzallaryň abat işleýiş ýagdaýyny;

3) tehniki resminamalar bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

4) işi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan oňat hilli we san taýdan ýeterlik materiallar hem-de iş gurallary bilen üpjün etmäge we şolary öz wagtynda bermäge;

5) önümçiligi elektroenergiýa, gaz we beýleki energiýa çeşmeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

6) zähmetiň howpsuz we sagdyn şertleri (tehniki howpsuzlygyň kadalary we düzgünleri boýunça hem-de önümçilik sanitariýa düzgünlerini we kadalaryny berjaý etmek, zerur ýagtylyk, ýylylyk, wentilýasiýa, zyýanly galmagalyň netijelerini aradan aýyrmak, şöhlelenmeleri, wibrasiýany we işgärleriň saglygyna ýaramaz täsir edýän beýleki faktorlaryň aradan aýrylmagy). Türkmenistanyň Zähmet Kanunçylygy işgärlere üçin hukuk kepillikleri we onuň kanuny esasda eden çykdajylary üçin öwezini dolmalary belleýär. Kepillikler diýlip, serişdeleriň, usullaryň we şertleriň kömegi bilen işgärlere durmuş-zähmet gatnaşyklary çygrynda hukuklaryň berilmegini amala aşyrmagy üpjün etmeklige düşünilýär. Zähmet kanunçylygy işgärlere iş wagtynda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirilende, onda onuň iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça zähmet hakynyň saklanmagy kepillendirilýär. Işgärleriň saýlaw hukugyny amala

aşyrmaklary, deputatlyk ygtyýarlaryny amala aşyrmaklary, welaýat, etrap we şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, şeýle hem Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklary amala aşyrmaklary, Türkmenistanyň Mejlisiniň sessiýalaryna, Geňeşleriň maslahatlaryna gatnaşmagy, döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan çagyrylýan gurultaýlara, plenumlara, konferensiýalara delegatlar hökmünde gatnaşmaklary, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki wezipeler ýerine ýetirilende, anyklaýyş, deslapky derňew edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýete çagyrylmagy boýunça şaýat, ejir çeken, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä hökmünde barmaklary, şeýle hem kazyýetiň mejlislerine halk oturdaşlary, jemgyýetçilik birleşikleriniň we zähmet toparlarynyň wekilleri hökmünde gatnaşmaklary, köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gepleşiklere gatnaşmaklary, olar bolmadyk mahalynda bolsa köpçülikleýin gepleşikleriň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça gatnaşmaklary, kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan agzalar hökmünde ýerli häkimiýet edaralarynyň ýanyndaky toparlaryň we HMAT-nyň işine gatnaşmaklary , meýletin ýangyna garşy družinalaryň agzalarynyň ýangynyň ýa-da awariýanyň ýok edilmegine gatnaşmaklary we kanunda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlar döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirmeklik diýlip düşünilýär. Şeýle hem şol kepillikler işgärler döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanylan ýagdaýynda hem saklanylýar, ýagny döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanmagy netijesinde işden boşadylan işgärlere saýlawly wezipesi boýunça olaryň ygtyýarlyklary gutarandan soňra, olaryň öňki işi (wezipesi), şeýle hem olar bolmadyk mahalynda, şol kärhanada ýa-da işgäriň razylygy bilen beýleki kärhanada şoňa kybapdaş iş (wezipe) berilýär.

Türkmenistanyň Zähmet Kanunçylygy işgärlere üçin hukuk kepillikler işgär gulluk iş saparlarynda bolanda, başga ýere işe geçirilende Jemgyýetiň bähbitleri üçin hereket edende (heläkçiligiň, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň ýok edilmegi, adamyň halas edilmegi we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda), harby borçlaryny ýerine ýetirende, oýlap tapyşy we rasionalizatorçylyk teklibi ornaşdyrmak boýunça esasy işinden boşadylanda, Işgär başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilende, zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende, önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaý we hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende, donor bolup durýan işgärlere, hünärini ýokarlandyrmak üçin işden aýrylmak şerti bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende, işgärler önümçilikden aýrylmak şerti bilen orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde, aspiranturada we doktoranturada okan döwürlerinde, kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende kanunçylyda göz öňünde tutulan kepillikler berilýär. Käbir ýagdaýlarda hukuk kepillikleri öwezini doldurmalar bilen bilelikde ulanylýar.

*Öwezini dolmalar – munuň öz,i pul tölegleri bolup, işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan zähmet ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak maksatlarynda bellenilýär.* Işgärleriň öz iş saparlary bilen baglanyşykly çykdajylary we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr. Gulluk iş sapary hökmünde işgäriň kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça onuň hemişelik işleýän ýerinden daşary gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek üçin başga bir ýere belli bir möhletiň dowamynda gitmegi hasaplanylýar. Işgärleriň gulluk boýunça ugramagy ýolda geçýän bolsa ýa-da

ýol üçin niýetlenen ýa-da göçme häsiýete eýe bolýan bolsa, onda ol iş sapary hasaplanylmaýar. Iş saparyna iberilýän işgärlere iş saparynda bolýan döwri üçin gündelik harjy, bellenen ýere barmak we yzyna gaýtmak üçin çykdajylar, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylar Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän tertipde we möçberlerde tölenilýär. Iş saparyna iberilen işgärlere iş orny, wezipesi we ortaça zähmet haky (wezipe aýlyk haky, tarif stawkasy) onuň iş sapary bilen bolan döwrüne, şol sanda onuň ýolda bolan döwri üçin hem tölenilýär. Iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmagyň anyk möçberleri zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär we Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberlerden pes bolup bilmez. Işgärleriň başga ýere işe geçirilenligi, kabul edilenligi ýa-da iberilenligi bilen edilen çykdajylarynyň öwezini dolmaga we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr. Işgärler başga işe geçirilende, eger munuň özi başga ýere göçmek bilen baglanyşykly bolsa, Zähmet Lodeksiniň degişli maddasynda göz öňünde tutulan öwezini dolmalar tölenilýär we degişli kepillikler berilýär, muňa birwagtlaýyn berilýän kömek pul tölegleri girmeýär, şeýle kömek pul taraplaryň ylalaşygy esasynda şol işgärlere tölenip bilner. Okuw mekdebini, aspiranturany, doktoranturany, klinik ordinaturany tamamlap ýa-da guramaçylykly toplum, ýa-da jemgyýetçilik çagyryşy tertibinde başga ýere işe iberilmegi sebäpli gidýän adamlara kepillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlara öwezini dolmalaryň möçberleri, olary tölemegiň tertibi we kepillikleri bermek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.Iş berijiniň işgärlere degişli ulag serişdelerini, enjamlary, gurallary we abzallary ulanmaga hukugy bardyr. Olaryň peýdalanylandygy üçin öwez pullarynyň möçberi we olary tölemegiň tertibi işgär

bilen ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär.

Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende iş beriji işgäre zähmete ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilmegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda oňa döwlet kömek puluny töleýär. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi we ony tölemegiň şertleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da işgär aradan çykanda işgäre (onuň maşgalasyna) ýitiren zähmet hakynyň (girdejisiniň), şeýle hem saglygyna zeper ýetenligi bilen baglanyşykly lukmançylyk, durmuş we hünär taýdan saglygyny dikeltmek üçin goşmaça çykdajylar ýa-da işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly degişli çykdajylar tölenilýär Işgärlere berilýän kepillikleriň we öwezini dolmalaryň görnüşleri, möçberleri we şertleri görkezilen halatlarda şu Kodeks we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenilýär. Ýitirilen zähmet hakynyň we (ýa-da) goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmak kärhanalarda öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar, býujetiň hasabyna saklanýan kärhanalarda şolary saklamak üçin göz öňünde tutulan çykdajylaryň smetasyndaky serişdeleriň hasabyna tölenilýär.

Hünärini ýokarlandyrmak üçin başga ýere işden boşadylyp iberilýän işgärlere iş saparlaryna iberilýän adamlar üçin göz öňünde tutulan tertipde we möçberlerde iş sapar çykdajylarynyň tölegi geçirilýär.

Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende kärhananyň täze eýesi görkezilen işgärlere üç aýlyk ortaça zähmet haky möçberinde öwezini doluş tölegini tölemäge borçludyr.

## X. Zähmet düzgün-nyzamy

### §1. Zähmet düzgün–nyzamy düşünjesi we ony üpjün etmegiň hukuk serişdeleri.

Zähmet düzgün-nyzamy her bir işiň netijeli bolmagy üçin zerurlykdyr. Şonuň üçin Zähmet kodeksinde zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmaga gönükdirilen kadalara uly orun berilýär. Kodeksiň onunjy bölümi, 160-170-nji maddalar zähmet düzgün-nyzamyna bagyşlanandyr.

Zähmet düzgün-nyzamy diýip, işgäriň we iş berijiniň zähmet hakyndaky umumy kadalary, içerki zähmet-düzgün tertibini, köpçülikleýin baglaşylan şertnamany, zähmet şertnamasyny, wezipe borçlary baradaky düzgünnamany, gündelik iş tabşyryklaryny berjaý etmeklerine aýdylýar. Zähmet gatnaşyklarynyň iki tarapy hem, ýagny, iş beriji we işgär kärhananyň görnüşine garamazdan, iş wagtyny ýitgisiz, maksada laýyk, netijeli guramaly we ulanmaly. Olar zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy üçin ähli çäreleri görmeli. Işgär iş ýerindäki emläklere, enjamlara eýeçilik gözi bilen garamaly, olary aýawly saklamaly. Zähmet düzgün-nyzamynyň berkligi, iş berijiniň we işgäriň zähmet gatnaşygyndaky borçlaryny göwnejaý ýerine ýetirmegi bilen baglydyr. Bu borçlary umumylaşdyryp şeýle beýan etmek mümkin.

Işgäriň zähmet borçlaryna – zähmeti goramak baradaky bellenen kadalary berjaý etmek, iş berijiniň emlägine zyýan ýetmeginiň öňüni almak; baglaşylan zähmet şertnamasyna laýyklykda, iş berijiniň görkezmelerini we buýruklaryny birkemsiz ýerine ýetirmek; zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga ýardam etmek; öndürilýän önümiň, ýerine ýetirilýän işleriň, edilýän hyzmatlaryň hili barada bellenen talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmek; iş berijiniň täjirçilik syrlaryny paş etmezlik; öz hünärini ýokarlandyrmak; içerki

zähmet düzgün-tertip kadalaryna, zähmet düzgün-nyzamyny kesgitleýän beýleki resminamalara boýun egmek; kanunçylykdan, zähmet şertnamasyndan gelip çykýan beýleki borçlary ýerine ýetirmek girýär.

Iş berijiniň zähmet gatnaşygyndaky borçlaryna-işgäriň zähmetini oňat guramak; öndürijilikli zähmet üçin zerur şertleri döretmek; zähmet we önümçilik düzgün-nyzamyny üpjün etmek; zähmet hakyndaky we zähmeti goramak hakyndaky kanunçylygyň talaplaryny berjaý etmek; işgäriň zähmetine görä hak tölemek; işgäriň isleg haýyşlaryna eserdeň garamak; işgäriň zähmet we durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin çäreleri geçirmeklik degişlidir.

Kärhanalarda içerki tertip-düzgün kadalary her kärhananyň iş, önümçilik aýratynlyklaryndan ugur alnyp işlenip düzülýär.

Demokratik we hukuk döwleti bolan Garaşsyz we hemişelik Bitarap Türkmenistanda zerur düzgün-nyzam meýletinlik we düşündiriş usullary arkaly üpjün edilýär. Zähmeti göwnejaý guramakda, öndürijiligi ýokarlandyrmakda, önümiň we hyzmatyň özüne düşýän gymmatyny azaltmakda zähmet düzgün-nyzamynyň ahmiýeti örän ulydyr.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde geçirilýän özgertmeleriň çalt depginde amala aşyrylmagy, ilkinji nobatda, hünärmenleriň sowatlylygyna, gözýetiminiň giňligine, işjeňligine, guramaçylyk ukybyna, düzgün-nyzamy berjaý edişine baglydyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda talaba laýyk düzgün-nyzamy üpjün etmek üçin degişli hukuk çäreleri, ýagny höweslendiriş we jogapkärçilik çäreleri bellenen. Işde gazanylan üstünlikler üçin höweslendirmeler, müdirlik tarapyndan kärhananyň, edaranyň, guramanyň kärdeşler arkalaşygy bilen ylalaşyp ulanylýar. Höweslendirmeler kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen yglan edilýär.

Umuman, zähmet düzgün-nyzamy diýlip köpçülikleýin zähmet çekmäge gatnaşýanlaryň özlerini alyp barmaklary baradaky tertibe aýdylýar. Iş önümçiligine gatnaşýanlaryň hemmesiniň bellenen düzgüni berjaý etmegi, umuman, ykdysadyýeti sazlaşykly ösmegini üpjün edýär. Zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmakda kärdeşler arkalaşyklarynyň alyp barýan işleriniň uly ähmiýeti bar.

## §2. Zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi.

Ýurdumyzda zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmegiň esasy usuly işçileriň, daýhanlaryň, gullukçylaryň aň-düşünjeliligini ýokarlandyrmakdan, watançy, zähmetsöýer, ruhubelent, giň gözýetimli hünärmenleriň zähmet hakyndaky kanunlary meýletin berjaý etmegini gazanmakdan ybaratdyr. Zähmet düzgün-nyzamy meýletin berjaý edilmedik wagtynda düzgün-nyzam jogapkärçiligi döreýär. Düzgün-nyzam jogapkärçiligi hukuk jogapkärçiliginiň görnüşleriniň biri bolmak bilen, zähmet hakyndaky kanunlaryň, zähmet şertnamasynyň talaplaryny bozýan işgärlere ulanylyp bilner. Bu usul haçan-da ynandyrmak usuly garaşylýan netijäni bermedik ýagdaýynda ulanylýar. Haçan-da ynandyrmak usuly jogapkärçilige çekmek çäreleri utgaşykly ulanylsa, bu ulanylýan usullar zähmetkeşleriň dykgatyna aç-açanlykda öz wagtynda ýerine ýetirilse, şonda özüniň iň oňat terbiýeçilik netijesini berýär.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda işgärleriň yhlasly işlemegini, zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmegini, iş berijiniň tabşyryklaryny öz wagtynda hem-de takyk ýerine ýetirmegini üpjün etmäge gönükdirilen kadalar bar. Türkmenistanda soňky ýyllarda zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmak barada birnäçe möhüm resminamalar kabul edildi. Şol hukuknamalarda kärhanalarda, edaralarda,

guramalarda düşünjeli zähmet düzgün-nyzamynyň üpjün edilmegine gönükdirilen ykdysady, sosial, hukuk çäreleriniň tutuş ulgamy beýan edilýär.

Häzirki wagtda düzgün-nyzamlylyk kärhanalaryň, olaryň ýolbaşçylarynyň işine baha bermegiň esasy görkezijileriniň birine öwrüldi. Düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek üçin hem jogapkärçiligiň beýleki görnüşlerindäki ýaly şertler, ýagny işgär tarapyndan düzgüni bozujy hereketiň ýa-da hereketsizligiň netijesinde kadaly zähmet gatnaşyklarynyň bozulmagy, zähmet düzgün-nyzamyny bozujy günäli hereket ýa-da hereketsizlik bilen dörän oňaýsyz netijäniň arasynda sebäpli baglanyşyk bolmaly.

Işgär içerki zähmet düzgün-nyzamyny bozan diýlip hasap edilse, onda oňa zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan hukuk çäreleriniň haýsy-da bolsa biri ulanylýar. Diýmek, zähmet düzgün-nyzam jogapkärçiligi zähmet kanunçylygynyň, kärhananyň içki düzgün-nyzam kadalarynyň, zähmet şertnamasynyň şertleriniň işgär tarapyndan bozulan ýagdaýynda oňa garşy ulanylýan temmi çäresidir (temmi çäreleriniň görnüşleri we olary ulanmagyň tertibi degişli bölümde beýan ediler).

Hünärmenleriň düzgün-nyzamlylygyny we jogapkärçiligini ýokarlandyrmak jemgyýetçilik ösüşiniň iňňän ýokary wezipeleriniň biridir. Elbetde, beýle diýlende gorky esasynda, adamlary ynama ýugrulmakdan, işjeňlikden mahrum edýän çakdan aşa ätiýaçlylyk we müňkürlik döredýän gazaply dolandyryş usullary esasynda gurlan düzgün-nyzamlylyk göz öňünde tutulmaýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy işde gazanylan üstünlikler üçin höweslendirmeleri ulanmagy göz öňünde tutýar (zähmet kodeksiiň 163-nji maddasy). Sylaglar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesine girizilýär.

Zähmet düzgün-nyzamyny üpjün etmek üçin diňe höweslendirmeler däl, eýsem, kanunçylykda jogapkärçilik çäreleri hem bellenen. Zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň 164-nji maddasyna laýyklykda şu düzgün-nyzam temmileri ulanylýar:

5) duýduryş
6) käýinç
7) berk käýinç
8) işden çykarmak.

Bu sanaw gutarnykly däl, sebäbi, Türkmenistanyň ýörite hukuknamalarynda ýa-da aýry-aýry işgärler üçin başga düzgün-nyzam temmileri hem göz öňünde tutulyp bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanylanda edilen etmişiň agyr-ýeňilligi, onuň nähili ýagdaýda edilendigi, işgäriň şol wakadan öňki tertip-düzgüni, onuň işe garaýşy nazarda tutulmalydyr. Düzgün-nyzam temmisini şol işgäri işe kabul etmek hukugy bar bolan wezipeli adam tarapyndan ulanylyp bilner. Diňe zähmet hakyndaky kanunlarda göz öňünde tutulan temmi çäresi berlip bilner. Düzgün-nyzam temmisi ulanmazyndan öň işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilip alynmalydyr. Eger düzgün bozujy düşündiriş bermekden boýun gaçyrsa, kärdeşler arkalaşygynyň wekiliniň gatnaşmagynda üç adamdan ybarat topar düzülip, topar tarapyndan düşündiriş bermekden boýun gaçyrylandygy hakynda beýanat düzülýär. Ol beýanat düşündirişiň deregini tutýar.

Özi-de etmiş ýüze çykarylan dessine, ýöne etmişiň ýüze çykarylan gününden beýläk bir aýdan gijä goýman jogapkärçilik çäresi ulanylmaly. Bir aýyň dowamynda jogapkärçilik çäresi ulanylmasa soňra şol etmişi üçin jogapkärçilige çekip bolmaýar. Her bir etmiş üçin diňe ýekeje düzgün-nyzam temmisi ulanylyp bilner. Zähmet kodeksiniň 167-nji maddasyna laýyklykda, eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik

bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanylýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýär. Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa,bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini aýyrmaga haklydyr.
Düzgün-nyzam temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda şol işgär barasynda höweslendiriş çäresi ulanylmaýar. Temmi berlende aç-açanlyk ýörelgesinden ugur alynmalydyr, ýagny, berlen temmi zähmetkeşlerň arasynda yglan edilip, bu baradaky buýrugyň göçürmesi bildirişler asylýan tagtada asylmalydyr. Temmi çäresi hökmany suratda ýazmaça berlen buýruk bilen resmileşdirilmeli. Söz üsti bilen berlen temmi hasaba alynmaýar we onuň hiç hili hukuk güýji bolmaýar. Temmi berlendigi baradaky buýruk çykarylandan soň üç güniň içinde ol temmi çäresi barada işgäre gol çekdirilip habarly edilmelidir.

## §3. Zähmet üçin höweslendirme çäreleri

Garaşsyz , hemişelik Bitarap Türkmenistanda ýürekden çeken zähmet üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ahlak we maddy höweslendirme çäreleri bilen sylaglanylýar. Höweslendirme çärelerine işgärleriň zähmetde gazananan üstünliklerini ykrar etmekligi we olaryň oňat işlemäge, döwlete we jemgyýete köp peýda getirmeklige çalyşmalaryna goldamaklygy aňladýar. Zähmete hak tölemegiň ulgamy tarapyndan göz öňünde tutulan goşmaça tölegleri, goşmaça haklary, sylaglary we beýleki tölegleri goşmak bilen zähmet haky höweslendirmäniň görnüşlerine degişli däldir. Düzgün-tertip nyzamynyň temmisiniň hereket edýän möhletiniň

dowamynda işgäre höweslendiriş çäreleri ulanylmaýar. Kanunçylyk höweslendirmeleriň iki görnüşüni - işde gazanan üstünligi üçin hem-de aýratyn zähmet hyzmatlary üçin höweslendirmeleri göz öňünde tutýar. Zähmet borçlaryny dogruçyl ýerine ýetirenligi we işde gazanan üstünligi, zähmet öndürjiligini ýokarlandyranlygy we işde gazanan beýleki üstünligi üçin maddy we ahlak häsiýetli şeýle höweslendirme çäreleri ulanylyp bilner: minnetdarlyk bildirmek, birwagtlaýyn baýrak bermek, gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak, hormat haty bilen sylaglamak. Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen höweslendirmegiň beýleki çäreleri hem göz öňünde tutulyp bilner. Öz zähmet borçlaryny ak ýürek bilen ýerine ýetirýän işgärlere ilkinji nobatda sosial –medine we ýaşaýyş durmuş hyzmaty çygrynda, şeýle hem wezipesini ýokarlandyrmakda ýeňillikler we artykmaçlyklar berilýär. Höweslendirmäniň görnüşleri, olary ulanmagyň tertibi, artykmaçlyklaryň we ýeňillikleriň berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet düzgün-nyzamy hakynda zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tertipnama we düzgünnama bilen kesgitlenýär. Işgärler jemgyetiň we döwletiň öňünde bitiren aýratyn zähmet hyzmatlary üçin höweslendirmeler we sylaglanmalar sylaglanýan işgär barada öz garaýyşlaryny aýdýan iş berijiniň, jemgyýetçilik guramanyň we zähmetkeşler köpçüliginiň hödürlemegi bilen ygtyýarly döwlet edarasy we jemgyýetçilik guramasynyň edarasy tarapyndan amala aşyrylýar. Sylaglar we höweslendirmeler hakyndaky maglumatlar iş berijiniň buýrugy bilen zähmetkeşler köpçüliginiň dykgatyna ýetirilýär we işgäriň zähmet depderçesine degişli ýazgy edilýär .

# VII . Zähmeti goramak

## §1. Zähmeti goramaklygyň umumy häsiýetnamasy

Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 33-nji maddasynda raýatlaryň esasy hukuklarynyň arasynda olaryň sagdyn hem howpsuz zähmet şertlerinde zähmet çekmäge hukugynyň bardygy bellenýär. Bu hukuk, hukuk resminamalaryň toplumynda, durmuş-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar – arassaçylyk, bejeriş-proflaktiki, dikeldiş we beýleki çärelerde öz beýanyny tapýar. Zähmet işiniň barşynda işgärleriň janyny we saglygyny goramaklygyň hukuk ulgam üpjünçiligi täze kabul edilen Zähmet Kodeksiniň ýörüte bölüminde we beýleki hukuk resminamalarynda berkidilýär. Zähmet Kodeksinde zähmeti goramak çygrynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary kesgitlenendir, işgärleriň zähmeti goramak hukugy anyklaşdyrylandyr we bu hukugyň kepillikleri berkidilendir, zähmeti goramaklygyň serişdeleri we iş berijiniň degişli borçlary göz öňünde tutulandyr,şeýle hem zähmeti goramak hakyndaky kanunçylygyň berjaý edilişini barlaýan we gözegçilik edýän edaralaryň ulgamy kesgitlenendir.

Hukuk edebiýatlarynda zähmeti goramak giň we dar manyda seredilýär. Giň manyda zähmeti goramaklyga zähmet hukugynyň ähli kadalary girýär,sebäbi olar işgärleriň bähbidine kesgitlenendir we olaryň zähmedini goramaklygy ündeýär. Dar manyda zähmeti goramaklyk zähmet hukugynyň bir ýörelgesi, hukuk instituty, anyk zähmet hukuk gatnaşyklarynda işgäriň sagdynlygyň hem howpsuzlygyň talaplaryna jogap berýän zähmet şertlerine bolan subýektiw hukugy hökmünde düşünilýär.

*Zähmeti goramak* – bu raýatlaryň kärhananyň önümçilik işine garanyňda işgärleriň ömrüniň we saglygynyň ileri tutulmagy, zähmeti howpsuz we sagdyn şertlerini döretmek üçin

kärhanalaryň jogapkärçiligi, işgärleriň sosial taýdan goragy, olaryň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykda maýyp bolmagy, kesp-kär bilen baglanyşykly kesellemegi zerarly ýa-da saglygyna başga hili ýetirilen zyýanyň öweziniň doly tölenilmegi, ähli kärhanalar üçin zähmeti goramak babatynda ýeke-täk namalaryň bellenilmegi, zähmeti goramagy dolandyrmagyň ykdysady usullarynyň peýdalanylmagy, ýeňillikli salgyt salmagyň syýasatynyň, geçirilmegi, zähmeti goramak baradaky çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagy, kesp-kär taýýarlygy boýunça ilatyň okadylmagynyň amala aşyrylmagy we hünärmen taýýarlygynyň we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça işgärleriň hünärini ýokarlandyrmak, güýçli howply önümçilikleriň lisenzirlenmegi (rugsatnama berilmegi), önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýalaşdyrylmagy, zähmet şertleri, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý we kär bilen baglanyşykly kesellemegiň ýagdaýy hakynda döwlet statistikasynyň, bellenilmegi, saglygy saklamagyň, zähmet gigiýenasynyň we howpsuzlygynyň, dürli meselelerini çözýän döwlet edaralarynyň, guramalarynyň we raýatlaryňlaryň birleşikleriniň işini utgaşdyrmagyň üpjün edilmegi, zähmeti goramak ugrunda jemgyýetçilik guramalarynyň işiniň goldanylmagy, zähmeti goramagyň meselelerini çözmekde halkara hyzmatdaşlygy, zähmet şertlerini gowulandyrmak we zähmet howpsuzlygyny ýokarlandyrmak işiniň guramagyň dünýä tejribesiniň peýdalanylmagy ýaly zähmeti goramagyň kadalaryny özünde jemleýär.

Zähmet Kodeksiniň 171-nji maddasynda Zähmeti goramaklygyň hukuk, sosial-ykdysady, guramaçylyk-tehniki, sanitar-gigiýeniki, bejeriş-profilaktiki (öňüni alyş) çäreleriniň we serişdeleriniň ulgamy bolup, ol adamyň zähmetiniň prosesinde onuň howpsuzlygy, saglygyny goramagy we işe ukyplylygyny üpjün etmekden ybaratdygy bellenilýär. Şonuň

üçin, zähmeti goramagyň kadalary zähmet hakyndaky kanunçylygyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Iş berijini işgärler üçin sagdyn we howpsuz zähmet şertlerini döretmäge, zähmeti goramak baradaky talaplary berjaý edilmegini üpjün edýän iňňän täze serişdeleri we tehnologiýalary ornaşdyrmaga borçlandyrýan kadalar Zähmet kodeksiniň on birinji bölüminde, 171-205-nji maddalarda beýan edilendir. Kodeksiň 172-nji maddasynda zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlary görkezilen: 1) işgärleriň ömrüni we saglygyny goramagyň ileri tutulýan ugurlaryny üpjün etmekden; 2) zähmeti goramak boýunça Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şeýle hem zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmegiň maksada laýyk maksatnamalaryny kabul etmekden we durmuşa geçirmekden;

3) zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyndan;4) zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegiň döwlet gözegçilik barlagyndan we gözegçiliginden; 5) howply bolan işlere ygtyýarlylandyrmakdan, önümçilik maksatly önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) güwälendirilmeginden;6) zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegi üçin jemgyýetçilik gözegçiligi boýunça kärdeşler arkalaşyklary edaralaryna ýardam etmekden; 7)önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaýlaryň we hünär keselleriň derňewinden we hasabatyndan; 8) önümçilikde bolan heläkçilikli ýagdaýlardan we hünär keseller sebäpli zyýan çeken işgärleriň, şeýle hem olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan; 9) zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan iş üçin öwezini dolmalary bellemekden; 10) zähmeti goramak babatda işi, daşky gurşawy gorap saklamak işini we ykdysady hem-de durmuş işiniň beýleki görnüşlerini utgaşdyrmakdan; 11) zähmetiň şertlerini we ony goramagy kämilleşdirmek boýunça öňdebaryjy milli we daşary ýurt iş tejribesini ýaýratmakdan; 12) zähmeti goramagyň

çygrynda, ony ylmy taýdan guramakdan, täze tehnikany we tehnologiýany ornaşdyrmakdan, rasionalizatorlyk we oýlap tapyjylyk işini höweslendirmekden; 13) zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmäge döwletiň gatnaşmagyndan; 14) zähmeti goramak boýunça hünärmenleri taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan; 15) zähmet şertleri hakynda, şeýle hem önümçilik şikesi, hünär keseli hakynda we olaryň maddy netijeleri barada döwlet statistik hasabaty guramakdan; 16) zähmeti goramagyň bütewi habar beriş ulgamyny ösdürmekden we onuň işlemegini üpjün etmekden; 17) zähmeti goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygyndan; 18) zähmetiň howpsuz şertlerini höweslendirýän, tehniki howpsuzlygy we tehnologiýany işläp düzmegi we ornaşdyrmagy, işgärleriň hususy we köpçülikleýin goranyş serişdeleriniň önümçiligini ýola goýmagy höweslendirýän netijeli döwlet salgyt syýasatynyň geçirilmeginden; 19) işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şeýle hem sanitariýa-durmuş jaýlary we enjamlary, bejeriş-öňüni alyş serişdeleri bilen iş berijileriň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmegiň tertibini bellemekden ybaratdygy görkezilýär .

Döwlet syýasatynyň şu esasy ugurlaryny durmuşa geçirmek, zähmetiň goraglylygyny üpjün etmek üçin her kärhananyň ýolbaşçysyndan, tehniki howpsuzlyk inženerinden başlap, kärdeşler arkalaşyklarynyň, sanitariýa we tehniki gözegçilik gulluklarynyň işi ýola goýlandyr. Zähmeti goramagyň talaplary kärhananyň çäkleriniň we önümçilik jaýlarynyň maksadalaýyk peýdalanylmagyny, enjamlaryň dogry ulanylmagyny we tehnologik talaplaryň berjaý edilmegini, işleýän adamlaryň, umuman, ilatyň janyna, saglygyna zyýanly täsirlerden goralmagyny öz içine alýar. Mysal üçin, azyk senagat kärhanalarynyň, jemgyýetçilik iýmiti we söwda kärhanalarynyň, suw desgalarynyň, kesel bejeriş-öňüni alyş we çagalar edaralarynyň işgärleri ilatyň saglygyny goramak

maksady bilen işe alynmazdan öň we işleýän döwründe hem yzygiderli lukmançylyk barlagyndan geçirilýär.

Zähmeti goramakda hukuk taýdan hökmany çäreleri durmuşa geçirmek oňyn netije berýär. Bu babatda işçileriň öz işleýän maşynlarynyň enjamlaryny öwrenmäge uly üns berilmelidir. Şu maksat bilen, kärhanalarda ýörite hünär we hünäri kämilleşdiriş okuwlary guralýar. Olary tamamlan işgärlere degişli şahadatnamalar berilýär. Şunuň birlikde, zähmet hakyndaky kanunçylyga laýyklykda howpsuzlyk tehnikasy, önümçilik sanitariýasy, ýangyndan goralyş çäreleri bilen we zähmeti goramaga degişli kadalar bilen işçileri, gullukçylary tanyşdyrmak kärhananyň müdiriýetiniň borjudyr. Tanyşdyryş-gözükdiriş işleri birnäçe görnüşde geçirilýär. Giriş gözükdirmesi işe kabul edilýän ähli işgärler bilen müdirligiň we kärdeşler arkalaşygynyň ylalaşyp tassyklan maksatnamasy boýunça geçirilýär. Iş ýerinde ilkinji gözükdiriş işe kabul edilen her bir işgär bilen iş ornunda aýratynlykda geçirilýär. Iş üstünde maşynlarda, enjamlarda işlemegiň usullary görkezilýär. Gaýtalanyp geçirilýän gözükdirme ähli işgärler bilen azyndan 6 aýdan bir gezek geçirilýär. Gözükdirmäniň bu görnüşini geçirmek bilen işgärleriň zähmeti goramak baradaky bilimleri barlanýar, gerek bolsa täzeden öwredilýär. Umuman, her bir işgär öz zähmetini howpsuz guramagyň usullaryny doly özleşdirmeli. Käbir işleriň howplylygyndan, aýratynlygyndan ugur alnyp, zerurlyk bolsa gündelik işiň öň ýanyndaky gözükdirmäni hem geçirmek mümkin. Goranyş serişdelerinden peýdalanmagy başarmak işçileriň, gullukçylaryň wezipe borjudyr. Şonuň bilen birlikde, kärhananyň müdirligi işgärleriň goranyş serişdelerinden peýdalanyşyna gözegçilik etmäge borçludyr. Eger-de işiň häsiýeti talap edýän bolsa, ýörite iş geýimsiz işgär işe göýbermeli däldir.

## §2. Zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagyň döwlet kepillikleri

Zähmet Kodeksinde ähli kärhanalarda, edaralarda, guramalarda sagdyn we howpsuz zähmet şertleriniň döredimelidigi we işgäriň howpsuzlyk we arassaçylyk talaplaryna jogap berýän zähmete bolan hukugy bellenilendir. Döwlet zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär. Howpsuzlyk we arassaçylyk talaplary bolan zähmeti goramak babatda Her bir işgär şu aşakdaky hukuklary bardyr:

1) zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsirinden ýol berilýän kadalaryň goragly çäklerinde bolup biljek önümçilik heläkçiliginden, hünär keselinden ýa-da işe ukyplylygyň peselmeginden goragly iş ornuna;

2) iş ýerinde zähmet şertleri we ony goramak barada, saglyga zyýan ýetirip biljek howply ýagdaýlar barada, şeýle hem saglyga zyýan ýetirip biljek we howply ýa-da önümçilik faktorlarynyň täsirinden goramak boýunça çäreler hakynda iş berijiden, degişli döwlet edaralaryndan we jemgyýetçilik birleşiklerinden doly we dogry maglumaty almaga;

3) işgäriň ýa-da beýleki adamlaryň ömrüne we saglygyna howp döreýän bolsa, onda zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde şeýle howp aradan aýrylýança işleriň ýerine ýetirilmeginden ýüz öwürmäge, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär;

4) zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün edilmegine;

5) işiň howpsuz usullaryny we tärlerini okatmagy (gönükdirmegi) iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;

6) zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy

netijesinde iş orny ýatyrylan halatynda gaýtadan hünär taýdan taýýarlamagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmaga;

7) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi edaralary tarapyndan, zähmet şertlerine döwlet seljermesini amala aşyrýan işgärler tarapyndan, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan onuň iş ornunda zähmet şertleriniň we goramagyň barlagyny geçirmek hakynda talapnama bermäge;

8) döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna, iş berijä we iş berijileriň birleşiklerine, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklaryna we zähmeti goramagyň meseleleri boýunça wekilçilikli edaralarynyň beýleki ygtyýarly işgärlerine ýüzlenmäge;

9) iş ornunda işgäriň howpsuz zähmet şertleri bilen üpjün edilmegi bilen baglanyşykly meseleleriň seredilmegine hut onuň özi ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen onuň bilen bolup geçen önümçilikdäki betbagtçylykly ýagdaýy ýa-da hünär keseli sebäpli derňemäge gatnaşmaga;

10) lukmançylyk gözegçiliginden (barlagyndan) geçýän wagtynda, onuň iş ýerini (wezipesini) we ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen, lukmançylyk maslahatlaryna laýyklykda nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligine (barlagyna);

11) eger ol zähmetiň zyýanly, agyr şertleri bolan işlerde meşgul bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan, zähmet we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen bellenilen öwezini dolmalara we beýleki töleglere.

Döwlet zähmeti goramak işini guramagy üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýar, bu ugurda zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär. Işgärleriň zähmet şertleri zähmeti goramagyň

talaplaryna laýyk gelmelidir. Zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagy netijesinde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi edaralary tarapyndan işleriň wagtlaýyn togtadylmagy, eger ol işgäriň günäsi bilen bolmadyk halatynda, onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanylýar. Işgäriň we onuň töweregindäkileriň ömrüne we saglygyna gös-göni howp dörän halatynda, özüne tabşyrylan işi ýerine ýetirmekden işgär ýüz öwren halatynda, zähmet howpsuzlygyny gös-göni üpjün edýän zerur hususy gorag serişdeleri berilmedik halatynda; gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň döwlet edaralary tarapyndan işleri geçirmek togtadylanda we gadagan edilende, bozulma aradan aýrylýança ýa-da täze iş orny döredilýänçä, işgäre bir aýa çenli möhletde onuň hünärine laýyk gelýän başga iş ýa-da onuň razylygy bilen öňki işindäki ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk, beýleki iş berilmelidir. Iş beriji zerur halatda öz serişdeleriniň hasabyna işgäri täze käre (hünäre) taýýarlamak döwründe oňa ortaça zähmet hakyny tölemek bilen okatmaga borçludyr. Eger işgäre başga işiň berilmegi obýektiw sebäplere görä mümkin bolmasa, işgäriň ömri we saglygy üçin howp aradan aýrylýança, onuň işden boş duran wagty zähmet kanunçylygyna laýyklykda, iş beriji tarapyndan tölenilýär. Işgär bellenilen kadalara laýyklykda, hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri bilen üpjün edilmedik halatynda, iş berijiniň işgärden zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini talap etmäge hukugy ýokdur we ýüze çykan ýagdaý boýunça işden boş duran wagty üçin Zähmet Kodeksinde laýyklykda tölemäge borçludyr. Zähmeti goramak talaplarynyň bozulmagy netijesinde işgäriň ömri we saglygy üçin howp dörän mahalynda işleri ýerine ýetirmekden ýa-da zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulmadyk zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işleri ýerine ýetirmekden işgäriň boýun gaçyrmagy onuň düzgün-nyzam jogapkärçiligine

çekilmegine eltmeýär. Zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen işgäriň ömrüne we saglygyna zyýan (zelel) ýetirilen halatynda, oňa ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar. Zähmet şertleri sebäpli işgäriň saglyk ýagdaýynyň ýaramazlaşan halatynda, önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli sebäpli onuň zähmete bolan ukybyny ýitiren ýagdaýda, iş beriji işgäri onuň razylygy boýunça, lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş bilen ýa-da öz serişdeleriniň hasabyna işgäriň täze kär (hünär) almak üçin okamagyny üpjün etmäge borçludyr, oňa gaýtadan taýýarlaýyş döwründe ortaça zähmet hakyny saklamalydyr, zerur halatda onuň saglygynyň we zähmete ukyplylygynyň dikeldilmegini göz öňünde tutmalydyr.Has howply önümçilik şertlerinde işleýän işgärler topary iş beriji tarapyndan önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we hünär kesellerinden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hökmany şahsy ätiýaçlandyrma degişlidir.

Zyýanly, aýratyn agyr zähmet şertleri bolan işlerde işleýän işgäriň zähmetiň aýratyn şertleri bilen baglanyşykly işi üçin zähmet pensiýasyna, ýokarlandyrylan möçberde zähmet hakyna, bejeriş-öňüni alyş iýmiti, süýt ýa-da deň derejeli azyk önümleri bilen tölegsiz üpjün edilmegine, zähmet şertleri boýunça tölegli arakesmelere, gysgaldylan iş gününe, goşmaça zähmet rugsadyna, şeýle hem beýleki öwezini dolmalara hukugy bardyr. Zähmet şertleri, olaryň görnüşleri, möçberleri boýunça öwezini dolmaga hukugy bolan hünärleriň we işgärler toparynyň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Işgär zähmet şertnamasyny baglaşanda ýa-da başga işe geçirilende iş beriji tarapyndan zähmetiň şertleri hakynda, şol sanda hünär keseli we başga keseller bilen kesellemek töwekgelçiligi hakynda, şu sebäpli oňa degişli bolan ýeňillikler

we öwezini dolmalar, şeýle hem hususy gorag serişdeleriniň bolmagy hakynda habardar edilmelidir. Iş beriji şeýle hem işgärleri ýa-da işgärleriň wekilçilikli edaralaryny anyk iş orunlarynda we önümçilikde zähmeti goramagyň ýagdaýy hakynda habardar etmäge borçludyr.

## § 3. Iş berijiniň howpsuz şertleri we zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlary

Kärhanada zähmeti goramagy üpjün etmek boýunça borçlar iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Iş beriji şulary üpjün etmäge borçludyr:

1) jaýlar, binalar, maşynlar, mehanizmler, enjamlar ulanylanda, tehnologik prosesler amala aşyrylanda, şeýle hem önümçilikde gurallar, çig mal we materiallar ulanylanda işgärleriň howpsuzlygyny;

2) işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdelerini peýdalanmagyny;

3) her bir iş ornunda zähmeti goramagyň degişli talaplaryna laýyk gelýän iş şertleriniň bolmagyny;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň zähmet we dynç alşynyň düzgünini;

5) öz hususy serişdeleriniň hasabyna, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly aýratyn temperatura şertlerinde ýerine ýetirilýän işlerde işleýänlere bellenilen kadalara laýyklykda ýörite egin-eşigiň, ýörite aýakgabyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň, ýagny ýuwýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da ýokançsyzlandyrýan serişdeleriň alynmagyny we olara berilmegini;

6) zähmeti goramak boýunça işleriň howpsuz usullaryny we işi ýerine ýetirmegiň tärlerini okatmak we önümçilikde döreýän betbagtçylykly ýagdaýlarda ilkinji kömegi bermek,

zähmeti goramak boýunça gözükdirmek, iş ornunda tälim alşyny we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilimleri barlamagy, işleri ýerine ýetirmegiň howpsuz usullaryny we tärlerini;

7) bellenilen tertipde zähmeti goramak boýunça okuw we gözükdirme geçmedik, tälim alşy we zähmeti goramagyň talaplary boýunça bilim barlagyny geçmedik adamlaryň işe goýberilmezligini;

8) iş orunlarynda zähmet şertleriniň ýagdaýyna, şeýle hem hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň işgärler tarapyndan dogry peýdalanylyşyna gözegçiligi guramagy;

9) iş orunlaryna hünär synagynyň (attestasiýanyň), zähmeti goramak boýunça kadalaryna we düzgünlerine laýyklygyny geçirmegi;

10) Zähmet Kodeksinde, Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen göz öňünde tutulan ýagdaýlarda öz hususy serişdeleriniň hasabyna hökmany deslapky (işe giren halatynda) we döwürleýin (zähmet işiniň dowamynda) lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny), işgärleriň haýyşy boýunça nobatdan daşary lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) guramaga, şunda ýokarda görkezilen lukmançylyk taýdan gözegçiligi (barlagy) geçirilen wagtynda olara iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça aýlyk hakynyň saklanylmagyny;

11) sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen hünärler boýunça hökmany lukmançylyk taýdan gözegçiligini (barlagyny) geçmedik işgärleri, şeýle hem lukmançylyk taýdan olara garşy gelýän halatlarda zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge goýbermezlige;

12) iş ýerlerinde işgärlere zähmet şertleri we onuň goralyşy hakynda, saglyga zeper ýetirýän töwekgelçilik hakynda we olara degişli bolan öwezini dolmalar we hususy hem-de köpçülikleýin gorag serişdeleri hakynda işgärleriň

habardar edilmegini;

13) zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralaryna, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi edaralaryna, şeýle hem kärdeşler arkalaşyklarynyň we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan resminamalaryň we maglumatlaryň berilmegini;

14) işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak üçin heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak boýunça, şeýle ýagdaýlar dörän halatynda, şol sanda heläkçilik çekenlere ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň kabul edilmegini;

15) Zähmet Kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen tertipde önümçilikde betbagtçylykly halatlary we hünär kesellerini derňemegi, hasaba almagy we seljermegi ejir çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa – aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzasyna), kanuny wekiline betbagtçylykly halat hakyndaky ykrarnamanyň tassyklanan nusgasyny derňew gutarandan soň üç günden gijä galman bermäge;

16) zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda işgärlere sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi;

17) barlaglar we derňewler geçirmek üçin Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş, döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik, jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň wezipeli adamlarynyň päsgelçiliksiz goýberilmegini;

18) Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçilik edaralarynyň wezipeli adamlarynyň tabşyryknamalarynyň ýerine ýetirilmegini we jemgyýetçilik gözegçiligi edaralarynyň tabşyryknamalarynyň Zähmet Kodeksinde bellenilen tertipde seredilmegini;

19) işgärleriň iş ýerinde zähmet howpsuzlygy we arassaçylygy boýunça zerur resminamalar bilen tanyşmagy;

20) işgärler üçin kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki ygtyýarly guramasynyň pikirini göz öňünde tutmak bilen zähmeti goramak boýunça gollanmalaryň işlenilmegini we tassyklanylmagyny;

21) zähmet işinde işgärleriň beden we psihologik ýadawlygyny aýyrmak üçin ylmy taýdan esaslandyrylan we praktiki taýdan amala aşyrylýan ähli çäreleriň kabul edilmegini;

22) işgärlere gutulgysyz howply hasaplanýan amallary ýerine ýetirmegiň gadagan edilmegini;

23) önümçilikde betbagtçylykly hadysalar we awariýa hakynda degişli edaralara öz wagtynda habar berilmegini;

24) kärhananyň işiniň aýratynlygyna laýyklykda, zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň bolmagyny we olar bilen işgärleriň tanyşdyrylmagyny.

Ähli kärhanalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän zähmet şertleri döredilmelidir. Şeýle şertleriň döredilmegi iş berijiniň borjuna girýär. Zähmeti goramak boýunça talaplar zähmet kanunçylygy, şeýle hem tehniki standartlar bilen bellenilýär. Iş beriji kanunçylyk tarapyndan bellenilen tertipde zähmeti goramagyň talaplarynyň bozulmagyna jogapkärçilik çekýär.

## § 4. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary

Zähmet işiniň barşynda işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamaga gönükdirilen zähmeti goramagyň döwlet kadalaşdyryjy talaplary kadalar, düzgünler we ölçegler bilen bellenilýär. Zähmeti goramagyň talaplary işiň islendik görnüşleri amala aşyrylanda, şol sanda obýektler taslanylanda,

olaryň gurluşygynda (durky täzelenende) we ulanylanda, maşynlar, mehanizmler we beýleki enjamlar konstruirlenende, tehnologik prosesler işlenip düzülende, önümçilik we zähmet guralanda edara görnüşindäki we şahsy taraplaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmanydyr. Zähmeti goramak boýunça işlere laýyk gelýän güwänama (howpsuzlyk güwänamasy) – munuň özi kärhanada zähmeti goramak boýunça geçirilýän işleriň zähmeti goramagyň döwlet tarapyndan bellenen kadalaşdyryjy talaplara laýyk gelýändigini tassyklaýan resminamadyr.

Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirmekde, zähmeti goramak babatda kanunçylyk we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp düzmekde, şeýle hem işgärlere zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerini üpjün edýän önümçiligiň serişdelerine, tehnologiýasyna we zähmeti guramaga bolan talaplary özünde jemleýär. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralary "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy (mundan beýläk – "Türkmenstandartlary") we zähmeti goramak babatda işi amala aşyrýan beýleki döwlet edaralary hasaplanylýar. "Türkmenstandartlary" öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

1) zähmeti goramagyň döwlet toplumlaýyn dolandyryşyny üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça pudagara işi utgaşdyrýar;

2) zähmeti goramak boýunça döwlet maksatnamalaryny işläp düzmegi guraýar we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

3) kärhanalarda zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ylmy esaslarda esaslandyrylan standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň zerur talaplaryny belleýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalary Zähmet Kodeksinde göz öňünde tutulan kepilliklerden

pes bolmadyk derejede işgärleriň ömrüni we saglygyny goramak baradaky hukugyny üpjün etmelidir;

4) zähmeti goramak boýunça döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini amala aşyrýar we zähmet şertlerine döwlet seljermesini geçirýär;

5) bellenilen tertipde önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalary we heläkçilikleri derňeýär;

6) Türkmenistanyň kanunçylygy we Zähmet Kodeksi tarapyndan kesgitlenen beýleki meseleleri çözýär.

Zähmeti goramak çygrynda "Türkmenstandartlarynyň" kararlary ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň we kärhanalaryň ählisi üçin hökmanydyr. Zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) kärhana islendik wagty päsgelçiliksiz baryp görmäge, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan we kärhanalardan zerur maglumaty almaga;

2) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna we beýleki wezipeli adamlaryna ýerine ýetirmek üçin hökmany tabşyryknamalary bermäge;

3) zähmeti goramagyň talaplary bozulan halatynda kärhanalaryň, aýry-aýry önümçilikleriň, sehleriň, uçastoklaryň, iş ýerleriniň we enjamlaryň ulanylyşyny togtatmaga (gadagan etmäge);

4) kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, wezipeli adamlaryna, işgärlerine zähmeti goramak boýunça kanunçylygyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň bozulandygy üçin jerime salmaga, görkezilen adamlary eýeleýän wezipesinden boşatmak hakynda teklipnama girizmäge, zerur halatlarda materiallary prokuratura edaralaryna bermäge.

Iş beriji zähmeti goramak babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň wekillerine öz üstüne ýüklenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ähli zerur şertleri üpjün edýär. Zähmeti goramak

babatda döwlet dolandyryş edaralarynyň bellenilen ygtyýarly adamlary öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykanlygy we esassyz idinleri ulanandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

Zähmeti goramak babatda ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we dolandyryşyň beýleki edaralary:

1) zähmeti goramak çygrynda döwlet syýasatynyň esasy ugurlaryny durmuşa geçirýärler;

2) standartlary, düzgünleri, gollanmalary we beýleki kadalaşdyryjy namalary işläp düzýärler, gurluşygyň taslamalarynyň tehniki seljermesini we obýektleriň durkuny täzelemegi, täze tehnologik prosesleri we enjamlary zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda durmuşa geçirýärler;

3) zähmeti goramagyň kadalary we düzgünleri boýunça kärhanalaryň ýolbaşçy işgärlerini we hünärmenlerini bellenilen tertipde okatmagy guraýarlar;

4) zähmeti goramagyň ýagdaýy üçin içki edara gözegçiligini amala aşyrýarlar;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar.

Ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde, şeýle hem geňeşliklerde zähmeti goramak babatda döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýärler.

Önümçilik işini amala aşyrýan işgärleriniň sany elliden köp bolan her bir kärhanada zähmeti goramagyň talaplaryny berjaý etmegi üpjün etmek, şolaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen kärhanada zähmeti goramak gullugy döredilýär ýa-da şol çygyrda zähmeti goramak boýunça degişli taýýarlygy ýa-da iş tejribesi bolan hünärmeniň wezipesi girizilýär. Zähmeti goramak gullugy öz derejesi boýunça kärhananyň esasy önümçilik gulluklaryna deňeşdirilýär we kärhananyň ýolbaşçysyna tabynlykda durýar. Zähmeti

goramak gullugynyň işgärlerine olara mahsus bolmadyk wezipeleri ýüklemek gadagan edilýär.

Kärhanalarda iş berijiniň başlangyjy, şeýle hem işgärleriň ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň başlangyjy boýunça zähmeti goramak baradaky toparlar döredilýär. Olaryň düzümine deň esasynda iş berijileriň, kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasynyň wekilleri girýärler. Zähmeti goramak baradaky toparlar hakynda birkysmy düzgünnama "Türkmenstandartlary" gullugy tarapyndan işlenilýär we tassyklanylýar. Zähmeti goramak baradaky topar iş berijiniň we zähmeti goramagyň talaplaryny üpjün etmek boýunça işgärleriň bilelikdäki hereketi netijesinde önümçilik şikesiniň we hünär keselleriniň öňüni almak boýunça, şeýle hem iş ýerlerinde zähmeti goramagyň şertleriniň barlaglarynyň geçirilmegini guraýar we işgärleri görkezilen barlaglaryň netijeleri bilen tanyşdyrýar, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) zähmeti goramak hakyndaky bölümine dahylly teklipleri toplaýar. Iş beriji özüniň hususy serişdeleriniň hasabyna işgärleriň deslapky (zähmet şertnamasy baglaşylanda) we döwürleýin (işiň barşynda) lukmançylyk gözegçiligini guramaga borçludyr. Oňa şu aşakdakylar degişlidir:

1) on sekiz ýaşyna ýetmedikler;

2) altmyş iki ýaşa ýeten erkek adamlar, elli ýedi ýaşa ýeten aýallar;

3) maýyplar;

4) amatsyz zähmet şertleri bolan işlerde, gijeki işlerde, şeýle hem ulagyň hereketi bilen baglanyşykly işlerde işleýänler;

5) saglygy goraýyş we derman senagatynyň, azyk senagatynyň işlerinde, söwdada we ilata gös-göni hyzmat edýän beýleki pudaklarda işleýänler;

6) umumybilim berýän mekdepleriň we mekdebe çenli edaralaryň we gös-göni çagalary okatmak we terbielemek bilen

meşgullanýan beýleki edaralaryň mugallymlary we beýleki işgärleri;

7) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki işgärler.

Amatsyz zähmet şertleri bolan we beýleki işlerde deslapky we döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirmegiň tertibi we şol işleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär. Ýokarda görkezilen işgärleriň lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Lukmançylyk gözegçiliginden geçmekden boýun gaçyran işgärleri ýa-da lukmanlar toparlary tarapyndan barlaglaryň netijesi boýunça olaryň beren maslahatlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwren işgärleri iş berijiniň işe goýbermezlige haky bardyr. Saglyk ýagdaýy boýunça ýaramazlyk görkezijisi bolan işlerde işgärleriň zähmetiniň peýdalanylmagyna ýol berilmeýär. Işgäriň şulara hukugy bardyr:

1) eger işgär iş şertleri bilen baglanyşykly özüniň saglyk ýagdaýy ýaramazlaşýar diýip hasap etse, nobatdan daşary lukmançylyk gözegçiligiň geçirilmegini talap etmäge;

2) işe girende deslapky we zähmet işiniň dowamynda döwürleýin lukmançylyk gözegçiligi geçirilende şolaryň netijeleri boýunça özüniň saglyk ýagdaýy barada gelnen netije hakynda maglumat almaga.

Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly ýa-da aýratyn ýokary temperaturalarda ýerine ýetirilýän işlerde işleýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylýan kadalara laýyklykda ýuwup aýyrýan we zyýansyzlandyrýan ýa-da hapalandyrmaýan, ýokuşdyrmaýan hususy goragyň güwälendirilen serişdeleri berilýär.Işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri hökmünde zyýanly ýa-da howply önümçilik faktorlarynyň täsiriniň öňüni almak we (ýa-da) azaltmak üçin, şeýle hem hapalanmakdan goranmak

üçin ulanylýan tehniki we beýleki serişdelere düşünilýär. Işgärleriň hususy gorag serişdelerini edinmegi, saklamagy, ýuwmagy, arassalamagy, abatlanmagy, dezinfeksiýasy we olaryň zyýansyzlandyrylmagy iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.Iş beriji işgärlere ýörite eşigiň bellenilen kadalara laýyklykda, ýörite aýakgaby we hususy goragyň beýleki serişdelerini goramagy, ýuwmagy, guratmagy, dezinfeksiýany, degazasiýany, dezaktiwizasiýany we abatlygy üpjün etmäge borçludyr. Işgärlere ýörite geýime we ýörite aýakgaba derek olary edinmek üçin, şeýle hem şolary taýýarlamak üçin materiallary edinmäge pul serişdeleriniň berilmegine rugsat berilmeýär.

Aýratyn halatlarda, haçanda ýörite geýim we ýörite aýakgap öz möhletinde berilmedik bolsa we şonuň netijesinde olar işgär tarapyndan edinilen bolsa, iş beriji şol geýimi we aýakgaby edinmek üçin harç edilen çykdajylary olara tölemäge borçludyr.

Zähmetiň amatsyz şertleri bolan işlerde işleýän işgärler bellenen kadalara boýunça şu aşakdakylar bilen mugt üpjün edilýär:

1) süýt ýa-da deň derejeli beýleki azyk önümleri bilen;

2) bejeriş-öňüni alyş iýmiti bilen;

3) gazlaşdyrylan duzly suw (gyzgyn sehlerde işleýän adamlar üçin), çaý bilen;

4) hususy gorag we arassaçylyk serişdeleri bilen.

Kärhanalaryň işgärlerini zähmeti goramagyň talaplaryna laýyklykda, sanitariýa-durmuş we bejeriş-öňüni alyş taýdan hyzmat etmegi üpjün etmek iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Şu maksatlar bilen kärhanada bellenilen kadalara laýyklykda sanitariýa-durmuş otaglary, naharlanmak üçin otagla r, lukmançylyk kömegini bermek üçin otaglar, iş wagtynda dynç alyş üçin we psihologik taýdan halyny ýeňletmek üçin otaglar enjamlaşdyrylýar; dermanhanajykly sanitariýa nokatlary

döredilýär, olar dermanlyk serişdeleriniň toplumyndan we ilkinji lukmançylyk kömegini bermek üçin üsti ýetirilen toplumdan ybaratdyr; gyzgyn sehlerdäki we uçastoklardaky işgärleri gazlaşdyrylan duzly suw we beýlekiler bilen üpjün etmek üçin abzallar (enjamlar) oturdylýar. Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaýlardan we professional kesellerden heläkçilik çeken, şeýle hem lukmançylyk taýdan görkezijileri bolan işgärler kärhananyň ulag serişdeleri bilen ýa-da kärhananyň hasabyna sagaldyş edaralaryna ýa-da olaryň ýaşaýan ýerine äkidilýär.

## § 5. Işgäriň zähmeti goramak babatdaky borçlary

Işgär zähmeti goramak babatda şu aşakdakylara borçludyr:

1) zähmeti goramagyň Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, şeýle hem zähmeti goramak boýunça düzgünler we gollanmalar tarapyndan bellenilen talaplaryny berjaý etmäge;

2) zähmeti goramak boýunça degişli gollanmalaryň, düzgünleriň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny berjaý etmäge, maşynlary, enjamlary we önümçiligiň beýleki serişdelerini howpsuz ulanmagyň, şeýle hem kärhananyň, önümçilik, kömekçi we durmuş jaýlarynyň çäginde alyp baryş kadalaryny berjaý etmäge;

3) köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda zähmeti goramak boýunça kadalary hem borçnamalary we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip nyzamyny ýerine ýetirmäge;

4) hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň dogry ulanylmagyna, olaryň ýok halatlarynda gös-göni ýolbaşça haýal etmän habar bermäge;

5) zähmeti goramak boýunça işlerde howpsuzlyk usullaryny we tärlerini öwrenmäge, önümçilikde betbagtçylykly

hadysalarda ilkinji kömegi bermäge, zähmeti goramak boýunça gözükdirmäni, iş ýerinde tälim alşyny, zähmeti goramagyň talaplaryna bolan bilimleriň barlanylmagyny geçirmäge;

6) Zähmet Kodeksniň 187-nji maddasyna laýyklykda işe giren mahaly hökmany suratda deslapky we zähmet işi döwründe döwürleýin lukmançylyk gözegçiligini (barlagyny) geçmäge;

7) sagdyn we howpsuz iş şertlerini döretmäge we şeýle iş bilen üpjün etmekde iş beriji bilen hyzmatdaşlyk etmäge, önümçilikde bolup geçen betbagtçylykly hadysa hakynda, şeýle hem özi ýa-da onuň daş-töweregindäki adamlar üçin howp salýan ýagdaýlar hakynda haýal etmän gös-göni ýolbaşçysyna habar bermäge.

Iş berijiniň üstüne işgärleri tehniki howpsuzlyk, önümçilik sanitariýasy, ýangyna garşy gorag we zähmeti goramagyň beýleki düzgünleri boýunça gözükdirmäni geçirmek, şeýle hem zäh meti goramak boýunça ähli talaplaryň işgärler tarapyndan berjaý edilmegine hemişelik gözegçiligi amala aşyrmak wezipesi ýüklenilýär. Iş beriji işgärleriň zähmeti goramagyň kadalarynyň we olaryň bilimleriniň barlagyny geçirmäge borçludyr. Okuwy, gözükdirmäni geçmedik we zähmeti goramak boýunça bilimleri barlanmadyk adamlary işe goýbermek gadagandyr. Kärhananyň ähli işgärleri, şol sanda onuň ýolbaşçysy hem zähmeti goramak boýunça okuwy we zähmeti goramagyň talaplarynyň bilimlerine bolan barlagyny geçmäge borçludyrlar. Iş beriji ýa-da onuň ygtyýarly eden adamy işe ýerleşýän ähli adamlar, şeýle hem başga işe geçirilýän işgärleriň hemmesi üçin zähmeti goramak boýunça gözükdirme geçirmäge, işleriň howpsuz usullarynyň, tärleriniň öwredilmegini we heläkçilik çekenlere ilkinji kömegiň berilmegini guramaga borçludyr. Iş beriji zyýanly we (ýa-da) howply zähmet şertleri bolan işe girýän adamlaryň işleri ýerine

ýetirmekde howpsuz usullary we tärleri ulanmagy iş ýerinde tälim alşy geçmek we synaglary tabşyrmak hem-de zähmeti goramagyň yzygiderli okuwyny geçirmek we iş döwründe zähmeti goramak talaplaryna bolan bilimleriniň barlagyny üpjün edýär. Döwlet "Zähmeti goramak" kursunyň özbaşdak ders ýa-da degişli dersiň özbaşdak bölümi hökmünde hökmany öwrenilmegini göz öňünde tutýan Türkmenistanyň okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça okuwyň guralmagyna ýardam edýär. Döwlet orta hünärmentçilik we ýokary okuw mekdeplerinde zähmeti goramak boýunça hünärmenleriň hünär taýýarlygyny üpjün edýär.

Işgär iş prosesinde onuň ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlaryň dörändigi hakynda haýal etmän iş berijä habar berýär. Zähmeti goramagyň berjaý edilmegine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýan edaralar tarapyndan şeýle ýagdaýlar tassyklanan halatynda, iş beriji şolary aradan aýyrmak boýunça çäreleri görýär. Eger zerur çäreler görülmese, işgäriň öz ömrüne ýa-da saglygyna howp salýan ýagdaýlar düzedilýänçä işgär degişli işi ýerine ýetirmekden ýüz öwürmäge haklydyr. Işgäre şol döwürde onuň ortaça zähmet haky saklanýar.

Gurluşygyň we önümçilik desgalarynyň durkuny täzeleýiş taslamalary, şeýle hem maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlar, tehnologik prosesler zähmeti goramagyň standartlarynyň, düzgünleriniň we kadalarynyň talaplaryna laýyk gelmelidir. Görkezilen taslamalaryň zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelýändigi hakynda zähmet şertleriniň döwlet bilermen toparynyň netijenamasy bolmazdan önümçilik desgalaryny gurmak, durkuny täzelemek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, täze tehnikany öndürmek we ornaşdyrmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak gadagandyr.Täze ýa-da durky täzelenilýän önümçilik desgalary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilişine degişli döwlet

gözegçilik barlagy we gözegçilik edaralarynyň netijenamasy bolmasa, olar ulanylmaga kabul edilip bilinmez. Toksikologik (sanitariýa-arassaçylyk, lukmançylyk-biologik) taýdan baha bermek geçirilmedik, metrologik gözegçiligiň usullary we serişdeleri işlenilip taýýarlanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalary, materiallary, önümleri (işleri, hyzmatlary) önümçilikde ulanmak gadagandyr. Kärhanada täze ýa-da öň ulanylmadyk zyýanly ýa-da howply maddalar peýdalanylan mahalynda iş beriji görkezilen maddalary ulanmaga başlamazdan öň işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga we olary zähmeti goramagyň talaplarynyň berjaý edilşine döwlet gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň degişli edaralary bilen ylalaşmaga borçludyr. Maşynlar, mehanizmler we beýleki önümçilik enjamlary, ulag serişdeleri, tehnologik prosesler, materiallar we himiki maddalar, işgärleriň hususy we köpçülikleýin gorag serişdeleri, şol sanda daşary ýurtda öndürilenler zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmelidir we laýyk geliş güwänamalary bolmalydyr.

Kärhanada zähmeti goramak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek onuň hususy serişdeleriniň hasabyna, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we býujetden daşary gaznalaryň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.Zähmeti goramak üçin berilýän serişdeleriň möçberi howpsuz we sagdyn durmuş şertlerini has doly üpjün etmekden ugur alnyp köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.3. Zähmeti goramagyň döwlet dolandyryş edaralary kärhanalar bilen bilelikde Zähmetiň howpsuzlygy we hili baradaky gaznany döredip bilerler, ony döretmegiň we peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär. Iş beriji şu aşakdakylara borçludyr:

1) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysalaryň öz wagtynda derňewini we hasaba almagy geçirmäge;

2) derňewiň gutaran gününden başlap üç günden gijä galman betbagtçylyk ýagdaý hakyndaky ykrarnamany heläkçilik çekene, ol aradan çykan mahalynda bolsa – aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna), kanuny wekiline bermäge. Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek we hasaba almak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde geçirilýär.Önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary derňemek, resmileşdirmek we ony hasaba almak boýunça meseleler baradaky gapma-garşylyk, iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan betbagtçylykly hadysanyň ykrar edilmezligi, betbagtçylykly hadysanyň derňewini geçirmekden hem degişli namany düzmekden ýüz öwrülmegi we heläkçilik çekeniň ýa-da onuň ynanylan adamynyň şol namanyň mazmuny bilen ylalaşmazlygy zähmeti goramagyň döwlet dolandyryşyna degişli edaralary, kärdeşler arkalaşygy tarapyndan seredilýär, olaryň kararlary kazyýete şikaýat edilip bilner. Şeýle halatlarda şikaýat edilmegi iş beriji (onuň ygtyýarlandyrylan wekili) tarapyndan bu edaralaryň kararlarynyň ýerine ýetirilmezligi üçin esas bolup bilmeýär.

Zähmeti goramagyň ýagdaýyna döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi  Zähmet Kodeksiniň 182-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar. Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary amala aşyrýarlar.Türkmenistanyň zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagyna günäkär wezipeli we beýleki adamlar, şeýle hem işgärler Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde maddy, düzgün-nyzam, dolandyryş we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň bozulyp, önümçilik serişdeleriniň,

tehnologiýalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanandygy üçin taslama-konstruktorçylyk guramalary bu düzgün bozmalary we olaryň netijelerini düzetmek üçin harajatlary buýruja doly tölemäge borçludyrlar. Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýän, önümçilik maksatly önümleri öndürýän we iberýän kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenýän tertipde we şertlerde sarp edijilere ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolýarlar. Zähmeti goramak boýunça standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň bellenilen talaplaryna laýyk gelmeýän önümçilik maksatly önümi öndürmek, mahabatlandyrmak we satmak, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnanlary bikanun hasaplanylýar. Kärhanalar tarapyndan şeýle iş netijesinde alnan peýda bellenilen tertipde alnyp, Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmäge degişlidir.

Zähmeti goramagyň ýagdaýyna döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi Zähmet Kodeksiniň 182-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly döwlet edaralary amala aşyrýarlar. Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň berjaý edilişine jemgyýetçilik gözegçiligini kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary amala aşyrýarlar.Türkmenistanyň zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagyna günäkär wezipeli we beýleki adamlar, şeýle hem işgärler Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde maddy, düzgün-nyzam, dolandyryş we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

Zähmeti goramak boýunça kadalaryň we düzgünleriň bozulyp, önümçilik serişdeleriniň, tehnologiýalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanandygy üçin taslama-konstruktorçylyk guramalary bu düzgün bozmalary we olaryň netijelerini düzetmek üçin harajatlary buýruja doly tölemäge borçludyrlar. Zähmeti goramagyň talaplaryna laýyk gelmeýän, önümçilik maksatly önümleri öndürýän we iberýän kärhanalar

Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenýän tertipde we şertlerde sarp edijilere ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolýarlar. Zähmeti goramak boýunça standartlaryň, düzgünleriň we kadalaryň bellenilen talaplaryna laýyk gelmeýän önümçilik maksatly önümi öndürmek, mahabatlandyrmak we satmak, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnanlary bikanun hasaplanylýar. Kärhanalar tarapyndan şeýle iş netijesinde alnan peýda bellenilen tertipde alnyp, Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilmäge degişlidir.

## VIII. Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi

### §1. Maddy jogapkärçiligiň umumy häsiýetnamasy

Raýat hukugy ulgamynda eýeçilik hukugyna aýratyn orun degişlidir. Ol ykdysady gatnaşyklaryň sazlaýjysy we raýatlaryň şahsy durmuş-ýagdaý derejesiniň esasy görkezijisi bolup durýar. Kanunçylyk taýdan kadalaşdyrmaklygyň usullary we hukuk goragy köp ýagdaýlarda jemgyýetçilik gatnaşyklaryň häsiýeti bilen kesgitlenýär. Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň **9-njy maddasy wajyp düzgüni belleýär, ýagny Türkmenistanda** eýeçiligiň hususy, döwlet, jemgyýetçilik we eýeçiligiň beýleki görnüşleri ykrar edilýär we olar deň derejede goralýar. Şundan ugur alanyňda, döwlet eýeçiligiň ähli görnüşlerini diňe bellemän, eýsem eýeçiligiň haýsydyr bir görnüşine haýsydyr bir çäklendirmeleri ýa-da haýsydyr bir artykmaçlyklary bellemekligiň gadaganlyk ýoly bilen olaryň deň derejedäki goragyny kepillendirýär. Şeýlelikde, eýeçiligiň islendik görnüşine kast etmeklik, kanun boýunça birmeňzeş jezalandyrylýar we kanun tarapyndan gadagan edilen usul bilen edinilen eýeçilikden başga eýeçiligiň muzdsuz alynmagyna ýol berilmeýär. Häzirki zaman ykdysady ösüşiň esasy meseleleriniň

biri bolup, netijeli jemgyýetçilik önümçiligini hemmetaraplaýyn ösdürmek bolup durýar. Bu meseläni çözmekligiň ýollary we serişdeleri döwletimiziň “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamasynda öz beýanyny tapýar.

Zähmet şertnamasynyň taraplary bolan iş beriji ýa-da işgär zähmet babatdaky borçlary ýerine ýetirmekde beýleki tarapa ýetiren zyýany (zeleli) üçin Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan bellenilen düzgünler boýunça onuň öwezini dolýar. Şeýlelikde, zähmet gatnaşyklarynda işçileriň we gullukçylaryň maddy jogapkärçiligi hem ýüze çykýar . Kärhananyň emlägine aýawly garamak we oňa zyýan ýetirmezlik üçin maddy jogapkärçiligiň uly ähmiýeti bar. Zähmet borçlary ýerine ýetirilýän mahaly kärhana ýetirilen zyýany üçin maddy jogapkärçilik işçä, gullukça şol zyýan onuň günäsi boýunça ýetirilen mahalynda ýüklenilýär.

Özüniň möçberi boýunça maddy jogapkärçilik çäklendirilen we doly jogapkärçilige bölünýär. Çäklendirilen maddy jogapkärçilik diýip, işgäriň iş hakynyň belli bir bölegi bilen kesgitlenilýän jogapkärçilige aýdylýar. Doly maddy jogapkärçilik kassir, hojalyk müdüri ýaly işgärlere ulanylýar, sebäbi, olar işe kabul edilende doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylýar.

Zähmet gatnaşyklarynda iki tarapyň hem jogapkärçiligi kanunçylykda bellenen. Iş beriji işgäriň zähmetini goramak hakynda adamyň saglygyny we işe ukyplylygyny üpjün edýän durmuş-ykdysady, guramaçylyk, tehniki çäreleri geçirmeli. Zähmeti goramak diýmek işçiler we gullukçylar üçin sagdyn, howpsuz iş şertlerini döretmekligi aňladýar. Zähmeti goramak iş berijiniň esasy borçlarynyň biridir. Köpçülikleýin şertnama bilen zähmet şertnamasynyň taraplarynyň maddy jogapkärçiligi anyklaşdyrylyp bilner. Şunda iş berijiniň işgäriň öňündäki

şertnamalaýyn jogapkärçiligi pes bolmaly däldir, işgäriň iş berijiniň öňündäki jogapkärçiligi Zähmet kanunçylygynda göz öňünde tutulandan ýokary bolmaly däldir. Zyýan (zelel) ýetirilenden soňra, zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi zähmet şertnamasynyň tarapynyň Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulýan maddy jogapkärçilikden boşadylmagyna getirmeýär. Zähmet Kodeksiniň 207-nji maddasyna laýyklykda, eger zähmet kanunçylygynda ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, zähmet şertnamasynyň beýleki tarapyna özüniň ýetiren zyýany (zeleli) üçin zähmet şertnamasynyň tarapynyň maddy jogapkärçiligi günäkäriň hukuga garşy özüni alyp barmagy (hereketi ýa-da hereketsizligi) netijesinde ýetirilen hem-de günäkäriň hukuga garşy özüni alyp barmagy bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) arasyndaky sebäpli arabaglanyşyk netijesinde ýetirilen zyýan (zelel) üçin döreýär. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda iş beriji ýetirilen zyýan (zelel) üçin işgäriň öňünde maddy jogapkärçiligi çekýär, işgär bolsa işgär iş berijiniň emlägini ýitirmegi ýa-da ony zaýalamagy bilen ýetirilen ýa-da şunuň bilen baglanyşykly artykmaç çykdajylary etmek zerurlygy bilen ýüze çykan zyýan (zelel) üçin iş berijiniň öňünde maddy jogapkärçilik çekýär. Heläkçilik çekene zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmaklyk hünär taýdan zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde zähmet maýyplygynyň derejesine laýyklykda zähmet haky ýa-da onuň bölekleýin möçberde pul serişdeleriniň tölenmeginden ýa-da HMAT-nyň netijenamasy boýunça zerur lukmançylyk kömegini almak bilen baglanyşykly goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmakdan, şeýle hem kanunçylykda bellenilen ýagdaýlarda birwagtlaýyn kömek pulunyň tölenmeginden ybarat bolup durýar. Şeýlelikde zähmet hukugy boýunça maddy jogapkärçilik zähmet şertnamasynyň taraplarynyň biriniň (işgäriň ýa-da iş berijiniň) özüniň zähmet

borçlaryny günäli, kanuna garşy ýerine ýetirmezligi netijesinde beýleki tarapa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak borçlaryndan ybarat bolup durýar. Şundan ugur almak bilen maddy jogapkärçilik iki görnüşe bölünýär: 1) Işgäriň iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçiligi, 2) Iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligi.

## §2. Iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligi

Zähmet hukugy iş berijiniň işgäriň öňündäki maddy jogapkärçiligini düzgünleşdirýär. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksiniň 208-nji maddasyna laýyklykda, işgäre zähmet borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşyklykda ýa-da onuň zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum edilmegi netijesinde ýetirilen zyýanyň (zeleliň), ekleýjiniň iş bilen baglanyşykly aradan çykan ýagdaýynda, onuň maşgala agzalaryna ýetirilen islendik zyýanyň (şol sanda ahlak zyýanynyň), eger Zähmet Kodeksinde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, iş beriji tarapyndan doly möçberde öwezi dolunýar. Eger zähmet şikesi zähmetiň sagdyn howpsuz şertlerini üpjün etmezliginiň (zähmeti goramak kadalarynyň, senagat sanitariýasynyň, ekologik howpsuzlygynyň berjaý edilmezligi we ş.m.) netijesinde bolup geçen bolsa, ol iş berijiniň günäsi bilen bolup geçen diýlip hasap edilýär.

Ýetirilen zyýan (zelel) üçin iş berijiniň jogapkärçiliginiň subutnamasy we onuň günäsiniň subutnamasy bolup, şu aşakdakylar hyzmat edip bilerler:

1) önümçilikdäki betbagtçylykly hadysa hakynda ykrarnama (hünär keseli);

2) kazyýetiň hökümi, karary, prokuroryň, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edarasynyň karary;

3) döwlet gözegçilik barlagynyň we gözegçiliginiň ýörite ygtyýarly edaralarynyň saglyga zeper ýetirilmeginiň sebäpleri

hakyndaky netijenamasy;

4) wezipeli günäkär adamlara dolandyryş ýa-da düzgün-nyzam temmisini bermek hakyndaky karar;

5) hünär keseli hakyndaky lukmançylyk netijenamasy;

6) beýleki resminamalar, şonuň ýaly-da şaýatlaryň görkezmeleri.

Iş beriji ýetirilen zyýan (zelel) üçin işgäriň öňünde maddy jogapkärçiligi çekmekligi işgäriň zähmet çekmekden bikanun mahrum edilmegi netijesinde we işgäriň emlägine zyýan ýetirilende hem-de işgäriň ömrüne we saglygyna zeper ýetirilende ýüze çykýan ýagdaýlarda bolýar. Bu toparlaryň her birine aýratynlykda garap geçeliň. Birinjisi toparda, ýagny iş beriji işgäriň zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum eden ýagdaýlarynda onuň almadyk zähmet hakyny tölemäge borçly bolup durýar . Şeýle borç, hususan-da, eger zähmet haky şu işgäriň işden bikanun çetleşdirilmegi, onuň işden çykarylmagy ýa-da başga işe geçirilmegi netijesinde, iş berijiniň zähmet jedellerine seretmek boýunça edaranyň, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň hukuk gullugynyň ýa-da kazyýetiň işgäri öňki işine dikeltmek hakyndaky kararyny ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegi ýa-da öz wagtynda ýerine ýetirmezligi netijesinde, iş beriji tarapyndan işgäre zähmet depderçesiniň gijikdirilip berilmegi, zähmet depderçesine nädogry ýa-da işgäriň işden çykarylyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesiniň girizilmegi netijesinde, şeýle hem kanunçylykda we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda döreýär. Ikinji topara işgäriň emlägine ýetirilen zyýan (zelel) üçin iş berijiniň maddy jogapkärçiligi degişlidir. Işgäriň emlägine zyýan (zelel) ýetiren iş beriji bu zyýany (zeleli) doly möçberde töleýär. Zyýanyň (zeleliň) möçberi zyýanyň (zeleliň) tölenýän pursadynda bu emlägiň könelmegini aýyrmak bilen bu ýerde hereket edýän bazar

bahalary boýunça hasaplanylýar. Işgäriň razylygy bolan mahalynda zyýan (zelel) hakyky görnüşde tölenilip bilner. Işgäriň zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak hakynda beren arzasy iş berijä iberilýär. Iş beriji gelip gowşan arza garamaga we onuň gelip gowşan gününden başlap on gün möhletde degişli karar kabul etmäge borçludyr. Işgäriň iş berijiniň karary bilen razy bolmadyk ýa-da bellenilen möhletde jogaby almadyk ýagdaýynda kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr. Üçünji topara Iş berijiniň işgäriň saglygyna ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak borjy degişli bolup durýar. Iş beriji işgäriň maýyplygy, hünär keseli ýa-da onuň zähmet borçlary bilen baglanyşykly wezipeleri ýerine ýetirmegi bilen saglygyna ýetirilen zyýany (zeleli), eger ýetirilen zyýan (zelel) öz günäsi bilen bolmandygyny bilen subut etmese, doly möçberde öwezini dolmaga borçludyr. Iş beriji iş berijiniň çäginde we onuň çäginden daşarda, şeýle hem iş beriji tarapyndan berilýän ulagda iş ýerine barýarka we işden gaýdyp gelýärkä zähmet şikesi bilen işgäriň saglygyna ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik çekýär. Iş beriji işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeginde ýokary howply çeşmeden onuň saglygyna ýetirilen zyýan (zelel) üçin, eger ol öňüni alyp bolmajak güýç ýa-da heläkçilik çeken tarapyndan şeýle zyýanyň (zeleliň) bet niýetli ýüze çykmagy netijesinde dörändigini subut edip bilmese, zyýany (zeleli) tölemäge borçludyr. Eger zyýan (zelel) ýokary howply çeşmeden ýetirilen bolmasa, onda iş beriji zyýanyň (zeleliň) öz günäsi bilen ýetirilmändigini subut etse, jogapkärçilikden boşadylýar. Öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirende işgäriň saglygyna keseki adamlaryň (şahsy we edara görnüşindäki taraplaryň) günäsi boýunça ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde, günäkär adama soňky yza gaýtma görnüşinde iş beriji tarapyndan dolunýar. Zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmak jebir çekeniň zähmete ukyplylygyny ýitirmeginiň derejesine

görä onuň zähmetde şikes almagyna çenli döwrüň ortaça aýlyk zähmet hakyna göterimlerde her aýdaky (ömürlik) töleginden, şeýle hem saglygyna zeper ýetirmeginiň döreden goşmaça çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyndan ybaratdyr. Zähmete ukyplylygynyň ýitiriliş derejesi we jebir çekeniň kömegiň goşmaça görnüşlerine mätäçligi HMAT tarapyndan kesgitlenilýär. Zähmetde şikes almagyň netijesinde zähmete ukyplylygyny ýitirmeginiň derejesini kesgitlemegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär. Jebir çekene ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi bellenilende, onuň zähmetde şikes almagy bilen baglanyşykly maýyplygy boýunça alýan döwlet kömek puly, zähmet haky, talyp haky nazara alynýar. Jebir çekene zähmet pensiýasy bellenilen mahalynda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň pul möçberleri kesgitlenilende maýyplygy boýunça öň bellenilen döwlet kömek pulunyň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda onuň ýokarlandyrylmagyny hasaba almak bilen nazara alynýar. Zähmet şikesi gaýtadan alnan mahalynda ortaça aýlyk zähmet haky jebir çekeniň islegine görä öň bolan birinji ýa-da gaýtadan zähmet şikesiniň degişli döwürleri üçin hasaplanylýar. Eger zähmet şikesleri bir iş berijide işlän döwründe ýetirilen bolsa, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberi birinji we gaýtadan alnan şikesiniň jemi boýunça zähmete ukyplylygyň ýitirilmeginiň umumy göterimi boýunça hasaplanylýar. Eger zähmet şikesleri dürli iş berijilerde alnan bolsa, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň möçberini kesgitlemek degişli zähmet şikesi boýunça zähmete ukyplylygynyň ýitirilmeginiň göteriminden ugur alnyp, her bir iş beriji tarapyndan aýratynlykda geçirilýär.

Gynansakda, kärhanada zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklykda zähmet şikesi, hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi netijesinde işgäriň aradan çykan ýagdaýlary bolýar. Zähmet borçlaryny ýerine

ýetirmegi bilen baglanyşykly zähmet şikesi, hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi bilen baglanyşykly işgär aradan çykan halatynda, iş beriji maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalaryna we aradan çykanyň eklemeginde durýan adamlara, şonuň ýaly-da aradan çykanyň eklemeginde duran on sekiz ýaşyna ýetmedik ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli, ondan eklenç almaga hukugy bolan adamlara, ol aradan çykandan soň, aradan çykanyň doglan çagasyna, şeýle hem ata-eneden birine, är-aýala ýa-da maşgalanyň başga agzasyna eger ol işlemese we çagalara – aradan çykanyň sekiz ýaşa ýetmedik doganlaryna, uýalaryna ýa-da agtyklaryna seretmek bilen meşgullansa zyýany (zeleli) tölemäge borçludyr. Ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalary we aradan çykanyň eklenjinde duran adamlar diýlip şu aşakdakylar hasap edilýär:

- on sekiz ýaşa ýetmedik ýa-da bu ýaşdan uly bolan çagalar (şol sanda, ogullyga, gyzlyga alnanlar, öweý çagalary), doganlar, uýalar we agtyklar, eger olar on sekiz ýaşyna ýetmänkä maýyp bolan bolsalar, şunda doganlar, uýalar we agtyklar – eger olaryň zähmete ukyply ata-enesi bolmadyk mahalynda, öweý çagalary – eger olar ata-enelerinden hossar haklaryny almaýan bolsalar.
- ata-enesi (şol sanda ogullyga, gyzlyga alýanlar), aýaly, äri, eger olar pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar: erkekler – 62 ýaş, aýallar – 57 ýaş, ýa-da maýyp bolsalar we pensiýa ýa-da döwlet kömek puluny almaýan bolsalar;
- ýaşyna ýa-da zähmete ukyplylygyna garamazdan ata-eneden biri ýa-da äri (aýaly) ýa-da ata-babasy, ene-mamasy, dogany ýa-da uýasy, eger ol aradan çykan ekleýjiniň sekiz ýaşyna ýetmedik çagalaryna, doganlaryna, uýalaryna ýa-da agtyklaryna seretmek bilen

meşgul bolup we işlemeýän bolsa;

- kanun boýunça saklamaga borçly adamlar bolmasa pensiýa ýaşyna ýeten: erkekler – 62 ýaş, aýallar – 57 ýaş we ýaşamak üçin serişdeleriň beýleki çeşmeleri bolmadyk kakasy we ejesi tarapyndan babasy we mamasy;

Maşgala agzasynyň zähmete ukypsyzlygynyň gelip ýeten wagty (ekleýjiniň aradan çykmagyna çenli ýa-da aradan çykandan soň) onuň zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna bolan hukugyna täsir etmeýär. Ekleýjiniň önümçilikden aýrylman orta hünärment, ýokary, şeýle hem dini okuw mekdeplerinde okaýan çagalaryna kömek puly olaryň görkezilen okuw mekdeplerini tamamlaýançalar tölenilýär, ýöne olaryň ýaşy ýigrimi üç ýaşdan uly bolmaly däldir.

Zähmet Kodeksiniň 217-nji maddasyna laýyklykda, maşgalanyň zähmete ukypsyz agzalaryna we aradan çykan ekleýjiniň eklemeginde durýan we onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara zyýan (zelel) onuň özüne we zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolmadyk onuň eklemeginde durýan zähmete ukyply adamlaryň paýyny tutup almak bilen aradan çykanyň ortaça zähmet haky möçberinde kesgitlenilýär.Öwezi dolunmaga hukugy bolan adamlaryň her birine zyýan (zelel) öweziniň doluş möçberini kesgitlemek üçin görkezilen adamlaryň hemmesine degişli ekleýjiniň zähmet hakynyň bir bölegi olaryň sanyna bölünýär. Zähmet Kodeksiniň 218-nji maddasyna laýyklykda Önümçilikde betbagtçylykly hadysanyň ýa-da hünär keseliniň netijesinde işgär aradan çykan mahalynda kärhana aradan çykanyň maşgalasyna (maşgala agzalaryna) aradan çykanyň ýyllyk zähmet haklarynyň on esse möçberinde birwagtlaýyn kömek puluny töleýär. Birwagtlaýyn kömek puly salgyt salynmaga degişli däldir.Kärhananyň üýtgedip guralan ýa-da eýesi çalşan halatlarynda işgäriň öz

zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem saglygyna gaýry zeper ýetmegi ýa-da onuň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş tölegi boýunça borjy hukuk mirasdüşeri çekýär. Kärhana, şol sanda daşary ýurtly kärhana ýatyrylanda bu kärhananyň iş berijisi zähmet şikesi, hünär keseli bilen, şeýle hem işgäriň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara tölenmäge degişli ähli tölegleri bir wagtda geçirmäge borçludyr.Zähmet şikesi, hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi bilen baglanyşykly tölenmäge degişli zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleriniň hasaplaşygy bu adamyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumatlary boýunça ömrüň ortaça dowamlylygynyň degişli ýaşyny doldurmagyna çenli döwür üçin geçirilýär.

Işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň muňa hukugy bolan adamlara tölenmäge degişli öwezini doluş pul möçberleriniň hasaplaşygy şeýle hukuga eýe bolan döwür üçin geçirilýär.

Kärhananyň geljekde ýatyryljakdygy, üýtgedilip guraljakdygy ýa-da eýesiniň çalyşjakdygy iş beriji – şahsy tarap tarapyndan işiň bes ediljekdigi hakynda iş beriji zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlara iki hepde möhletde ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Iş beriji şeýle hem görkezilen tölegleriň kim tarapyndan geçiriljekdigini habar berýär. Iş beriji – şahsy tarap tarapyndan iş bes edilen mahalynda zähmet şikesi, hünär keseli, şeýle hem

onuň öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly işgäriň saglygyna başga hili zeper ýetmegi ýa-da aradan çykmagy bilen baglanyşykly zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş tölegi şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda iş beriji – şahsy tarap tarapyndan amala aşyrylýar. Iş beriji gurpsuz bolan mahalynda ol zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagy ilkinji nobatda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirýär.

Zähmet Kodeksiniň 224-nji maddasynda ejir çeken ýa-da zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna hukugy bolan adamlar tarapyndan öz wagtynda alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öweziniň doluş pul möçberleriniň tölegi geçen döwür üçin geçirilýär, ýöne ol ýüz tutulan gününden öňki üç ýyldan köp bolmaly däldir. Alyjynyň aradan çykan gününe çenli alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleri aradan çykanyň maşgala agzalaryna ýa-da onuň bilen bile ýaşaýan we onuň eklemeginde durýan adamlara tölenilýär.Zyýan (zelel) üçin jogapkär bolan iş berijiniň günäsi bilen öz wagtynda alynmadyk zyýanyň (zeleliň) öwezini doluş pul möçberleri haýsydyr bir möhlet bilen çäklendirilmezden geçen döwür üçin tölenilýär. Iş berijiniň günäsi bilen zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň öz wagtynda tölenmedik pul möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen zähmet hakynyň möçberiniň üýtgemegi bilen baglanyşykly indeksasiýa edilmäge degişlidir. Eger ejir çekeniň gödek seresapsyzlygy zyýanyň (zeleliň) döremegine ýa-da artmagyna getiren bolsa, onda ejir çekeniň günäsiniň derejesine baglylykda öwezini doluş möçberi degişlilikde azalýar. Ejir çekeniň gödek seresapsyzlygynda we iş berijiniň günäsi bolmadyk mahalynda haçanda onuň jogapkärçiligi günäsine garamazdan gelip ýetse, öwezini doluş möçberi hem degişlilikde azalýar. Şunda zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmakdan boýun gaçyrylmagyna ýol berilmeýär. Ejir çekeniň gödek seresapsyzlygy bolan mahalynda iş berijiniň onuň günäsiniň derejesini kesgitlemek hakyndaky karary

kazyýete şikaýat edilip bilner. Garyşyk jogapkärçilik wagtlaýyn başga işe geçirilende, zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmagyň goşmaça görnüşleri üçin, birwagtlaýyn kömek pulunyň tölenmegi üçin, şonuň ýaly-da ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly zeleliň (zyýanyň) öwezi dolunanda ulanylmaýar.

## § 3 . Işgäriň iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçiligi

Işgäriň maddy jogapkärçiligi bu hukuk jogapkärçiliginiň bir görnüşidir. Ol raýat-hukuk, emläk jogäpkärçiligi bilen meňzeşdir. Iki ýagdaýda hem kanuny däl, günäli hereketler netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda gürrüň barýar. Ýöne, olar zyýan ýetirmekligiň subýektleri, jogapkärçiligiň esasy we obýektleri, zyýanyň öwezini dolmaklygyň tertibi boýunça tapawutlanýarlar.

Zähmet hukugynyň kadalary boýunça bu maddy jogapkärçiligiň subýekti diňe zyýan ýetirilen kärhananyň işgäri bolup bilýär we onuň zyýany zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda ýa-da ýerine ýetirmeýän wagtynda ýetirendigine garamazdan öwezi doldurylýar. Işgär iş berijä ýetirilen göni hakyky zyýanyň (zeleliň) öwezini dolmaga borçludyr. Alynmadyk girdejiler (duşdan geçirilen bähbit) işgärden alynmaga degişli däldir. Zyýanyň (zeleliň) möçberi kesgitlenilende alynmadyk girdejiler nazara alynman, diňe göni hakyky zyýan (zelel) nazara alynýar. Göni hakyky zyýan (zelel) diýlip iş berijiniň nagt emläginiň (şol sanda eger iş beriji bu emlägiň abatlygy üçin jogapkärçilik çekýän bolsa iş berijide durýan üçünji taraplaryň emläginiň) hakyky azalmagyna ýa-da görkezilen emlägiň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna, şeýle hem iş beriji üçin harajatlary geçirmegiň zerurlygyna ýa-da emlägiň alynmagy ýa-da dikeldilmegi üçin artykmaç töleglere düşünilýär. Ýetirilen göni hakyky zyýan önüm ogurlananda ýa-

da zaýalananda jerime tölenende we ş/m hem ýüze çykýar. Alynmadyk girdejiler üçin öwezini dolunmaýar. (mysal üçin: satyjy iş ýerinde bolmandyr we bölüm ýapyk bolanlygy üçin dükan girdejy almandyr). Raýat hukugynyň kadalary boýunça diňe bir hakyky emläge ýetirilen zyýan däl-de, eýsem alynmadyk girdejileriň hem öwezi dolunýar. Işgär özüniň iş berijä gös-göni ýetiren göni hakyky zyýany (zeleli) üçin hem, başga adamlara zyýany (zeleli) tölemeginiň netijesinde iş berijide dörän zyýan (zelel) üçin hem maddy jogapkärçilik çekýär. Işgär şu aşakdaky şertler şol bir wagtda bolan mahalynda maddy jogapkärçilige çekilip bilner:

- zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda iş berijä zyýan (zelel) ýetirilende;
- işgäriň özüni alyp barşy (hereketi ýa-da hereketsizligi) kanuna ters gelende; Kanuna garşy diýlip Zähmet Kodeksinde, zähmet we köpçülikleýin şertnamasy (ylalaşygy) bilen işgäriň üstüne ýüklenen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeýän ýa-da (göwnejaý ýagdaýda ýerine ýetirmeýän) işgäriň özüni alyp barşy (hereketi ýa-da hereketsizligi) diýlip hasap edilýär.
- işgäriň kanuna ters gelýän özüni alyp barşy bilen iş berijide dörän zyýanyň (zeleliň) arasynda göni sebäpli baglanyşyk bolanda;
- zyýanyň (zeleliň) ýetirilmeginde işgäriň günäsi bolanda;

Zyýan (zelel) ýetirmek, şeýle hem maddy jogapkärçiliginiň beýleki şertleriniň bolmagyny subut etmek borjy iş berijiniň üstüne ýüklenilýär. Doly maddy jogapkärçilik çekýän işgärler zyýanyň (zeleliň) ýetirilmeginde öz günäsiniň ýokdugyny subut etmäge borçludyrlar. Iş beriji işgärlere kadaly işlemek we özüne ynanylan emlägiň (gymmatlyklaryň) doly abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin zerur bolan şertleri döretmäge borçludyr.

Işgäriň doly maddy jogapkärçiligi onuň ýetirilen zyýany (zeleli) doly möçberde tölemek borçlaryndan ybaratdyr. Ýetirilen zyýanyň (zeleliň) maddy jogapkärçiligi doly möçberde diňe Zähmet Kodeksiniň 231-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda işgäriň üstüne ýüklenilip bilner.

Ýetirilen zyýanyň (zeleliň) doly möçberdäki maddy jogapkärçiligi işgäriň üstüne Zähmet Kodeksinde ýa-da Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işgär öz zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahalynda iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin işgäriň üstüne doly möçberde maddy jogapkärçilik ýüklenilen bolsa, ýörite ýazmaça şertnamanyň esasynda oňa ynanylan ýa-da bir gezeklikçe resminama boýunça onuň alan gymmatlyklary ýetmezçilik edende, bilkastlaýyn zyýan (zelel) ýetirilende, kazyýetiň hökümi bilen bellenilen, jenaýatçylykly hereketleriniň netijesinde zyýan (zelel) ýetirilende, dolandyryş hukuk bozulmagy netijesinde zyýan (zelel) ýetirilende, eger bu degişli döwlet edarasy tarapyndan bellenilen bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň kanuny bilen goralýan gulluk, täjirçilik ýa-da başga syry düzýän maglumatlar jar edilende, işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmedik mahalynda ýetirilen zyýan (zelel), serhoş, neşe çeken ýa-da kelläni sämediji ýagdaýda zyýan (zelel) ýetirilende ýüze çykýan halatlarda ýüklenilýär. Doly şahsy maddy jogapkärçilik hakyndaky ýazmaça şertnamalar özlerine berlen gymmatlyklary saklamak, işläp bejermek, satmak (goýbermek), daşamak ýa-da önümçiligiň barşynda ulanmak bilen gös-göni baglanyşykly wezipeleri eýeleýän ýa-da işleri ýerine ýetirýän (on sekiz ýaşyna ýeten) işgärler bilen baglaşylyp bilner. Görkezilen wezipe borçlarynyň bozulmagyna ýol beren maddy jogapkär işgäriň bikanun işden boşadylmagynda ýa-da başga işe geçirilmeginde günäkär bolan wezipeli adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde

jogapkärçilik çekýärler.

Zyýany (zeleli) anyk işgärleriň tölemegi hakyndaky çözgüdi kabul etmegine çenli iş beriji ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberini bellemek we onuň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak üçin barlag geçirmäge borçludyr. Iş beriji şeýle barlagy geçirmek üçin kärdeşler arkalaşygy guramasynyň wekilleriniň we degişli hünärmenleriniň gatnaşmagynda iş toparyny döretmek hukugyna eýedir.2. Zyýanyň (zeleliň) ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak üçin işgärden ýazmaça görnüşindäki düşündirişi talap etmek hökmandyr. Işgäriň düşündiriş bermekden boýun gaçyrmagy iş berijä ýetirilen zyýan (zelel) üçin ony maddy jogapkärçilige çekmek üçin päsgelçilik bolup hyzmat edip bilmez. Işgär we (ýa-da) onuň wekili barlagyň ähli materiallary bilen tanyşmak we olary şu Kodeksde bellenilen tertipde şikaýat etmek hukugyna eýedirler. Kärhana ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberi bellenilen ölçegler boýunça sandan çykanlaryny hasaplaşykdan aýyrmak bilen bazar bahalaryndan ugur alnyp hasapçylyk hasaba alşyň maglumatlarynyň esasynda hakyky ýitgiler boýunça kesgitlenilýär. Maddy gymmatlyklar ogurlananda, kem gelende, bilkastlaýyn ýok edilende ýa-da bilkastlaýyn zaýalananda zyýan (zelel) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen düzgünler boýunça kesgitlenilýär. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda önümleriň we harytlaryň ogurlanmagy ýa-da kem çykmagy bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberi bu önümleri we harytlary satmak (ýerlemek) üçin bellenilen bahalar boýunça kesgitlenilýär.Emlägiň we beýleki gymmatlyklaryň aýry-aýry görnüşleriniň ogurlanmagy, kem çykmagy ýa-da ýitirilmegi zerarly kärhana ýetirilen zyýanyň (zeleliň) hakyky möçberi olaryň başlangyç möçberinden geçýän möçberini kesgitlemegiň, şol sanda birnäçe esse artdyryp kesgitlemegiň-de aýratyn tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilip bilner. Birnäçe işgäriň günäsi bilen ýetirilen

öwezi dolunýan zyýanyň (zeleliň) möçberi olaryň her biri üçin olaryň her biriniň günäsiniň anyk derejesiniň çekýän maddy jogapkärçiliginiň görnüşini we çägini hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Zähmet borçlary ýerine ýetirilende kärhana ýetirilen zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik işgäriň üstüne ýüklenilýär we ol ýetirilen zyýanyň (zeleliň) doly möçberinden ýokary geçmeli däldir, eger zyýan (zelel) onuň günäsi bilen ýetirilen mahalynda, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir. Zyýanyň (zeleliň) möçberi kesgitlenende diňe göni hakyky ýetirilen zyýan (zelel) nazara alynýar. Kadaly önümçilik-hojalyk töwekgelçiliginiň derejesine degişli (synag önümçiligi, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we ş.m.) zyýan (zelel) üçin işgäriň üstüne jogapkärçiligiň ýüklenilmegine ýol berilmeýär.Şu aşakdakylar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çäklendirilen maddy jogapkärçilik çekýärler:

1) işgärler – harsallyk boýunça materiallaryň, ýarym fabrikatlaryň, önümleriň zaýalananlygy ýa-da ýok edilenligi üçin, şol sanda olar taýýarlanylanda – olaryň günäsi boýunça ýetirilen zeleliň (zyýanyň) möçberinde, ýöne ol özüniň ortaça aýlyk zähmet hakyndan ýokary bolmaly däldir. Kärhana tarapyndan işgäre peýdalanmaga berlen gurallaryň, abzallaryň, ýörite geýimiň we beýleki närseleriň harsallyk boýunça zaýalanandygy ýa-da ýok edilendigi üçin işgärler edil şol möçberde maddy jogapkärçilik çekýärler;

2) kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary, şonuň ýaly-da kärhanalardaky düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary – eger kärhana zyýan (zelel) artykmaç pul tölegleri, maddy ýa-da pul gymmatlyklarynyň nädogry hasaby we saklanylmagy, boş durmalaryň öňüni almak üçin zerur çäreleriň görülmezligi, ýaramaz hilli önümiň çykarylmagy, maddy ýa-da pul gymmatlyklarynyň ogurlanmalary, ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy bilen ýetirilen

bolsa, olaryň günäsi bilen ýetirilen zyýanyň (zeleliň) möçberinde, ýöne ol öz ortaça bir aýlyk zähmet hakyndan ýokary bolmaly däldir.

Zyýany (zeleli) töletmegiň tertibi Zähmet Kodeksiniň 236-njy maddasynda bellenilýär. Iş berijä zyýan (zelel) ýetiren işgär onuň öwezini meýletin döly ýa-da bölekleýin görnüşde dolup biler. Iş beriji bilen ylalaşyp, işgär zyýanyň öwezini dolmak üçin deň bahadaky emlägi ýa-da zeper ýetirileni bejerip biler. Eger işgär ýetirilen zyýanyň öwezini meýletin golmasa,onda zähmet kanunçylygy bu ýagdaý üçin ýörüte tertibi göz ňöünde tutýar. Ortaça aýlyk zähmet hakyndan geçmeýän möçberde işgärlere zyýany (zeleli) töletmek iş berijiniň buýrugy boýunça, kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary tarapyndan bolsa tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugy boýunça işgäriň zähmet hakyndan tutup almak arkaly geçirilýär. Iş berijiniň ýa-da tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň buýrugy işgär tarapyndan ýetirilen zyýanyň (zeleliň) ýüze çykarylan gününden başlap iki hepdeden gijä galman çap edilmelidir we bu barada işgäre habar berlen gününden başlap ýedi gün geçenden soň ýerine ýetirilmelidir. Eger işgär tutup almak ýa-da onuň möçberi bilen razy bolmadyk mahalynda, zähmet jedeli onuň arzasy boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde garalýar. Galan ýagdaýlarda zyýany (zeleli) töletmek iş beriji tarapyndan kazyýete hak islegini bildirmek arkaly geçirilýär. Eger iş beriji zyýany (zeleli) töletmegiň bellenilen tertibini bozsa zähmet jedellerine seredýän gurama işgäriň ýüztutmasy boýunça kanuna laýyk alyp galynmadyk pul möçberlerini yzyna gaýtarmak barada karar kabul edýär.

Zyýanyň öwezini dolmak zyýan getiren hereket üçin işgäriň düzgün-nyzam,adminstratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilendigine garamazdan amala aşyrylýar.

Işgäriň günäsi bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezi

dolunanda onuň zähmet hakyndan tutum tutmak kärhana bolan bergini üzmek üçin olaryň işleýän ýerinde iş berijiniň buýrugy esasynda amala aşyrylýar. Her bir zähmet haky tölenende tutumlaryň umumy möçberi ýigrimi göterimden, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan aýratyn halatlarda bolsa, işgäre tölenýän zähmet hakynyň elli göteriminden köp bolmaly däldir. Iş hakyndan birnäçe ýerine ýetiriş resminamalary esasynda zähmet hakyndan tutum tutulanda zähmet hakynyň elli göteriminden az bolmadyk möçberi işgärde saklanyp galmalydyr.

## IX . Aýal-gyzlaryň we ýaşlaryň we işgärleriň aýry toparlarynyň zähmetini goramak

### §1. Aýal-gyzlaryň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 20-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda erkekler bilen aýallar deň raýatlyk hukuklaryna eýedirler. Zähmet çygrynda bu kadanyň ýerine ýetirilmegi kanunçylykda aýal-gyzlaryň hukuklarynyň kemsidilmegini gadagan edýän kadalaryň toplumy bilen üpjün edilýär. Hususan-da, işe kabul edilýän mahalynda işgärleriň aýal-erkekligine – jynsyna, milletine, diline, sosial gelip çykyşyna, emläk ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, dine garaýşyna, ynam-ygtykatyna, haýsy jemgyýetçilik birleşigine degişlidigine garap, şeýle hem işgärleriň işewürlik sypatlary bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki ýagdaýlara baglylykda hukuklarynyň haýsydyr bir göni ýa gytaklaýyn çäklendirilmegine ýa-da olara göni ýa gytaklaýyn artyk hukuk berilmegine ýol berilmeýär. Zähmet hukuk gatnaşyklarynda

zenanlaryň olaryň fiziki we biologiki aýratynlyklary göz öňüne tutulyp, goşmaça ýeňillikler berilýär. Bu hukuk kadasy erkekleriň hem aỳallaryň öz hukuklaryny durmuşa geçirmekde deň şertlerden peỳdalanỳandyklaryny-da göz öňünde tutỳar. Ỳöne bu deňlige dar manyda düşünilmeli däldir. Ynsan nesliniň dowam etmeginde zenanyň orny we adamzat üçin eneligiň ähmiỳeti hemmeler tarapyndan ykrar edilỳär, şonuň üçinem erkeklere garanyňda zenanlar goşmaça hukuk kepilliklerine-de mätäçdirler. Şu nukdaỳnazardan hem döwlet aỳallara goşmaça hukuklaryň we azatlyklaryň uly toplumyny kepillendirỳär we şol hukuklaryň amala aşyrylmagy üçin ähli zerur şertleri üpjün edỳär. Mysal üçin, göwreliligi sebäpli tölegli zähmet rugsadyny bermek, durmuş-üpjünçilik çygryndaky ỳeňillikler we ş.m. Möhüm halkara hukuk namalaryň ençemesiniň gatnaşyjysy bolan Türkmenistanda, aỳallaryň deňhukuklylygynyň döwlet tarapyndan kepillendirilmegine aỳratyn uly üns berilỳär. 2007-nji ỳylyň 14-nji dekabrynda, „Aỳallaryň deň hukuklylygynyň döwlet kepillikleri hakynda“ Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi döwletde aỳallaryň hukuk ỳagdaỳynyň kepilliklerini artdyrýar.

Göwreliligi ýa-da üç ýaşa çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolmagy bilen baglanyşykly sebäpler boýunça aýallary işe kabul etmekden boýun gaçyrmak we olaryň zähmet hakyny peseltmek gadagandyr.Kärhanalaryň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary, şeýle hem gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary we olaryň orunbasarlary görkezilen adamlary işe kabul etmekden boýun gaçyranlygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler. Aýallaryň görkezilen toparlaryny işe kabul etmekden boýun gaçyranlarynda iş beriji olara boýun gaçyrmagyň sebäplerini ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr. Işe kabul etmekden ýüz öwrülen halatynda kazyýete şikaýat edilip bilner. Iş berijiniň başlangyjy boýunça göwreli aýallar we üç

ýaşa çenli çagasy (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar bilen zähmet şertnamasynyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär, ýöne kärhananyň ýatyrylan ýa-da iş beriji – şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilen, zähmet düzgün-nyzamynyň bir gezek gödek bozulan, zat eýesiniň emläginiň ogurlanan, şeýle hem şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen halatda muňa degişli däldir. Aýalyň göwrelilik döwründe möhletli zähmet şertnamanyň möhleti gutaran mahalynda iş beriji onuň ýazmaça arzasy boýunça we göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamasyny beren mahalynda göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletini uzaltmaga borçludyr. Göwreliligiň gutarmagyna çenli zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhleti uzaldylan aýal iş berijiniň soramagy boýunça ýöne üç aýda bir gezek göwreliliginiň ýagdaýyny tassyklaýan lukmançylyk kepilnamasyny bermäge borçludyr. Eger şunda aýal göwrelilik gutarandan soň işlemegini hakyky dowam etdirse, onda iş beriji göwreliligiň tamamlanandygy bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap bir hepdäniň içinde zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaga hukuklydyr. Eger zähmet şertnamasy ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän wagty üçin baglaşylsa we aýalyň ýazmaça razylygy bilen göwreliligiň gutarmagyna çenli ony iş berijide bar bolan başga işe (hem aýalyň degişli hünärindäki boş wezipä ýa-da işe, hem pes bolan boş wezipä ýa-da pes hak tölenilýän işe), aýalyň saglyk ýagdaýyny hasaba almak bilen onuň ýerine ýetirip biljek işine geçirmek mümkin bolmasa, aýaly zähmet şertnamasynyň möhletiniň gutarmagy bilen baglanyşykly onuň göwrelilik döwründe işden boşatmaga ýol berilýär. Şunda iş beriji oňa şol ýerde özünde bar bolan, görkezilen ähli talaplara jogap berýän boş orunlary teklip etmäge borçludyr. Eger bu zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz

öňünde tutulan bolsa, iş beriji başga ýerlerdäki boş orunlary teklip etmäge borçludyr.Göwreli aýallary gijeki wagtdaky işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem gulluk iş saparlaryna ibermek gadagandyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýän çäklerden ýokary geçýän agyrlyklary aýal-gyzlaryň el bilen götermegi we ondan-oňa süýşürmegi gadagandyr. Zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde aýallaryň zähmetini ulanmak çäklendirilýär, fiziki bolmadyk işler ýa-da sanitariýa we durmuş hyzmaty boýunça işler muňa degişli däldir.allaryň zähmetiniň ulanylmagy çäklendirilýän zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr işleriniň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar olaryň ýazmaça razylygy bolmazdan gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekilip bilinmez, şeýle hem gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez. Üç ýaşdan on dört ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan aýallar olaryň ýazmaça razylygy bolmazdan iş wagtyndan daşary işlere çekilip ýa-da gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez. Şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen aýallar özüniň işleriň bu görnüşlerine çekilmekden boýun gaçyrmak hukugy bilen ýazmaça görnüşde tanyşdyrylmalydyrlar. Eger maşgalanyň syrkaw agzalaryna seredýän işgärleri lukmançylyk netijenamanyň esasynda seredilmäge mätäçlik çekýän bolsalar, iş berijiniň olary gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere çekmäge, şeýle hem gulluk iş saparyna ibermäge we wahta usuly bilen ýerine ýetirilýän işlere ibermäge hakly däldir.

Meýdan şertlerinde oba hojalyk işlerinde işleýän göwreli aýallara ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen dowamlylygy alty sagat bolan iş güni bellenilýär.

Göwreli aýallara lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda iş öndürijiliginiň kadalary, hyzmat ediş kadalary azaldylýar ýa-da olar öňki işindäki ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe we amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan işe geçirilýär. Lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda göwreli aýala başga has ýeňil we işiň amatsyz önümçilik faktorlarynyň täsirini aradan aýyrýan iş bermek hakyndaky meseläniň çözülmegine çenli, ol munuň netijesinde goýberen ähli iş günleri üçin kärhananyň hasabyna ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen işden boşadylmaga degişlidir. Bir ýarym ýaşa çenli ýaşdaky çagalary bolan aýallar öňki işini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bolmadyk mahalynda çagasy bir ýarym ýaşa ýetýänçä öňki işi boýunça ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen başga has ýeňil işe geçirilýär.

On alty ýaşa çenli maýyp çagany terbieleýän ata-eneleriň birine (hossara, howandara) gündelik zähmet haky möçberinde oňa hak tölemek bilen aýda bir goşmaça dynç alyş güni berilýär. Ata-enelerden biriniň (hossaryň, howandaryň) ýazmaça arzasy boýunça iş beriji şu maddanyň birinji böleginde görkezilen günleri iş ýylynyň içinde jemläp ýa-da olary her ýylky esasy zähmet rugsadyna goşup bermäge hukugy bardyr.

Dynç almak üçin we nahar edinmek üçin umumy arakesmeden başga-da, bir ýarym ýaşa çenli çagalary bolan aýallara çagany naharlamak üçin goşmaça arakesmeler berilýär. Her biriniň dowamlylygy otuz minutdan az bolmadyk bu arakesmeler her üç sagatdan bir gezek berilýär. Bir ýarym ýaşa ýetmedik iki ýa-da köp çagasy bar bolan mahalynda arakesmäniň dowamlylygy azyndan bir sagat bellenilýär. Çagany naharlamak üçin arakesmeler iş wagtyna goşulýar we ortaça zähmet haky boýunça tölenilýär.Arakesmeleriň dowamlylygy we olary bermegiň tertibi enäniň islegi nazara alnyp kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň gaýry wekilçilikli

edarasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

Aýallaryň zähmeti giňden ulanylýan kärhanalarda çagalar bakjalary we baglary, emýän çagalary naharlamak üçin otaglar, şeýle hem aýallaryň şahsy arassaçylyk otaglary guralýar.

Enelik bilen baglanyşykly aýala berilýän kepillikler we ýeňillikler (gijeki wagtdaky we iş wagtyndan daşary işlerdäki zähmetiň çäklendirilmegi, dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmegiň hem-de gulluk iş saparlaryna ibermegiň çäklendirilmegi, zähmet haky tölenilmeýän rugsadyň berilmeginiň, zähmetiň ýeňillikli düzgünleriniň bellenilmeginiň we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki kepillikler we ýeňillikler) enesiz (ol aradan çykanda, ata-enelik hukuklaryndan mahrum edilende, bejeriş edarasynda uzak wagtlap bolanda we çagalar hakynda enelik aladasynyň bolmadyk beýleki halatlarynda) çagalary terbiýeleýän atalara, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hossarlary (howandarlary) üçin hem degişlidir.

### §2. On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynda ýaşlaryň zähmetini guramagyň hem aýratynlyklaryny beýan edýän kadalar bar. Zähmet kodeksiniň 8-nji bölüminiň 2-nji babynda 250-258-nji maddalarda zähmet baradaky hukuk gatnaşyklarynda 18 ýaşa ýetmedik işgärleriň hukuklary kemala gelenleriň hukuklaryna deňleşdirilýär, zähmeti goramak, iş wagty, rugsatlar barada we beýleki zähmet şertleri barada olar hukuknamalarda bellenen ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Mysal üçin, 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň zähmetini agyr işlerde we zähmet şertleri zyýanly we howply bolan işlerde, şonuň ýaly-da ýerasty işlerinde ulanmak gadagan edilýär. Bu adamlaryň özleri

üçin bellenilen aňryçäk normalardan artyk agyrlyklary göterip äkitmegi we süýşürip äkitmegi gadagan edilýär. 18 ýaşa ýetmedik adamlaryň hemmesi deslapky lukmançylyk barlagyndan geçirlenden soň işe kabul edilýär we şondan beýläk tä 18 ýaş dolýança hökmany lukmançylyk barlagyndan geçip durmalydyr. Kemala gelmedik işgärler her ýylky hökmany lukmançylyk barlagyndan iş wagty geçirilýär we olara ortaça gazanjy tölenilýär. 18 ýaşa ýetmedik işgärleri gijeki işlere we iş wagtyndan daşary işlere hem-de dynç alyş günlerindäki, baýramçylyk günlerindäki we hatyra günlerindäki işlere çekmek gadagan edilýär.

On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler zähmet hukuk gatnaşyklarynda kämillik ýaşyna ýetenleriň hukuklary bilen deňleşdirilýär, zähmeti goramak, iş wagty, rugsatlar we zähmetiň käbir beýleki şertleriniň çygrynda bolsa şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenilen ýeňilliklerden peýdalanýarlar. On sekiz ýaşyna ýetmedik ähli adamlar işe diňe deslapky lukmançylyk gözegçiliginden soň kabul edilýär we mundan beýläk on sekiz ýaşyna ýetýänçäler her ýyl hökmany suratda lukmançylyk gözegçiligine degişlidirler. Kämillik ýaşyna ýetmedik işgärleriň her ýylky hökmany lukmançylyk gözegçiligi ortaça zähmet hakyny saklap galmak bilen iş wagtynda geçirilýär.

Iş beriji iş bilen üpjün edýän ýerli edara (gulluk) we beýleki edaralar tarapyndan iberilýän on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlary işe ýerleşdirmek tertibinde bellenilen möçberiniň hasabyna iş ýerlerine işe kabul etmäge borçludyr. Bellenilen möçberiň hasabyna işe kabul etmekden boýun gaçyrmak gadagandyr we kazyýete şikaýat edilip bilner. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlary işe ýerleşdirmegiň aýratynlyklary şu Kodeks, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

Zähmetiň aýratyn şertleri bolan işlerde, şeýle hem ýerine

ýetirilmegi olaryň saglygyna we ahlak ösüşine zyýan ýetirip biljek işlerde (humarly täjirçilik, spirtli içgileri, temmäki önümleri, neşe, zäherli we gaýry serişdeleri öndürmek, daşamak we söwdasyny etmek) on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetini ulanmak gadagandyr. Bu adamlar tarapyndan olar üçin aňryçäk bellenilen ölçeglerden ýokary geçýän agyrlyklary geçirmek we ondan-oňa süýşürmek, götermek we ýerini üýtgetmek gadagandyr. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmetiniň ulanylmagy gadagan edilýän zähmetiň aýratyn şertleri bolan işleriň sanawy, şeýle hem olaryň geçirýän we ondan-oňa süýşürýän agyrlyklaryň aňryçäk ölçegleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Gündelik işiň gysgaldylan dowamlylygynda on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmet haky gündelik işiň doly dowamlylygyna degişli toparlardaky işgärleriňki ýaly möçberde tölenilýär. Potratçylyk işlerine goýberilen on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmeti uly ýaşly işgärleriň gündelik işiniň dowamlylygy bilen deňeşdirilende olaryň gündelik işiniň dowamlylygy gysgaldylýan wagt üçin tarif stawkasy boýunça goşmaça hak bilen uly ýaşly işgärler üçin bellenilen potratçylyk bahalary boýunça tölenilýär. Orta mekdepleriň we orta hünärment okuw mekdepleriniň okuwdan boş wagty işleýän okuwçylarynyň zähmetine hak tölemek işlenen wagta proporsionallykda ýa-da iş öndürijiligine baglylykda geçirilýär. Kärhanalar okuwçylara öz serişdeleriniň hasabyna zähmet hakyna goşmaça haklary belläp bilerler.On sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleri gijeki wagtdaky we iş wagtyndan daşary işlere we dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde işlere çekmek, şeýle hem olary gulluk iş saparlaryna ibermek gadagan edilýär.On sekiz ýaşyna ýetmedik işçiler üçin iş öndürijiliginiň kadalary gysgaldylan dowamlylykda iş wagtyna proporsionallykda, uly ýaşly işçiler üçin iş öndürijiliginiň kadalaryndan ugur alnyp bellenilýär. Orta

mekdepleri, orta hünärment okuw mekdeplerini, kurslaryny gutaryp kärhana giren, şeýle hem önümçilikde hünär okuwyny geçen ýaş işçiler üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda we möçberlerde hem-de olara kesgitlenilýän möhletlere aşaklandyrylan iş öndürijiliginiň möçberleri tassyklanylýar. Bu möçberler kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan tassyklanylýar.
Işden boşatmagyň umumy tertibini berjaý etmegiň daşyndan diňe kärdeşler arkalaşygy guramasynyň we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky toparyň razylygy bilen iş berijiniň başlangyjy boýunça on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärleriň işden boşadylmagyna ýol berilýär. Şunda şu Kodeksiň 42-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça işe ýerleşdirilmän işden boşadylmagyna ýol berilmeýär.

Eger şertnamanyň dowam etdirilmegi kämillik ýaşyna ýetmedikleriň saglygyna howp salsa ýa-da olaryň kanuny bähbitlerini bozsa, on sekiz ýaşyna ýetmedik işgärler bilen zähmet şertnamasy olaryň ata-eneleriniň, ogullyga, gyzlyga alanlaryň we howandarlaryň, şeýle hem hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň hem-de Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilmegine gözegçilik barlagy we gözegçilik etmek ýüklenen beýleki edaralaryň talap etmegi boýunça ýatyrylyp bilner.

## §3. Işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary

Zähmet Kodeksiniň ýörüte bölümi işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklaryny belleýän kadalary özünde saklaýar. Olara kärhananyň ýolbaşçysynyň we kärhananyň ýerine ýetiriji edarasynyň agzalarynyň, maýyplaryň, esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň, möwsümleýin işlerde işleýän adamlaryň, wahta iş usulyna çekilýän adamlaryň, hakyna tutma zähmeti ulanýan iş berijilerde-şahsy taraplarda işleýän adamlaryň, iş beriji – şahsy taraplarda işleýän öý işgärleriniň, öýünde işleýän işçileriň, wagtlaýyn işlerde işleýän adamlaryň zähmetini, dini guramalaryň işgärleriniň zähmetini düzgünleşdirmegiň aýratynlyklary degişlidir.

Zähmet gatnaşyklary çygrynda kärhananyň ýolbaşçysynyň hukuklary we borçlary Zähmet Kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, kärhananyň esaslandyryjy resminamalary, zähmet şertnamasy bilen kesgitlenilýär. Kärhananyň ýolbaşçysyna esasy iş bilen utgaşdyrmak şertlerinde tölenilýän işi ýerine ýetirmek gadagandyr, mugallymçylyk, ylmy-barlag we döredijilik işi muňa degişli däldir.

Kärhananyň ýolbaşçysy şol kärhana gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň wezipelerini amala aşyrýan edaralaryň düzümine girip bilmez. Kärhananyň ýolbaşçysy bilen zähmet şertnamasy kärhananyň esaslandyryjy resminamalary we taraplaryň ylalaşmagy bilen kesgitlenilen möhlete baglaşylýar, ýöne ol şu Kodeksde bellenilenden köp bolmaly däldir. Türkmenistanyň kanunlary, beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da kärhananyň esaslandyryjy resminamalary arkaly kärhananyň ýolbaşçysy bilen öňki baglaşylan zähmet şertnamasynyň amallary bellenilip bilner

(bäsleşik geçirmek, wezipä saýlamak ýa-da bellemek we başgalar).Kärhananyň ýolbaşçysy kärhana ýetirilen göni hakyky zyýan (zelel) üçin maddy jogapkärçilik çekýär. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda kärhananyň ýolbaşçysy özüniň günäkär hereketleri bilen ýetirilen zyýany (zeleli) kärhana töleýär. Şunda zyýany (zeleli) kesgitlemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanda maýyplar Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Zähmet Kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen berkidilen durmuş-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklaryň we azatlyklaryň ählisine eýedirler. Maýyplaryň hukuklaryny kemsitmek gadagandyr. Hukuk kemsidilmelerine ýol berýän adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler. Maýyplaryň zähmete, işe ýerleşmäge we maýyplar üçin iş orunlarynyň möçberini bellemäge bolan hukuklaryny durmuşa geçirmek, maýyplaryň bilim almak we hünär taýýarlygy üçin şertler bilen üpjün etmek Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Esasy iş bilen utgaşdyrma diýlip, işgäriň öz esasy işinden başga ol ýa-da beýleki iş berijide esasy işden boş wagtda zähmet şertnamasynyň şertlerinde we kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna laýyklykda yzygiderli tölenilýän başga işi ýerine ýetirmegine düşünilýär. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça zähmet şertnamasy baglaşylanda bu işiň esasy iş bilen utgaşdyrma bolup durýandygy hökmany suratda görkezilmelidir. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemek üçin esasy iş ýeri boýunça iş berijiniň razylygy talap edilmeýär, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlar muňa degişli däldir. Işgärleriň aýry-aýry toparlary (pedagogik, lukmançylyk we melhemçilik işgärleri, medeniýet işgärleri) üçin esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işiň şertleri

hakynda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça başga kärhana işe kabul edilen işgär iş berijä pasportyny ýa-da şahsyýetini tassyklaýan başga resminamany görkezmäge borçludyr. Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça ýörite bilimi talap edýän işe kabul edilende iş berijiniň işgärden diplomyny ýa-da bilimi ýa-da hünär taýýarlygy hakyndaky başga resminamany ýa-da olaryň göwnejaý ýagdaýda tassyklanylan nusgalaryny talap etmäge, kabul edilende bolsa, esasy iş ýeri boýunça zähmetiň häsiýeti we şertleri hakyndaky kepilnama talap etmäge hukugy bardyr.

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlar üçin iş beriji tarapyndan bellenilýän iş wagtynyň dowamlylygy günde dört sagatdan ýa-da dynç gününde doly iş gününden ýokary geçip bilmez.

Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlaryň zähmetine hak tölemek iş öndürijiligine baglylykda işlenen wagta proporsionallykda ýa-da zähmet şertnamasynda kesgitlenen başga şertlerde geçirilýär. Wagta görä hak tölenýän esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara zähmete hak tölemegiň kadalaşdyrylan tabşyryklary bellenilende işleriň hakyky ýerine ýetirilen möçberi üçin ahyrky netijeleri boýunça geçirilýär.Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara esasy işi boýunça rugsat bilen bir wagtda tölenilmeýän rugsat berilýär.Esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adamlara kepillikler we öwez pullary diňe esasy iş ýeri boýunça berilýär.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, döwlet kärhanalarynda iki ýolbaşçy wezipeleriniň esasy iş bilen utgaşdyrma şertlerinde işlenilmegine ýol berilmeýär, ussalaryň we brigadirleriň wezipeleri muňa degişli däldir. On sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň, göwreli aýallaryň esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemegi, şeýle hem eger esasy iş şeýle şertler bilen

baglanyşykly bolsa gijeki wagtdaky işlerde, zähmetiň zyýanly, aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işlemegi gadagandyr. Esasy iş bilen utgaşykly işlenilende garyndaşlaryň gös-göni tabynlygy we gözegçiligi astynda bolmagy bilen baglanyşykly bilelikdäki işi gadagan edilýär. Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça çäklendirmeler Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilip bilner. Döwletiň wezipeli adamynyň ýa-da döwlet gullukçysynyň esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işlemäge haky ýokdur, mugallymçylyk, ylmy we döredijilik işi muňa degişli däldir. Şu Kodeksde we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan esaslardan başga esasy iş bilen utgaşdyrma boýunça işleýän adam bilen zähmet şertnamasy bu iş esasy iş boljak işgär işe kabul edilen mahalynda bes edilip bilner.
Möwsümleýin diýlip belli bir döwrüň (möwsümiň) içinde dokuz aýdan geçmeýän wagtda klimat we beýleki tebigy şertleriň esasynda ýerine ýetirilýän işler hasap edilýär. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň hereketi möwsümleýin işlerde işleýän adamlara (möwsümleýin işgärlere) hem degişlidir. Işiň möwsümleýin häsiýeti hakyndaky şert zähmet şertnamasynda görkezilmelidir. Möwsümleýin işgärler işe kabul edilende synag möhleti bellenilmeýär. Möwsümleýin işgärler bilen zähmet şertnamasy möwsümiň dowamlylygyndan ýokary geçmeýän möhlete baglaşylýar. Kärhanalaryň edara tabynlygyna garamazdan ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklarynyň kärhanalarynda doly möwsümiň içinde işlän möwsümleýin işgärlere möwsüm gutarandan soň işiň her aýy üçin iki senenama güni hasabyndan tölenilýän rugsat berilýär. Möwsümleýin işgär zähmet şertnamasyny möhletinden öň bes etmek (ýatyrmak) hakynda iş berijini bir hepde galanda ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr. Kärhananyň ýatyrylmagy ýa-da iş beriji – şahsy tarap tarapyndan işiň bes edilmegi, işgärleriň sanynyň ýa-da wezipe sanawynyň

gysgaldylmagy bilen baglanyşykly geljekde işden boşadyljakdygy hakynda iş beriji möwsümleýin işgäri azyndan bir hepde galanda gol çekdirip ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr. Möwsümleýin işgärler bilen zähmet şertnamasy şu aşakdaky halatlarda iş berijiniň başlangyjy boýunça bes edilip (ýatyrylyp) bilner:

1) önümçilik häsiýetli sebäpler boýunça işleriň iki hepdeden gowrak möhlete togtadylmagy bilen, şeýle hem iş berijide işleriň möçberiniň gysgaldylmagy boýunça;

2) bir aýdan gowrak wagtyň içinde üznüksiz wagtlaýyn zähmete ukyplylygyny ýitirmegi netijesinde möwsümleýin işgär işde bolmadyk mahalynda. Zähmet şikesi ýa-da hünär keseli netijesinde zähmete ukyplylyk ýitirilen mahalynda, şeýle hem belli bir kesel bolanda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen iş ýerini (wezipesini) saklamagyň has uzak möhleti bellenilen mahalynda möwsümleýin işgärleriň zähmete ukyplylygy dikeldilýänçä ýa-da maýyplygy bellenilýänçä iş ýeri (wezipesi) saklanýar, ýöne ol zähmet şertnamasy boýunça iş möhletiniň tamamlanmagyndan köp bolmaly däldir.

Pes hak tölenilýän başga işe bikanun geçirilen möwsümleýin işgäre mejbury boş bolnan wagt üçin ortaça zähmet haky ýa-da şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin iş hakyndaky tapawut tölenilýär.

Möwsümleýin işgäre Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda, eger ol möwsümde doly işläp, indiki möwsüme şertnama baglaşyp we bellenilen möhletde işe gaýdyp gelen bolsa, şol iş berijidäki iş döwri jemlenýär. Kärhanalaryň edara tabynlygyna garamazdan ykdysadyýetiň möwsümleýin pudaklarynyň kärhanalarynda doly möwsümiň içindäki iş – Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylan sanaw boýunça bir ýyldaky iş döwrüne, şol sanda pensiýa hukuk berýän iş döwrüne hasaplanýar. Galan

möwsümleýin işler olaryň hakyky dowamlylygy boýunça iş döwrüne goşulýar.

Wahta iş usuly – adamyň hemişelik ýaşaýan ýerine gündelik gaýdyp gelmegini üpjün edip bolmajak, onuň hemişelik ýaşaýan ýeriniň daşyndaky zähmet prosesini amala aşyrmagynyň aýratyn görnüşidir. Iş beriji işiň wahta usulynda işgärleri işleriň geçirilýän desgasynda bolan döwründe olaryň ýaşamagy üçin ýaşaýyş jaýy, iş ýerine çenli we yzyna gaýtmagyny, şeýle hem işleri ýerine ýetirmek we çalşyklaryň arasynda dynç almak üçin şertler bilen üpjün edýär.

Wahta iş usulyna on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlar, göwreli aýallar we üç ýaşa çenli çagalary (on alty ýaşyna çenli maýyp çagasy) bolan aýallar, şeýle hem işleri wahta usuly bilen ýerine ýetirmäge lukmançylyk taýdan ýaramsyz hasap edilen adamlar çekilip bilinmez. Wahtanyň dowamlylygy desgada işleriň ýerine ýetirilýän döwrüni we wahta şäherçesinde, meýdan şäherjiginde, şeýle hem ýaşamak üçin beýleki ýörite enjamlaşdyrylan jaýlarda, çalşyklaryň arasyndaky dynç alyş wagtyny öz içine alýar. Wahtanyň dowamlylygy bir aýdan ýokary geçip bilmez. Aýratyn halatlarda aýry-aýry desgalarda, kärhananyň kärdeşler arkalaşygy guramasynyň pikirini hasaba almak bilen iş beriji tarapyndan wahtanyň dowamlylygy iki aýa çenli artdyrylyp bilner.

Işiň wahta usulynda zähmet we dynç alyş düzgüni, iş wagtyny hasaba almak şu Kodeks, şeýle hem kärdeşler arkalaşygynyň guramalary bilen ylalaşylyp, degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşindäki kärhanalar tarapyndan tassyklanylan düzgünnamalar bilen düzgünleşdirilýär. Wahta usuly bilen işleri ýerine ýetirýän işgärlere wahtanyň döwründe işleriň geçirilýän ýerlerinde bolmagyň her bir senenama güni üçin, şeýle hem iş berijiniň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn

ýolda bolnan hakyky günler üçin Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýän gulluk iş saparlary üçin göz öňünde tutulan ölçegler boýunça gije-gündizlik möçberde işiň wahta usuly üçin goşmaça hak tölenilýär. Wahtadaky iş tertibinde göz öňünde tutulan kärhananyň ýerleşýän ýerinden (ýygnanyş nokadyndan) işleriň ýerine ýetirilýän ýerine çenli we gaýdyşyn ýolda bolnan günler üçin, meteorologik şertler boýunça we ulag kärhanalarynyň günäsi boýunça ýolda eglenilen günler üçin işgäre gündelik tarif stawkasy (zähmet haky) tölenilýär.

Hakyna tutma zähmeti ulanýan iş beriji – şahsy tarap bilen işgäriň arasynda zähmet şertnamasyny baglaşmak onuň taraplary tarapyndan gol çekilýän we zähmet şertlerini, onuň töleginiň tertibini, taraplaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän ýazmaça şertnama görnüşinde geçirilýär.Öý işgärleri diýlip raýatlaryň öý hojalygyndaky işi zähmet şertnamasy boýunça ýerine ýetirýän, olara edebiýat, gaýry döredijilik işinde tehniki kömek berýän we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik hyzmatlaryň beýleki görnüşlerini edýän adamlar hasap edilýär. I topardaky maýyplara ýa-da on alty ýaşyna ýetmedik maýyp çaga seredýän adamlar öý işgärleri däldirler. Görkezilen adamlaryň zähmet gatnaşyklarynyň aýratynlyklary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär. Öý işgärleri bilen zähmet şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we möhletli hem-de möhletsiz bolup biler. Zähmet şertnamasy şertnama gol çekilen gününden başlap ýedi senenama gününiň içinde iş beriji – şahsy tarapyň salgyt hasaba alnan ýerinde bellige alynýar. Öýünde işleýän işçiler diýlip we iş beriji tarapyndan berilýän ýa-da öýünde işleýän işgäriň öz hasabyna alan materiallaryny, gurallaryny we mehanizmlerini peýdalanmak bilen öýünde işi (hyzmatlary) ýerine ýetirmek hakynda zähmet şertnamasyny baglaşan adamlar hasap edilýär. Öýünde işleýän işçi öz gurallaryny we mehanizmlerini peýdalanan mahalynda oňa olaryň könelmegi

üçin öwez puly tölenilýär. Şeýle öwez puluny tölemek, şonuň ýaly-da işleriň öýünde ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly beýleki çykdajylaryň (elektrik energiýasynyň, suwuň we ş.m. gymmaty) öwezini dolmak iş beriji tarapyndan zähmet we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) kesgitlenilýän tertipde geçirilýär. Öýünde işleýän işçileri çig mal, materiallar we ýarym fabrikatlar bilen üpjün etmegiň, taýýarlanan önüm üçin hasaplaşyklaryň, öýde işleýän işçilere degişli materiallaryň gymmatyny tölemegiň tertibi we möhletleri, taýýar önümi äkitmegiň tertibi we möhletleri, enjamlary, mehanizmleri we abzallary hyzmat etmek we abatlamak zähmet we köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen kesgitlenilýär.

Wagtlaýyn işlerde işleýän adamlar diýlip iki aýa çenli möhlete işe kabul edilen adamlar (wagtlaýyn işgärler) hasap edilýär. Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda olar üçin synag möhleti bellenilmeýär. Iki aýa çenli möhlete zähmet şertnamasyny baglaşan wagtlaýyn işgärlere tölenilýän rugsatlar berilmeýär. Wagtlaýyn işgärler wagtlaýyn iş möhletiniň çäklerinde dynç alyş günlerinde, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerinde olaryň ýazmaça razylygy bilen işe çekilip bilner.Dynç alyş günlerindäki, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki iş iki esse möçberinde pul görnüşinde öwezi dolunýar.

Wagtlaýyn işgärler bilen zähmet şertnamasy çäklendirilmedik möhlete uzaldylan diýlip hasap edilýär, eger:

- wagtlaýyn işgär iki aýdan köp işlän bolsa we taraplaryň hiç birisi-de zähmet gatnaşyklaryny bes etmegi talap etmedik bolsa;
- işden boşadylan wagtlaýyn işgär bir hepdeden geçmeýän arakesmeden soň şol bir iş berijä täzeden işe kabul edilen bolsa, eger şunda onuň arakesmeden öň we soň işlän möhleti umumylykda degişlilikde iki aýdan geçen

mahalynda.

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bellige alnan dini gurama iş beriji bolup durýar. On sekiz ýaşyna ýeten, dini gurama bilen zähmet şertnamasyny baglaşan, özi belli bir işi ýerine ýetirýän we dini guramanyň tertipnamasyna tabyn bolan adam işgär bolup durýar.Zähmet şertnamasynyň taraplarynyň hukuklary we borçlary dini guramanyň tertipnamasynda göz öňünde tutulan aýratynlyklary hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Işgär bilen dini guramanyň arasynda zähmet şertnamasy kesgitli möhlete baglaşylyp bilner. Zähmet şertnamasy baglaşylanda işgär Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik şu şertnamada kesgitlenen islendik işi (hyzmaty) ýerine ýetirmäge borçlanýar. Zähmet şertnamasyna şu Kodekse we dini guramanyň tertipnamasyna laýyklykda işgär üçin we iş beriji hökmünde dini gurama üçin mahsus bolan şertler goşulýar. Zähmet şertnamasynyň şertlerini üýtgetmek zerurlygy bolan mahalynda dini gurama bu hakda olaryň girizilmegine azyndan bir aý galanda işgäre ýazmaça görnüşde duýdurmaga borçludyr.Dini guramada işleýän adamlaryň iş wagtynyň düzgüni dessurlary ýa-da dini guramanyň tertipnamasynda kesgitlenen onuň beýleki işini amala aşyrmagyň düzgüninden ugur alnyp, iş wagtynyň şu Kodeksde bellenilen kadaly dowamlylygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.Dini guramanyň işgäri bilen dini guramanyň tertipnamasynda kesgitlenen sanawa laýyklykda doly maddy jogapkärçilik hakynda şertnama baglaşylyp bilner.

## X. Işgärleriň hünär taýýarlygyny, olary gaýtadan taýýarlamaklygy we hünärini ýokarlandyrmaklygy guramak.

### §1. Işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmagy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary.

Zähmet Kodeksiniň 318-nji maddasyna laýyklykda, iş beriji öz hajatlary üçin işgärleriň hünär taýýarlygynyň we gaýtadan taýýarlygynyň zerurlygyny we talabyny özbaşdak kesgitleýär. Iş beriji zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) kesgitlenilýän şertlerde we tertipde işgärleriň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlygyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirýär. Işgärleriň hünär taýýarlygynyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň görnüşleri, zerur hünärleriň sanawy iş beriji tarapyndan kesgitlenilýär. Eger munuň özi işiň (gullugyň) belli bir görnüşleriniň işgärler tarapyndan ýerine ýetirilmegi şert bolup durýan bolsa, Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan halatlarda iş beriji işgärleriň hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirmäge borçludyr. Hünär taýýarlygyny geçýän işgärlere iş beriji işi okuw bilen utgaşdyrmak üçin zerur şertleri döretmelidir, Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda, zähmet we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) bellenilen kepillikleri bermelidir. Eger işgär hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy, hünärini ýokarlandyrmagy gutarandan soň esasly sebäpler bolmazdan, şertnama boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, ol iş berijä bu maksatlar üçin onuň çeken çykdajylaryny tölemäge borçludyr. Işgärler hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlyga we hünärini ýokarlandyrmaga, şeýle hem täze hünärleri öwrenmäge bolan hukuga eýedirler.

Kärhanalarda häzirki zaman tehnikalarynyň we enjamlarynyň ornaşdyrylmagy işgärden dişe bir umumy bilimli bolmagy däl-de eýsem olaryň tehniki taýdan giň bilimli, hünär taýdan oňat taýýarlykly we ýokary jemgyýetçilik aňly bolmagyny talap edýär. Bu bolsa önümçilikde işgärleriň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlyga we hünärini ýokarlandyrmaga, şeýle hem täze hünärleri öwrenmäge gönükdirilen hünär taýýarlaýyş okuw ulgamynyň üpjün edilmegini ündeýär. Şol nukdaý nazardan, önümçiliklerde täze işe kabul edilen işçileri taýýarmaklyk kurslaýyn we toparlaýyn we bir-birden okatmaklyk görnüşinde alnyp barylýar. Okuw möhleti alty aýa çenli dowamlykda bellenilýär.Bu okuwlar okuw ňnümçilik kärhanasynyň bazasynda döredilen ýörüte okuw toparlarynda we işgärleriň gös-göni iş ýerlerinde utgaşdyrylyp alnyp barylýar . Öň hünäri bolan işgärler täze hünär almak maksady bilen gaýtadan kär öwrenmeklik ýa-da ikinji hünär almaklyk işgärleri okatmaklyk we kärhana tejribesi bilen bilelikde alnyp barylýar. Olar önümçilikden aýrylmak we aýrylmazlyk usulynda amala aşyrylyp bilner. Şeýlelikde iş beriji bilen işgäriň arasynda okuw-zähmet hukuk gatnaşygy emele gelýär. Bu hukuk gatnaşygynyň döremegi esas bolup, Zähmet ködeksine laýyklykda şägirtlik görnüşinde baglaşylýan şertnama gulluk edýär.

## § 2. Şägirtlik şertnamasy

Zähmet Kodeksiniň 323-nji maddasyna laýyklykda, iş berijiniň bellenilen tertipde kärhanada adama hünär öwretmek üçin şägirtlik şertnamasyny baglaşmaga hukugy bardyr. Şägirtlik şertnamasynda şu aşakdakylar bolmalydyr: taraplaryň ady; şägirdiň alýan anyk kärini, hünärini görkezmek; iş berijiniň şägirtlik şertnamasyna laýyklykda işgäre öwrenmek mümkinçiligini üpjün etmek; işgäriň okuw geçmek we alnan

käre, hünäre laýyklykda kärhanada iş beriji bilen şägirtlik şertnamasynda bellenen möhletiniň dowamynda zähmet şertnamasy boýunça işlemek borjy; şägirtligiň möhleti; şägirtlik tölegininiň möçberi.Şägirtlik şertnamasynda taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenen beýleki şertler hem bolup biler. Şägirtlik şertnamasy şeýle şertnamada bellenilen möhletiň içinde kärhanada belli bir kär, hünär boýunça öwretmek, hünär we iş almak üçin zerur bolan möhlete baglaşylýar. Şägirtlik şertnamasy şu şertnamada görkezilen günden başlap onda göz öňünde tutulan möhletiň içinde hereket edýär. Şägirtlik şertnamasynyň hereketi şägirdiň syrkawlan, onuň harby ýygnanyşyklary geçen wagtyna we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda uzaldylýar. Şägirtlik şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň içinde onuň mazmuny diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilip bilner.Şägirtlik ýekeleýin, brigadalaýyn, toparlaýyn we başga hili öwretmek arkaly guralýar. Şägirtligiň wagty hepdäniň dowamynda degişli işler ýerine ýetirilende, degişli ýaşdaky, hünärdäki, kärdäki işgärler üçin bellenilen iş wagtynyň kadalaryndan ýokary geçmeli däldir. Kärhanada okuw geçýän işgärler iş beriji bilen ylalaşyp zähmet şertnamasy boýunça işden doly boşadylyp ýa-da doly däl iş wagtynyň şertlerinde bu işi ýerine ýetirip bilerler. Şägirtlik şertnamasynyň hereket edýän döwründe işgärler gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerindäki we işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki işe çekilip, şägirtlik bilen baglanyşykly bolmadyk gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez. Şägirtlere şägirtlik döwründe talyp haky tölenilip, onuň möçberi şägirtlik şertnamasynda kesgitlenýär we ol alnan käre, hünäre, kwalifikasiýa baglydyr, ýöne ol Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az zähmet hakyndan pes bolup bilmez. Tejribe okuwlarynda şägirdiň ýerine ýetirýän işi bellenilen bahalar boýunça tölenilýär.

Şägirtligi üstünlikli tamamlan adamlara iş beriji bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda okuw şertnamasyna laýyklykda synag möhleti bellenilmeýär. Eger şägirt şägirtlik tamamlanandan soň esasly sebäpler bolmazdan şägirtlik şertnamasy boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, şol sanda işe girişmese, ol şägirtlik döwründe alan talyp hakyny iş berijä gaýtarmaga, şeýle hem iş berijiniň şägirtlik bilen baglanyşykly çeken beýleki çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

## XI . Zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy

### §1. Durmuş hyzmatdaşlygy düşünjesi

Zähmet Kodeksiniň 332-nji maddasynda durmuş hyzmatdaşlygynyň düşünjesi berilýär, onda zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygy (mundan beýläk – durmuş hyzmatdaşlygy) – işgärleriň (işgärleriň wekilleriniň), iş berijileriň (iş berijileriň wekilleriniň), döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda zähmet we olar bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň meseleleri boýunça işgärleriň hem-de iş berijileriň bähbitleriniň ylalaşylmagyny üpjün etmäge gönükdirilen ulgamdygy bellenilýär. Döwlet edaralary durmuş hyzmatdaşlygynyň berkleşmegine we ösmegine ýardam berýärler. Durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplary zähmet kanunçylygynda bellenilen şu esasy esasy ýörelgelerden ugur alýarlar:

- taraplaryň wekilleriniň doly ygtyýarlylygy;
- taraplaryň deň hukuklylygy;
- durmuş hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga we ösdürmäge döwletiň ýardam etmegi;
- ara alyp maslahatlaşmak üçin girizilýän meseleleriň

sanawyny saýlamak erkinligi;
- taraplaryň borçnamalary kabul etmek meýletinligi we taraplaryň olary ýerine ýetirmeginiň hökmanylygy;
- taraplaryň özüne kabul edýän borçnamalarynyň hakykylygy;
- taraplaryň bähbitlerine hormat goýulmagy we hasaba alynmagy;
- taraplaryň we olaryň wekilleriniň zähmet kanunçylygyny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny berjaý etmegi;
- kabul edilen köpçülikleýin şertnamalaryň we ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;
- taraplaryň, olaryň wekilleriniň köpçülikleýin şertnamalary we ylalaşyklary öz günäleri boýunça ýerine ýetirilmezligi üçin jogapkärçiligi.

Durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplary bolup bellenilen tertipde ygtyýarly edilen, wekiller tarapyndan wekilçilik edilýän işgärler we iş berijiler çykyş edýärler. ***Köpçülikleýin ylalaşyk*** bolanda belli bir pudagyň, çägiň işgärleri we iş berijileri üçin zähmet şertlerini, iş bilen üpjünçiligini hem-de durmuş kepilliklerini bellemek baradaky borçnamalar beýan edilen hukuk namasyna düşünilýär .

Köpçülikleýin ylalaşyklar köpçülikleýin gepleşiklere gatnaşýan taraplaryň ylalaşmaklary esasynda iki taraplaýyn we üç taraplaýyn bolup biler. Ylalaşyk baglaşylanda üçünji tarap hökmünde döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasy, ýerli häkimiýet edarasy ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasy gatnaşyp biler. Kärdeşler arkalaşyklary we işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralary, iş berijiniň ýa-da onuň wekili bolup durmaýan döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasyndan ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasyndan olar bilen iki taraplaýyn ylalaşyklar baglaşmagy talap etmäge haklary ýokdur.

***Baş ylalaşyk*** – Türkmenistanda durmuş-zähmet we olar

bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň umumy esaslaryny belläp, şolary çäk we pudaklaýyn ylalaşyklar we köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutýan hukuk namasydyr. Baş ylalaşyk Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da onuň ygtyýarly eden edarasynyň, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli Merkeziniň, iş berijileriň birleşikleriniň we telekeçileriň ygtyýarly wekilleriniň arasynda özleriniň ygtyýarlarynyň çäklerinde baglaşylýar. (Zähmet Kodeksiniň 356-njy maddasy)

***Pudaklaýyn (pudagara) ylalaşyk*** – döwlet dolandyryş edaralarynyň, iş berijileriň we işgärleriň ygtyýarly edilen wekilleriniň (durmuş hyzmatdaşlygynyň taraplarynyň) arasynda baglaşylýan, zähmete hak tölemegiň kadalaryny belleýän hem-de zähmet bilen baglanyşykly beýleki meseleleri, özara borçnamalary, anyk pudagyň işgärleri üçin durmuş kepilliklerini we ýeňillikleri kesgitleýän, taraplaryň (hyzmatdaşlaryň) ählisi üçin hökmany bolup durýan, çäk ylalaşyklar we köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutulýan hukuk namasydyr. (Zähmet Kodeksiniň 357-nji maddasy)

***Çäk ylalaşygy*** – ýerli häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, degişli kärdeşler arkalaşyklaryň ýa-da degişli dolandyryş çäk-birlikleriniň baştutanlary derejesindäki işgärleriň beýleki wekilçilikli edaralarynyň we iş berijileriň (olaryň birleşikleriniň) arasynda baglaşylýan, çäk aýratynlyklar bilen baglanyşykly zähmet şertlerini, durmuş kepilliklerini we ýeňillikleri belleýän, taraplaryň (hyzmatdaşlaryň) ählisi üçin hökmany bolan hem-de köpçülikleýin şertnamalary baglaşylanda nazarda tutulýan hukuk namasydyr. (Zähmet Kodeksiniň 357-nji maddasy) Köpçülikleýin ylalaşyklaryň mazmunyny taraplar kesgitleýärler. Köpçülikleýin ylalaşyklarda zähmete hak tölemek, zähmet şertleri we zähmeti goramak, zähmet we dynç alyş düzgüni hakynda; zähmete hak tölenilişini düzgünleşdirmegiň usuly hakynda;Türkmenistanyň

kanunçylygyna laýyklykda öwez dolma häsiýetli tölegler we goşmaça tölegler hakynda; işgärleriň iş bilen üpjünçiligine, gaýtadan öwredilmegine we hünärleriniň artdyrylmagyna ýardam etmek hakynda; önümçilikde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek we işgärleriň saglygyny goramak hakynda; işgärleri we olaryň maşgala agzalaryny durmuş taýdan goramak baradaky ýörite çäreler hakynda; döwlet kärhanalary hususylaşdyrylanda işgärleriň bähbitlerini berjaý etmek hakynda; maýyplaryň we ýaşlaryň (şol sanda on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň) zähmetini ulanmak esasynda goşmaça iş orunlaryny döredýän kärhanalara ýeňillikler bermek hakynda meseleler görkezilýär  Şeýle hem, durmuş hyzmatdaşlygyny hem-de üç taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek, köpçülikleýin şertnamalaryň baglaşylmagyna ýardam bermek, zähmet dawalarynyň öňüni almak, zähmet düzgün-nyzamyny pugtalandyrmak hakynda; taraplaryň ylalaşmagy boýunça beýleki meseleler hakyndaky hem-de kanunçylyga ters gelmeýän beýleki zähmet we durmuş-ykdysady meseleler baradaky düzgünler hem beýan edilip bilner. Zähmet Kodeksiniň 362-nji maddasyna laýyklykda,  köpçülikleýin ylalaşyk oňa gol çekilen pursadyndan ýa-da ylalaşykda bellenilen günden güýje girýär. Köpçülikleýin ylylaşygyň hereket ediş möhletini taraplar kesgitleýärler we ol üç ýyldan artyk bolmaly däldir. Köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak we köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygyň berjaý edilişine gözegçilik etmek üçin maglumatyň berilmezliginde günäkär bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

### § 2.  **Işgärleriň  we Iş berijiniň wekilleri**

Işgärleriň wekilleri – kärdeşler arkalaşyklary birleşikleriniň edaralary, Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklarynyň

Tertipnamasynda göz öňünde tutulan olaryň birleşikleri, zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy), şeýle hem işgärler tarapyndan ygtyýarly edilen beýleki adamlar we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde döredilen guramalardyr. Kärhananyň ýolbaşçysy, Zähmet Kodeksi we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, kärhananyň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda, onuň ygtyýarly eden adamlary iş berijiniň wekilleri bolup bilerler. Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary iş berijileriň – döwlet kärhanalarynyň wekilleri bolup bilerler.

Zähmet Kodeksiniň 337-nji maddasyna laýyklykda, kärhananyň zähmetkeşler köpçüligini zähmet şertnamasynyň esasynda onuň işine gatnaşýan ähli işgärler düzýär, kärhananyň ýolbaşçysy we onuň orunbasarlary muňa degişli däldir. Kärhananyň zähmetkeşler köpçüligi iş beriji bilen köpçülikleýin şertnamany baglaşmak, kärhananyň işgärlerine durmuş ýeňilliklerini bermek, kärhananyň jemgyýetçilik birleşiklerini döretmek bilen baglanyşykly meseleleri çözýär, köpçülikleýin şertnamasyna laýyklykda beýleki meselelere garaýar. Köpçülikleýin gepleşikler geçirilende, ylalaşyklar baglaşylanda ýa-da üýtgedilende, olary baglaşmak ýa-da üýtgetmek boýunça köpçülikleýin zähmet jedelleri çözülende iş berijileriň bähbitlerine olaryň degişli birleşikleri, şeýle hem iş berijileriň beýleki wekilleri wekilçilik edýärler. Zähmet kanunçylygyna laýyklykda, durmuş hyzmatdaşlygy şu aşakdaky görnüşlerde amala aşyrylýar:

1) köpçülikleýin şertnamalaryň, ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamak we olary baglaşmak boýunça köpçülikleýin gepleşikler;

2) zähmet gatnaşyklaryny we olar bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň, işgärleriň zähmet hukuklarynyň kepilliklerini üpjün etmegiň we

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmegiň meseleleri boýunça özara maslahat bermeler (gepleşikler);

3) işgärleriň, olaryň wekilleriniň kärhanany dolandyrmaga gatnaşmagy;

4) işgärleriň we iş berijileriň wekilleriniň zähmet jedellerini çözmäge gatnaşmagy.

Iş beriji bilen kärhananyň işgärleriniň wekilçilikli edarasynyň arasynda köpçülikleýin şertnamany, ylalaşygy işläp taýýarlamak, baglaşmak, üýtgetmek ýa-da üstüni ýetirmek üçin köpçülikleýin gepleşikler geçirilýär. Köpçülikleýin şertnamany baglaşmak we üýtgetmek, onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hakynda köpçülikleýin gepleşikler geçirilende, şeýle hem kärhanany dolandyrmaga gatnaşmak hukuklary durmuşa geçirilende, iş beriji bilen işgärleriň zähmet jedellerine garalanda kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy ýa-da işgärler tarapyndan saýlanylýan beýleki wekiller kärhananyň işgärleriniň bähbitlerine wekilçilik edýärler. Köpçülikleýin şertnama – kärhanadaky durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hem-de işgärleriň we iş berijiniň, olaryň ygtyýarly edilen wekilleriniň üsti bilen baglaşylýan hukuk namasydyr. Köpçülikleýin şertnama zähmet gatnaşyklarynyň şertnama esasynda düzgünleşdirilmegine ýardam etmek we işgärleriň we iş berijileriň durmuş-ykdysady bähbitlerini biri-biri bilen sazlaşdyrmak maksady bilen baglaşylýar. Eger köpçülikleýin gepleşikleriň başlanan gününden bäri geçen kyrk bäş senenama günüň dowamynda köpçülikleýin şertnamanyň taslamasynyň aýry-aýry düzgünleri boýunça taraplaryň arasynda ylalaşyk gazanylyp bilinmese, taraplar ylalaşylan şertlerde köpçülikleýin şertnama gol çekmelidirler, şol bir wagtyň özünde hem agzalalyklar teswirnamasyny düzmelidirler. Köpçülikleýin şertnama tutuş kärhanada, onuň edara görnüşindäki tarap hukugy berlen aýrybaşga ýerleşýän bölümlerinde, şeýle hem şahamçalarda we wekilhanalarda

baglaşylýar. Kärhananyň aýrybaşga ýerleşýän bölüminde, şahamçasynda we wekilhanasynda köpçülikleýin şertnama baglaşylanda degişli bölümiň iş beriji tarapyndan ygtyýarly edilen ýolbaşçysy iş berijiniň wekili hasap edilýär.Iş beriji bilen köpçülikleýin şertnamany baglaşmagyň zerurlygy hakyndaky çözgüdi kabul etmek hukugyna ygtyýarly edilen edaralary arkaly kärdeşler arkalaşyklary, işgärler tarapyndan ygtyýarly edilen beýleki wekilçilikli edaralary ýa-da zähmetkeşler köpçüliginiň gös-göni umumy ýygnagy (konferensiýasy) eýedirler. Köpçülikleýin şertnama bir tarapdan işgärleriň kärdeşler arkalaşyklarynyň ýa-da beýleki wekilçilikli edaralaryň üsti bilen işgärler bilen baglaşylýar, beýleki tarapdan bolsa iş beriji tarapyndan gös-göni ýa-da onuň ygtyýarly eden wekilleri bilen baglaşylýar. Köpçülikleýin şertnamanyň mazmunyny we düzümini taraplar kesgitleýärler.

Köpçülikleýin şertnama iş berijiniň hem-de işgärleriň aşakdaky meseleler boýunça özara borçnamalary girizilip bilner:

- zähmete hak tölemegiň görnüşi, ulgamy we möçberi, pul sylagy, kömek puly, öwez dolmalary, goşmaça haklar, zähmete hak tölemegi düzgünleşdirmegiň usuly;
- işgärleriň iş bilen üpjünçiligi, gaýtadan öwredilmegi, hünäriniň ýokarlandyrylmagy, işgärleri işden boşatmagyň şertleri;
- iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň dowamlylygy;
- işgärleriň, şol sanda aýallaryň hem-de on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň zähmet we goraglylyk şertlerini gowulandyrmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek;
- kärhana, edara jaýlary hususylaşdyrylanda işgärleriň bähbitlerini berjaý etmek;
- işgärler üçin ýeňillikler;
- döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, meýletin saglyk we pensiýa ätiýaçlandyrmasy;

- köpçülikleýin şertnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, taraplaryň jogapkärçiligi, durmuş hyzmatdaşlygy, işgärleriň kärdeşler arkalaşyklary ýa-da beýleki wekilçilikli edaralarynyň kadaly iş şertleriniň üpjün edilmegi.

Köpçülikleýin şertnamada kärhananyň ykdysady we maliýe mümkinçilikleri nazara alnyp, beýleki şertler, şol sanda Zähmet Kodeksinde we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen kadalara we düzgünlere garanyňda has ýeňillikli zähmet we durmuş-ykdysady şertler bolup biler (ulag harajatlarynyň öwezini dolmak, beýleki goşmaça ýeňillikler we öwez dolmalary). Eger Türkmenistanyň kanunçylyk namalarynda kadalaşdyryjy düzgünleri hökmany suratda köpçülikleýin şertnama girizmek hakynda göni tabşyryknama bar bolsa, onda şol kadalaşdyryjy düzgünler köpçülikleýin şertnama girizilýär. Köpçülikleýin şertnamanyň taslamasy kärhananyň bölümlerinde işgärler tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr hem-de gelip gowşan bellikler we teklipler nazara alnyp, onuň üstünde goşmaça işlenilýär. Işlenilip üsti ýetirilen taslama zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagynyň (konferensiýanyň) garamagyna girizilýär. Zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy eger şol ýygnaga işgärleriň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, şol ýygnak doly ygtyýarly hasap edilýär. Eger zähmetkeşler köpçüliginiň konferensiýasyna wekilleriň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol doly ygtyýarly hasap edilýär. Eger köpçülikleýin şertnama üçin umumy ýygnaga (konferensiýa) gatnaşýanlaryň elli göteriminden köpüsi ses beren bolsa, onda köpçülikleýin şertnama makullanylan hasap edilýär. Eger köpçülikleýin şertnamanyň taslamasy makullanylmadyk bolsa, onda taraplaryň wekilleri umumy ýygnagyň (konferensiýanyň) isleglerine laýyklykda onuň üstünde goşmaça işleýärler we ýedi senenama gününüň dowamynda ony gaýtadan umumy ýygnagyň

(konferensiýanyň) garamagyna berýärler. Köpçülikleýin şertnama umumy ýygnak (konferensiýa) tarapyndan makullanylandan soň, oňa taraplaryň wekilleri üç günüň içinde gol çekýärler. Köpçülikleýin şertnama oňa gol çekilen günden ýa-da köpçülikleýin şertnamada bellenilen günden güýje girýär hem-de taraplaryň kesgitlän möhletiniň dowamynda hereket edýär. Köpçülikleýin şertnama bir ýyldan üç ýyla çenli möhlete baglaşylýar. Köpçülikleýin şertnamanyň hereketi iş berijä we şol kärhananyň işgärlerine, ýagny kärhananyň işgärleriniň wekilçilikli edarasyny özleriniň adyndan köpçülikleýin şertnamany işläp taýýarlamaga hem-de baglaşmaga ygtyýar beren şol kärhananyň işgärlerine, şeýle hem köpçülikleýin şertnama baglaşylandan soň oňa birigen işgärlere degişlidir. Köpçülikleýin şertnamanyň bellenilen hereket ediş möhleti tamamlanandan soň, taraplar täze köpçülikleýin şertnamany baglaşýançalar onuň şertleri öz güýjüni saklaýar. Taraplaryň köpçülikleýin şertnamanyň hereketini üç ýyldan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga haky bardyr.

## XII. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary

### 1. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary

Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 30-njy maddasyna laýyklykda, işgärleriň kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna birleşmäge haky bardyr, olary döretmegiň tertibi we olaryň hukuklary Türkmenistanyň kanunçylygy we olaryň Tertipnamasy bilen kesgitlenilýär. Kärdeşler arkalaşyklary döwlet edaralarynda resmi hasaba alynmagyna degişli däldirler. Döwlet edaralary ,kärhanalar ,guramalar we edaralar Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň işinde ýardam bermeklige borçludyrlar. Kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşikleri döwlet

edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, telekeçiler we olaryň birleşikleri (assosiasiýalary) bilen özara gatnaşyklarynda işgärleriň durmuş-ykdysady, zähmet hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edýärler we goraýarlar. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary zähmet kanunçylygynyň we zähmeti goramak düzgünleriniň berjaý edilişine barlaglary we gözegçiligi hem-de işgärlere ýaşaýyş durmuş hyzmatlaryň edilişine gözegçiligi amala aşyrýarlar. Kärdeşler arkalaşyklary özleriniň garamagyndaky sanatoriýalary, sagaldyş we dynç alyş öýlerini, medeni-aň-bilim, syýahatçylyk we sport edaralaryny dolandyrýarlar.Kärhananyň, edaranyň, guramanyň Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň komiteti işgärleriň önümçilik, durmuş we medeni babatda bähbitlerini goraýarlar. Olar önümçilik meýilnamalarynyň, täze tehnikany işe ornaşdyrmak meýilnamasynyň, kärhananyň, guramanyň we edaranyň düýpli gurluşygynyň, köpçüligi sosial taýdan ösdürmekligiň meýilnamalarynyň taslamasynyň işlenilip düzülmegine gatnaşýarlar. Şeýle hem iş beriji bilen bilelikde maddy höweslendirmeleriň gaznasynyň we sosial-medeni çäreleriň gaznasynyň paýlanyşyna gatnaşýarlar. Zähmetkeşler köpçüligi tarapyndan ara-alyp maslahatlaşylandan we makullanandan soň, ol gaznalaryň çykdajy smetalaryny tassyklaýar we bellenilen ugurlar boýunça ýaşaýyş jaý gurluşygyna gözegçilik edýär we maddy höweslendiriş gaznasyndan sylaglary we höweslendirmäniň beýleki görnüşleriniň, maddy kömegiň we ýylyň ahyry boýunça tölenýän sylagyň möçberini kesgitleýär. Kärhanalaryň,guramalaryň we edaralaryň ňnümçilik meýilnamasynyň, köpçülikleýin şertnama boýunça borçlaryň, zähmet şertlerini guramak we kämilleşdirmek boýunça,işgärleriň maddy-durmuş we medeni hyzmat ediş çäreleriň ýerine ýetirilişi hasabatlaryny diňleýärler, şonda ýüze çykan ýetmezçilikleri aradan aýyrmaklygy talap edýärler. Oýlap

tapyjylygyň we rasionalizatorçylygyň ösüşine ählitaraplaýyn ýardam berýärler, şeýle hem kabul edilen oýlap tapyjylyk we rasionalizatorçylyk teklipleriň öz wagtynda amala aşyrylmagyna gözegçilik edýärler ýa-da kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň iş berijisi bilen bilelikde işgärleriň oýlap tapyjylyk we rasionalizatorçylyk tekliplerinden ýüz döndürilenligi hakyndaky arzalaryna seredýärler. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary zähmet we aýlyk haky meselelerini çözmek meselelerine gatnaşýarlar, tehniki howpsuzlyk we önümçilik sanotoriýasy boýunça düzgünleriniň we kadalarynyň kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň iş berijileri tarapyndan ýerine ýetirilişine, zähmete hak tölemekligiň bellenilen şertleriniň dogry ulanylyşyna gözegçiligi amala aşyrýarlar. Kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen işgäriň ömrüne we saglygyna zyýan (zelel) ýetirilenligi bilen baglylykda iş berijiniň ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagy baradaky kararyna bolan arz-şikaýatlara seredýärler. Dynç almaklyga we bejerişe mätäç bolan işgärleri sanotoriýalara.profiloktoriýalara we dynç alyş öýlerine ibermeklige ýardam edýär ,işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň medisine hyzmatynyň guralyşyny barlaýarlar.

Kärdeşler arkalaşyklary guramalary iş berijiler we olaryň wekilleri tarapyndan Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň amala aşyrylmagyna gatnaşýarlar. Iş berijiler ýüze çykarylan düzgün bozmalary düzetmek hakyndaky talaplary alan gününden beýläk bir hepde möhletiň içinde şol talaba garalmagynyň netijeleri we görlen çäreler hakynda degişli kärdeşler arkalaşygy edarasyna habar bermäge borçludyrlar. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklary guramalary we olaryň birleşikleri kärdeşler arkalaşyklary

guramalarynyň zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklaryny döredýärler, olara bolsa Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň Milli Merkezi tarapyndan tassyklanylýan düzgünnamalarda göz öňünde tutulan ygtyýarlar berilýär.

Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň, zähmetkeşler köpçüligine wekilçilik edýän beýleki edaralaryň aşakdakylara haky bardyr:

1) zähmet hakyndaky kanunçylygynyň iş berijiler tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmäge;

2) zähmet şertleri we kärhanada işgärleriň howpsuzlygynyň üpjün edilişi barada garaşsyz seljerme geçirmäge;

3) önümçilikde ýüze çykan betbagtçylykly hadysalary we hünär kesellerini derňemäge gatnaşmaga, şeýle hem olaryň özbaşdak derňewini geçirmäge;

4) zähmet şertleriniň we zähmetiň goralyşynyň ýagdaýy hakynda, şeýle hem önümçilikdäki bellige alynmaga degişli bolan ähli betbagtçylykly hadysalar hakynda kärhanalaryň ýolbaşçylaryndan we beýleki wezipeli adamlaryndan maglumat almaga;

5) işgärleriň ömri we saglygy üçin gös-göni howp dörän halatlarynda işleriň wagtlaýyn togtadylmagyny talap etmäge;

6) zähmet kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek hakynda iş berijä hökmany garamaly bolan görkezmeleri bermäge;

7) zähmeti goramagyň köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan şertleriniň ýagdaýyny barlamaga;

8) önümçilik desgalaryny we önümçilik serişdelerini synamak we ulanmaga kabul etmek baradaky toparlaryň işine garaşsyz bilermen hökmünde gatnaşmaga;

9) zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy namalary işläp taýýarlamak we olar boýunça ylalaşmak işine gatnaşmaga;

10) zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy talaplaryň bozulmagynda, önümçilikde bolan betbagtçylykly hadysalary ýaşyrmakda günäkär wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek hakyndaky talap bilen degişli edaralara ýüz tutmaga;

11) zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) bellenilen borçnamalaryň bozulmagy, şeýle hem zähmet şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly zähmet jedellerine garamaga gatnaşmaga.

Kärdeşler arkalaşyklary guramalary, olaryň zähmet gulluklary ýokarda görkezilen ygtyýarlyklar amala aşyrylanda zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik edýän döwlet edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler.

## XIII Zähmet jedellerine seretmek

### §1. Zähmet jedelleri düşünjesi we onuň görnüşleri

Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde toplanýan meseleler bilen baglylykda işgärleriň zähmet hukuklaryny we köpçülikleýin bähbitleri goramaklyk uly ähmiýte eýe bolýar. Önümçiligiň aşak gaçmak ýagdaýlary, täze iş ýerleriň ýeterlikli derejede ösmezligigi we beýleki negatiw meselleler zähmet bazarynyň durnukly bolmagyna öz täsirini ýetirýär we işsizligiň döremegine getirýär. Bir topar iş berijileriň zähmeti ulanmak çygrynda amala aşyrylýan üýtgetmelere taýýar däldikleri mälim boldy. Olaryň zähmet çykdajylaryny azaltmak boýunça hereketleri ýygy-ýygydan işgärleriň zähmet hukuklaryny we köpçülikleýin bähbitleri bozmak arkaly alnyp baryldy. Işgärler bolsa öz taraplaryndan zähmet haklarynyň ýokarlanmagyna, onuň öz wagtynda tölenmegine, işgärleriň zähmet hukuklarynyň.sosial kepillikleriniň berjaý edilmegine, köpçülikleýin bähbitleriň hasaba alynmagyna we

hormatlanmagyna gyzyklanýarlar. Iş beriji bilen işgärleriň bähbitleriniň garşylyklaýyn çaknyşmagy ýa-da kärhananyň ýolbaşçysynyň işgäriň zähmet hukugyny bozmagy kämahallar olaryň arasynda agzalalygyň bolmagyny döredýär we onuň zähmet jedellerine ösüp geçmegine getirýär. Zähmet jedelleri diýlip iş beriji bilen işgäriň arasynda ýa-da işgärler bilen iş berijileriň arasynda zähmet baradaky kanuny we beýkeki kadalaşdyryjy namalary we zähmet şertnamasynyň şertlerini ulanmak ýa-da zähmet şertleriniň bellemek ýa-da üýtgetmek, köpçülikleýin şertnamany baglaşmak, üýtgetmek we ýerine ýetirmek meseleler boýunça döreýän kadalaşdyryp bolmaýan agzalalyklara düşünilýär. Subýektleriniň düzümi we predmeti boýunça ähli jedeller şahsy zähmet jedellerine we köpçülikleýin zähmet jedellerine bölünýärler. Şahsy zähmet jedelleri – munuň özi, zähmet kanunçylygyny ulanmak, zähmet şertnamasynda göz öňünde tutulan zähmet şertleri barada iş beriji bilen işgäriň arasyndaky agzalalyklar bolup durýar. Şeýle halatlarda işgäriň bähbitleri üçin jedel tarapy bolup, onuň ygtyýarly edilen wekili, kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy çykyş edip biler. Zähmet hakyndaky kanunlar amala aşyrylanda ýa-da işçileriň, gullukçylaryň iş şertleri bellenende, iş beriji bilen işgäriň arasynda döreýän, taraplaryň arasyndaky gepleşiklerde çözülip bilinmedik ylalaşyksyzlyga zähmet jedelleri diýilýär. Adatça zähmet gatnaşyklarynda döreýän soraglar işgär bilen iş berijiniň arasynda gepleşikler geçirmek, özara pikir alyşmak, maslahatlaşmak, birek-birege düşünişmek arkaly çözülmelidir. Eger-de ylalaşyksyzlyk şu agzalan çäreler arkaly çözülip bilinmese, onda gyzyklanýan tarap zähmet jedellerine seredýän gurama ýüz tutýar.

Zähmet kodeksiniň 168-nji maddasynda şahsy zähmet jedellerine:

1)zähmet jedelleri baradaky toparlar;

2) kärhanalaryň we olaryň bölümleriniň kärdeşler

arkalaşygy edaralary;

3) kazyýetler tarapyndan garalýandygy bellenilendir.

Şol maddanyň 2-nji bendine laýyklykda, işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň zähmet jedellerine ýokarda durýan edaralar tarapyndan garalýar.

Işgäre täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedelleri iş beriji tarapyndan hem-de degişli kärdeşler arkalaşygy edarasy tarapyndan olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde çözülýär.

Köpçülikleýin zähmet jedellerinde bir tarapdan işgärler (olaryň wekilleri) beýleki tarapdan bolsa iş berijiler (olaryň wekilleri) gatnaşýarlar. Köpçülikleýin zähmet jedelleri zähmet şertlerini bellemek we üýtgetmek , köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak, köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmak, ýerine ýetirmek we üýtgetmek boýunça döreýär. Köpçülikleýin zähmet jedelleriniň predmeti - işgärleriň zähmete hak tölemek ,iş wagtynyň we dynç alyş wagtynyň düzgüni, zähmeti goramak umumy talaplary hem-de işgärleriň ýa-da aýry-aýry kategoriýalaryň ýa-da hünär toparlaryň köpçülikleýin bähbitlerine degýän beýleki sosial–ykdysady talaplary bolup biler. Bu talaplar köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşylýan döwründe hem ýa-da onyň ýerine ýetirilýän we üýtgetme girizilýän döwründe hem ňöe sürülip bilner. Zähmet jedellerine garamagyň tertibi, Zähmet kodeksiniň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalar bilen düzgünleşdirilýär, zähmet jedelleri baradaky işlere kazyýetleriň garamagynyň tertibi bolsa Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş Bitewi kanuny arkaly kesgitlenilýär. Tejribeden görnüşi ýaly, hukuk maslahatçysynyň, hukuk gullugynyň işi oňat guralan kärhanalarda, edaralarda, guramalarda zähmet jedelleri az döreýär.

## §2. Şahsy zähmet jedelleri we olara garamagyň tertibi

Zähmet jedellerine garaýan guramalar barada şulary bellemek mümkin. Zähmet jedelleri baradaky topar, hakyky manysynda kärhananyň müdirligi bilen işçileriň, gullukçylaryň özara ylalaşyp, bilelikde döreden bitarap toparydyr. Şunlukda, zähmet jedellerine garamakda topar birinji gurama bolup hyzmat edýän bolsa, kärdeşler arkalaşygynyň edaralary bu barada ikinji guramadyr, çünki ol diňe zähmet jedelleri baradaky toparda garalan jedellere seredýär. Kada boýunça işgär öz hukugynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden başlap, üç aý möhletde zähmet jedelleri baradaky topara ýüz tutup bilýär. Zähmet jedelleri baradaky topar emele gelýän jedelleriň aglaba köpüsine kärhananyň, edaranyň, guramanyň özünde garamak üçin döredilýär.

Müdirlik zähmet jedelleri boýunça toparyň işiniň oňat guralmagyny üpjün etmäge borçludyr. Zähmet jedelleri boýunça topara gelýän arzalary kärdeşler arkalaşygynyň guramasy, eger ol ýok bolsa, kärdeşler arkalaşygynyň guramaçysy kabul edýär. Topar zähmet jedellerine arzanyň berlen gününden beýläk 10 gün möhlet içinde garamalydyr. Zähmet jedeline garamak baradaky iş ýaha işden soň, ýa-da bolmasa iki çalyşmanyň aralygynda guralmalydyr. Zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň azyndan ikisi gatnaşýan bolsa, ol ygtyýarly hasap edilýär. Zähmet jedelleri baradaky topar azyndan on bäş adam işleýän kärhananyň zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy) tarapyndan saýlanylýar. Zähmet jedelleri baradaky topar kärhananyň bölümlerinde hem döredilip bilner. Sesleriň köpüsini alan hem-de umumy ýygnaga (konferensiýa) gatnaşanlaryň ýarysyndan köpüsi tarapyndan özüne ses berlen adamlar toparyň düzümine saýlanan hasap edilýär. Topary

saýlamagyň tertibi, onuň agzalarynyň sany, düzümi we ygtyýarlylyk möhleti kärhananyň zähmetkeşler köpçüliginiň umumy ýygnagy (konferensiýasy) tarapyndan kesgitlenilýär. Zähmet jedelleri baradaky topar öz düzüminiň arasyndan toparyň başlygyny, onuň orunbasarlaryny we kätibini saýlaýar. Zähmet jedelleri baradaky toparyň bellenilen nusgadaky möhüri bardyr, onuň işiniň guralyşy we tertibi degişli tertipde tassyklanylýan Zähmet jedelleri baradaky toparlar hakynda birkysmy düzgünnama bilen kesgitlenilýär.

Şeýlelikde, zähmet jedelleri baradaky topar kärhanalarda we olaryň bölümlerinde ýüze çykýan zähmet jedellerine (garamagyň başga hili tertibi bellenilen jedellerden özge jedeller) garaýan ilkinji edara bolup durýar. Eger işgäriň özbaşdak ýa-da onuň bähbidine wekilçilik edýän kärdeşler arkalaşygy edaranyň gatnaşmagy esasynda iş beriji bilen agzalalyklaryny gös-göni gepleşiklerde düzgünleşdirmedik bolsa, şeýle halatda zähmet jedeli zähmet jedelleri baradaky toparda garalmaga degişlidir. Işgäriň zähmet jedelleri baradaky topara gowuşan arzasy şol topar tarapyndan hökmany suratda bellige alynmaga degişli bolup durýar we şahsy zähmet jedeline şol işgäriň arza beren gününden beýläk on senenama günüň içinde garamaga borçludyr. Zähmet jedeline arza beren işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň gatnaşmagynda garalýar. Diňe işgäriň ýazmaça görnüşdäki arzasy boýunça işgäriň ýa-da onuň wekiliniň bolmazlygynda zähmet jedeline garamaga ýol berilýär. Işgär ýa-da onuň wekili şol toparyň mejlisine gelmedik halatynda, zähmet jedeline garalmagy gaýra goýulýar. Işgäriň ýa-da onuň wekiliniň esassyz sebäplere görä ikinji gezek hem mejlise gelmedik halatynda, topar meseläni garamakdan aýyrmak hakynda çözgüt çykaryp biler, munuň özi işgäri zähmet jedeline Zähmet Kodeksinde bellenilen möhletiň dowamynda gaýtadan seretmek hakynda arza bermek hukugyndan mahrum etmeýär. Topar mejlise şaýatlary,

kärdeşler arkalaşyklary guramalaryny we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini çagyrmaga haky bardyr. Toparyň talap etmegine görä kärhananyň ýolbaşçysy bellenilen möhletde topara zerur resminamalary bermäge borçludyr. Eger zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine işgärlere wekilçilik edýän agzalarynyň azyndan ýarysy hem-de iş berijä wekilçilik edýän agzalarynyň azyndan ýarysy gatnaşýan bolsa, onda zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisi doly hukukly hasap edilýär. Mejlisde teswirnama ýöredilýär, oňa toparyň başlygy ýa-da onuň orunbasary gol çekýär hem-de toparyň möhüri bilen tassyklanylýar. Eger zähmet jedelleri baradaky toparyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol doly hukukly hasap edilýär. Dahylly işgäriň we iş berijiniň toparyň islendik agzasyna ony delilli ret etmäge haky bardyr. Ret etmek hakyndaky mesele toparyň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen çözülýär. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi özüniň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen kabul edýär. Çözgütde: kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň ady, topara ýüz tutan işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady; topara ýüz tutan senesi, zähmet jedeline garalan senesi; jedeliň düýp manysy, toparyň agzalarynyň, iş berijiniň we kärdeşler arkalaşygy edarasynyň mejlise gatnaşýan wekilleriniň familiýalary; ses berlişligiň netijeleri we toparyň delillendirilen çözgüdi görkezilýär. Toparyň çykaran çözgüdi delillendirilen we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalaryna esaslandyrylan bolmalydyr. Toparyň pul talaby barada çykaran çözgüdinde işgäre berilmeli edilen puluň takyk möçberi görkezilmelidir. Çözgüde toparyň başlygy we kätibi gol çekýärler. Çözgüt hökmany güýje eýedir hem-de hiç bir hili tassyklanmaga degişli däldir. Toparyň çözgüdiniň nusgasy şol çözgüdiň kabul edilen gününden beýläk üç günüň içinde işgäre, iş berijä we kärdeşler arkalaşygy edarasyna ýa-da işgärleriň

gaýry wekilçilikli edarasyna gowşurylýar.

Zähmet jedelleri baradaky toparyň çykaran çözgüdi ol barada şikaýat etmek üçin göz öňünde tutulan on senenama güni geçenden soň üç günüň dowamynda ýerine ýetirilmelidir. Toparyň çözgüdi bellenilen möhletde ýerine ýetirilmedik mahalynda işgäre zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan şahadatnama berilýär, ol bolsa ýerine ýetiriji resminama hasaplanýar. Şahadatnamada şular görkezilýär: zähmet jedelleri barada çözgüt çykaran edaranyň ady, çözgüdiň kabul edilen we şahadatnamanyň berlen senesi, işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady, jedeliň düýp manysy boýunça çykarylan çözgüt.Şahadatnama kärhananyň (bölümiň) zähmet jedelleri baradaky toparyň başlygynyň ýa-da başlygyň orunbasarynyň goly we zähmet jedelleri baradaky toparyň möhüri bilen tassyklanylýar. Eger işgär ýa-da iş beriji zähmet jedeline garamak hakyndaky arza bilen kazyýete bellenilen möhletde ýüz tutan bolsa, onda şahadatnama berilmeýär. Zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan berlen hem-de alnan gününden beýläk üç aý möhletden gijä galynman kazyýete görkezilen şahadatnamanyň esasynda kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirijisi zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdini mejbur ediş tertibinde ýerine ýetirýär. Işgär bellenilen üç aý möhleti esasly sebäplere görä berjaý edip bilmedik halatynda şahadatnama beren zähmet jedelleri baradaky topar bu möhleti dikeldip biler. Eger şahsy zähmet jedeline zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan on günüň içinde garalmadyk bolsa, işgär zähmet jedelini kazyýetiň garamagyna geçirmäge haklydyr. Işgär ýa-da iş beriji çözgüdiň nusgasynyň gowşurylan gününden beýläk on günüň içinde zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdi babatda kazyýete şikaýat edip bilerler. Bellenilen möhlet esasly sebäplere görä geçirilen bolsa, kazyýet bu möhleti dikeldip hem-de şahsy zähmet jedeline düýp manysy boýunça garap biler.

**Kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary** zähmet jedelleri baradaky topardan soň zähmet jedellerine garaýan ikinji guramadyr. Ol öz düzüminiň ýarsyndan az bolmadyk agzalaryň gatnaşmagynda zähmet jedelleri baradaky arzalara we şikaýatlara garamaga hukuklydyr. Kanun boýunça zähmet jedeline garamak üçin kärdeşler arkalaşygyna 10 gün möhlet berilýär. Şu möhletde arza ýa-da şikaýat bilen ýüz tutan işgär kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň maslahatyna çagyrylýar we jedeliň garaljak ýeri, güni we wagty barada bildiriş asylýar. Kärdeşler arkalaşygynyň guramasynyň kararynyň göçürmesi 3 gün möhlet içinde işgäre we kärhananyň müdirligine gowşurylýar. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy işgärler ýa-da iş berijiler, eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başga hili göz öňünde tutulmadyk bolsa, zähmet jedelleri baradaky toparyň çykaran çözgüdi bilen ylalaşmaýan bolsalar, şol işgärleriň ýa-da iş berijileriň arzalary boýunça zähmet jedellerine garaýar. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy, eger arza beriji şeýle birleşigiň agzasy bolup durýan bolsa, işgärleriň ýa-da iş berijileriň jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini çagyryp biler. Kärdeşler arkalaşygy guramasy jedeliň düýp manysy boýunça karar çykarýar. Kärhananyň ýa-da onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy guramasy arzanyň gowşan gününden soň on günüň içinde zähmet jedelleri baradaky arza garaýar, ol şunda Zähmet Kodeksiniň 372-nji we 374-nji maddalarynda göz öňünde tutulan tertibi berjaý etmelidir. Kärdeşler arkalaşygy guramasynyň mejlisine onuň düzümine saýlanan agzalaryň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, onuň mejlisi doly hukukly hasap edilýär. Kärdeşler arkalaşygy edarasynyň karary Zähmet Kodeksiniň 374-nji maddasynda göz öňünde tutulyşyna laýyklykda, zähmet jedelleri baradaky çözgütlere bildirilýän talaplara laýyk gelmelidir. Kararyň nusgasy üç günüň içinde işgäre we iş berijä

gowşurylýar. Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň zähmet jedeli baradaky kararynyň nusgasy işgäre ýa-da iş berijä gowşurylan gününden beýläk on günüň içinde şol işgär ýa-da iş beriji tarapyndan şol karar barada kazyýete şikaýat edilip bilner. Kärhananyň we onuň bölüminiň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny işgär ýa-da iş beriji Zähmet Kodeksiniň 375-nji maddasynda bellenilen möhletde ýerine ýetirmese, işgäre şahadatnama berilýär, ol bolsa ýerine ýetiriji resminama hasaplanýar. Şahadatnamada: zähmet jedeli baradaky karary çykaran kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ady, şol kararyň kabul edilen we şahadatnamanyň berlen senesi, işgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady, jedeliň düýp manysy boýunça çözgüt görkezilýär. Şahadatnama kärdeşler arkalaşygy edarasynyň başlygynyň ýa-da onuň orunbasarynyň goly we kärdeşler arkalaşygy edarasynyň möhüri bilen tassyklanylýar. Eger işgär ýa-da iş beriji bellenilen möhletde kazyýete zähmet jedeline garamak baradaky arza bilen ýüz tutan bolsa, onda şahadatnama berilmeýär. Kärdeşler arkalaşygy edarasy tarapyndan berlen we alnan gününden soň üç aý möhletden gijä galynman görkezilen şahadatnamanyň esasynda kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetiriji kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny mejbury tertipde ýerine ýetirýär. Işgäriň bellenilen üç aý möhleti esasly sebäplere görä berjaý etmedik halatynda şahadatnama beren kärdeşler arkalaşygy edarasy bu möhleti dikeldip biler. **Kazyýetler zähmet jedellerine** zähmet jedelleri baradaky topardan hem-de kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralaryndan soň garaýan üçünji basgançak bolup durýar. Kazyýetlerde gös-göni şu aşakdakylaryň arzalary boýunça her bir aýratyn zähmet jedellerine garalýar:

1) işgäriň – zähmet şertnamasynyň bes edilmeginiň nämä esaslanýandygyna garamazdan işe dikeltmek hakyndaky; zähmet şertnamasynyň bes edilen senesini we bes edilmegiň

esaslandyrylyş beýanyny üýtgetmek hakyndaky; mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagtynyň ýa-da pes hak tölenilýän işiň ýerine ýetirilen wagtynyň hakyny tölemek hakyndaky; işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirende onuň saglygyna ýa-da onuň emlägine ýetirilen zyýany (zeleli) iş berijiniň öwezini doldurmak hakyndaky; işe kabul etmekden boýun gaçyrmak hakyndaky;

2) iş berijiniň – iş berijä maddy zyýany işgäriň tölemegi hakyndaky.

Eger işgäriň işleýän ýerinde kärdeşler arkalaşygy guramasy ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar döredilmedik bolsa, zähmet jedellerine hem gös-göni kazyýetlerde garalýar. Kazyýete ýa-da zähmet jedelleri baradaky topara ýüz tutmagyň aşakdaky möhletleri bellenilýär:

1) işe dikeltmek hakyndaky jedeller boýunça – işgäre onuň bilen zähmet şertnamasynyň bes edilýänligi hakyndaky buýrugyň nusgasynyň işgäre gowşurylan gününden beýläk – bir aý;

2) işgäriň iş berijä ýetiren maddy zyýanynyň öwezini tölemegi hakyndaky jedeller boýunça – iş berijiniň ýetirilen zyýanyň üstüni açan gününden beýläk – bir ýyl;

3) beýleki zähmet jedelleri boýunça – işgäriň öz hukuklarynyň bozulandygyny bilen ýa-da bilmeli bolan gününden beýläk – üç aý.

Bellenilen möhletleriň esasly sebäplere görä berjaý edilmedik halatynda olar işgäriň ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekiliniň arzasy esasynda kazyýet tarapyndan ýa-da zähmet jedelleri baradaky topar tarapyndan dikeldilip bilner. Işgäriň saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini tölemek hakyndaky jedeller boýunça kazyýete ýüz tutmagyň möhleti bellenilmeýär.

Işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda zähmet jedellerine garaýan edara tarapyndan kabul edilen çözgüt haýal edilmän

ýerine ýetirilmäge degişlidir. Eger iş beriji işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işine dikeltmek hakynda kazyýetiň çykaran kararyny ýerine ýetirmegi gaýra goýan bolsa, onda çözgüdiň çykarylan gününden onuň ýerine ýetirilen gününe çenli bökdelen wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky ýa-da zähmet hakyndaky tapawut tölenilýär. Işden bikanun boşadylan işgäri ozalky wezipesine dikeltmek hakynda, şeýle hem oňa mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetirenligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet hakyny tölemek hakynda tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň çözgüdi hem haýal edilmän ýerine ýetirilmäge degişlidir. Tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň degişli çözgüdiniň ýerine ýetirilmegi bökdelen mahalynda ortaça zähmet hakyny tölemek ýa-da bökdelen wagt üçin düşýän iş hakyndaky tapawudy tölemek hakyndaky çözgüdi şol edara kabul edýär.

Kazyýetiň zähmet jedelleri baradaky çözgüdi gözegçilik tertibinde ýatyrylan halatynda işgäre tölenilen puly ondan töledip almaga (çözgüdi ýerine ýetirmegi yzyna öwürmek) ýatyrylan çözgüt işgäriň beren ýalan maglumatlaryna ýa-da görkezilen galp resminamalaryna esaslandyrylan bolsa, diňe şeýle halatda ýol berilýär. Zähmet jedelleri baradaky toparyň çözgüdini ýa-da kärhananyň (düzüm birliginiň) kärdeşler arkalaşygy edarasynyň kararyny ýerine ýetirmegi yzyna öwürmäge jedel soňra başgaça çözülen mahalynda hem şol esaslar boýunça ýol berilýär. Işden bikanun boşadylan ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirilen işgäri işe dikeltmek hakynda çözgüt çykaranda zähmet jedellerine garaýan edara şol bir wagtda mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagt üçin işgäre ortaça zähmet hakyny ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakyndaky tapawudy tölemek hakynda çözgüdi kabul edýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly

däldir. Işden boşatmagyň sebäpleriniň kesgitlenilişi nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýär diýlip hasap edilen halatynda zähmet jedellerine garaýan edara ony üýtgetmäge we kararda Türkmenistanyň kanunçylygynyň kesgitlenişine takyk laýyklykda we şu Kodeksiň degişli maddasyna salgylanyp işden boşatmagyň sebäbini görkezmäge borçludyr. Eger zähmet depderçedäki işden boşatmagyň nädogry ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesi işgäriň täze işe girmegine päsgelçilik döretse, onda zähmet jedellerine garaýan edara şol bir wagtda mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin oňa ortaça zähmet hakyny tölemek hakynda çözgüt kabul edýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir.Tabynlyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň çözgüdi boýunça işgär öňki işine dikeldilen halatynda işden boşadylan günden başlap mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagt üçin ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin töleg geçirilýär, ýöne onuň tölegi bir ýyldan köp bolmaly däldir. Bikanun işden boşadylan mahalynda işgäriň mejbury ýagdaýda işe gelmedik wagtynyň tölegi, şeýle hem pes hak tölenilýän işi ýerine ýetiren wagty üçin zähmet hakyndaky tapawudyň tölegi iş beriji tarapyndan zähmet jedellerine garamak baradaky edaranyň çözgüdi ýa-da karary bolmadyk mahalynda hem geçirilýär. Kazyýet işgäri işden bikanun boşatmakda ýa-da başga pes hak tölenilýän işe geçirmekde günäkär bolan wezipeli adama mejbury ýagdaýda işden galynan wagtyň ýa-da pes zähmet hakly işi ýerine ýetirilen wagtyň dowamynda iş hakyny tölemek bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezini tölemek borjuny ýükleýär. Eger işden boşatmak ýa-da başga işe geçirmek işi Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagy bilen amala aşyrylan bolsa ýa-da eger iş beriji kazyýetiň ýa-da tabynlylyk tertibinde ýokarda durýan edaranyň işgäri işe dikeltmek hakyndaky çözgüdiniň ýerine ýetirilmegini bökdän halatynda hem şeýle borç ýüklenilýär. Ýetirilen zyýanyň

öwezini tölemegiň möçberi wezipeli adamyň üç aýlyk zähmet hakyndan artyk bolup bilmez. Aýratyn zähmet jedeline garaýan edara işgäriň pul talaplarynyň esaslydygyny ykrar etse, şol talaplar doly möçberde kanagatlandyrylýar.

Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan wezipä saýlanylýan, tassyklanylýan ýa-da bellenilýän ýolbaşçy işgärleriň, kazylaryň, prokurorlaryň, olaryň orunbasarlarynyň hem-de kömekçileriniň, şeýle hem prokuraturanyň sülçüleriniň işden boşatmak, işden boşadylan senesini üýtgetmek we işden boşatmagyň sebäbini beýan etmek, başga işe geçirmek, mejbury ýagdaýda işe gelinmedik ýa-da pes hak tölenilýän işi ýerine ýetirilen wagtynyň hakyny tölemek hem-de düzgün-nyzam temmilerini bermek meseleleri baradaky zähmet jedellerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde garalýar. Zähmet jedellerine garamagyň Zähmet Kodeksinde bellenilen tertibi saýlawly edaralaryň hak tölenilýän işinden möhletinden öň boşadylmagy hakyndaky zähmet jedellerine degişli däldir. Işgärler zähmet hukuk gatnaşyklaryndan gelip çykýan talaplar boýunça kazyýete talap arza bilen ýüz tutan halatynda, olar kazyýet çykdajylaryndan boşadylýarlar. Işgärlere täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edip gelýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet jedelleri iş beriji we degişli kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasy tarapyndan çözülýär. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň kadalaryny ulanmagyň meseleleri, şeýle hem täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek hakyndaky zähmet şertnamasynyň borçlary baradaky zähmet jedellerine işgäriň saýlap alşyna görä zähmet jedellerine garamak baradaky toparda ýa-da kazyýetde garalýar.

Täze zähmet şertlerini bellemek ýa-da dowam edýän zähmet şertlerini üýtgetmek barada işgärler bilen iş berijiniň arasynda ýüze çykýan zähmet jedelleri, eger jedeller

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy arkaly düzgünleşdirilmedik bolsa, kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy bilen ylalaşylyp iş beriji tarapyndan garalýar, ylalaşyk gazanylyp bilinmedik halatynda bolsa taraplaryň gatnaşmagy bilen olaryň ýokarda durýan edaralary bilen bilelikde çözülýär. **Ýokarda durýan edara** zähmet jedeline arzanyň gelip gowşan gününden beýläk bir aý möhletiň içinde garamaga borçludyr. Zähmet jedeli işgäriň gatnaşmagynda çözülýär. Jedele işgäriň gatnaşmazlygynda garalmagyna diňe onuň ýazmaça görnüşde ýazan arzasy boýunça ýa-da ol esassyz sebäplere görä ikinji gezek çagyrylanda gelmedik halatynda ýol berilýär. Zähmet jedellerine garaýan edara jedelli çözgüdi kabul eden edaranyň wekilini, şeýle hem kärdeşler arkalaşygy edarasynyň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilini çagyrmaga haklydyr. Ýokarda durýan edaranyň zähmet jedeli baradaky çözgüdi Türkmenistanyň kanunçylygyna esaslandyrylmalydyr hem-de delillendirilmelidir. Işgär kanuna esaslanylman işden boşadylan ýa-da oňa düzgün-nyzam temmisi berlen halatynda ýokarda durýan edara karary, buýrugy ýatyrmak hakynda çözgüt kabul edýär. Ýokarda durýan edaranyň çözgüdiniň nusgalary üç günüň içinde şol gyzyklanýan işgäre, şeýle hem hereketi barada şikaýat edilen edara iberilýär ýa-da gowşurylýär. Düzgün-nyzam temmisi hakyndaky zähmet jedeline garalanda ýokarda durýan edaranyň işgär barada has berk düzgün-nyzam temmisini ulanmaga ýa-da ony anyk ýagdaýlary nazara alyp, has ýeňil temmi bilen çalşyrmaga haky ýokdur.

## §3. Köpçülikleýin zähmet jedelleri olara garamagyň tertibi

Köpçülikleýin zähmet jedeli (dawasy) – zähmet şertlerini bellemek we üýtgetmek (muňa zähmet haky hem girýär), köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmak, köpçülikleýin şertnamalary (ylalaşyklary) baglaşmak, ýerine ýetirmek we

üýtgetmek, zähmet hukugynyň kadalary beýan edilen hukuk namalary kärhanada kabul edilýän wagtynda iş berijiniň kärdeşler arkalaşygy edarasynyň ýa-da işgärleriniň beýleki wekilçilikli edarasynyň pikirini nazara almakdan boýun gaçyrmagy babatda işgärler (olaryň wekilleri) bilen iş berijileriň (olaryň wekilleriniň) arasyndaky düzgünleşdirilmedik agzalalykdyr, şeýle hem işgärleriň ykdysady, durmuş, hünär we medeni bähbitlerine degişli bolup, durmuş hyzmatdaşlarynyň arasynda dürli derejede ýüze çykýan agzalalykdyr. Talaplary bildirmek hukugyna işgärler we olaryň wekilleri eýedirler. Kärhananyň (bölümiň) işgärleri we (ýa-da) işgärleriň wekilçilikli edarasy tarapyndan bildirilen talaplar işgärleriň degişli umumy ýygnagynda (konferensiýasynda) tassyklanylýar. Iş beriji işgärlere ýa-da işgärleriň wekillerine talaplary bildirer ýaly ýygnak (konferensiýa) geçirmek üçin zerur bolan jaýy bermäge borçludyr we onuň geçirilmegine iş berijiniň päsgelçilik bermäge haky ýokdur. Işgärleriň talaplary ýazmaça görnüşde beýan edilýär we iş berijä iberilýär. Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň we olaryň birleşikleriniň talaplary durmuş hyzmatdaşlygynyň degişli taraplaryna bildirilýär we iberilýär. Iş berijiler işgärleriň özlerine iberen talaplaryny garamak üçin kabul etmäge borçludyrlar. Iş beriji kabul edilen çözgüt hakynda kärhananyň (bölümiň) işgärleriniň wekilçilikli edarasyna işgärleriň talabynyň alnan gününden beýläk üç iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde habar berýär.Iş berijileriň (iş berijileriň birleşikleriniň) wekilleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň (olaryň birleşikleriniň) özlerine iberilen talaplaryna garamak üçin olary kabul etmäge hem-de kabul edilen çözgüt hakynda şol görkezilen talaplaryň alnan gününden beýläk bir aýyň dowamynda kärdeşler arkalaşyklary guramalaryna (olaryň birleşiklerine) habar bermäge borçludyrlar. Köpçülikleýin zähmet jedelini çözmegiň tertibi köpçülikleýin zähmet jedeline garamagyň aşakdaky

basgançaklaryndan ybaratdyr:

- ylalaşdyryjy topar tarapyndan;
- köpçülikleýin zähmet jedeline kazyýetde garamak.

Köpçülikleýin zähmet jedeline ylalaşdyryjy topar tarapyndan garalmagy hökmany tapgyr bolup durýar. Köpçülikleýin zähmet jedeliniň taraplaryndan hiç biriniň ylalaşdyryjy amallara gatnaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Taraplaryň wekilleri, ylalaşdyryjy topar ýüze çykan köpçülikleýin zähmet jedelini çözmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli mümkinçiliklerden peýdalanmaga borçludyrlar. Ylalaşdyryjy amallar Zähmet Kodeksiniň 396-njy maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan möhletde geçirilýär.

Zerur bolan halatda ylalaşdyryjy amallary geçirmek üçin göz öňünde tutulan möhletler köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşmaklary esasynda uzaldylyp bilner. Ylalaşdyryjy topar köpçülikleýin zähmet jedeliniň başlanan pursadyndan beýläk üç iş gününe çenli möhletiň içinde döredilýär. Topary döretmek hakyndaky çözgüt iş berijiniň degişli buýrugy bilen resmileşdirilýär.Ylalaşdyryjy topar köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň wekillerinden deň hukuklylyk esasynda düzülýär.

Ylalaşdyryjy toparyň agzalary köpçülikleýin zähmet jedelini çözmäge gatnaşan döwründe esasy işinden boşadylýarlar, şunda olaryň ortaça zähmet haky saklanýar. Köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşdyryjy topary döretmekden hem-de onuň işine gatnaşmakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur. Iş beriji ylalaşdyryjy toparyň işlemegi üçin zerur şertleri döredýär. Köpçülikleýin zähmet jedeline ylalaşdyryjy topar tarapyndan ony döretmek hakyndaky buýrugyň çykarylan pursadyndan beýläk ýedi iş gününe çenli möhletiň içinde garalmalydyr. Bu

görkezilen möhlet taraplaryň özara ylalaşmagy esasynda uzaldylyp bilner, bu ýagdaý bolsa teswirnama bilen resmileşdirilýär. Ylalaşdyryjy toparyň çözgüdi köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplaryň ylalaşmagy esasynda kabul edilýär, bu ýagdaý bolsa teswirnama bilen resmileşdirilýär, munuň jedele gatnaşýan taraplar üçin hökmany güýji bardyr hem-de ol ylalaşdyryjy toparyň çözgüdi bilen bellenilen tertipde we möhletde ýerine ýetirilýär. Ylalaşdyryjy toparda ylalaşyk gazanylyp bilinmedik mahalynda agzalalyk teswirnamasy düzülýär, ylalaşdyryjy toparyň işi bolsa ýatyrylýar.Taraplar ylalaşyk gazanylmadyk mahalynda ylalaşdyryjy toparyň işiniň bes edilen pursadyndan beýläk, on gün möhletiň içinde kazyýete ýüz tutmaga haklydyrlar.Köpçülikleýin zähmet jedeline gatnaşýan taraplar üçin kazyýetiň çözgüdiniň hökmany ýerine ýetirilmezliginde günäkär bolan adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

## XIV . Durmuş üpjünçiligi we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy

### §1. Durmuş üpjünçiliginiň we döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň umumy häsiýetnamasy

Türkmenistanda durmuş üpjünçiligi zähmete ukypsyz raýatlara, maýyplara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara pensiýalar, döwlet kömek puly görnüşinde maddy tölegleri hem-de durmuş ýeňillikleri bermek we olara durmuş taýdan hyzmat etmek boýunça döwlet ulgamyndan ybaratdyr. Raýatlary garrylyk döwründe, kesellän wagtynda, maýyp bolan, işe ýarawlylyk ukybyny ýitiren, ekleýjisini ýitiren, işsizlige uçran mahalynda durmuş taýdan üpjün edilmek hukugyna

eýedirler. Olaryň durmuş üpjünçiligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy raýatlaryň pensiýa ýaşyna ýeten, maýyp bolan, ekleýjisini ýitiren halatlarynda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen beýleki durmuş ätiýaçlandyryş halatlarynda, olaryň durmuş goraglylygyna gönükdirilen hukuk, ykdysady, durmuş we guramaçylyk çäreleriniň ulgamyndan ybaratdyr. Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 37-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren we işsiz bolan halatynda durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga hukugy bardyr. Bu hukugy işgärler döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň, ýagny döwlet kömek pullaryny, pensiýalary tölemek, şeýle hem sanotoriýa-kurortlarda bejermekligi, dynç alyş öýlerinde, profilaktoriýalarda hyzmat etmeklik we ş/m bilen üpjün edilýär“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli Maksatnamada döwletiň zähmet we uruş weteranlary, ýaşy uly adamlar, maýyplar, urşyň yzynga galan maşgalasy barada hemişe alada edýändigi bellenýär. Birinji nobatda, olaryň sosial, medisina we medeni hyzmaty hakynda alada edilýär. Türkmenistanda pensiýalaryň we ilkinji nobatda olaryň iň az möçberini alýanlaryň we öň bellenilenleriň pensiýalary yzygiderli ýokarlandyrylýar. Jemgyýetçilik zähmedinde pensiýa alýanlaryň mümkinçiligini giňeltmek we işleýän zähmete ukyply pensiýa alýanlary maddy taýdan höweslendirmeklik görnüşini kämilleşdirmek meseleleri öňde goýulýar.

2007-nji ýylyň 17-nji martynda Türkmenistanyň Mejlisiniň nobatdaky mejlisinde ýurdumyzyň ösüşiniň täze tapgyrynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan döwlet

syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, işlenilip düzülen, durmuş üpjünçilik çygrynda esasy syýasy-hukuk resminamasy bolan Türkmenistanyň “Durmuş üpjünçiligi” hakynda” Kodeksi kabul edildi we 2007-nji ýylyň 1-nji iýulyndan güýje girizildi. Bu hukuk resminamasynda durmuş üpjünçilik çygrynda döwlet syýasatynyň wajyp ugurlary, ýagny raýatlaryň Türkmenistanyň Konstitusyýasy tarapyndan kepillendirilen durmuş üpjünçiligine bolan hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi, durmuş üpjünçilik ulgamyny dolandyrmaklygy kämilleşdirmek, onuň bazar gatnaşyklarynyň ösüş şertlerinde uýgunlaşmagy, bu ulgamyň maliýe durnuklygyny ýokarlandyrmak, gönükdirilen durmuş goraglygyny üpjün etmek, durmuş hyzmatlylygynyň dürli görnüşlerine raýatlaryň elýeterliligini üpjün etmeklik kesgitlenýär. Şol faktlardan ugur alanyňda, ýurt baştutany häkimiýetiň we Türkmenistanyň Mejlisiniň öňünde durmuş üpjünçilik çygrynyň işinde Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş üpjünçiligine bolan konstitusion hukugyny adalatlylyk we deňlik ýörelgelerini hökmany berjaý etmek bilen, berk hukuk esasda gurnamaklygyň täze ugurlaryny işläp düzmeklik boýunça meseleleri goýdy. Her adam hakyndaky alada, eýsem-de Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdygyny biz bilýäris, onuň dolyüpjünçiligi we mynasyp durmuşy üçin şertleri döretmek ýurt baştutanymyz tarapyndan yglan edilen maksatnamanyň kesgitleýji elementi bolupdy. Ýurt baştutanymyzyň saýlawdan öňki maksatnamasynda pensiýa, döwlet kömek pullaryny we beýleki durmuş töleglerini bellemekligiň tejribesine seretmekligiň hökmanylygyny “öz durmuşynda ak ýürek bilen işlän her bir raýat, kesgitli ýaşa ýeteninden soň hiç bir zada mätäç bolmaly däldir” diýip aýratyn belledi. Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanandan soň, Gurbanguly

Berdimuhamedow bu talabyň durmuşa geçirilmegi hakynda täze kanunçylyk resminamanasynyň işlenip düzülmeginiň we kabul edilmeginiň başyny başlamak bilen alada etdi. Türkmenistanyň “Durmuş üpjünçiligi” hakynda” Bitewi Kanunyň öňki hereket eden kanunçylykda bellenilen raýatlaryň durmuş üpjünçilik ulgamyny ýagdaýyny kesgitlemek arkaly döwletimiziň ilatynyň giň köpçüliginiň talaplaryna jogap berýän durmuş goraglylygyň has netijeli ulgamyny döretmek maksadynda mundan beýläk-de kämilleşdirmek zerurlygy bilen işlenilip düzüldi. Bu hukuk resminamasynyň tapawutlandyryjy aýratynlygy onuň toplumlaýyn häsiýetidir- ol durmuş üpjünçiliginiň ähli wajyp ugurlaryny, sol sanda pensiýa ulgamyny,döwlet kömek pullary, weteranlaryň we maýyplaryň durmuş goraglylyk raýatlara durmuş hyzmatyny etmek ulgamlaryny öz içine alýar. Öň aýratynlykda hereket edýän kanunlary birleşdirmek bilen Bitewi Kanun durmuş üpjünçilik ulgamyny dolandyrmaklygyň bitewi hukuk çemeleşmesini we durmuş goraglylygynyň has täsirli çäreleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berdi.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň “Durmuş üpjünçiligi” hakynda” täze Bitewi kanun Türkmenistanyň ynsanperwer ideallara we durmuş adalatlylyk ýörelgelerine ygrarly bolup galýandygyny we döwletiň adam hakyndaky aladasynyň hakyky görkezijisidini aýdyň tassyklady.

## §2. Pensiýa almaga hukuk

Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň “Durmuş üpjünçiligi” hakynda” Bitewi Kanunda bellenen tertipde we şertlerde pensiýa almaga hukugy bardyr. Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda we (ýa-da) halkara şertnamalarynda

(ylalaşyklarynda) başga bir ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, Türkmenistanyň raýatlary bilen deň derejede pensiýa bolan hukukdan peýdalanýarlar.

Raýatlaryň arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyna hukuklary bardyr:

1) umumy esaslarda:

erkek adamlar - 62 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - 57 ýaşy dolanda.

Şunda, Bitewi kanunyň 24-nji maddasynyň bäşinji böleginde görkezilen döwürleri göz öňünde tutup, geçirimler tölenen we (ýa-da) raýatlar tarapyndan pensiýa gatançlary tölenen şertlerinde, erkek adamlar üçin - 25 ýyldan, aýal maşgalalar üçin - 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri talap edilýär.

Geçirimleri tölemegiň şerti, raýatlaryň Türkmenistanyň kanunçylyk namalary bilen görkezilen geçirimleri tölemekden boşadylan kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işlän döwrüne degişli däldir;

2) harby gullukçylaryň, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk edip, 52 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk edip, 48 ýaşy dolanda;

3) harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň orta, uly we ýokary ýolbaşçylar düzüminden bolan, näsaglygy, işgär birliginiň kemeldilmegi ýa-da saglygynyň çäkli ýagdaýy sebäpli gullukdan boşadylan işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl iş döwri we onuň azyndan 20 ýyly gulluk döwri bolanda, 50 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl iş döwri we onuň azyndan 15 ýyly gulluk döwri bolanda, 45 ýaşy dolanda;

4) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçuş we uçuş-synag düzüminiň işgärleriniň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk döwri bolup, 50 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk döwri bolup, 48 ýaşy dolanda;

5) döwlet we raýat awiasiýasynyň uçarbeletleriniň, uçarüsti dolandyryjylarynyň:

erkek adamlar - azyndan 25 ýyl gulluk eden döwri bolup, 55 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - azyndan 20 ýyl gulluk eden döwri bolup, 50 ýaşy dolanda;

6) doly iş gününiň dowamynda ýerasty işlerde we zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işleýän raýatlar:

erkek adamlar - 52 ýaşy dolanda; 25 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda we eger olar görkezilen işlerde azyndan 10 ýyl işlän bolsalar;

aýal maşgalalar - 48 ýaşy dolanda; 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda we eger olar görkezilen işlerde azyndan 7 ýyl 6 aý işlän bolsalar.

Görkezilen işlerde bellenen möhletleriň azyndan ýarysyny işlän, şu maddanyň birinji böleginiň birinji bendinde bellenen iş döwri bolan raýatlara umumy esaslarda bellenen ýaşy şu işlerde işlenen doly ýyl üçin bir ýyly kemeltmek bilen pensiýa bellenýär. Raýatlaryň şu topary üçin işleriň, hünärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde tassyklanýar;

7) üç çaga doguran we olary sekiz ýaşa çenli terbiýeläp ýetişdiren aýallaryň, umumy esaslarda bellenilen ýaşy bir ýyl, dört çagaly aýallaryň - iki ýyl, bäş we ondan köp çagaly ýa-da çagalygyndan maýyp çagaly aýallaryň - üç ýyl azaldyp, olaryň 20 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanda;

8) gipofizar nanizmi (boý ösmezlik, göýdüklik) keseli bilen kesellän raýatlaryň (liliputlar) ýa-da göýdükleriň (karlikler):

erkek adamlar - umumy esaslarda talap edilýän iş döwrüniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, 45 ýaşy dolanda;

aýal maşgalalar - umumy esaslarda talap edilýän iş döwrüniň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, 40 ýaşy dolanda.

Ýokarda görkezilen iş döwründen az, emma durmuş ätiýaçlandyrmasyna pul geçirilen bäş ýyldan az bolmadyk iş stazy bar bolan, şol bentde görkezilen raýatlaryň doly däl iş stazy bilen arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny almaga haky bardyr. Iş döwri diýlip işiň häsiýetine we işiň arasynyň üzülen döwrüniň dowamlylygyna garamazdan, bellenen tertipde geçirimler geçirilen şertlerinde, zähmet ylalaşygy esasynda eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalarda, guramalarda we edaralarda, daşary döwletleriň, halkara birleşikleriniň we guramalaryň Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen wekilçiliklerinde, edara görnüşli taraplarynda, hakyna tutma ylalaşygy (şertnamasy) esasynda hususy telekeçilerde ýerine ýetirilýän zähmet we beýleki jemgyýete peýdaly (gulluk) işe, şeýle hem oba hojalyk önümlerini öndürýän adam hökmünde işlenen döwre düşünilýär. Iş döwri arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny bellemek üçin ulanylýar. Harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň ýönekeý we ýolbaşçy düzüminiň işgärleri üçin iş döwri diýlip, geçirimler geçirilmedigine garamazdan, harby gulluk döwrüne, içeri işler edaralarynda gulluk edilen döwürlere düşünilýär. Arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasyny bellemek üçin iş döwrüne arkalaşyk pensiýa usuly boýunça zähmet pensiýasynyň bellenýän gününe çenli zähmet

we beýleki jemgyýete peýdaly iş döwri alynýar. Şeýle hem iş döwrüne:

- ýokary, ýörite orta we hünärmentçilik okuw mekdeplerinde, işgärleri taýýarlamak, hünäri ýokarlandyryş we gaýtadan hünär öwrediş gysga möhletli okuwlarda, kliniki ordinaturalarda, aspiranturalarda, doktoranturalarda we akademiýalarda, şeýle hem ýokary we orta dini okuw mekdeplerinde önümçilikden aýrylmak şerti bilen okalan döwür;
- çagyryş boýunça harby gullukda we içeri işler edaralarynda gulluk edilen döwürler;
- işlemeýän adamyň I topar maýybyna ýa-da 16 ýaşa çenli maýyp çaga sereden döwri, ýöne bu döwür jemi 10 ýyldan köp bolmaly däldir;
- Türkmenistanyň diplomatiki edaralarynyň işgärleriniň we olara deňleşdirilen adamlaryň aýallarynyň (adamsynyň) daşary ýurtda bolan döwri, ýöne jemi 4 ýyldan köp bolmaly däldir;
- zähmet kanunçylygyna laýyklykda işgäriň iş ýeriniň saklanyp galýan döwri degişli bolup durýar .

## §3. Döwlet kömek puly hakynda

Bu ýerde esasy mesele – döwletiň ýardam bermek barada asylly niýeti gönükdiren adamlarynyň hakyky durmuş zerurlyklaryny kahagtlandyrmaklyk bolup durýar. Bu birinji nobatda enelige we çagalyga, zähmet ukyby kem-käsleýin ýa-da doly ýitirilen raýatlara, çagalykdan maýyplara, ekleýjisiniň ýitirenlere, şeýle hem pensiýa ýaşyna ýeten we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan adamlara goldaw bermekdir. Mysal üçin, döwlet tarapyndan eneligi we çagalygy goldamak, çaga dogrulmagyny höweslendirmek,eneleriň we çagalaryň

saglygyny goramak maksady bilen «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunda göwrelilik we çaga dogurmak boýunça, çaga doglanda, çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullary bellenilendir. *Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly* “Durmuş üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Bitewi kanuna laýyklykda eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, guramalarda we edaralarda işleýän, ýörite orta we ýokary hünär öwrediş okuw edaralarynda we ýokary okuw mekdebinden soňky okuw edaralarynda gündizine okaýan, önümçilikden aýrylmak şerti bilen aspiranturada, doktoranturada we akademiýalarda okaýan, harby gulluk geçýän, içeri işler edaralarynda ýönekeý we ýolbaşçy düzümiň işgärleri hökmünde gulluk edýän harby gullukçy bolan hem-de kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ýatyrylmagy bilen baglanyşykly işden çykarylanlara ýa-da esasly sebäp bilen işden çykarylan, işden çykanyndan soňky üç aýyň dowamynda vxz tutan , göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsat berilýän aýallaryň şu döwlet kömek puluny almaga hukugy bardyr.
Şeýle-de kärende şertlerinde, daýhan birleşiklerinde, hojalyklarda, kooperatiwlerde hakyna tutmak şertlerinde işleýän aýallaryň; öz işini telekeçiler köpçüliginiň düzüminde amala aşyrýan telekeçi aýallaryň, raýatlaryň öý hojalygynda zähmet şertnamasy boýunça işleýän aýallaryň, dini guramalarda gulluk edýän aýallaryň göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puluna hukugy kanun esasynda kepillendirilýär. Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly aýallara birwagtlaýyn möçberde esasy iş (gulluk) ýerinde, aspiranturada, doktoranturada we akademiýada okaýan ýerinde çaga dogýança we çaga doganyndan soňky döwürleriniň dowamlylygy azyndan 112 senenama gün üçin bellenilýär we tölenilýär. Dowamlylygy şol günlere barabar bolan göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsat iki döwri - çaga dogýança we çaga doganyndan

soňky döwürleri öz içine alýar.Çaga dogýança berilýän rugsat işleýän (okaýan) aýala göwreliligiň 32-nji hepdesinden başlap dowamlylygy 56 senenama gününe barabar möhlet bilen berilýär. Çaga doganyndan soňky rugsat 56 senenama gününe barabar möhlet bilen berilýär, çaganyň dogmagy çylşyrymly bolan halatda ol 16 senenama güne, iki we has köp çaga doganynda bolsa - 40 senenama güne uzaldylýar.

Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsat zähmete ukypsyzlyk haty görnüşde resmileşdirilýär. Çaga dogýança döwürde zähmete ukypsyzlyk haty göwreliligiň dowam edişine baglylykda, bejerýän lukmanyň çözgüdi boýunça, doly möhlet üçin ýa-da bölekleýin resmileşdirilip bilner. Çaga seretmek boýunça rugsatda bolup, çaga seretmek boýunça kömek puluny alýan we göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsada çykýan aýallara göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek puly beýleki çaga üçin çaga seretmek boýunça kömek puluny alýandygyna garamazdan berilýär.

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça kömek puly aýallara çaga dogulmazyndan öňki we çaga dogulanyndan soňky döwür üçin birwagtda, olaryň esasy iş (gulluk) ýerinden, aspiranturada, doktoranturada we akademiýada okaýan ýerinden tölenilýär. Saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berlen zähmete ukypsyzlyk haty göwrelilik we çaga dogurmak boýunça kömek pulunyň bellenilmegi üçin esasy resminama bolup durýar.

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi esasy iş (gulluk) ýerinde, aspiranturada, doktoranturada we akademiýada okaýan ýerinde göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadyna çykylmazyndan öňündäki soňky 12 senenama aýyndaky ortaça bir günlük iş hakyndan ugur alnyp hasaplanylýar. Ortaça bir aýlyk gazanç göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsadyna gidilmezden öňki 12 aý üçin kesgitlenýär we görkezilen döwürdäki gazanjyň umumy möçberini 12-ä bölmek bilen hasaplanýar.

Ortaça bir günlük iş hakynyň möçberi ortaça bir aýlyk iş hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanylýar. Bellenilýän kömek pulunyň jemi ortaça bir günlük gazanjy göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsadyň günlerine köpeltmek bilen kesgitlenýär. Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça rugsada gidýän wagtyna çenli işlän (gulluk eden) wagty 12 aýdan az bolan, şeýle hem çaga seretmek boýunça rugsatdan işe çykýan aýalyň hakyky ortaça bir aýlyk gazanjy hakykatda işlenilen senenama aýlary boýunça hasaplanýar.*Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek* puluny almaga şu aşakdakylaryň hukugy bardyr:

- näsaglyk ýa-da zähmet şikesini almagyň netijesinde saglygy goraýyş gözegçiliginde bolmaga we saglygyny dikeltmäge mätäç adamlar - zähmete ukypsyzlygynyň ilkinji gününden başlap onuň doly sagalan ýa-da maýyplygynyň kesgitlenen wagtyna çenli döwürde;

- hünär keseli ýa-da inçekesele ýolukmagy bilen, ýa bolmasa bedeninde ýokanç keselleri döredijileriň bardygy bilen baglanyşykly başga işe geçirilen adamlar –iki aýdan köp bolmadyk döwürde;

- aýratyň howply ýokanç keselleriň döräp ýaýran ýerlerinde işden çetleşdirilenler - karantin düzgüni dowam edýän döwürde;

- mekdebe çenli çagalar edaralarynda karantin düzgüni girizilen döwürde çagasyna seredýänler - 14 senenama gününden köp bolmazdan.

Gatnaw şertlerinde bejergi alnanda:

- maşgalanyň näsag agzasyna seredýänler - 7 senenama günden köp bolmazdan;

- 14 ýaşy dolmadyk näsag çaga seredýänler - 14 senenama günden köp bolmazdan;

Ýatymlaýyn şertlerde bejergi alnanda:

- 7 ýaşy dolmadyk näsag çaga seredýänler - 122 senenama günden köp bolmazdan;

- 14 ýaşy dolmadyk agyr kesellerden ejir çekýän çaga, şeýle hem çylşyrymly lukmanlyk amaly, şikesler ýa-da ýanyk ýaralar döwründe çaga seredýänler - 122 senenama günden köp bolmazdan;

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly zähmete ukypsyzlyk umumy näsaglyk, zähmet şikesini almagy, hünär keseli netijesinde ýüze çykanda şu halatlarda bellenilýär:

- adam gatnan ýa-da ýatymlaýyn şertlerde bejergi alanda, şol sanda emeli syna ýasaýyş-düzediş ýatymlaýyn hassahanada bolanda;

- hünär keseli ýa-da inçekesele ýolukmagy bilen, ýa bolmasa bedeninde ýokanç keselleri döredijileriň bardygy bilen baglanyşykly başga işe geçirilen adamlar –iki aýdan köp bolmadyk döwürde;

- agyr kesellerden soň bejergi inçekeselliler üçin ýa-da başga bir şypahanada dowam edilende. Şeýle kesselleriň sanawyny Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan kesgitlenýär;

- ýokanç kesselleriň dörän ýerinden işden çetleşdirilen adamlaryň karantin düzgüninde bolýan döwründe.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň hakyky dowamlylygy bejeriji lukman tarapyndan kesgitlenýär we zähmete ukypsyzlyk haty bilen tassyklanýar.

Zähmete ukypsyzlyk haty bellenilen tertipde tassyklanylýan, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyny anyklamak we zähmete ukypsyzlyk hatynyň berliş tertibi baradaky gollanmanyň esasynda amala aşyrylýar. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly raýatlaryň esasy iş ýerinden tölenilýär.Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly, kanunçylykda başga ýagdaý bellenmedik bolsa, zähmet

çekmäge ukybyň ýitirilen ilkinji gününden başlap, Hemaýata mätäçligi anyklaýyş topary (HMAT) tarapyndan maýyplyk kesgitlenýänçä, emma şol bir kesel boýunça üznüksiz 4 aýdan we inçekesel bilen kesellän halatynda üznüksiz 10 aýdan köp bolmadyk döwür üçin berilýär.

Kesele baglylykda bejeriş-öňüni alyş we dikeldiş çärelerini geçirmek zerurlygy bolan halatynda we hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparynyň (HMAT) netijenamasynyň esasynda, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty ýene-de dört aý uzaldylýar. Eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýapylmagy bilen baglanyşykly işden boşadylan raýatlaryň işden boşadylanyndan soň ulanylýan kanunlara laýyklykda işe ýerleşmek üçin bellenilen döwürde üç aýyň dowamynda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny almaga hukugy bardyr. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk her ýyllyk (esasy ýa goşmaça) rugsatda bolnan wagtda ýüze çykan kesel (şikes) sebäpli dörände kömek puly işden boşatmagyň zähmete ukypsyzlyk haty bilen güwä geçilen ähli günleri üçin tölenilýär we rugsadyň dowamlylygy hut şol günleriň sanyna uzaldylýar. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk iş hakyny tölemezlik şertinde rugsatda bolnanda ýa-da aýal çaganyň 3 ýaşy dolýança oňa seretmek boýunça rugsatda bolanda ýüze çykanda kömek puly bellenilmeýär. Eger zähmete ukypsyzlyk rugsat tamamlanandan soň hem dowam edýän bolsa, onda kömek puly işgäriň işe başlamaly gününden bellenilýär. Zähmet şikesini almagy netijesinde zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly zähmete ukypsyzlyk şu halatlarda ýüze çykanda bellenilýär:

- zähmet borçlary ýerine ýetirilýärkä, şol sanda iş sapary döwründe, şeýle hem kärhananyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hereketler edilende;

- işe barylýarka ýa-da işden gelinýärkä ýolda;

- iş wagtynda, şol sanda bellenilen arakesmeler wagtynda we iş ýerini işe başlamakdan öň we iş tamamlananyndan soň iş ýerini tertibe salmak üçin zerur wagtda kärhananyň çäklerinde ýa-da başga bir ýerde işlenilen wagtda;

- kärhananyň daşynda, şol sanda bellenilen arakesmeler wagtynda, eger-de şol ýerde bolunmagy içerki zähmet tertibiniň kadalaryna çapraz gelmeýän bolsa;

- raýatlyk borjy ýerine ýetirilende.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk zähmet sebäpli maýyplyk netijesinde ýüze çykan halatynda kömek puly önümçilikdäki betbagtçylyk hadysasy hakyndaky güwanama bar bolanda bellenilýär, şol güwänama Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 13-inde çykaran 4039 belgili karary bilen tassyklanylan, Önümçilikdäki betbagtçylyk hadysalaryny derňemek we hasaba almak hakyndaky Düzgünnama laýyklykda resmileşdirilen bolmalydyr. Işleýän enäniň üç ýaşy dolmadyk çagasy kesellände kömek puly oňa maşgalanyň näsaga seretmäge ukyply başga bir agzasynyň bardygyna garamazdan bellenilýär. Näsag maşgala agzasyna özüniň her ýyllyk (esasy ýa goşmaça) rugsady döwründe seredýän adama wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly bellenilmeýär. Wagtlaýyn ýok işgäriň ýerine işlän döwründe wagtlaýyn zähmete ukypsyz bolan adama kömek puly başga biriniň ýerine işlemeli döwri tamamlanan gününe çenli, şeýle gün bellenilmedik halatynda bolsa - ýerine işlenilýän adamyň işe çykan gününe çenli bellenilýär. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk kärhananyň işi wagtlaýyn duruzylan döwürde ýüze çykanda kömek puly umumy esaslarda tölenilýär. Karantin döwründe işgär töweregindäki adamlaryň kesellemegi sebäpli işden arassaçylyk-keselleriň ýaýramagynyň öňüni alyş gullugynyň edaralary tarapyndan çetleşdirilen bolsa, kömek puly oňa

ýokanç kesele baglylykda karantin döwri üçin berilýär. Eger işgär inçekesele ýa hünär keseline ýolukmagy sebäpli öz zähmet borçlaryny wagtlaýyn ýerine ýetirip bilmeýän, ýöne bejerişiň kadaly akymyny bozman, başga bir işi ýerine ýetirip bilýän bolsa, onda lukmanlaryň maslahat beriş toparynyň (LMBT) netijenamasy boýunça, şeýle topar döredilmedik halatynda bolsa - bejeriji lukmanyň bejeriş edarasynyň baş lukmany tarapyndan tassyklanylan netijenamasy boýunça ol şeýle işe wagtlaýyn geçirilýär. Başga işe geçirilmeli döwri kärhananyň ýolbaşçylary kärdeşler arkalaşygy komiteti bilen ylalaşyp çözýär. Eger işgäriň wagtlaýyn geçirilen işi üçin onuň öňki işindäkiden az hak tölenilýän bolsa, onda kömek puly başga işe geçirilen döwrüniň bütin dowamynda, ýöne 2 aýdan uzak bolmadyk möhlet üçin berilýär. Kömek puly umumy kadalar boýunça hasaplanylýar, ýöne ýerine ýetirilýän iş boýunça gazanjyň möçberine goşulanda şol işe geçirilmänkä alýan hakyky gazanjyndan köp bolmaz ýaly möçberde tölenilýär. Kömek puly ähli halatlarda işgär başga işe geçirilmände oňa berilmäge degişli kömek pulunyň möçberinden köp bolmaly däldir. Şunda, hünär keseli sebäpli başga işe geçirilene kömek puly onuň ulanylýan kanunlara laýyklykda kärhananyň oňa öňki gazanjy bilen täze iş boýunça gazanjynyň arasyndaky tapawudy tölemegine hukugy bolmanda tölenilýär. Eger ýolbaşçylar beýleki işi zähmete ukypsyzlyk hatynda görkezilen möhletde bermese, onda munuň netijesinde boş geçirilen günler üçin kömek puly umumy esaslarda berilýär.

Möwsümleýin ýa-da wagtlaýyn işlerde işleýän adamlara zähmet sebäpli maýyplyk ýa-da hünär keseli netijesinde wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly umumy esaslarda berilýär, beýleki sebäpler esasyndaky wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly bolsa - diňe olaryň önümçiligiň şertleri boýunça hakykatda işe çekilen

günleri üçin berilýär, ýöne olar 75 senenama gününden köp bolmaly däldir.

Işleýän adamlaryň we maýyplaryň (inçekesele ýolukmagy sebäpli maýyp diýlip ykrar edilenler muňa girmeýär) wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy inçekesele ýolukmagy sebäpli ýüze çykanda kömek puly olar doly sagalýança ýa-da maýyplyk toparyna inçekesele ýolukmagy sebäpli täzeden garalýança, ýöne yzly-yzyna 10 aýdan uzak bolmadyk we iki senenama ýylynyň dowamynda jemi alnanda 12 aýdan köp bolmadyk möhlete bellenilýär.Kesele baglylykda bejeriş-öňüni alyş we dikeldiş çärelerini geçirmek zerurlygy bolan halatynda we Hemaýata mätäçligi anyklaýyş toparynyň (HMAT) netijenamasynyň esasynda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk haty ýene-de dört aý uzaldylýar. Işleýän maýyplara wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk ýüze çykanda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly olaryň maýyplyk üçin kömek puluny alýandygyna garazmazdan, döly möçberde tölenýär. Inçekesele ýolukmagy sebäpli maýyp diýlip ykrar edilen işleýän maýyplaryň şol keseli ýitileşende olara wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly, kanunçylykda başga ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, yzly-yzyna 4 aýdan köp bolmadyk möhlete bellenilýär.

Kärende şertlerinde, daýhan birleşiklerinde, hojalyklarynda, kooperatiwlerde hakyna tutma şertlerinde işleýän adamlaryň, işini telekeçiler köpçüliginiň düzüminde amala aşyrýan telekeçileriň, raýatlaryň öý hojalygynda zähmet şertnamasy boýunça işleýän işgärleriň, dini guramalaryň gullukçylarynyň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny almaga hukugy bardyr.

Zähmete ukypsyzlygiň zähmet hakynyň tölemegi duruzmak bilen, işgäriň işden (wezipeden) çetleşdirilmegi netijesinde işlemedik döwründe ýüze çykan halatynda kömek puly tölenilmeýär.

Eger zähmete ukypsyzlyk işgäriň işlemegine täzeden ygtyýar berlenden soň hem dowam etse, kömek puly işgäriň işe çykmaly gününden başlap tölenilýär.

Wahta usulynda işleri ýerine ýetirýän işgärleriň wagtlaýyn zämete ukypsyzlygy olaryň dynç (boş) günleri ýüze çykan halatynda dynç günleri bilen gabat gelen zähmete ukypsyzlyk günleri üçin kömek puly berilmeýär. Eger-de wagtlaýyn zämete ukypsyzlyk dynç günler tamamlanandan soň hem dowam etse, onda kömek puly işgäriň işe çykmaly gününden başlap tölenýär. Şunda kömek puly zähmete ukypsyzlyk netijesinde iş wagtynyň kanunçylykda bellenilen çäklerinde düzülen wagt tertibi boýunça goýberilen iş sagatlary üçin berilýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň başlanmagynyň hut öň ýanynda ýerlikli sebäp bolman işe çykmadyk işçilere we gullukçylara wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly bellenilmeýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly bejeriş edarasy tarapyndan berilýän zähmete ukypsyzlyk haty esasynda işgäriň esasy iş ýerinde bellenilýär. Zähmete ukypsyzlyk haty işe çykylan güni kärhananyň ýolbaşçylaryna berilýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk şu halatlarda ýüze çykanda zähmete ukypsyzlyk haty resmileşdirilmeýär:

- hukuk tertibine garşy hereketler edilende;
- öz saglygyna ýa-da eklenjindäki adamyň saglygyna bilkastlaýyn zeper ýetirende;
- alkogol, neşe ýa-da zäherli jisimler ulanylyp, serhoş bolnan ýagdaýda.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberini hasaplamak wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň ýüze çykmagynyň öň ýanyndaky iki senenama

aýynyň ortaça bir aýlyk we ortaça bir günlük gazanjynyň we wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüniň senenama günlerindäki dowamlylygynyň esasynda geçirilýär.

Zähmetiň aýratyn şertleri (wahta usuly we beýlekiler) bolan kärhanalarda işleýän adamlar üçin wagtalaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny hasaplamak Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen tertipde geçirilýär. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberi hasaplananda gazanjyň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna tölegler geçirilen ähli görnüşleri (utgaşdyrylan işden alynýan gazanjyndan başga) hakyky iş hakyna goşulýar. Ýylyň (çärýegiň) jemleri boýunça höweslendirme häsiýetli maddy hak-heşdekler gazanjyň ortaça bir aýlyk möçberinde göz öňünde tutulýar, ol bolsa gazanjyň umumy möçberini şol döwürdäki (çärýekdäki, ýyldaky) aýlaryň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.Eger belli bir döwürdäki gazanç esas hökmünde kabul edilen bolsa we şol döwürde şol adam işlemeli günleriniň ählisini işlemedik bolsa, onda baýraklaryň ortaça bir aýlyk möçberi her aýda şol aýyň dowamynda işlenilen wagta barabarlykda göz öňünde tutulýar. Ortaça bir aýlyk gazanç wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk ýüze çykandan öňki iki aýdaky hakyky gazanjyň jemini 2-ä bölmek arkaly kesgitlenilýär.Eger raýat öňki işe ukypsyzlygynyň soňky iki aýlarynda ol öň wagtlaýynça zähmete ukypsyzlyk sebäpli döwlet kömek puluny alýan bolsa, ýa-da zähmet haky tölenmesiz zähmet rugsadynda bolanda we beýleki ýagdaýlarda, wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puly ýarawsyzlygyň öňündäki doly işlenen iki aýdaky hakyky gazanjyň jeminden ugur alnyp hasaplanýar.

Eger işgär doly iki aý işlemedik bolsa, onda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly ýarawsyzlyk hatynyň berlen wagtynda bellenen wezipe aýlyk hakyndan (tarif möçberinden) ugur alnyp hasaplanýar. Işe täze kabul edilen ýa-

da çaga seretmek boýunça rugsatda bolup işe çykmak bilen zähmet işiniň arasyny bölen işgärler üçin wagtlaýyn zähmete ukypsyzyk boýunça kömek puly ýarawsyzlyk hatynyň berlen wagtyndaky bellenen wezipe aýlyk iş hakyndan (tarif möçberinden) ugur alnyp hasaplanýar. Ortaça bir günlük iş hakynyň möçberi ortaça bir aýlyk iş hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanylýar. Wahta usulynda işleri ýerine ýetirýän işgäriň wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puly hasaplananda bir sagatdaky ortaça gazanç (ortaça sagatlyk gazanç) hasaplanýar. Ortaça sagatlyk gazanç zähmete ukypsyzlygyň ýüze çykan aýyndan öňki iki aýda hakyky işlenen, emma wahtanyň bellenen dowamlylygyndan köp bolmadyk ähli sagatlar üçin gazanjyň umumy möçberini şol sagatlaryň sanyna bölmek bilen kesgitlenýär. Kömek pulunyň möçberini hasaplamak işgäriň ortaça sagatlyk gazanjynyň we wahtada iş tertibi boýunça iş sagatlarynda wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk döwrüniň dowamlylygynyň esasynda geçirilýär.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberi we senenama aýynyň zähmet haky bilelikde alanyňda iki wezipe aýlyk hakyndan ýa-da iki tarif möçberinden ýokary bolmaly däldir. Bellenilýän wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek pulunyň möçberi ortaça bir günlük iş hakyny wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygyň günleriniň sanyna köpeldilmeginden alnan ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylardan ybarat:

- 60 göterim – iş döwrüniň dowamlylygy 5 ýyla çenli bolan ýagdaýynda;
- 80 göterim – iş döwrüniň dowamlylygy 5 ýyldan 8 ýyla çenli bolan ýagdaýynda;
- 100 göterim – iş döwrüniň dowamlylygy 8 ýyl we ondan köp bolan ýagdaýynda.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek pulunyň möçberini hasaplamak üçin iş döwri "Durmuş

üpjünçiligi hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 24-nji maddasyna laýyklykda hasaplanylýar. Şu aşakda görkezilen adamlara kömek pulunyň möçberi işlän (gulluk eden) wagtyna garamazdan, ýokarda görkezilen ululygyň 100 göterimine barabardyr:

- wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy zähmet şikesi ýa-da hünär keseli sebäpli ýüze çykan adama;
- 18 ýaşy dolmadyk adama;
- 21 ýaşy dolmadyk doly ýetim adama;
- bellenilen tertipde maýyp diýlip ykrar edilen adama;
- 16 ýaşy dolmadyk maýyp çagany terbiýeleýän ýa-da 16 ýaşy dolmadyk üç ýa-da has köp çaga ýeklemeginde bolan enä;
- wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy donorlyk wezipelerini ýerine ýetiren mahaly ýüze çykan adama;
- beýleki döwletleriň çäklerindäki söweş hereketlerine gatnaşan adama;
- keseli radiasion täsir netijesinde ýüze çykan adama.

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluna "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanunynda bellenen tertipde, şahsy adamlaryň girdejisinden alynýan salgyt salynýar.***Çaga doglanda berilýän kömek puly*** çaganyň doglan güni bellenen möçberde bellenýär. Döwlet kömek puluny almaga doglan çaganyň enesiniň ýa-da atasynyň hukugy bardyr. Çaga doglanda berilýän kömek puluny almaga dört aýlyk ýaşa çenli çagany ogullyk (gyzlyk) alan adamyň hem, eger ogullyga (gyzlyga) alnan çaganyň enesine ýa-da atasyna kömek puly tölenilmedik bolsa, hukugy bardyr. Bellenilen tertipde berlen çaganyň dogluş hakyndaky şahadatnamasy çaga doglanda berilýän kömek puluna hukugy almak üçin esas bolup durýar. Çaga doglanda berilýän döwlet kömek pulunyň möçberi aşakdakylara deňdir:

1) birinji we ikinji çaga doglanda – binýatlyk ululygy;

2) üçünji çaga doglanda – binýatlyk ululygyň iki essesi;

3) dördünji we ondan soňky çagalar doglanda – binýatlyk ululygyň dört essesi.

Iki ýa-da ondan köp çaga doglanda kömek puly her bir çaga bellenilýär. Çaga doglanda berilýän kömek puluny bellemek üçin oňa hukugy bolan adam işleýändigine we işlemeýändigine garanazdan ýaşaýan ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik bölümine degişli reminamalary beren ýagdaýynda amala aşyrylýar. ***Çaga seretmek boýunça kömek*** puluny almaga bolan hukuk jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanýandygyna ýa-da meşgullanmaýandygyna garamazdan, üç ýaşyna çenli oňa hakykatdan seretmegi amala aşyrýan enesine ýa-da atasyna, hossarlary,şeýle hem oňa seretmegi hakyky amala aşyrýan beýleki garyndaşlaryna, eger enesi we (ýa-da) atasy aradan çykan, aradan çykan diýlip yglan edilen, ene-ata hukugyndan kesilen bolsa, ene-ata hukugy çäklendirilen, nam-nyşansyz giden hasap edilen halatynda, aň-düşünjeli işe ukyply däl bolsa, saglyk ýagdaýy boýunça çagany terbiýelemäge we saklamaga mümkinçilikleri ýok bolsa, azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jeza çäresi çekilýän ýerde tussagda bolsa, çagany terbiýelemekden ýa-da olaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramakdan boýun gaçyrýan ýa-da öz çagasyny terbiýe berilýän, bejergi alynýan we beýleki şonuň ýaly edaralardan almakdan ýüz öwüren halatlarynda degişlidir .

Çaga seretmek boýunça kömek puluny bellemek çaga seretmek boýunça kömek puluna hukugy bolan adam ýaşaýan ýerindäki durmuş taýdan üpjünçilik bölümine degişli resminamalary bermeklik şulary bermeklik esasynda amala aşyrylýar.

Çaga seretmek boýunça kömek puly her bir çaga binýatlyk ululygyň 50 göterimi möçberinde bellenýär.

Göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadynda bolan işleýän adamlara çaga seretmek boýunça döwlet kömek puly göwrelilik we çaga dograndygy boýunça zähmet rugsadynyň gutarýan aýynyň yz ýanyndaky aýyň birinden başlap we işe çykylan wagtyna çenli tölenilýär.*Maýyplyk boýunça kömek puly b*ellenen tertipde maýyp diýlip ykrar edilen raýatlaryň maýyplyk boýunça kömek puluny almaga hukuklary bardyr. Olara şular degişlidir:

1) 16 ýaşa çenli maýyp çagalar;

2) çagalykdan maýyplar;

3) umumy kesellemäniň (şol sanda iş bilen bagly bolmadyk şikesler), zähmet şikesi, hünär keseli netijesinde maýyp bolanlar;

4) harby gullugyň maýyplary:

Adamy maýyp diýip ykrar etmek, maýyplyk derejesini we toparyny bellemek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan tertipde Hemaýata mätäçligi anyklaýjy topary (HMAT) tarapyndan amala aşyrylýar.

Zähmet şikesini, hünär keselini almagyň netijesinde maýyplyk, kanuna garşy hereketleriň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly maýyplykdan başga, aşakdaky ýagdaýlarda ýüze çykan hasap edilýär:

1) zähmet borçlary ýerine ýetirilende, şol sanda iş saparlary döwründe, şeýle hem kärhananyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hereketler amala aşyrylanda;

2) işe barýarka ýa-da işden gaýdyp gelýärkä;

3) bellenen arakesmeleri, işden öň we işden soň iş ýerini tertipleşdirmek üçin zerur bolan wagty goşmak bilen, kärhananyň çäklerinde ýa-da iş wagtynda başga bir iş ýerinde;

4) şol ýerde bolmagy içerki zähmet tertibiniň kadalaryna garşy gelmeýän bolsa, bellenen arakesmeleri goşmak bilen, iş wagtynda kärhananyň çäklerinden daşarda;

5) raýat borjuny ýerine ýetirende.

Ýerine ýetirilýän işiň aýratyn häsiýeti sebäpli ýüze çykan kesel bilen gönüden-göni baglanyşykly maýyplyk hünär keseli netijesinde maýyplyk hasap edilýär. Ýerine ýetirilýän işiň aýratyn häsiýeti bilen bagly bolan keselleriň we hünärleriň sanawy Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

Iş (gulluk) döwri bar bolan we iş haky barada maglumat beren maýyplara hasaplama görkezijisi kesgitlenýär. Hasaplama görkezijisi raýatyň şahsy koeffisiýentini pensiýa bellemek üçin kesgitlenen Türkmenistan boýunça ortaça aýlyk iş hakyna we ölçege köpeltmek ýoly bilen hasaplanýar

Maýyplyk boýunça kömek puly hasaplama görkezijisiniň göterimlerinde şu möçberlerde hasaplanýar:

1) I topar maýyplaryna – 90 göterimi;

2) II topar maýyplaryna – 80 göterimi;

3) III topar maýyplaryna – 50 göterimi.

Maýyplyk boýunça kömek pulunyň möçberi maýyplyk boýunça kömek pulunyň her bir maýyplyk topary üçin bellenen iň pes möçberinden az bolmaly däldir. Iş döwri bolmadyk maýyplara maýyplyk boýunça kömek puly maýyplyk boýunça kömek pulunyň her bir maýyplyk topary üçin bellenen iň az möçberinde bellenilýär Kömek pulunyň möçberi 16 ýaşa çenli maýyp çagalara, şeýle hem çagalykdan maýyplara binýatlyk ululygyň 80 göterimi derejesinde bellenilýär. Iş döwri bolup, zähmet haky barada güwänamany getiren çagalykdan maýyplara kömek pulunyň möçberi maýyplyk toparyna baglylykda hasaplaýyş görkezijini kesgitlemek bilen hasaplanýar.

Çagalykdan I we II topar maýyplaryna kömek pulunyň möçberi binýatlyk ululygyň 80 göteriminden pes bolmaly däldir. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly bilen üpjün

edilýän adamlaryň toparyna degişli zähmete ukypsyz maşgala agzalary bolan I we II topar maýyplarynyň her çagasy üçin binýatlyk ululygyň 20 göterimi möçberinde goşmaça töleg bellenilýär. Görkezilen töleg maşgalanyň zähmete ukypsyz, kömek puluny ýa-da ýaşy boýunça pensiýa alýan agzalaryna, şeýle hem 18 ýaşdan uly bolan çagalara, ýörite orta hünär okuwlarynda, ýokary okuw mekdeplerinde okap talyp hakyny alýanlara degişli däldir. Saglygy barada netijenamasy boýunça keseki kömegine mätäç bolan I topar we ýeke ýaşaýan, görüşi boýunça II topar maýyplara olara seretmek üçin binýatlyk ululygyň 20 göterimi möçberinde goşmaça töleg bellenilýär. Maýyplyk boýunça kömek pulunyň iň pes möçberi binýatlyk ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylara deňdir:

1) I topar maýyplaryna – 80 göterimi;
2) II topar maýyplaryna – 70 göterimi;
3) III topar maýyplaryna – 60 göterimi;

Maýyplyk boýunça kömek pulunyň iň ýokary möçberi goşmaça tölegleriň ähli görnüşlerini hasaba almak bilen, binýatlyk ululygyň göterimlerinde bellenilýär we aşakdakylara deňdir:

1) I we II topar maýyplaryna – 150 göterimi;
2) III topar maýyplaryna – 80 göterimi;

Maýyplyk boýunça kömek puly maýyplygyň haçan – işden öň, iş döwründe ýa-da ondan soň ýüze çykandygyna garamazdan bellenýär. Işleýän maýyplara maýyplyk boýunça kömek puly doly möçberinde tölenilýär. Maýyp çaganyň kömek puly ene-atasynyň  birine ýa-da howandarlyk üçin bellenilen tertipde resmileşdirilen resminamalar bar mahaly howandara şol çaganyň 16 ýaşy dolýança bellenilýär.

Maýyp çaga 16 ýaşyny dolduranda kömek puly maýybyň özüne bellenilýär. Eger-de bellenilen tertipde onuň kämillik ukypsyzlygy kesgitlenende bolsa, kömek puly ene-atasynyň

birine ýa-da howandarlyk üçin bellenilen tertipde resmileşdirilen resminamalar bar mahaly howandara bellenýär.

Bellenilen tertipde maýyp çaganyň kämillik ukypsyzlygy kesgitlen mahaly we 18 ýaşy dolanda kömek puly ene-atasynyň birine ýa-da bellenilen tertipde resmileşdirilen resminamalar bar mahaly howandara bellenýär. ***Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek pul***una, ekleýjiniň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy tertibinde ätiýaçlandyrylandygyna ýa-da ätiýaçlandyrylmandygyna garamazdan, 18 ýaşy dolmadyk çagalaryň (şol sanda ogullyga (gyzlyga) alnan we öweý çagalary), doganlaryň, uýalaryň we agtyklary ýa-da şu ýaşdan ýokarylaryň, eger, olar 18 ýaşa çenli maýyp bolan bolsalar, şunda doganlarynyň, uýalarynyň we agtyklarynyň zähmete ukyply ene-atasy bolmadyk ýagdaýynda hem-de ejesiniň, kakasynyň (şol sanda ogullyga (gyzlyga) alanlar), adamsynyň, aýalynyň, eger olar pensiýa ýaşyna, ýagny erkek adamlar 62, aýal maşgalalar 57 ýaşan bolsalar ýa-da maýyp bolup, pensiýany ýa-da kömek puluny almaýan bolsalar,şeýle hem atasynyň we enesiniň, kanunçylykda bellenen pensiýa ýaşyna ýeten bolsalar, kanuna laýyklykda olary saklamaga borçly adamlar we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan ýagdaýynda hukugy bardyr. Ekleýji diýlip öz eklenjindäkileri saklamagy üpjün edýän raýata düşünilýär. Ekleýjiniň ýaşaýan wagtynda onuň doly saklamagynda ýa-da ondan yzygiderli we ýaşamagy üçin esasy çeşme bolup duran kömegi alan maşgala agzasy eklençdäki diýlip hasap edilýär. Ekleýjisini ýitirenligi boýunça kömek puluna bolan hukuk ekleýjiniň aradan çykan gününden ýüze çykýar. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puluna bolan hukuk ekleýji dereksiz ýiten halatynda, onuň dereksiz ýitmegi bellenen tertipde ykrar edilen bolsa ýüze çykýar (kömek puly ekleýjiniň dereksiz ýitmegi barada çözgüdiň çykarylan gününden bellenilýär, ýöne ony bellemek

barada ýüz tutan gününden 6 aýdan köp bolmadyk möhletde bellenilýär).

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek pulunyň möçberi binýatlyk ulylygyň göterimlerinde hasaplanýar we aşakdakylara deňdir:

1) eklençdäki bir adama – 60 göterimi;
2) iki adama – 110 göterimi;
3) üç adama – 130 göterimi;
4) dört we ondan köp adama – 150 göterimi.

Ene-atasynyň (ekleýjiler) ikisini hem ýitiren çagalara – doly ýetimlere ýa-da ýeke ýaşap aradan çykan enäniň çagalaryna ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek pulunyň möçberi binýatlyk ulylygyň göterimlerinde hasaplanýar we şu aşakdakylara deňdir:

1) çagalaryň birine – 120 göterimi;
2) çagalaryň ikisine – 200 göterimi;
3) çagalaryň üçüsine ýa-da ondan köpüsine – 250 göterimi.

Ekleýjisini ýitirenligi boýunça kömek puluny almaga hukugy bolan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar ogullyk (gyzlyk) alynan halatynda hem, öň ene-atalyk hukugyndan mahrum edilen ýa-da öň öz çagasyny başga adamlara ogullyga (gyzlyga) almaga razyçylyk beren ýagdaýlary hasaba almazdan, kömek puluna bolan hukugy saklaýarlar. Eger ekleýjisini ýitiren maşgalada ogullyga (gyzlyga) ýa-da hossarlyga alnan ýetim çagalar bolsa, onda beýleki eklenjindäkileriň şu maşgala bilen garyndaşlyk gatnaşygyna garamazdan, olara doly ýetim hökmünde aýratyn kömek puly bellenilýär. Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly kömek puluna bolan hukuk ýüze çykan gününden bellenýär, ýöne ony bellemek üçin ýüz tutulan gününden 6 aýdan köp bolmaly däldir.

Doly ýetimlere ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly ene-atasynyň ikinjisiniň aradan çykan gününden ýa-da ýeke ýaşaýan ene bolan ýagdaýynda bellenýär.

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly bellenilende ýüz tutan gününden öň ýanyndaky 6 aýy öz içine alýan döwür üçin kömek pulunyň möçberi şol döwür üçin görkezilen 6 aýyň gabat gelmegi bilen kesgitlenen binýatlyk ululygy ulanmak bilen kesgitlenýär.

Ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek puly aradan çykan ekleýjiniň eklenjinde bolan çagalaryna, olaryň 18 ýaşy dolýança,egerde olar ýokary, ýörite orta, hünärmentçilik, şeýle hem dini okuw mekdeplerinde okaýan bolsalar, olaryň görkezilen okuw mekdeplerini tamamlamagyna çenli, ýöne olaryň 23 ýaşyny doldyranyndan soň bolup bilmez we pensiýa ýaşyna ýeten adamlara – ömürlik bellenýär. Aradan çykan ekleýjiniň maşgalasynda kämillik ýaşyna ýetmedik maşgala agzasy ýa-da ozal ekleýjisini ýitirendigi boýunça kömek puly bellenen doly ýetim çaga bar bolsa, onda kömek puly ony almaga hukugy bolan maşgala agzalarynyň her birine aýratynlykda bellenýär.*Durmuş kömek puly* pensiýa ýaşyna ýeten we ýaşamak üçin başga serişde çeşmesi ýok bolan adamlara berilýän durmuş tölegi bolup durýar. Durmuş kömek pulyny almaga pensiýa hukugy we hemişelik girdeji çeşmesi bolmadyk 62 ýaşa ýeten erkek adamlaryň, 57 ýaşa ýeten aýal maşgalalaryň hukugy bardyr. Durmuş kömek pulunyň möçberi binýatlyk ululygyň 60 göterimi möçberinde bellenilýär. Durmuş kömek puly durmuş üpjünçiligi edaralary tarapyndan durmuş kömek puluny bellemek barada arzanyň bellige alnan gününden bellenýär, ýöne oňa bolan hukuk ýüze çykan pursadyndan öň bolup bilmez.

## XV. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagy we gözegçilik

### §1. Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini edýän edaralar

Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagy we gözegçiligi ýörüte ygtyýarly edilen edaralaryň işgärleriň zähmet hukuklarynyň goragyna we bu kanunçylygyň bozulmagynyň öňüni almaklyga gönükdirilen işi bolup durýar. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini edýän edaralaryň ulgamy Zähmet Kodeksiniň 404-nji maddasynda görkezilýär. Ol özüne zähmet we zähmeti goramak babatdaky zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini we jemgyýetçilik barlagyny birikdirýär Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligini ähli kärhanalarda, şeýle hem ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynda, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin ylalaşyklaryň we köpçülikleýin zähmet şertnamalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen döwlet edarasy (mundan beýläk – ýörite ygtyýarly edilen edara). amala aşyrýarlar: Ýörite ygtyýarly edilen edara hakyndaky Düzgünnama Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar. Kärdeşler arkalaşyklary guramalary, şeýle hem olaryň garamagynda durýan zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklar – şol gulluklar hakyndaky düzgünnamalara laýyklykda we

Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary,şeýle hem ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary – özleriniň garamagyndaky kärhanalar barada olaryň ygtyýarlarynyň çäklerinde amala aşyrýarlar .
Zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlag we gözegçilik wezipelerini amala aşyrylanda degişli edaralar tarapyndan onyň dürli görnüşleri : duýduryjy, deslapky, gündelik we soňky görnüşleri ulanylýar.
Duýduryjy gözegçilik barlag we gözegçilik kärhanada zähmetiň lokal şertleri bellenilende amala aşyrylýar we zähmet kanunçylygyna garşy gelýän lokal kadalarynyň kabul edilmegine, şeýle hem gurluşykda, önümçilik enjamlaryna hyzmat edilende we täze we abatlanan önümçilik obýektleri işe girizilende zähmeti goramaklygyň talaplarynyň bozulmagyna ýol bermezlik ýaly maksatlary bardyr.
Deslapky gözegçilik barlag we gözegçilik kärhanada zähmet kanunçylygynyň bozulmagynyň öňüni almaga ýardam edýär we köp ýagdaýlarda iş berijiniň kärdeşler arkalaşyklar guramasy ýa-da işgärleriň beýleki ygtyýarly wekilçilikli edaralary bilen bilelikde ylalaşmak boýunça ýa-da olaryň pikirini hasaba almak bilen amala aşyrylanda bolýar.
Gündelik gözegçilik barlag we gözegçilik kärhanadazähmet kanunçylygynyň bozulmagynyň öňüni almaga ýardam edýär, ýol berilen düzgünbozmalary ýüze çykarmaga we we şu ýagdaýlarda zerur çäreleriň kabul edilegine gňnüdirilendir.
Soňky gözegçilik barlag we gözegçilik zähmet jedelleri çözülende we öň ýol berlen zähmet kanunçylygynyň bozulmagy ýüze çykarlanda we işgäriň hukuklaryny dikeltmeklikde amala aşyrylýar.

## §2. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmekde kärdeşler arkalaşyklary edaralarynyň gatnaşmagy

Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň amala aşyrylmagyna jemgyýetçilik gözegçiligi Kärdeşler arkalaşyklary guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Zähmet Kodeksiniň 406-njy maddasynda Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň iş berijiler we olaryň wekilleri tarapyndan Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagynyň we gözegçiligiň amala aşyrylmagyna gatnaşýandyklary bellenýär. Iş berijiler ýüze çykarylan düzgün bozmalary düzetmek hakyndaky talaplary alan gününden beýläk bir hepde möhletiň içinde şol talaba garalmagynyň netijeleri we görlen çäreler hakynda degişli kärdeşler arkalaşygy edarasyna habar bermäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklary guramalary we olaryň birleşikleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklaryny döredýärler, olara bolsa Türkmenistanyň kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň Milli Merkezi tarapyndan tassyklanylýan düzgünnamalarda göz öňünde tutulan ygtyýarlar berilýär.

Türkmenistanyň welaýatlarynda, etraplarynda we şäherlerinde hereket edýän kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň çäk birleşikleri kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň zähmet baradaky tehniki we hukuk gulluklaryny döredýärler, olar bolsa Zähmet Kodeksiniň 406-njy maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan düzgünler esasynda hereket edýärler.

Zähmet Kodeksiniň 406-njy maddasynda Kärdeşler arkalaşyklary guramalarynyň, zähmetkeşler köpçüligine wekilçilik edýän beýleki edaralaryň aşakdakylara haky bardygy nellenilýär :

- Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň iş berijiler tarapyndan berjaý edilişine gözegçilik etmäge;
- zähmet şertleri we kärhanada işgärleriň howpsuzlygynyň üpjün edilişi barada garaşsyz seljerme geçirmäge;
- önümçilikde ýüze çykan betbagtçylykly hadysalary we hünär kesellerini derňemäge gatnaşmaga, şeýle hem olaryň özbaşdak derňewini geçirmäge;
- zähmet şertleriniň we zähmetiň goralyşynyň ýagdaýy hakynda, şeýle hem önümçilikdäki bellige alynmaga degişli bolan ähli betbagtçylykly hadysalar hakynda kärhanalaryň ýolbaşçylaryndan we beýleki wezipeli adamlaryndan maglumat almaga;
- işgärleriň ömri we saglygy üçin gös-göni howp dörän halatlarynda işleriň wagtlaýyn togtadylmagyny talap etmäge;
- Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalaryny düzetmek hakynda iş berijä hökmany garamaly bolan görkezmeleri bermäge;
- zähmeti goramagyň köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan şertleriniň ýagdaýyny barlamaga;
- önümçilik desgalaryny we önümçilik serişdelerini synamak we ulanmaga kabul etmek baradaky toparlaryň işine garaşsyz bilermen hökmünde gatnaşmaga;
- zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy namalary işläp taýýarlamak we olar boýunça ylalaşmak işine gatnaşmaga;
- zähmeti goramak baradaky kadalaşdyryjy talaplaryň bozulmagynda, önümçilikde bolan betbagtçylykly

hadysalary ýaşyrmakda günäkär wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek hakyndaky talap bilen degişli edaralara ýüz tutmaga;

- Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň, köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) bellenilen borçnamalaryň bozulmagy, şeýle hem zähmet şertleriniň üýtgemegi bilen baglanyşykly zähmet jedellerine garamaga gatnaşmaga.

Kärdeşler arkalaşyklary guramalary, olaryň zähmet gulluklary ýokarda görkezilen ygtyýarlyklar amala aşyrylanda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik edýän döwlet edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler.

Zähmet Kodeksiniň 407-njy maddasyna laýyklykda, ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde özleriniň garamagyndaky çäkde ýerleşen kärhanalar babatda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýarlar. Olar özleriniň garamagyndaky çäkde ýerleşen kärhanalar, kärdeşler arkalaşyklary edaralary we beýleki jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde durmuş hyzmatdaşlygy hakyndaky ylalaşyklarda göz öňünde tutulan çäreleriň geçirilmegini guraýarlar. Şeýle hem, Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek babatynda kärdeşler arkalaşyklarynyň pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler we Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek baradaky beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar. Zähmet Kodeksiniň 408-njy maddasyna laýyklykda, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde özleriniň

garamagyndaky kärhanalar babatda zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň içerki gözegçiligini amala aşyrýarlar. Olar Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek babatynda özleriniň garamagyndaky kärhanalaryň kärdeşler arkalaşyklary edaralary bilen arkalaşykly hereket edýärler. Şeýle hem, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrmak işinde ýerli häkimiýet edaralaryna we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna guramaçylyk, habar beriş ýardamlaryny hem-de gaýry ýardamy berýärler. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik etmek baradaky beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar.

## § 3. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçilik

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagynda, köpçülikleýin şertnama we zähmeti goramak boýunça ylalaşyklar boýunça borçnamalary ýerine ýetirmeklikde ýa-da kärdeşler arkalaşyklarynyň işine päsgel beren günäkär wezipeli adamlar kanunçylykda bellenilen jogapkärçiligi (düzgün-nyzam, administratiw, jenaýat ) çekýärler. Zähmet çygrynda hukuk bozulmalaryň häsiýetine,onuň motiwine, ediliş usulyna, agyrlyk derejesine, netijesine we ş.m göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň bir görnüşi ulanylýar. Zähmeti goramak boýunça kanunçylygynyň bozulmagyna günäkär wezipeli we beýleki adamlar, şeýle hem işgärler Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen tertipde maddy, düzgün-nyzam, dolandyryş we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler. *Maddy jogapkärçilik hakyndaky*

*kadalar* Zähmet kodeksiniň degişli maddalarynda öz beýanyny tapýar. Mysal üçin ZK-niň 210-njy maddasyna laýyklykda, iş beriji işgäriň zähmet çekmek mümkinçiliginden bikanun mahrum eden ýagdaýlarynyň ählisinde onuň almadyk zähmet hakyny tölemäge borçludyr. Şeýle borç, hususan-da, eger zähmet haky 1) işgäriň işden bikanun çetleşdirilmegi, onuň işden çykarylmagy ýa-da başga işe geçirilmegi netijesinde; 2) iş berijiniň zähmet jedellerine seretmek boýunça edaranyň, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň hukuk gullugynyň ýa-da kazyýetiň işgäri öňki işine dikeltmek hakyndaky kararyny ýerine ýetirmekden ýüz öwürmegi ýa-da öz wagtynda ýerine ýetirmezligi netijesinde;3) iş beriji tarapyndan işgäre zähmet depderçesiniň gijikdirilip berilmegi, zähmet depderçesine nädogry ýa-da işgäriň işden çykarylyşynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelmeýän kesgitlemesiniň girizilmegi netijesinde; 4) Türkmenistanyň kanunçylygynda we köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda döreýär. Zähmet Kodeksiniň 409-njy maddasynda iş beriji işgäre düşýän iş haky tölenilmedik (doly däl görnüşde tölenilen) ýa-da iş hakynyň berilmegi gijikdirilen halatynda Zähmet Kodeksinde we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalarynda bellenilen jogapkärçiligi çekýär. Iş berijiniň günäsi bilen zähmet depderçesiniň berilmegi gijikdirilen mahalynda mejbury ýagdaýda işe gelinmedik ähli wagt üçin işgäre ortaça zähmet haky tölenilýär.

*Düzgün- nyzam jogapkärçiligi* şähmet şertnamasyny ýatyrmaklygy goşmak arkaly düzgün-nyzam temmisini ulanmaklyk bolup durýar. Zähmet Kodeksiniň 49-njy maddasyna laýyklykda, zähmet şertnamasy baglaşylanda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň düzgünleriniň bozulmagy netijesinde zähmet şertnamasyny bes etmek esaslary şoňa degişlidir. Ondan başga-da, ZK-niň 46-njy maddasyna laýyklykda, eger ýolbaşçy işgär Türkmenistanyň zähmet

kanunçylygyny bozsa, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmese, iş beriji kärdeşler arkalaşygy guramasynyň (etrap derejesinden pes bolmadyk) talap etmegi boýunça ýolbaşçy işgär bilen zähmet şertnamasyny ýatyrmaklygy ýa-da ony eýeleýän wezipesinden boşatmaklygy göz öňünde tutýar.

*Administratiw jogapkärçilik* bu günäkäre jogapkärçilik çäresi bolup durýan administratiw temmini bermeklikden ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakyndaky Kodeksiniň 41-nji maddasyna laýyklykda wezipeli adamlar tarapyndan zähmet hakyndaky kanunlaryň we zähmeti goramak baradaky kadalaryň bozulmagy üçin iň pes zähmet hakynyň bir möçberine çenli jerime salynýar. Sanitariýa-gigiýena kadalarynyň we normalarynyň hem-de sanitariýa-epidemiýa garşy göreş kadalarynyň we normalarynyň (atmosfera howasyny gorap saklamak baradaky kadalardan we normalardan başga) bozulmagy üçin bolsa, zähmete hak tölemegiň bäş ortaça aýlyk möçberlerine çenli jerime salynmagyna ýol berilýär .

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň we zähmeti goramaklygyň düzgünlerini bozmaklyk jenaýat diýlip ykrar edilse, onda *jenaýat jogapkärçiligi* ýüze çykýar. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 151-nji maddasynda tehniki howpsuzlyk kadalaryny ýa-da zähmeti goramagyň başga kadalaryny berjaý etmek boýunça borçlar ýüklenen adam tarapyndan bu kadalaryň bozulandygy üçin, eger munuň özi adamlar bilen betbastçylykly ýagdaýlara getirip biljek bolsa, şeýle hem

şonuň ýaly etmiş adamyň saglygyna şikes ýetirse ýa-da adamyň ölmegine getirse, jenaýat jogapkärçigine çekmeklik bellenýär. Şonuň ýaly-da, agzalan Kodeksiň 152-nji maddasynda aýalyň göwreliligini bahana edip, ony işe kabul etmekden esassyz boýun gaçyrylan , şeýle hem şol bahanalar bilen aýaly işden

esassyz çykarylan ýagdaýynda jenaýat jogapkärçiliginiň ýüze çykýandygy bellenilýär.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyny, zähmeti goramak baradaky düzgünleri bozmakda, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçilik barlagyny we gözegçilik edýän edaralaryň işine päsgel bermekde günäkär adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

## XVI. Halkara zähmet hukugy

### §1. Zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirmesi we onuň çeşmeleri

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň deňhukukly agzasy bolmak bilen, dünýä bileleşigine goşulyşmak ugrunda uly işjeňlik görkezýär. Bu ugurda onuň işiniň esasy wajyp ugurlarynyň biri bolup, zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirmesi çykyş edýär. Türkmenistan zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirmesiniň hereket edýän subýekti bolup durýar.

Zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirilmesi-döwletleriň halkara ylalaşyklarynyň (köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn ylalaşyklar) we hakyna durup işlenýän zähmeti ulanmak, onuň şertlerini kämilleşdirmek, zähmeti goramak, işgärleriň şahsy we köpçülikleýin bähbitlerini goramak bilen bagly meseleleriň beýleki halkara-hukuk serişdeleriniň kömegi bilen reglamentirlenmegi bolup durýar. Zähmetiň halkara-hukuk düzgünleşdirmesiniň resmi hukuk mazmuny halkara guramalary tarapyndan kabul edilen resminamalardaky we ikitaraplaýyn ylalaşyklardaky hem-de döwletleriň aýratyn ylalaşyklarynda berkidilen zähmet kadalary (standartlary) bolup durýar. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy halkara hukuk

resminamalaryny we dünýä tejribesini doly ýagdaýda hasaba almaga çalyşýar. Şolardan gelip çykýan borçnamalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmak- lygyň hukuk esaslaryny pugtalandyrmaklyk ileri tutulýan ugurlar hasaplanýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Konstitusyýasynyň 6-njy maddasynda ilkinji sapar halkara we milli kanunçylygyň özara täsiri konstitusion derejede kesgitlenildi. Ýagny, «Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar” diýlip bellenildi. Munuň özi, Türkmenistanyň goşulyşan halkara şertnamalarynyň milli kanunçylygyň bir bölegidigini tassyklaýar. Kabul edilen we kämilleşdirilen kanunlarda ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Konstitusyýasynda halkara hukugynyň umumyykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ykrar edilmegine hem-de kepillendirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Halkara-hukuk düzgünleşdirmesiniň kadalarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna ornaşdyrylmagy iki ugur boýunça alnyp barylýar. Birinjiden, Türkmenistanyň agza bolup durýan halkara guramalarynyň we olaryň edaralarynyň konwensiýalaryna we beýleki resminamalaryna goşulmak ýoly bilen, ikinjiden beýleki döwletler bilen Türkmenistanyň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn halkara-hukuk şertnamalaryny baglaşmaklyk ýoly bilen amala aşyrylýar. Birinji ugur Birleşen Milletler Guramasynyň, Halkara Zähmet guramasynyň we beýleki halkara guramalarynyň hukuk döredijilik işi bilen bagly bolýar, ilkinji nobatda bolsa olar Halkara Zähmet guramasy tarapyndan kabul edilen konwensiýalar we maslahatlardyr. Ikinji ugur ikitaraplaýyn ýa-da sebitleýin anyk meseleleri düzgünleşdirmeklige gyzyklanýan iki ýa-da birnäçe döwletleriň

bilelikdäki hukukdöredilik tejribesinden peýdalanylýar. Bu öz nobatynda, Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň döremegini we hukuk kadalarynyň ulanylmagyny kämilleşdirýär. Birijiden, Türkmenistan şol halkara resminamalaryna goşulyşan ýagdaýynda, halkara-hukuk kadalaryny gös-göni ulanmaklyk mümkin we hökmany bolup durýar. Ikinjiden, halkara hukuk kadalary Türkmenistanyň kanunçylygyna, anyk kanunlaryň düzümine ornaşdyrylýar, şeýle hem halkara-hukuk kadalarynda berkidilen düzgünler Türkmenistanyň hukuk ulgamynda we hukuk ulanyş tejribesinde degişli reminamalary kabul etmeklik arkaly amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, zähmet gatnaşyklarynyň haklkara-hukuk düzgünleşdirilmesi Türkmenistanyň zähmet hukugy ylmynyň wajyp bölümleriniň birine öwrülýär.

Zähmetiň halkara–hukuk düzgünleşdirmekligiň esasy çeşmeleriniň biri Halkara Zähmet guramasy (HZG) tarapyndan kabul edilen resminamalar bolup durýar. HZG-sy 1919-njy ýylda döredilýär we häzirki wagtda ol Birleşen Milletler Guramasynyň zähmet gatnaşyklary düzgünleşdirmek meseleleri bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen edarasydyr. Dünýäniň 182 döwletiniň agza bolup durýan bu halkara guramasynyň ştab-kwartirasy Ženewa şäherinde ýerleşýär. Onuň dünýäniň ähli künjeklerinde wekilhanalary bardyr. Onuň iň ýokary edarasy agza ýurtlaryň wekillerinden ybarat düzümde her ýyl çagyrylýan Halkara Zähmet konferensiýasydyr. Her agza döwlete 4 delegat wekilçilik edýär, ýagny hökümetden 2 wekil, işgärleriň we iş berijileriň hersinden bir wekil bolýar. Halkara Zähmet guramasynyň wezipeleri we maksatlary onuň Ustawynda kesgitlenýär. Halkara gurama gatnaşyjy döwletleriň sosial-ykdysady ösüşine ýardam bermekligi, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaklygy we zähmet şertlerini gowulandyrmaklygy hem-de adamlaryň hukuklaryny goramaklygy maksat edinýär. Şol maksatlary göz öňünde tutup,

HZG-nyň esasy wezipeleri durmuş-zähmet meselelerini çözmeklige gönükdirilen ylalaşylan syýasaty we maksatnamalary, konwensiýalar we maslahatlar görnüşinde halkara zähmet kadalaryny işläp düzmek, kabul etmek hem-de olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, gatnaşyjy döwletlere iş bilen meşgullylyk meselesini çözmäge, işsizligi azaltmaga hem-de migrasiýany düzgünleşdirmäge kömek bermek, adamlaryň zähmete, birleşmeklige, köpçülikleýin gepleşiklere, mejbury zähmetden we kemsidilmeklikden goranmaga we beýleki hukuklaryny goramaklyk, işgärleriň durmuş derejesini gowulandyrmak hem-de durmuş üpjünçiligini ösdürmek ugrunda göreşmekden ybaratdyr. Şeýle-de, hünär taýýarlaýyşa we işgärleri gaýtadan taýýarlamaklyga ýardam bermek, zähmet şertlerini we önümçilik sredasyny gowulandyrmak, zähmetiň tehniki howpsuzlygyny we arassaçylygyny, daşky gurşawy goramak we gaýtadan dikeltmek boýunça maksatnamalary işläp düzmek we amala aşyrmak hem-de işgärleriň we telekeçileriň guramalaryna hökümet bilen bilelikde durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek işlerine ýardam bermek, şeýle-de aýallary, ýaşlary, ýaşuly adamlary durmuş taýdan goramak boýunça çäreleri işläp düzmek we amala aşyrmak ýaly wezipeleri bardyr.HZG-nyň alyp barýan işi üçtaraplylyk (tripartizm) ýörelgesine esaslanmak bilen, ony başga halkara guramalaryndan aýratyn tapawutlandyrýar. Guramanyň ähli edaralaryny döretmeklik üçtaraplaýyn wekilçilikleriň - işgärleriň, iş berijileriň we hökümetiň wekilleriniň gatnaşmagynda alnyp barylýar. Bu üç toparyň wekilleri guramanyň ähli derejedäki organlarynda bolýar we olar deň esaslarda maslahata gatnaşýarlar. Halkara guramanyň ähli resminamalaryny her gatnaşyjy döwletiň hökümetiniň wekillerinden hem-de iş berijileriň we işgärleriň has uly wekilçilikli edaralarynyň wekillerinden ybarat düzümde onuň iň ýokary organy bolan Halkara Zähmet konferensiýasynda kabul

etmek guramanyň baş wezipeleriniň biridir. Ol resminamalary kabul etmek prosesi ýeterlikli ýagdaýda çylşyrymly bolup durýar. HZG-nyň esasy resminamalary bolan Konwensialaryň we Maslahatlaryň taslamalaryny şol konferensiýalarynda azyndan iki sapar ara-alyp maslahatlaşylandan soň, oňa gatnaşyjylaryň üçden iki böleginiň tassyklamagynda resminama kabul edilýär. Kabul ediliş tertibi birmeňzeş bolsada, halkara-hukuk düzgünleşdirmekligiň çeşmesi hökmünde Konwensialaryň we Maslahatlaryň aýry-aýry hukuk derejesi bardyr. Konwensialar köptaraplaýyn halkara şertnamasy bolmak bilen, onuň düzgünleri döwlet häkimiýetiniň iň ýokarky edarasy tarapyndan tassyklanan ýagdaýynda, gatnaşyjy döwlet üçin hökmany ýerine ýetirmeklige degişli bolup durýar. Konwensiýalary tassyklamaklyk gatnaşyjy döwletlere birnäçe borçnamalary ýerine ýetirmekligi ýükleýär. Birinjiden, onuň hökmany suratda durmuşa geçirmekligini kepillendirýän kanunçylyk ýa-da beýleki resminalary kabul etmeklik, ikinjiden tassyklanan Konwensiýalaryň netijeli ulanyşy boýunça kabul edilen çäreler barada HZG-na yzygiderli maglumatlary bermeklik zerur bolup durýar. HZG-sy tarapyndan kabul edilýän Maslahatlar hem halkara–hukuk kadalaryny özünde jemleýär, ýöne Konwensiýalardan tapawutlykda gatnaşyjy döwletler tarapyndan tassyklanmagy talap etmeýär we guramanyň agza döwletleriniň milli kanunçylyklarynda meýletinlik esasynda peýdalanylmaklyga niýetlenendir. Olar Konwensiýalaryň düzgünlerini has anyklaşdyrýar, kämahal bolsa onuň üstüni ýetirýär, olaryň mazmunyny doldurýar we ýitileşdirýär hem-de gatnaşyjy döwletleriň halkara hukugyny peýdalanmak meselesi çözülende saýlamak mümkinçiligini giňeldýär. HZG-nyň ýerine ýetiriji organy bolup durýan Dolandyryş Geňeşi üçtaraplaýyn esasda döredilmek bilen Halkara Zähmet konferensiýasynyň maslahatlarynyň aralygynda guramanyň işine ýolbaşçylyk edýär we onuň çözgütlerini ýerine

ýetirmekligiň tertibini kesgitleýär. Geňeşiň düzümine hökümetiň, iş berijileriň we işgärleriň wekillerinden 56 sany agza we 66 sany olaryň orunbasarlary girýär. Her ýylda Dolandyryş Geňeşiniň üç mejlisi – mart, iýun we noýabr aýlarynda geçirilýär. HZG-nyň hemişelik sekretariaty Ženewa şäherindäki Halkara Zähmet býurosydyr. Bu gurama onuň dolandyryş ştaby hem-de barlag geçirýän we neýirýat merkezi bolup durýar. Býuro HZG-nyň maslahatlarynda we konferensiýalarynda peýdalanylýan resminamalary we çykyşlary taýýarlamak bilen meşgullanýar hem-de tehniki hyzmatdaşlyk maksatnamalaryň ýolbaşçylygyny amala aşyrýar. Býuronyň düzüminde zähmet halkara standartlaryna degişli ähli soraglara jogäp berýän departament we iş berijileriň we işgärleriň işine jogäp berýän departamentleri bardyr. Oňa 5 ýyllyk möhlet bilen saýlanylýan baş direktor ýolbaşçylyk edýär. Baş direktoryň garamagynda Ženewadaky ştab kwartirada we dünýäniň 40 golaý ýutlaryndaky ýerleşen wekilhanalarynda we sebitleýin guramalarynda işlemek üçin 2500 den gowrak işgärleri we ekspertleri bardyr. Gatnaşyjy döwletleriň sebitleýin duşuşyklary şol sebit boýunça aýratyn gyzyklanma döredýän meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin yzygiderli geçirilýär. Dolandyryş Geňeşine we Halkara Zähmet býurosyna olaryň alyp barýan işinde senagatyň esasy pudaklaryny doly öz içine alýan üç taraplaýyn komitetler, şeýle hem hünär taýýarlaýyş, dolandyryşy ösdürmek, zähmeti goramak, zähmet gatnaşyklarynda käbir işgärleriň aýratyn meseleleri boýunça ekspertleriň komitetleri kömek berýärler. Türkmenistan döwletimiz Birleşen Milletler guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan we halkara guramalaryň arasynda has öňden bäri hereket edip gelýän HZG-nyň agzasy bolup durýar. Bu halkara guramasy tarapyndan kabul edilýän Konwensiýalarda görkezilen kadalary we düzgünleri hem-de zähmet gatnaşyklaryna degişli halkara standartlaryny we

maslahatlary ykrar edýändigini we hormatlaýandygyny yglan etmek bilen 1993-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda oňa goşuldy. Halkara guramalarynyň esasylarynyň biri bolan HZG-na agza bolmak Türkmenistana sosial-zähmet meselelerini düzgünleşdirmekde halkara tejribesini öwrenmäge we ulanmaga, sosial hyzmatdaşlygy ösdürmäge ( hökümet – kärdeşler arkalaşygy –telekeçiler), zähmet bazaryny düzgünleşdirmek we kämilleşdirmek üçin HZG-nyň maslahatlaryny peýdalanmaklyga mümkünçilik berýär. Bu guramanyň işine gatnaşmak dünýä tejribesine esaslanýan zähmet kanunçylygynyň kadalaryny işläp düzmeklige kömegi degýär we telekeçiligiň ösdürilmegine hem-de iş bilen meşgullylyk meselesini çözmeklige ýardam berýär. Hut şol nukdaý nazardan hem, HZG-nyň kabul edýän resminamalarynda görkezilen kadalary we halkara standartlary we maslahatlary täzelikde Kabul edilen Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde öz mynasyp ornuny tapandygyny bellemek gerek. Kanunyň esasy wezipeleriniň raýatlaryň zähmet çekmäge bolan hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin zerur durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden, ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýetiniň we beýleki edaralaryň arasynda durmuş hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen zähmet gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdygynyň bellenmegi zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekligiň ygtybarly hukuk binýadynyň döredilendigini aýdyň tassyklaýar. Kabul edilen Kanunda zähmet gatnaşyklarynda işgärleriň, iş berijileriň hukuklarynyň we borçlarynyň jikme-jik görkezilmegi we olary durmuşa geçirmekligiň şertleriniň üpjün edilmeginiň kadalarynyň bellenmegi hem-de ýurduň hökümeti tarapyndan ygtyýarly edilýän Ýörite döwlet edarasynyň, ministrlikleriň we

pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynyň ygtyýarlyklarynyň anyklaşdyrylmagynyň degişli kadalarda görkezilmegi, şeýle hem zähmet çygrynda durmuş hyzmatdaşlygynyň kadalarynyň bellenmegi bu resminama taýýarlanylanda Halkara zähmet guramasynyň hukuk resminamalarynda görkezilen esasy ýörelge bolan üçtaraplyk ýörelgesinden ugur alnandygyny aýdyň görünýär . Häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän kärhanalarda, edaralarda we guramalarda Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde görkezilen kadalaryň doly güýjünde hereket etmegi Türkmenistan döwletimiziň 1996-njy ýylda HZG-nyň raýatlary işe kabul etmegiň ýaş möçberi hakynda, assosasiýalara we hukuklary goramaklyk üçin birleşmeklik azatlyklary hakynda, mejbury zähmet hakynda, birleşmek hukuklary we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaklyk hakynda, deň derejeli zähmet üçin aýallary we erkekleri deň sylaglamak hakynda, zähmet we iş çygrynda kemçitmeler hakynda hem-de mejbury zähmeti ýok etmek hakyndaky tassyklan Konwensiýalarynyň üstünlikli durmuşa geçirmekligiň aýdyň görkezijisi bolup durýar. Halkara-hukuk resminamalary özleriniň mazmunlary boýunça aşakdaky topara bölünýärler:

- zähmet çygrynda raýatyň esasy we hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklygy amala aşyrýan resminamalar;
- iş bilen meşgullygy üpjün etmek we işsizlikden goramaklyga degişli resminamalar;
- zähmet şertlerini düzgünleşdirmeklige we tehniki howpsuzlygy hem-de önümçilik sanitariýasyna degişli resminamalar;
- ýokary hukuk goragyna mätäç adamlaryň aýratyn toparynyň zähmetini düzgünleşdirmäge degişli resminamalar;

- işgärleriň, iş berijileriň, döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygyny we
zähmet jedellerini parahatçylykly çözmekligi düzgünleşdirýän
resminamalar.

Zähmet çygrynda halkara-hukuk resminamalarynyň bu ugura degişli esasy resminamalaryna aşakda umumy häsiýetnama berilýär.

## §2. Zähmet çygrynda raýatlary esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramaklygy amala aşyrýan resminamalar

Ilkinji sapar zähmete bolan hukuk, adamyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen wajyp hukugy hökmünde Adam hukuklarynyň ähliumumy Jarnamasynda berkidildi. Has giň ähmiýetli görnüşde ol 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda BMG-sy tarapyndan kabul edilen Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygyň düzüm bölegi boldy. Hususanda, bu Halkara ylalaşygynyň 6-njy maddasynda "döwlet her bir adamyň özüniň erkin seçip alýan we erkin ylalaşýan zähmeti bilen özüniň ýaşamagy üçin gazanmaga mümkinçilik almak hukugyny öz içine alýan zähmet üçin hukugyny ykrar edýär" diýlip bellenildi. Ylalaşyk diňe bir bu hukugy ykrar etmekligi däl-de, eýsem ony üpjün etmek ugrunda hem gerekli çäreleri görmek borjuny hem belleýär.

Halkara-hukuk resminamalary mejbury zähmeti gadagan etmeklige aýratyn üns berýär. Bu barada 1966-njy ýylyň 16-njy dekabrynda BMG-sy tarapyndan kabul edilen Raýatlar we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygynda bellenilip geçilýär. Ylalaşygyň 8-nji maddasynda hiç kim mejbury ýa-da hökmany zähmete mejbur edilmeli däldigi hakynda düzgünler bardyr. Şonda görkezilen düzgünlere laýyklykda, aşakdaky

görkezilenler mejbury ýa-da hökmany zähmet hasaplanylmaýar:

- suduň kanuny karary esasynda ýerine ýetirilýän iş ýa-da gulluk;
- harby gulluk (harby häsiýetli haýsydyr bir gulluk);
- adatdan daşary ýagdaýda ýerine ýetirilýän iş (mysal üçin: tebygy betbagtçylyk sebäpli );
- adaty raýatlyk borçlaryna girýän haýsydyr bir iş ýa-da gulluk.

Mejbury zähmet meselelerine HZG-nyň iki konwensiýasy bagyşlanandyr. Türkmenistan döwletimiz tarapyndan şol iki konwensiýa “Mejbury we hökmany zähmet barada” Konwensiýa №29 (1935 ý) hem-de “Mejbury zähmeti ýatyrmak hakyndaky” Konwensiýa №105 (1957 ý) gol çekildi. Halkara hukugynyň umumy ýörelgesi adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegi babatda deňligini, her kimiň kanun tarapyndan goraga deň hukugyny berkidýär. Bu ýörelge zähmet we sosial gatnaşyklar çygryndaky hukuklara hem doly möçberde degişlidir. Agzalan meseleler HZG-nyň birnäçe konwensiýalary we maslahatlary bilen düzgünleşdirilýär. Oňa hususanda: Halkara Zähmet guramasynyň “Zähmet we iş bilen meşgul bolmak babatda kemsidijilik hakynda” Konwensiýasy №111 (1958ý), “Erkek adamlary we aýallary deň ähmiýetli zähmet üçin deň derejede sylaglamak hakynda” Konwensiýasy №100 (1951ý), we beýleki konwensiýalar degişlidir. Türkmenistan agzalan Konwensiýalaryň ikisine hem goşulyşandyr.

Zähmet babatda deňlik hukuk kemsidilmani aradan aýyrmaklygy ündeýär, hukuk kemsidilme diýlip bolsa, işgäriň milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, partiýa degişlidigine ýa-da haýsydyr bir partiýa degişli däldigine, şeýle hem işgärleriň işewür sypatlary hem-de olaryň zähmetiniň netijeleri bilen

baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlara baglylykda, zähmet hukuklarynda çäklendirmä ýa-da olary durmuşa geçirmekde haýsydyr bir artykmaçlary almagyna ýol berilmegi netijesinde zähmet we iş meşgullygy babatynda ýüztutmalaryň we mümkinçilikleriň deňliginiň bozulmagyna ýa-da ýok edilmegine getirýän hereketlere düşünilýär.

Mysal üçin, erkek adamlary we aýallary deň ähmiýetli zähmet üçin deň derejede sylaglamak hakynda Konwensiýa döwletiň sylaglamalaryň möçberlerini bellemekligiň hereket edýän usullaryny degişli serişdeleriň kömegi bilen, görkezilen usullar bilen utgaşýan ähli işgärler babatda erkek adamlary we aýallary deň ähmiýetli zähmet üçin deň derejede sylaglamak ýörelgesini ulanmaklygy üpjün edýär. Konwensiýa iş berijiler tarapyndan işgärlere haýsydyr bir işi ýerine ýetirenligi üçin göni ýa-da gytaklaýyn berilýän pul ýa-da natura görnüşindäki esasy zähmet hakyna we höweslendirmeleriň beýleki görnüşlerine täsir edýär. Ol deň ähmiýetli zähmet üçin deň derejede sylaglamaklygy, jyns alamaty boýunça kemsitmesiz sylaglamak hökmünde kesgitleýär. Bu ýörelge milli kanunçylyga ornaşdyrmak ýoly bilen, kanunçylyk, köpçülikleýin şertnama tarapyndan ykrar edilen we bellenilen ýa-da dürli usullary utgaşdyrmak bilen sylaglamalary kesgitlemegiň ähli ulgamynda amala aşyrylýar. Şu ýörelgäniň peýdalanylmaklygyna ýardam bermekligi ündeýän usullaryň biri hem ýerine ýetirilýän iş esasynda dürli borçlara obýektiw baha bermek bolup durýar. Konwensiýa hökümetiň şu konwensiýanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek maksadynda iş berijileriň we işgärleriň guramalary bilen hyzmatdaşlygyny göz öňünde tutýar.

Zähmet şertlerini kadalaşdyrmaklygyň esasy ugurlarynyň biri iş wagtynyň dowamlygyny kanuny çäklendirmek bolup durýar. “Iş wagtyny hepde-de 40 sadada çenli çäklendirmek hakyndaky“ Konwensiýa №47 (1935 ý) laýyklykda, döwlet şu

normatiwe işgärleriň zähmet hakyny aşaklatmazdan barmaga çalyşmalydyr. Bu ýörelge iş wagtyndan daşary işi azaltmaklyk işlerini geçirmeklik bilen utgaşdyrylmalydyr. HZG-sy agza döwletleriň ünsüni doly däl iş wagty bilen işleýän işgärleriň hukuk kepillliklerini üpjün etmekligiň zerurlygyna çekýär. 1994-nji ýylda HZG-sy "Doli däl iş wagty şertindäki iş barada" Konwensiýany №175 kabul etdi we onuň üstüni Maslahat №182 bilen ýetirdi. Bu resminamalaryň kabul edilmeginiň maksady, döwletler tarapyndan milli syýasat işlenilip düzülende iş bilen meşgullygyň şu görnüşine goşmaça iş ýerlerini döretmekligiň usuly, şeýle hem şu düzgün bilen işleýän işgärleri goramak derejesini ýokarlandyrmaklyk hökmünde ünslerini çekmeklik bolup durýar. Konwensiýa doly döl iş gününde işleýänlere doly iş gününde işleýänleriňki ýaly, birleşmeklige we köpçülikleýin gepleşiklere, zähmeti goramaklyga we arassaçylyga, işe kabul edilende kemsitmelere ýol bermezlige, zähmete hak tölemek babatda kepillendirmelere, durmuş üpjünçiligine, eneligi we çagalygy goramaklyga, tölegli rugsatlara we ýarawsyzlyk rugsadyna, dynç we baýramçylyk günlerine, işden boşadylmak ýaly goragy kepillendirýän çäreleri kabul etmekligi talap edýär. Dynç alyş wagty (hepdeleýin, her aýky tölegli rugsat, okuw rugsatlary) babatda hem halkara standartlary bellenilendir. Bu ugurda esasy resminama bolup, HZG-nyň "Tölegli zähmet rugsatlary barada" Konwensiýasy №132 (1970 ý) bolup durýar. Şoňa laýyklykda, her ýyl berilýän zähmet rugsadynyň dowamlylygy üç hepdeden az bolmaly däldir. Onuň wajyp düzgünleriniň biri iň az rugsady ulanmak boýunça hukukdan ýüz öwürmek ýa-da şeýle rugsadyň peýdalanman, onuň öwezini pul bilen dolunmagy maksadyndaky ylalaşyklaryň hakyky däldigi hakyndaky düzgünler bolup durýar. HZG-nyň zähmet haklaryny düzgünleşdirmek baradaky resminamalary, esasan hem onuň iň az möçberini kepillendirmekligi üpjün etmeklige we işgärleriň

bähbidine onuň goragyny üpjün etmeklige gönükdirilendir. Zähmete hak tölemekligi düzgünleşdirmek baradaky wajyp resminama “Iň az zähmet haky barada” Konwensiýa №131 (1970 ý) bolup durýar. Oňa laýyklykda, zähmet haky hiç bir şertlerde hem aşaklamaly däldir. Ýöne, Konwensiýanyň düzgünlerinde iň az zähmet haky kesgitlenende şu faktorlar; işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň zerurlyklaryny ( ýurtdaky zähmet hakynyň umumy derejesini hasaba almak bilen), durmuş gymmatlygyny, sosial tölegleri, ykdysady aspektleri, zähmetiň önümçilik derejesini we iş bilen meşgullylyk derejesiniň ýokary derejesine ýetmeklige we şonda saklamaklyga ýardam bermek isleglerini hasaba almaklygy teklip edýär. HZG-nyň konwensiýalarynyň ähmiýetli bölegi zähmeti goramak çygrynda işgärleriň hukuklaryny üpjün etmeklige gönükdirilendir. Bu resminamalaryň hataryna zähmet prosesine sanitariýa-gigiýena talaplary belleýän, döwleti zähmet inspeksiýasynyň netijeli ulgamyny döretmeklige borçlandyrýan, zähmeti goramaklyga we tehniki howpsuzlygyň umumy we pudaklaýyn aspektlerini düzgünleşdirýän köp sanly ýeterlikli derejede böleklenilen kadalar girýär. ( Mysal üçin: Konwensiýa №132 (1947 ý).

Olardan başga-da, bu topara ýokary goraga mätäç işgärleriň aýratyn toparynyň (aýallar, maşgala borçlary bolan adamlar, kämillik ýaşyna ýetmedikler ,gartaşan işgärler, migrant zähmetkeşler we ş.m) zähmetini goramaklygyň dürli meselelerini düzgünleşdirýän kadalaryň uly sanyny goşmak bolar.

## § 3. Işgärleriň, iş berijileriň, döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlygy, zähmet jedellerini çözmekligiň parahatçylykly usullary.

Özüniň tertipnamasyna laýyklykga, HZG-nyň işi sosial adalalatlyga ýardam bermek we ösdürmek esasynda ähliumumy we berk parahatçylygy bellemeklige gönükdirilendir. Bu wezipeleri durmuşa geçirmek maksadynda, zähmet we sosial gatnaşyklaryň taraplarynyň esasy hukuklaryny berkitmek bilen, halkara-hukuk kadalary, şeýle meseleleri assosiasiýalara birleşmeklige, köpçülikleýin gepleşikleri alyp barmaklyga we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaklyga, mitingleri guramaklyga bolan hukuklary düzgünleşdirýär. Üç partiýalyk ýörelgäni amala aşyrmaklyk üçin iş berijilerde hem, işgärlerde hem, birleşmeklige bolan hukuk bolmalydyr. Bu hukuk gürrüňsiz, adamyň zähmet çygryndaky esasy hukuklaryna we azatlyklaryna degişli bolup durýar, ýöne ony zähmet we sosial gatnaşyklaryň taraplarynyň bir topar beýleki ygtyýarlyklary bilen utgaşdyryp seretmeklik has maksadalaýyk bolýar. Assosisiýalara bolan hukugy berkidýän umumy ýörelge şol ýa-da beýleki derejede ähli halkara-hukuk resminamalarynda bellenýär, ýöne bu mesele HZG-nyň resminamalarynda has giňişleýin beýan edilendir. Ilki bilen, bu assosiýasiýalaryň erkinligine we olary guramaga bolan hukugy goramak hakyndaky işgärleriň we iş berijileriň azatlyklaryny we hukuklaryny hiç bir tapawutlandyrmazdan özleriniň degişli bähbitlerini goramak we öňe sürmek maksadynda özleriniň guramalaryny döretmäge bolan hukuklaryny berkidýän “Assosasiýalara we hukuklary goramaklyk üçin birleşmeklik azatlyklary hakynda” , №87 (1948ý) Konwensiýadyr.

Bu guramalaryň özleriniň tertipnamasyny we reglamentlerini işläp düzmäge, öz wekillerini azat saýlamaga, öz diwanlaryny we öz işlerini we özleriniň hereketleriniň

meýilnamasyny düzmäge hukuklary bardyr. Döwlet häkimiýeti bu hukugy çäklendirmäge ýa-da onuň kanuny amala aşyrylmagyna bökdençlik döretmäge mümkinçilik berýän her hili goşulyşmaklykdan saklanýarlar. Işgärleriň we iş berijileriň guramalary ýatyrmaklyga we administratiw tertibinde wagtlaýyn gadagan edinmeklige degişli däldirler. Olaryň federasiýalary we konfederasiýalary döretmeklige hukuklary bardyr, şeýle hem olara birleşip bilerler. Bu guramalar, şonda olaryň hukuklary ýaly hukukdan we kepilliklerden peýdalanýarlar. Guramalaryň şahsy tarapyň hukugyny edinmegi, çäklendirme şertine tabyn boldugy däldir. Konwensiýa deň hukukda halkara guramalaryna girmäge hukugy göz öňünde tutýar.

"Köpçülikleýin gepleşikleri guramaklyga we alyp barmak hukugynyň ýörelgelerini peýdalanmak hakynda" №98 (1979 ý) Konwensiýa guramaga bolan hukugyň goşmaça kepilliklerini özünde saklaýar. Diýmek, işgärleriň birleşmek azatlyklaryny çäklendirmäge gönükdirilen islendik kemsidiji herekete garşy ygtybarly goragdan peýdalanýar. Aýratyn hem, olary assosasiýanyň agzasy bolanlygy ýa-da onuň işine gatnaşanlygy esasynda işe kabul etmekden ýüz döndirilen ýagdaýynda, olaryň işden boşadylan ýagdaýynda ýa-da şol sebäpler boýunça islendik beýleki zyýan ýetirilende goramak gerek. Işgärleriň we iş berijileriň guramalary biri-biri tarapyndan goşulyşmak hereketine garşy ygtybarly goraglardan peýdalanýarlar. Şeýle goraglar aýratyn hem, hereketler babatda - agalygy höweslendirmek, maliýeleşdirmek we gözegçilik iş berijiler ýa-da iş berijileriň guramalary tarapyndan işgärleriň guramalary babatynda amala aşyrylýar. Assosasiýalara birleşmek hukugy ähliumumy häsiýete eýedir. Ýöne, işgärleriň käbir toparlary üçin ýörüte kadalar göz öňünde tutulýar. "Döwlet gullugynda zähmet gatnaşyklary" №151 Konwensiýasy döwlet gullukçylarynyň birleşmäge hukuklaryny we bu hukugyň

çäklendirilmegine gönükdirilen kemsitmelerden goragyny tassyklaýar.

Kärhanalarda we guramalarda zähmetkeşleriň wekilleriniň hukuklary ýörüte düzgünleşdirmeklige degişlidir. “Zähmetkeşleriň wekilleri” №135 Konwensiýasy ýörüte şol meselelere bagyşlanandyr. Onuň düzgünlerine laýyklykda, zähmetkeşleriň wekillerine kärhanalarda özleriniň wezipelerini çalt we netijeli ýerine ýetirmeklige rugsat berýän degişli mümkinçilikler döredilmelidir. Şeýle mümkinçilikleriň döredilmegi, degişli kärhanalaryň netijeli işini aşaklatmaly däldyr.

Milli kanunçylyk ýa-da tejribä laýyklykda, zähmetkeşleriň wekilleri hökmünde ykrar edilenler, olaryň şol derejelerine esaslanmak bilen işden boşatmaklygy goşmak bilen, olara zyýan ýetirip biljek islendik hereketden goranmaga bolan hukukdan peýdalanýarlar. Bu gorag olara zähmetkeşleriň wekili hökmündäki işiniň, kärdeşler arkalaşygynyň işine gatnaşmagynyň ýa-da kärdeşler guramasynyň agzasynyň hereket edýän kanunçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň ýa-da beýleki bileleikde ylalaşygyň şertlere laýyklykdaky hereketiň çäginde degişlidir. Egerde gurama kärdeşler arkalaşygynyň guramalary ýa-da işgärleriň beýleki guramalary hökmünde bolsa, onda iş berijiniň borjuna kanunçylykda ,köpçülikleýin şertnamada ýa-da ylalaşykda göz öňünde tutulan ýörüte hukugyny hasaba almak bilen olaryň kadaly özara gatnaşygy üçin şert döretmeklik girýär.

HZG-nyň bir maslahatlary iş berijiler bilen işgärleriň (olaryň wekilleriniň) arasyndaky hyzmatdaşlygy üçin edara derejesinde şertleri döretmeklige (Maslahat №94; 1952 ý we №129; 1967ý) gönükdirilen bolsa, beýlekileri pudaklaýyn we milli derejede döwlet häkimiýet edaralary bilen iş berijileriň we işgärleriň guramalarynyň arasyndaky ylalaşyklar we maslahatlar baradaky kadalary (Maslahat №113; 1960 ý) belleýär, üçunjisi

bolsa zähmet gatnaşyklar çygrynda halkara-hukuk kadalaryny ulanmaklygyň ýardam etmek üçin üçtaraplaýyn maslahatlaryň meselelerini (Konwensiýa №144; 1976ý we Maslahat №152; düzgünleşdirýärler.

“Üçtaraplaýyn maslahatlar” Konwensiýa №144 laýyklykda, döwlet hökümetiň, işgärleriň we iş berijileriň wekilleriniň arasynda döwletiň garaýşyny işläp düzmekligi maslahatlaşmak bilen bagly meseleler boýunça we milli derejede HZG-nyň hukuk resminamalaryny ulanmak meselelerini çözmek boýunça netijeli maslahatlary üpjün edýän proseduralary amala aşyrýar. Proseduralaryň häsiýeti we görnüşleri iş berijileriň we işgärleriň wekilçilikli guramalaryndan maslahat alnandan soň, milli tejribä laýyklykda kesgitlenýär. Bu guramalar proseduralaryň amala aşyrmak maksadynda özleriniň wekillerini azat saýlaýarlar. Işgärler we iş berijiler islendik ygtyýarly guramalarda deň esaslarda görkezilendir. Maslahatlar we ylalaşyklar boýunça bellenilen degişli wagtyň aralygynda geçirilmelidir, ýöne ýylda bir gezekden az bolmaly däldir. Häkimiýetiň ygtyýarly edarasy ýyllyk proseduranY amala aşyrmak barada ýylllyk hasabat çykarýar.

HZG-nyň konwensiýalary we maslahatlary köpçülikleýin gepleşikleri we köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaklyk hukygyny amala aşyrmaklyk meselelerini hem düzgünleşdirýär. “Köpçülikleýin gepleşikleri guramaklyga we alyp barmak hukugynyň ýörelgelerini peýdalanmak hakynda” №98 (1979 ý) Konwensiýa köpçülikleýin bu ugruň netijeliligini we zähmet we sosial gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekligiň bu usulyny gös-göni ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

“Köpçülikleýin şertnamalar” Konwensiýasy №154 (1981 ý) adynda görkezilen, ýagny köpçülikleýin şertnamalary düzgünleşdirmekligiň gös-göni predmetine degişli kadalary özünde saklaýar. Ol ykdysady işiň ähli pudaklaryna (goşundan

we polisiýadan başga) degişlidir, ýöne aýratyn usullary bellemeklikde bu resminamany ulanmaklyga ýol berýär. (döwlet gullukçylary üçin). Konwensiýa ýokarda görkezilenleri düzgünleşdirmek maksadyny we onuň düzgünleriniň köpçülikleýin gepleşikleriň ylalaşyjy ýa-da araçylyk mehanizmleriniň çäklerinde geçirilýän ýerlerinde ýa-da köpçüliklerýin gepleşikleri geçirýän taraplaryň meýletin gatnaşýan edaralarynda zähmet gatnaşyklary ulgamynyň bolmagyna päsgelçilik döretmeýändigi takyklaýar.

Ol iş berijileriň we işgärleriň guramalaryndan öňünden maslahat almaklygy göz öňünde tutýar we köpçülikleýin gepleşiklere ýardam bermek maksadynda kabul edilýän çäreleriň köpçülikleýin gepleşikleri geçirmeklik azatlyklaryny çäklendirmeli däldigini takyklaýar. Köpçülikleýin gepleşikleri zähmetkeşleriň islendik guramasy bilen biri biriniň hukugyny çäklendirmedik ýagdaýynda ýol berilýär.

Konwensyýa №154 düzgünlerini ulanmaklyk köpçülikleýin şertnamalar, araçylyk çözgütleri ýa-da milli tejribä laýyk gelýän islendik başga usul bilen üpjün edilýär. Şeýle ýagdaýlar bolmadyk ýagdaýynda bolsa milli kanunçylyk bilen üpjün edilýär.

Köpçülikleýin şertnamalaryny baglaşmaklygyň meseleleri HZG-nyň ýörüte № 91 (1951 ý ) maslahatynyň predmeti bolup durýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň kanunçylygynyň köpçülikleýin gepleşikleri geçirmekligiň, köpçülikleýin şertnamalary baglaşmaklygyň we ýerine ýetirmekligiň meselelerini düzgünleşdirmek kadalarynyň halkara standartlaryna laýyk gelýändigini bellemek gerek. Türkmenistanyň goşulyşan Konwensiýalarynyň kadalary milli kanunçylykda öz beýanyny tapýar.

**Jemleýji düzgünler**

**Türkmeistanyň Zähmet Kodeksiniň** ýa-da zähmet şertnamasynda bellenilen möhlet senenama senesi bilen, wagtyň geçen döwri – ýyllar, aýlar, hepdeler ýa-da günler bilen hasaplanylýar.

Zähmet kanunçylygynyň zähmet hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşdyrýan möhletleriniň geçişi agzalan hukuklaryň we borçlaryň ýüze çykyp başlamagynyň kesgitlenen senesinden başlanýar.

Zähmet kanunçylygynyň zähmet hukuklarynyň we borçlarynyň bes edilmegi bilen baglanyşdyrýan möhletleriniň geçişi zähmet gatnaşyklarynyň gutarmagynyň kesgitlenen senenama senesiniň yzyndan gelýän günde başlanýar. Ýyllar, aýlar, hepdeler bilen hasaplanylýan möhletler möhletiň soňky ýylynyň, aýynyň ýa-da hepdäniň degişli gününde tamamlanýar. Eger aý hasabynda hasaplanylýan möhletiň tamamlanmagy degişli güni bolmadyk aýa gabat gelse, onda möhlet şol aýyň soňky gününde tamamlanýar. Senenama hepdeleri ýa-da günleri bilen hasaplanylýan möhlete iş güni bolmadyk günler hem girýär. Eger möhletiň soňky güni iş güni bolmadyk güne düşäýse, onda eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol günüň yzyndan gelýän ilkinji iş güni möhletiň tamamlanan güni diýlip hasaplanylýar.

# EDEBIỲATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiỳasy. Aşgabat. 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhammedow. “Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr” A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraỳşy ösdürmegiň ylmy esaslary. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Parahatçylyk, döredijilik, progress syỳasatynyň dabaralanmasy. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2007.
5. Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ỳurdy. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhammedow. Döwlet adam üçindir. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2007.
7. Täze galkynyş eỳỳamy. Wakalaryň senenamasy – 2007-nji ýyl. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2008.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ỳurdy täzeden galkyndyrmak

baradaky syỳasaty. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2007 ý.

**9.** Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2008.

**10.** Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. A.: Türkmen döwlet neşirỳat gullugy. 2009.

**11.** Türkmenistanyň zähmet kodeksi – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009

**12.** Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 1999.

**13.** Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda. Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat 2009.

**14.** Igdirow A. Zähmet hukygy. Aşgabat, 1993

**15.** Saryýew.B.S. Türkmenistanyň Zähmet hukugy, Aşgabat,2005

**16.** Kärhanalar hakynda Türkmenistanyň kanuny. Aşgabat 2000.

**17.** Amanow.H,Haýydow.M, Nuryýew,Ý Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslaryndan materiallar-A:”Magaryf”,1997 ý

**18.** Г.Ю.Касянова . Прием и увольнение работников в соответствии с новым Трудовым Кодексом.- М.: Информцентр XXI века. 2002.-128 с.

**19.** Права работников при расторжении трудового договора по инициативе работодателя.- М.: «Научный центр профсоюзов»,2005,-88 с .

**20.** НуртдиноваА.Ф.,Чиканова Л.А, Практика применения законадательства о труде : научно практическое пособие. – М.: Юрид.лит.,2000.-288 с.